**Amanmuhammet N E P E S.**

# Ý A Z G Y T

**Resminama kyssasy**

Ýowuz ýyllaryň pidasy
bolan babam Artyk ussa
bagyşlaýaryn.



**2016 ý**

**Türkmenistanyň**
**Prezidenti Gurbanguly**
**BERDIMUHAMEDOW:**
**-Her bir obanyň öz hakyda**
**hem-de ýazuw taryhy**
**bolmalydyr, adamlar öz**
**meşhur obadaşlaryny, olaryň**
**zähmet we durmuş**
**edermenligini, eziz**
**obasynyň ösmegine goşan**
**goşandyny bilmelidir.**
**Olaryň atlary Hormat**
**kitabyna ýazylmalydyr.**

**Ý A Z G Y T.**

**Resminama kyssasy**

Ýowuz ýyllaryň pidasy
bolan babam Artyk ussa
bagyşlaýaryn.

## Söz başy.

-1-

Geçen asyryň otuzynjy ýyllarynda bolup geçen wakalar Sowet hökuwmediniň nukdaý nazary bilen ölçenildi.Her adam şol bir waka öz düşünjesine,akyl çatyşyna, syýasy talaplara görä baha berdi,ýöne olar, hakykata laýykmy, seljeren bolmady."Suw akar daş galar” diýilişi ýaly, taryh ähli zady ýerbe-ýer goýar ekeni.Indi, öň beýik hasap edilen gymmatlyklar pes,pes hasap edilen gymmatlyklar beýik,dogry hasap edilenler nädogry bolup çykdy.Şol döwürde, ata –babalarymyzyň başdan geçiren hasratly wakalary barada dil ýaryp bolmady, bir zat aýdaýsaňam “Hiç ýerde şu gürrüňleri edäýme!”diýerdiler.

Men geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynda şol wakalaryň janly şaýatlaryndan köp ýazgylary alyp rejeleşdirdim,kagyza geçirdim.Adamlaryň,ýerleriň atlarynda käbir nätakyklyklaryň bolmagy mümkin,ýöne, gep onda dälmikä diýýärin.

Şu ýazgylary okanlarda “Beýle uly gyrgynçylyk kime gerek? Adamlaryň ezýet çekmeginden,gyrylmagyndan lezzet almak üçin, bu ýazgylar ýazylanmy?Ynsan ykbalyna parhsyz adamlar nädip döreýär?Mal-mülk hem Watany terezä salsaň, haýsysy agramly geler?Özge ýurtda şa bolandan öz ýurdunda geda bolmagy isleýän türkmen, baýlyk bähbidi bilen özge ýurda aşarmy?Eserde akja guş edilip görkezilýän han-beglerimiziň saman astyndan goýberýän “suwy bar bolaýmasyn?” diýen ýaly soraglaryň döremegi mümkin.Men bularyň baryna jogap berip biljek däl, goý, okyjy ony öz-özünden gözlesin.Men bolan,ýöne, şu güne çenli gizlin saklanan wakalary bolşy ýaly beýan etdim,hem-de, ony toslap tapmandygymyň subutnamasy

hökmünde, salgylanan resminamalarymdan bölekleri getirdim, galyberse-de,şu wakanyň gözlüje şaýady,Saragytly Çoluk Durdy oglunyň ýatlamalaryny, şol etrabyň Oraz Salyr obasynyň ýaşaýjysy Kakajan Mollanyň beren gürrüňlerini,ýazan goşgularyny ulandym.Eden kömekleri üçin,men olara tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildirýärin.

Eseri ýazmak üçin maglumat toplanymda,1931-1937-nji ýyllarda türkmeniň gaýmagy hasap edilen alym adamlaryň,1941-1945-nji ýyllarda,türkmeniň süýdi hasap edilen,1948-nji ýylyň ýer yranmasynda bolsa, türkmeniň gazany hasap edilen,ylymly-bilimli adamlaryň ýok bolanlygyna gözüm ýetdi.Dogry,başgaça pikir edýänleriň barlygyny hem inkär etmeýärin...

Indi, ýigrimi bäş ýyl bäri, “Ýeroýulan duzda”,1932-nji ýylda kommunistler tarapyndan ýok edilen bosgunlaryň hatyrasyna berilýän sadakanyň guramaçylyk işlerini alyp barmak,merhum mirasgär Ümür Eseniň we şu kitabyň awtorynyň paýyna düşdi.Her ýylyň aprel aýynda berilýän sadaka ülkämiziň dürli ýerlerinden ýüzlerçe adamlar gatnaşýar.

Şehitleriň ýatan ýerleriniň ýagty, imanlarynyň hemra bolmagyny Beýik Biribardan dileýäris.

Adam,Idris,Nuh,Hud,bile,Salyh,
Ibrahim, Lut ile, Ismail, Ishak,
Ýakup, Ýusup, Şuaý, Musa hem Harun,
Dawut, Süleýmanu, Elýasu, Eýýup,
Zülkifil, Ilýasu,Ýunus, Zekreýa,
Ýahýa, Isa, Muhammedu-Mustafa...
25 pygamber kelamulladan ,
Pena bolsun ruhlara, ýa Alla!
Şehitler ýanyna zybana geldim
Elhamdulilla, elhemdulilla, elhemdulilla!!!...Omyn!

# Ganly menziller...

Daň bilen çölüň arassa howasyndan dem almak,gezim etmek,aňňat-aňňat çägelikde çarwa obasyny synlamak gör nähili hezillik.Ine, gözüňe söweýin alty,sekiz ganat ak öýler!Olarda dindar,namysjaň,sadadan gaýratly adamlar ýaşaýarlar.Olar ykbalyny haka tabşyryp,gündüziň surnukdyryjy zähmedinden soň, asuda,rahat durmuşa ymtylýarlar.Daň atmanka aýaga galmak hökmany zerurlyk.Käte goýun guzylaryň mäleşýän sesleri,çopanyň “heýit”diýen çasly sesi çykýar.Bihuda gezip ýören ýok.

Atam ýygy-ýygydan”hormatsyz beriljek bir ýylky ömre, hormatly bir pursat ber maňa taňrym” diýerdi.Alaň açyklyk,arkaýynçylykdy, islän iýmişiňi ýolup alybermeli bagymyz bardy,ol erem bagyny ýadyňa salýardy.Atam”Hudaýa şükür,köşek,obada ogurlyk bolany ýadyma düşenok,gybat etmek ýaly günä işlerem ýele ýanyňdan geçenok.Adamlar birek-birege goldaw berip,”Agzybire taňry biýr, agzalany gaňrybiýr “edip, sylaşykly ýaşaýarlar”diýýär.Şonuň üçin bolsa gerek,obada garyba,gedaýa ýa-da bolmasa aç gezip ýörene duşmarsyň.Şeýle bir bol-elinlik welin,bir zat aýtsam geň görmegiňiz,”geplesem ýaňra-dymsam –lal”diýmegiňiz mümkin.Düýäniň etini iýemzok.Aw etini,koý etini,guş etini saýlabermeli.Düýäniň goýultmagy, goýnuň owzy,geçiniň sargany haýsy öýe barsaň dolup durandyr.Çöl diýjeksiň,atamyň ýetişdiren ir-iýmişli gür bagy ho-ol alyslardan seleňläp görünýär.Ol tomsuň jokrama yssysynda guşlaryň mekanyna öwrülýär.

Adamlaryň mal-garadan eli boşragy Eýran,Owgan,Hywa diýip argyşa giderler,söwda-satyg ederler,haryt alyp gelerler.Getirilen harydyň puluny ber,berme geregiňi alybermelidir, bir wagt berseň bolýandyr,bermeseňem ýatladyp durmazlar.Ýöne,bermezlik asla mümkin däldir,sebäbi saňa bolan ynam,hormat ähli zatdan ýokarydyr.

Obanyň iň sylanýan adamsy bolan atam ýazyň ýagynly geljegini ýa gurak boljagyny,otuň bol boljagyny ýa-da bolmajagyny,goç goýberip döl almagyň wagtyny öňünden kesgitläp bilýärdi.Onuň hasaby boýunça şu ýylyň ýazy gurak gelmeli,rahat durmuş höküm sürmelidi.Emma, göz boldumy dil boldumy,biziň bu rahatlygymyza sogan dogroldy duruberdi. Garry hoja ony Guýrukly ýyldyzyň boýnuna atjak bolýar,atam bolsa "Rahatlygyň birahatlygam bolmaly,bolmasa deňagramlylyk bozular" diýýär.Men ony başga zatdan görýän.Öňräjik Garryçyrla hökümet dikmesi gelip: "Mallary kalhoza tabşyrmaly" diýip, aýagyny depip duran boldy.Kakam: "Malym ygtyýarymda galmajak bolsa,kalhoza girjek däl,malymy hem berjek däl" diýdi."Bermeseň zorlap alarys" diýip,gözi däli öküziňki ýaly,girdenäniň girre gahary geldi."Süňküňi zulmatda çüýrederin" diýip, какама haýbat atdy,soňam ýerdölä - gazamada dykdy...

Alty aýlap ýerdölede ýatan kakamyň durmuşa bolan garaýşy üýtgedi.Jinnek ýaly günäsi bolmansoň, beýle herekede garaşmandy.Haçanda bilindäki guşagy,pyçagy hat-da uçgurnyda sogrup alansoňlar nämäň nämedigine düşünip galdy, soň-a,enemiň boýnuna dakan dogasyny hem siltäp,mertebesini basgyladylar.Öýde galan ýakynlarynyň ykbaly ony gozgalaňa saldy,kim eklenç eder,kim mallara sereder,kim maşgala baş bolar?Bu soraglara jogap gözläp, uzak gije ýatyp,gündüz rahat oturyp bilmedi.Aňyňa sygmajak häsiýetleri bilen üstüňden gülýän kapyrlaryň hereketleri gumly,sada,halal lukma iýýän adamynyň durmyş düşünjesini gazgalaňa saldy.Bimahal çak turuzyp, samsyk soraglary berýän,günde 5-6 gezek hapa elleri bilen egin-eşikleriňi dörýän,otursaň-turuzyp,tursaň-oturdyp,döleden çykaňda,yzyňdan iteläp ýa-da syrtyňa depip azar berýän,düşnüksiz dilde gepleýän adamlara adam diýer ýaly däl.Beýle sütem eder ýaly onuň günäsi näme?Halal zähmet bilen üç oýnam mal edinip, erkin ýaşaýanlygy üçünmi-kä?Ol döwlede eklenç azaryny

ýetiremok,biriniň zadyny ogurlap iýjek,halanmaýan zady etjek bolanok.Atam”Bular Allaň işidir,kysmatyňda bardyr,kaýyl bol”-diýýär.Ol oňa kaýyl, ýöne, günäsi bolman günälileriň hatarynda oturmak ýakyp-gowrup barýar.

Öňler daň atandan azanyň sesi metjidiň münberinden ýaňlanardy,indi oňa derek gargalaryň gagyldysy çykýar.Döläniň üçeginden sallanyşyp duran kerepleri synlap ýatyrkaň,azanyň sesi çykaýsa, gatan köňüller birneme ýumşajakdy,durmuşa,ýaşaýyşa bolan höwesiň artjakdy.Ýöne, indi gargalar, bendelikde oturanlaryň çöken köňüllerine teselli bermäge kömek edýän guşa öwrülüpdi.Sebäbi,onuň bilen günüň dogup-ýaşyşyny,howanyň ýagdaýyny,ölýän mallaryň sanyny bilmek bolýardy,näme üçin diýeniňde,gargalar köpelse maslyklaryň köpeldigi hasap edäýmelidi.Olar,ahlak bozulmalaryň,wagşylygyň,zorluk-sütemiň netijesinde döreýän pidalaryň boljagyny öňünden aňarmyş,ýygnanyşyp, heşelle kakarmyş diýýärler.Şeýle-de bolsa, bendelikde içiňi hümledip,arzyňy kime aýtjagyňy bilmän ýatyrkaň, bir garga gagyllaýsa höwür tapynan ýaly bolýarsyň.Bilbil saýrandyr öýdüp,soňkuja çöregiňi beräýesiň geler.Onuň islän ýerine uçup, gidip-gelip durmagy,daşa aýlanan çorçukly simden päsgelçiliksiz geçmegi erkinligiň alamaty hökmünde görülýärdi.Göwnüň has çökgün wagty muny ýatlap”Allaň edenine kaýyl bol, sen-ä, bendelikde ýatyrsyň, gargalar bolsa islän ýerinde gezişip ýörler,diýmek,durmuş dowam edýär” diýip,öz-özüňi köşeşdirersiň...

Bendelikde keltejik sim tapsaňam begener ekeniň.Ujuny kertikläp, ýyrtylan köwşüňi ýamar ýaly biz ýasasaň,ýyrtylan eşigiňi depjeseň boljak.Nobatdaky soraga alyp gidenlerinde döläň köp sanly deşikleriniň birinde simiňi gizlärsiň.Bir gün görsem,döläniň ýakynyndaky erik agajynyň depesinde garga özüne şol simden öý ýasanýar.Mendäki ýaly ýene birini tapyp, şahalaryň arasyna germäp,üstünem gyzgan çöpi bilen örtüpdir.Gyzganyň ýandagyňkydan kelte,ýöne,

ýogyn tikenleri erik şahalaryna ilteşip, şeýle bir saklanýardy welin, şemal güýçli turdugyça gowşaman, gaýtam, berkeýärdi.Gargalaryň öý ýasamaga ökdeligi çeniň-çakyň däl ekeni.Ýasanan höwürtgesinde çagalary peýda bolandan gargalar olara iým çokmany,yrsgalyňy ýerden gözlemäni öwredýärdiler.Şonda “Gargalaňam,adamlaňam yrsgalyny Alla berýär,ýöne adamyň ýaşaýşy gargaňkyça ýok” diýen netijä geleniňi duýman galýarsyň.Şol sebäpli bolsa gerek, kyn günüňde Alladan,boýnuňdaky dogadan medet dilärsiň.Dogasynyň alynmagy oňa erbet täsir etdi.Bir gezek soraga çagyrlanda, ýarym-ýalta türkçe gepleýän ermeni dilmaçdan”Dogany alyp bolmazmy-ka?”-diýip,ol sorady.

-Seň ýagdaýyňda türmä düşenler,günälerini boýnuna alyp,baýlygyny,altyn şaý-seplerini tabşyrsalar,derrew boşaýarlar.-diýip,ermeni jogap berdi.

-Boýnuma alar ýaly günäm bolmasa nädeýin?

-Bardyr,bilýän dälsiň.

-Günäm-ä ýok,ýöne,günäsizi günäli edesiňiz gelýän bolsa onda bilmedim.

-Saňa düşündirjek bolup wagtymy ýitirenime gynanýan-diýip,dilmaç gürrüň gutardy hasap etdi..

Şeýdip,kakam gazamatda ýatyberdi.Atamyň kömegi bolmadyk bolanda ýene näçe ýatjagym belli däldi.

Atam,aýagyny süýräp,kakamy çykarmak üçin dikmäniň ýanyna kän gatnady,“Zorluk bilen ediljek bolunýan iş oňuna bolmaz,oglumy boşat” diýip ýalbardy.Emma kim onuň gürriňini diňleýär?

Bir gün Garry hoja gelip: -Welkuly aga,ogluňy basym boşatsalar gerek!- diýdi.

--Agzyňdan Hudaý eşitsin,Hojam!Näme bir hoş habar gulagyňa degäýdimi?

--Serdarymyz Stalin, zorluk bilen kalhoz gurjak bolýanlary ýazgarypdyr.Indi kolhoz diýip azar berene onuň kagyzyny görkezäýmelimiş.Samat baýlar-a, eýýäm, mallaryny

hem yzyna alypdyrlar.It eşigine girdikmi,it bolup üýrmeli bolarys.

--Hojam oglumy boşadarlarmy ýa zulmata ugradarlarmy?

--Boşadarlar.Men saňa serdaryň şol kagyzyny tapyp getireýin.Al-da bar, zährimaryň ýanyna.Aýyň şöhlesi garybyň öýünede düşer,enşalla!

Az salymdan Garry hoja eli kagyzly dolanyp geldi.Atam ony Gurhaп ýaly üç gezek maňlaýyna degirdi-de,emaý bilen ýaglygyna dolap, goltugyna gysdyrdy.Ejemiň dokan iki palasyny,ildirgijini,gülýakasyny alyp dikmäniň ýanyna gitdi, ”Seniň üstünlikden başyň aýlanypdyr,muny serdarymyz Stalin aýdýar” diýip,makalany görkezdi.Dikme zontuny ýuwdup,eltilen zatlary alanyndan soň, kakamy boşatdy.Ýöne,bu ýerde kagyz peýda etdimi ýa-da halydyr,şaý-sepler,ony bilmedim.Kakam-a, “zat berjek bolsaňyz kagyzyň geregi ýok” diýýär.

Şeýlelikde,köp adamlaryň atlary,düýeleri zorluk bilen ellerinden alyndy,saklar ýaly ýatagyň,berer ýaly otuň gerekligini ýadyndan çykardylar.Netijede mallar aç-suwsyz öldürildi.”Päk zähmedimiziň miwesi- mallar eýesiz, aç öldürild” diýip,adamlar gaty gynandylar.Atamyň: ”Zorluk bilen edilen iş oňuna bolmaz” diýeni dogry çykdy.Kakam:” Bular Stalindenem gorkanoklar-aýt” diýse,atam:”Stalin bularyň haýsy birine ýetişsin?Bular öň mala topulýan bolsalar,indi gözleri ahun-mollalarda ” diýdi.Her halda bolsa serdaryň makalasyny galkan edinen halk-olara belki şaý-sepler,halylar galkan bolandyr- birneme rahatlandy.Bizem, Şammy ikimiz rahatlandyk.Üstüňe dyzap duranlaryň aýagy kesilse oýnamaga,mal bakmaga-da wagt tapyljak ekeni.

Men doganyň soňky ykbalyny kakamdan soranymda ol-Boşadanlarynda “Dogaňy ýakdyk” diýen jagaby eşidip gaty erbet boldum.Ýönekeý doga ýakylýan bolsa, diýmek, ondan erbet gorkulýan bolmaly.Bolmanda-da, köre-körlük bilen jemgiýet gurjak bolmagyň ýasama zatdygyny bilmeýän ýok ahyryn-diýip,kakam sözüne dyngy berdi-Obamyzda Nurmämmet baý diýen baý bardy,Annaguly hanyň

kakasy.Türmeden gaýtjak bolup durkam,ony bir ýerden soraga getirdiler.Ol meni görüp ilki aglady,soňam bir hili aýylganç ses bilen güldi.Men dälirändir öýdüp:

-Nurmämmet aga,bu nätdigiňiz boldy?diýip,ondan soradym.

-Men bir ýerinden gelme baý,täjir adam.Goý,meni assynlar,atsynlar.Sen bolsa,ýaňy ýakynda-da kyrk ýamaly don geýip ýören garybyň biri ahyryn.Iki oýnam mala ýaňy eýe bolduň.Sen-de näme ýazyk bar?

-Aý,maňlaýda bardyr-da!

-Wah,kimleriň ogullary nirelerde kösenişip,azar baryny görüp,günäsiz başlaryny aldyryp ýörler!Jüneýit,Eziz han şu zatlaryň bolmazlygy üçin göreşdiler ahyryn!

-Belki,gowy günler gelsin-dä!-diýip, men göwünlik berdim.

-Haý,näbileýin...Bir zady-ha bilýän.Şu öňe çykan,elini gana boýan ýolbaşçysumaklaryň bary gyrgyna berler...Ýurtda aýylganç bir tutluşyk bolar,öňe çykanlar pürdelener.Arman,ony görüp biljek däl-dä!-diýip,baý başyny ýaýkady.

Men gaýtdym.Baýdan gördüm-bildim ýok,ýöne onuň aýdanlarynyň amala aşjagyna ynanýan-diýip,kakam sözüni soňlady...

Dogrudanam,soňky,1937-38-nji ýyllaryň tutha-tutlygy onuň aýdanlaryny subut edmeýärmi näme!?...

Bir gün men çörek haltamy,suwumy alyp,goýunlary örä çykardym.”Oglan oýna gider,çopan goýna gider” diýleni bize degişli däl,ýöne, aýak biteniň malyň yzyna düşübermelidir.Menden bir ýaş kiçi Şammy kelem eýýäm malyny sürüp gelýär.Goýunlary goýberip,sazagyň düýbünde aşyk oýnaýas,göreşýäs,gyzlar gurjak oýnaýarlar,keşde çekýärler.

Men bu beýik depäniň üstünden oba syn etmegi gowy görýärin.Han-ha, biziň düýe ahyrymyz,Baýram mollanyň goýun ýatagy,aňyrda Garry hojanyň syrgyny görünýär,Şammy keliň ejesi Hatyja daýzaň ýatakda alyp galan geçisiniň çekreýşi

eşidilýär.Gyşyna bu depe aňzakly sowukdan,tomsuna sähel şemal üçin jomartlanyp,gumuny gurralaýyn guýýan Garagumdan goraýar.

Obamyzda Baýram bykowly diýen, gözleri ýanyp duran,edenli, daýaw adamyň Maral atly gyzy bar.Göze görnüp ugran 17 ýaşlaryndaky bu gyz dört örüm saçyny keteni köýneginiň üstünden goýberip,çöl maralyňky ýaly owadan gözlerini balkyldadyp, biziň bilen goýun bakýar.Ýok, goýun bakanok-da, çöle çykyp, kimedir birine keşdeli tahýa tikýär.Ýogsam,bäş sany kel toklusyny bize goşanda-da bolman duranok ahyr.Kakam: ”Oglana ýumuş buýur,yzyndan özüň ylga” diýse-de,Maral şojagaz goýnuny bakdyrjak bolup meniň yzymdan ylgaýar.

Gün guşlyga galanda nanymyzy iýdik-de, töwür etdik.Herimiz öz gowy görýän zadymyzy ýatlaşdyk.Men gawun kakyny,Şammy gawun söküni ýatlady,Maral: “Şorja gurt bolaýsa,hezil edip sorardym” diýdi.Ol sözüni soňlap ýetişmänkä,dolangy bir zat patylap ýere düşdi.Açyp görse,Maralyň dilän zady. ”Hudaý jan dilegimi eşitdi.Gudraty güýçli dilegimi kabul etdi” diýip,ol herimize bir gurt paýlady.Şol wagt ýakyn aralykdan gülki eşidildi.Biz eýýäm onuň Berdidigini bilýärdik. Gyrmyzy donly,silkme telpekli,gara ädikli, ýigrimi ýaşlaryndaky görmegeý oglan geldi-de,Maraldan--Gözüň goçalypdyr welin, gorkduňmy?-diýip, sorady.

--Gytyjak murtuň bilen meni gorkuzyp bilmersiň!

--Gurdy dadyp gör,duzlujadyr-diýip,Berdi murtuny sypalady.

--Hawa,edil diliň ýaly ekeni.

--Saňa ýaran bolsa bagtym getirdi.Ejem bir bukja taýýarlady,bukjasy-sukjasy bilen getireýin?!

--Ýok,maňa biri bolýar.

--Maral, bu günem güýç synanyşarysmy?

--Näme synanyşman,garagyňa gül salarys.Hon-ha,demir gyrym otlap ýör,gylyçdyr ýaýym eýerden asylgy,sagdagym

okdan doly.Ýör bäri gitseň-diýip,Maral ýeňillik bilen ýerinden galdy.

--Menem gitjek-diýip,men sapanymy aldym.

--Bolýar, Berdi kakaň syrtyna mün-äý,goýunlara Şammy jan sereder-dä –diýip,Maral Şammy keliň kellesini sypalady.

--Näme how,bir zat bolsa Şammy?

Men aşyklarymy Şammy kele berip,goýunlaryma seretmäge razy etdim.

Obamyzdan ep-esli aralykda bir mahal dolup akan,indi bolsa ýylan ýatagyna öwrülen jar bar.Şu jaryň boýunda bular güýç synanyşýardylar.Berdiniň ýerliksiz öwünmesi muňa sebäp boldy. Bir gün ol bökjekläp duran çal depel atyny görkezip: "Munuň öňüne at geçenok" diýäýmezmi.

--Ýerbentde taý tapylmadymy?Eýle bolsa demir gyrymy seňki bilen ýaryşa çykarjak

--Meniň bagtym geldi.Gel, çykarsaň,ýöne şertiňi aýt-diýip,Berdi gülümsiredi.

--Atyň galsa,ýaý,tüpeň atmakda ýeňilseň,üç aýlap goýunlarymy bakarsyň.

--Eger ýeňäýsem?

--Onda şertiňi aýdaý!

--Şertim...Maňa durmuşa çykmaly,keşdeli tahýany kelläme geýdirmeli...

Maral güldi-de:--Başgarak zatdan şert edip bileňokmy,oglan!- diýdi.

--Ýok,meň diňe şu şertim bar.Sebäbi...sebäbi...men...men...

--Eýle bolsa üstün çyk,soňunam görübereris- diýip, Maral jogap berdi.

Şeýdip, bular ýaryşa çykdylar.Ilki Maral ýeňildi,soň ýeňdi,bu günem aýgytlaýjy synanyşyk bolmalydy.

--Ýüňsakgal bolaýmabilsek ýagşydyr,hä, Çoluk batyr!-diýip,atyny ýograladyp barýan Berdi menden sorady.

Men gyzdan ýeňlip-ýeňilmezligiň gaty bir parhyna düşünip barmasam-da,öz ýanymdan Maralyň tarapyndadym.Soňky ýaryşlarda Maral ýeňdi.Ol ýaşlykda gurjak däl-de,ýarag oýnap ulalan ýalydy.Berdi onuň çenemän nyşanany urşuny görüp, ýeňlenini boýun aldy,belki-de, özi ýeňilmek isländir,kim bilýär.”Goýnuňy alty aý bakmaga razy!” diýip, ýylgyrýar.

--Masgaraçylykdan çekineňokmy,Berdi kaka?

--Ýok,saýlanyň atyňa atlanmankaň,eýýäm barjak ýerine baryp dursa,keýigiň gözünden çüýläp dursa,göreşde her erkekden pes oturmasa,masgara bolanym hiç.

Bu wakadan soň iki juwanyň arasynda söýgi ody tutaşdy.Belki, ol öňüräk tutaşandyr,bilmedim.Men söýüşýänlere guwanyp,atamyň:“Ozal başda Haktagalla adamzady söýgi bilen ýaradypdyr,söýgi adamyň ýagty jahan bilen sazlaşykly ýaşamagynyň çeşmesidir” diýşini ýatladym...Bu dermansyz dert adamyny üýtgeder ekeni.Maralyň ýüzi nurlanypdy,gözleri has ýitileşipdi,keýpi göterilipdi.Öň sähel zada tirläp,gara taňkany otsuz, lasyrdadyp gaýnadýan,ýüzüni kürşerdip ýören Berdi indi mylaýym,hoşgylaw,galjaň ýigide öwrüldi.Ol indi biziň beýik depämize,Göbekli depä günde iki gezek atyny çapdyryp çykýar.

Bir günem aşyk oýnap otyrkak Şammy kel böwrüme dürtüp: --Eý,Çoluk,basym ahyrzaman boljakmyşyn,eý- diýdi.

--O näme diýdigiň boldy?Takga-takwa bolaýdyň-my?

--Güýçli ýel turup,ähli zady ýykyp-ýumurjakmyşyn,kyrk gün jala gelip,sil aljakmyş,soň äjit-mäjit döküljekmişin, daglar pagta ýaly ýumşap,suw kimin akjakmyşyn,Günüň nury öçüp,aý ik-ä bölünjekmişin...

--Şammy nätdiň-aý muny,agzyňdan haýyr aç!

--Muny Kynnak daýzam aýtdy, Magtymguly pir ýazypdyr diýip şu goşgyny hem mysal getirdi.

Beýan ersem kyýamatyň waspyny,
Dag-u-daşlar tekiz bolar ýaranlar.

Ol başy bu başy müň ýyllyk dünýä,
Misli öý kibi dar bolar ýaranlar...

-Şeýle diýdimi?Öwülýäkessin diý?
-Öwülýäkessin...

Bu habar howsala düşürensoň,agşama nädip ýetenimi bilmedim.Agzaçarda saçagyň başyna üýşdik.

Mydaryň nähilidir?- diýip,kakam atamdan sorady.

Owsarymyň ujy guýa daňylgy,haçan guýa iterseler gidibermeli.

Kaka,entejik dikgirdiň bar ahyryn,giň bol!Al,bir käse çaý owurtla,agzyňy açan bolsaň!

Çaý iç diýme,oglum!Garry adam deşik kündik ýaly bolar ekeni,täreti saklap bolanok.

Ne beýle ýüzüň salyk-la?
--Soňky günler gözüm çekýär,bir belaň alamaty bolaýmasa ýagşydyr.

Ata, Kynnak daýza "Basym ahyrzaman boljak" diýýär-diýip,men howsalamy daşyma çykardym.

--Goýsana,how, bolgusyz gep tapyp oturyberýärsiň-diýip,kakam süýtli okarany öňüne çekip, al petimden aldy.—Kaka,giň bol,göwnüňe zat getirme,iý,iç,baryňdan bazar eýle.Bäh, süýdüň tagamy üýtgäpdir-le,how,Täzegül! Köpräk suw guýýan-a dälsiň-dä?!-Kakam ýetim guzulary emdirip duran ejeme gygyrdy-Beýtme how, muny,soň senem,Sary ýegeniňki ýaly hasabatyňy berip bilmän oturma.-Kakam süýtli çanagy bir gyra süýşürdi-de,öňüne düýe gatygy çekdi -Bar,oglum,öýüň çep dulundaky ganarlary alyp gel, birnemejik ýüň sataýmasak,harjymyz gutaryp barýar. .

Ene ikimiz ganarlara ýüň dykyp başladyk.Ejem bolsa ýaşmagyň aşagyndan pyşyrdap:"Azajyk suw garmasam,ýetim guzulara ýetenok" diýýär.Men onuň sözüni atama terjime etdim.Atam kellesini gaşady-da:

Arada Myrady soramaga bardym.Olam süýt satanyňky ýaly, geçmişde gyşygrak gezen-dä.”Gitmeli welin, sen ýaly alaň-açyk gezen bolsam gorkjagam däl.Geçmişde bir pohiýjilik etdim,şol horlaýar” diýýär.Adam pahyryň eden günäleri üçin ýaşynyň soňunda hasabat soralýany dogry bolarly.Galplyk etseň,jezasyz goýanoklar.Ol ýerde senden”Eýäň kim?Kimiň neslinden,kimiň dininden” diýip,örän berk soralýar, dogry jogap berip bilmeseň,geçmeýän baganany çöpe ildirip goýuşlary ýaly,ýeke özüň sömelip galyberýärmişiň.

--Gözüň çekmesi aýryldymy, kaka?.

-Ýok.oglum-diýip,atam jogap berdi.

--Onda myhman geljekdir,garaşyber.Hany bir töwür edip ber!

Töwüriň yz ýany,bize hakykatdanam Ýeňiş ýegen geldi.Uzadylan düýe çalyny içip,ol:--Welkuly daýy,eşidensiň-le,dünýä bulaşdy,seni bu ýerde oturtjak däller.Özüňe gerekli zadyňy,malyňy al, aňsatjak Eýrana,isle Owgana geçireýin.Bu ýerden çaltrak başyňy gutarmak gerek-diýdi.

-Bir geçi iki tekäni süsüşdirer edäýdiň-le,Ýeňiş ýegen!?-diýip,atam dillendi,sakgalyny sypalap sözüni dowam etdi-On ýyl mundan öň körsagyr iliniň kethudasy Geldimyrat baýy hökümet adamlary tutup alyp gidipdiler hem-de uzak ýurda sürgün edipdiler.Biz ýaly çöle gaçyp çykan birnäçe baýlar bolsa basmaçylar atlandyrylyp ýok edilipdi.Onsoň özlerini oňarýan adam at-ýarag edinip, ar-namys üçin çöle çykdy.Ýöne, süri agsaksyz bolmaz diýlişi ýaly garakçylyga ýüz uranlaram tapyldy.Netijede, hökümede howp abanýar bahanasy bilen, sowatsyz garyplara harby tälim öwredip, dogany doganyň üstüne küşgürdiler,”Biz bu ýerde günäkär däl, özleri oňuşanoklar” diýip, basybalyjylykly herekede başladylar.Has dogrusy, hökümet baýlaryň iň soňky nokadyna çenli ýok etmel diýen buýruk berdi. Her zat-da bolsa soňky iki-üç ýyl asyda ýaşadyk.Ýeňiş ýegen,seniň häzirki aýdýanlaryňa ser salsaň, şol öňki hereketler ýene-de gaýtalanýana çalymdaş- Atam sözüne

dyngy berdi-de:-Ýeňiş ýegen,köşek,sen hossaryňy idäp gelipsiň,taňryýalkasyn!Men öz ýygynymyň adamlary bilen näme bolsam bile boljak,maňlaýymdakyny görjek!Hany,atdan düş,çaý-paý bereýin!- diýdi.

--Ýok, Welkuly daýy,şu wagt damaga elimiz degenok,gitmeli.Ýöne,häýt,bu ýerde gowulyk bolmaýmasa.Malyňy kalhoza tabşyrjaklar,ähli zat ortalyk boljakmyş,bir deşikden nan iýmelimiş,hat-da, aýalyňam ortalykmyşyn how!Meňki duýdurmak,Welkuly daýy,senden başga ýakynym ýok, idäp geldim.Bizem nirä barmaly, baran ýerimizde nähili ýaşamaly bilemzok,çagalary howpda galdyrasyňam gelenok.Şura hökümeti gün-günden güýçlenýär,Jüneýit han onuň öňünde durup bilmedi,biz näme?!Ýeri bolýar,gözel göwnüň,soň aýtmadyň diýmeseň bolýar- diýip,Ýeňiş ýegen kellesini ýaýkady-da,atyny debsiledi.

-Ýeňiş ýegen, kalhoz baradaky gorkyňy taşla,serdarymyz ýazypdyr-a,onuň zorluk bilen bolmajagyny- diýip,ýerzeminden çykaly bäri Stalini dilinden düşürmeýän kakam seslendi.Diňe bir olam däl,biziň hojalygymyzda serdary ýamanlap biljek ýokdy,ol iň ýakyn hossarymyzdy,kyn güne düşeni goldaýan duýgur adamdy.Men onuň suratyny hökümet dikmesiniň jaýynda görüpdim.Olam edil Ýeňiş ýegen ýaly murtly,owadan adam ekeni.Soň Şammy ikimiz ýörüte-de ony görüp gaýtdyk.

Biz kolhozyň zorluk bilen gurulmajagyny bilýärdik,ýöne,göwnüme bolmasa Ýeňiş ýegen häzir uly bir howpuň öňünden gaçyp barýana meňzeýärdi.

-Görüň-dä, men-ä Halnazar baý bilen maslahaty Ortokakda birikdirjek! –diýip,Ýeňiş ýegen gidip barýarka jogap gaýtardy.-Kalhoz,bu gün bolmasa,ertir boljak,muny degerli ýerden eşitdim.Ynha men, amanat ata münüp, amanat don geýdim.Amanat don geýseň synyň silkeräk,amanat at münseň syrtyň galkarak bolar ekeni.

Kakam onuň yzyndan esli salym garady-da:--Biz-ä düşünýän däldiris,biri “kalhoza girmek meýletin” diýýar,biri

“girmeseň Zulmata sürgün ederis” diýýar,biri “Gurkan okaýaň” diýip ahun mollalary tutup ýör, he-eý,Taňry,dynç oturmak maňlaýa ýazylmandyr öýdýän- diýdi.

-Kaka, biz Ýeňiş ýegen bilen ugramalydyk,bary bir bu ýerden gitmeli bolsak- diýip,men aglamjyradym.

-Bu gep nireden çykdy- kakam gaharly sorady.

-Şammy “ barymyz göçýäs” diýýär.

-Häý,ýagşam bir gep tapypdyr,şo kel dostuň,oňa gulak gabartmazlar.Aýyr sümügiňi,sen indi sekiziňe gitdiň,aýyp bor ahyryn.Naharyňam iýmän goýupsyň,bir gün garnyň aç bolsa kyrk günläp akyl soralýan däldir.Ganary dykyp bolda nanyňy iý!

Men öňki endigim boýunça burnumy ýeňime süpürdim,şol wagt ejem: “Berdimyrat jan,bäri gel,guzujyklary emdirmäge kömekleş!”- diýip gygyrdy.Men aýagym ýer tutaly bäri goýnuň yzynda gezýärdim,has dogrusy,ejemiň çolugy bolýardym,kakam: “Täzegül özüne çoluk-çopan ýetişdirýär” diýip,ýaňsa alardy,atam bolsa”Oňa ýetesi näme bar,Hezreti Pygamberimiz,Musa,Dawut pygamberler çopançylyk edipdirler,öz malyňy bakmaň aýby ýokdur.Hadyslaryň birinde”Alla hiç bir pygamberi ol çopançylyk eden bolaýmasyn”diýip iberen däldir”diýilýär.Sährada,tebigaty synlap,pasyllaryň üýütgeýşini gözüň bilen görüp,tämiz howadan dem almak göwnüňi göterýär.Kä günüň,käte aňzaklygyň aşagynda taplanyp,ýaşaýyş üçin tebigat bilen göreşýän,möwsümleriň üýütgedigiçe ajaýyp görnüşlere,kä ýyldyrym çakyp ýagyş ýagýan,käte parlak ýyldyzly açyk asmana seredip ýaşaýan adamyň ruhy päklenýär,duýgy-düşünjesi giňelýär,hileden we ikiýüzlilikden daşda bolýar.Arassa duýgular bolsa adamy kemçiliklerinden saplaýar.Ýnsan-ynsaplylygyny bozmaýar,haýwanlaşmaýar.Ýalan-ýaşryk we hile bilen,aldowçylyk we zyýan bilen bulam-bujar bolan durmuşdan daşlaşyp,sap we tämiz sähralarda agaýana sürüňi bakmak ýaly asylly işiň heý-de bir aýby bormy!?Alyn deri bilen,daban azaby

bilen zähmet çekip ýaşaýan, hiç bir hünäri erbet görmez.Şeýle dälmi,Çolugum!?-diýip,kakam başymy sypaýar.Şammy kel hem hakyky adymy tutman maňa“Çoluk” diýip ýüzlenýär.Heniz adymy bilmeýänlerem, “Çoluk” diýip başladylar,şeýdip Berdimyrat adymyň yzyna Çoluk ady hem ýelmeşdi galaýdy.Çoluk diýenleri üçin kän bir gynanyp duramokdym,ýöne “Çolly” diýseler welin halamazdym...

---2----

Düýn Şammy ikimiz oýna gyzdyk,gumalak sanadyk,güjügimize zyňan taýagymyzy getirtdik,göreşdiik.Göreşde ýykyldy welin Şammy gaharlanyp: “Sen Çolly,Çolly” diýdi.Men öýkeläp,garynjalaryň hinlerine girip-çykyşlaryna,öz agramlaryndan has artyk ýüki alyp gelişlerine,ýolunda goýýan emeli päsgelçiliklerimden geçmek üçin her hili tilsimlere ýüz uruşlaryny synladym.Bu meniň iň gowy görýän güýmenjämdi.Birnäçe wagtdan soň Şammy sümügini çekip ýanyma geldi-de: “Indi saňa Çolly diýmäýin,bagyşla!” diýdi.Şeýdip ýaraşdyk.Ol ýenede Garajaoglan guýusyndan göçüljekligi baradaky gürrüňi gaýtalady.Men: “Biz göçemzok” diýdim,ol: “Göçülýär” diýdi,jedel etdik.Men ýeňilsem güjügimi bermelidim,ol ýeňilse owadan galamyny berip,adymy Çolly diýip tutmaly däldi...

Biziň hojalygymyzda güni üçin hyzmatda gezýän Durdy atly ýetim bardy.Ol ýuwaşdy,sadady,mylaýym, hoşgylawdy,meni käte göterip mal bakýan ýerine alyp giderdi. Günlerde bir gün, azyk almaga gelen Durdy, atamyň “Döwür bulaşyp barýa” diýen sözüni eşidip, “Howwa bulaşýar,bulaşaram,kim oňa günäkär?Garyplaryň ajy derleri bilen baýan baýlardan hasap soralar” diýdi oturyberdi.

-Köşek düşünmedim-le,bu näme diýdigiň boldy?Sen bizi göz öňüne tutýarmyň?

-Ýok,Welkuly aga,ýöne, şeýle baýlar bar-da.

-On ýyldan bäri oglum ýaly görüp,iýdirip-içirip ýörün,öýli işikli etmäň aladasynda.. Sen bolsa... Bu nä boluş?

-Bolýan zady basym görersiňiz..Ýaşuly men-ä, çopan taýagymam taşlaýsam diýýän,mallary alyň- diýip ol kakama ýüzlendi.

- Juma namazyny okaýyn,çynyň bolsa soň göräýeris.

- Sygyr ýatak bolan jaýda-da namaz okalarmy?

-Indi ol Allany ýatlap dileg edilýän ýer.Nähili bolaýypsyň,Alladan gorkmaýarmyň?

-Ýok,gorkamok.

-Sende iman galmandyr,ogul,eliňe ýarag alyp hudaýsyzlaryň hataryna goşuljaksyň.

-Garyplary gynap geldiňiz,indi gezek biziňki..

-Eý Hudaý,bi sowatsyzlardan özüň goraweri- diýip,kakam ýakasyna tüýkürdi.

-Döwlede agalyk edýänleriň köpüsi türmede oturanlar bilen garyp-gasarlar...

-Wah,olary türmeden çykarmaly däl ekeni.Sebäpsiz giren däldirler-ä?Senem şolaryň yzyna düşjek diýsene...

-Näme düşmän...Biz-ä çopançylyk etdik,hiç zadyň başyny tutmadyk adam,hökümediň Gökdepedäki dikmesi Ataýew uly wezipe eýeläp otyr.Men bir dikme bolaýyn,kürre tozany onsoň görersiňiz..

-Wa-eý,wah, şu wezipe gursun- diýip,kakam hyrçyny dişledi. –Köşek,seň taşlap gaýdan goýunlaryňdan hasap soralar.Men saňa mal berdim,saňa ýagşylyk,hormat etdim,sen bolsa haýyr we peýdaly işleriň deregine ýamanlyk etjek bolýaň.Hakyky musulman dilinden,elinden,herekedinden başgalaryň zyýan görmeýän adamsydyr-diýip,atam janykdy.

Ine, şeýdip,Durdy Täşliniň çopan taýagyny ýaraga çalşyp,garyplaryň mesgeninde wezipä eýe bolanyndan soň ýurda şeýtan aralaşdy, eden-etdilikler köpeldi,adamlar dälilik derejesine ýetdi.Döwür ýaramazlyga,ýaranjaňlyga,gödeksi

ygrarsyzlyga,wyždansyzlyga tarap üýtgedi.Keşbi adam,häsiýeti maýmyn bolan jemgiýet döredi...

Şol wagt men bu zatlara akyl ýetirip bilmeýärdim...

Bu gün Garajaoglan guýysynda gaýda-gaýmalaşyk köpeldi.Ak keçeli nätanyş atlar peýda boldy.”Pähimli adamlaryň ýygnanyşygy boljakmyşyn,Jüneýidiň ynamly wekili çykyş etjekmişin” diýen gürrüňler ýaýrady.Käbir ýelýürek adamlar eýýäm zatlaryny oňa-muňa gömüşdirip,mallaryndan bizar iki ýana at çapýardylar,dumly-duşa çapar ýollaýardylar.Şu garma-gürmeligiň hysyrdysy bilen, hol alysdaky baýryň aňyrsyna gelip gonan iki ganat uçary Şammy ikimizden başga gören bolmady.Şol ýerde guýy bolansoň Şammy kel: “Eý,ol suw almaga gelendir” diýdi.Birdenem çermegini çekip: “Kakama aýtjak” diýdi-de, ylgap öýlerine gitdi.Uçaryň gonmagy adamlaryň howsalasyny artdyrdy.Kelleleri ak ýaglykly bir bölek atly “Alla” diýip şol tarapa atlandylar,emma ok ýeter meýdana barylmanka,uçar asmana galyp gitdi.

Şeýle waka Garajaoglan guýusynda-ha däl,Garagum çölünde hem heniz bolmandy.Şol sebäpli, bu waka bolan gününiň öýläni ak atly öýme-öý aýlanyp”Erte,Garry hojanyň öýüniň ýanyndaky meýdança maslahada barmaly”-diýip,jar çekdi.Ertesi adamlar aýdylan ýere baranlarynda Garry hoja eýýäm ýanyna myhmanlary,ak sakgal ýaşulylary ýygnap otyrdy. Kakam ikimiz märekä iň soňunda goşuldyk.

-Begler,hanlar,töreler,wajyp meseläni çözmek üçin sizi çagyrdyk-diýip,Garry hoja seçelenip duran ak silkme telpegini çykaryp gapdalynda goýdy.Bu,onuň ýygnanan märekä bolan sylagyny aňladýardy hem-de maslahadyň açylanlygynyň alamaty hökmünde kabul edilýärdi-Ýanymdaky syratly,peşeneli adama Annaguly Hydyrhan diýýärler.Ol Tejen hany Hojagulynyň sag goly,ýanyndakylaram wepaly nökerleri. Owgandan geldiler.Goý,han öz matlabyny aýdyp bersin!Geple,ogul!

Annaguly han iki ädim öňe çykdy,salam berip silkme telpegini çykardy,başyny egdi-de söze başlady.

Halaýyk,Ahal,Tejen,Mary sebitleriniň aksakallary,maňa we başga-da birnäçe adamlara, Owganystana göçülip baryljak ýeri görmek,göç etjek ilatyň ýaşajak ýerlerini öwrenmek maksady bilen kyrk sany nöker,ýigrimi sany üsti ýükli düýe berip, ugratdylar.Yzarlanýanlygymyz sebäpli,birbada owgana aşmak başartmansoň, biz ilki Eýrana bardyk.Emma,eýran serhetçileri zatlarymyzy elimizden alyp kowup goýberdiler.Soň biz uly kynçylyk bilen owgana aşdyk hem-de öň bu ýerlere göçüp gelen türkmenleriň ýaşulylary,Gurbanmämmet serdar bilen duşuşyp,göçýüp gelmegiň şertleri barada maslahatlaşdyk.Gurbanmämmet serdar däninim: "Ýakyn garyndaşlarymyň gaýtjagyny alyp gaýt hem-de şu haty Ahmet hana gowşur" diýip,haty we altmyş iki sany nökeri berip,meni bärik ugratdy.Halky gyrgynçylyga sezewar etjek bolşewikleriň eline ýurt doly geçmänkä, göçüp gelmegiň şertleri barada Jüneýit han bilen bolan soňky maslahatda ol, Garagumda bolşewiklere garşy gizlin hereket edýän Ahmet hanyň ýanyna getirilmegini sorady.Ine, onsoň, ýigitlerimiz bilen Guşgy sebitlerinde serhetden geçip geldik.Gelsek, döwlet syýasy dolandyryş edarasynyň (G.P.U.) wekilleri kakamy,iki doganymy zamunlykda saklaýar ekenler.Olar şeýle ýol bilen meni tutjak bolýan bolmaly.Dogrusy,Jüneýit handan aýratyn tabşyryk bolmadyk bolanda, bu ýerde däninim galsam galardymam...Biz gidýän adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmeli.Gitjekler üç günde taýýar bolmaly.Men däninim, ýene bir zat aýtmakçy,Jüneýit han hökümetde işleýän ýokary wezipeli bilen gürleşipdir.Ol "Biz sizi ýok edip biljek,ýöne siziň yzyňyzda bigünä adamlar,çagalar bar, şolaryň hatyrasyna,nähak gan dökülmesin diýip, ylalaşyga gelseňiz gowy boljak.Başyňyzyň aman galmagyna welin güwä geçip bilmen"-diýipdir,Jüneýiт:"Başym gerek bolsa al,ilime degmeseň bolýa" diýende ol "Bilmedim-dä,käte bize bagly däl zatlaram bar,kimiň

näme boljagyny bilýan ýok,ýöne, çagalar aman galsa gowy boljak”diýipdir.Jüneýit oňa ynanmady. Şeýdip, sada adamlaryň hossary,ogrylaryň,pyssy-pujurlik edýänleriň,men-menlik satýanlaryň duşmany Watanyny terk etdi.Onuň bar wagty, ýolda pul ýatan bolsa hiç kim ellemezdi, soralmadyk zady aýdyjy, dileg ediji bolmazdy,goýmadygyny gotermezdi.Onuň soraýan ýerinde goýun bilen gurt bir owadan suw içdi.Hakyky serkerde,watançy,edermen ,gaýduwsyz adamy Gaýgysyz Atabaý Damla guýysyna çagyryp, “Daşoguza häkim bol” diýen,emma han göwnemändir.Sebäb, güýüçli ýaragly orslaryň garşysyna batyrlyk bilen söweşmegiň peýdasynyň ýokdugyny ol bilýärdi.Ýa olaryň öňünde dyza çökmeli,ýa-da häzlrlikçe göçüp gitmeli.Soňuny görüp gelen ýok.Bu size maglumat üçin, ,galanynam däninim, kimde näme pikir bar bolsa aýdyp otursyn!- diýip,Annaguly han töweregine garanjaklady.

Mähelläniň gowry artdy,kä ýerden galmagal çykdy.Her kim öz pikirini aýtjak bolup jan etdi.Biri: “Bu ýerde galsaň,seni ak halta salyp agzyny bogarlar-da,daşyna-da “Zulmat” “Sibir” diýip ýazarlar,gidersiň onsoň uwlap” diýse,başga biri “Şehit geçer gany bilen,sahy geçer nany bilen” diýipdirler,kapyra boýun bolanymdan şehit öläýjek” diýýärdi,ene biri: “O-how,bu ýerden gidilmände-de serdar Stalin arkamyzda duraýjak ýaly-la?Gurban Welkuly onuň ýörüte haty bilen zyndandan boşapdyr-a!” diýýärdi.Garaz,belli netijä gelýäni ýokdy.Iň bärkisi biziň maşgalamyzda hem bir çukura tüýkürlenokdy.Amanmyrat kakam bilen Mämmetdurdy kakam gitmegiň tarapdary bolsa,Ýagdy kakam galmakçy bolýardy,kakam bolsa sesini çykarman otyrdy.Şeýlelikde turdy bir gowur. “Wah atam ýok-da,mähelläň gowryny ýatyrardy” diýen pikir kelläme gelip-gelmänkä, Garry hojanyň gök gübürdeýän ýaly sesi çykdy: “O-ho-how,goňurbaşlar,ýuwaşrak-laýt!Bu ýerini halys gul bazaryna dönderdiňiz.Ata barka ogul gepleýän däldir.Magtymguly atamyz”Beg-töre,aksakal,ýurdyň eýesi”diýipdir-ä.Geliň, bir zat

edeliň!Her taýpanyň töresi,ol bolmasa-da aksakgal- kethudasy pikirini aýtsyn,galanlaram onuň bilen ylalaşsyn, “Gurt gören itiň agzy ala bolsa-da, gyssaga düşende biriger” diýen gep bar.Aldajy gurt ýetip gelýärkä,bir çukura tüýküreliň!Hany,Baýram,ýomutlaryň adyndan aýt!

-Bolýar- diýip,Baýram bukowly öňe çykdy.Men, bagana telpekli,bili, eginleri bilen hatar okly,garanilli,egri gylyjy,hanjary,agaç gaply hagany gaýyş kemerine ildirilgi,gyrtyç murtly,gözlari ýanyp duran adamynyň gözlerine, kiçeňräjik ýapyň güzaý tarapynda,geçemjek,geçigulak,goňurbaş,gulanguýruk,kertikli ýaly ýaz otlarynyň arasynda oturan ýerimden syn edýärdim.Ol,Hywa argyşa gidende “dini kitaplary wagyz edýär ” diýip,kakasyny tussag etmäge gelipdirler, Baýramyň orta boýly,ak ýüzli,dolmaçdan gujurly aýaly,gyzy Maral ikisi olara gaýtawul beripdirler.Esgerler naçarlary tärime sarap, ahun agany alyp gidipdirler.Baýram muny eşidip: “Eý Allam, päk ruhumdan ant içýärin,atamy alyp gidenlere degişli temmi bermesem telpek geýmedigim bolsun ”diýip ant içýär,gaharyna orslar bilen azda-kände çaknyşýar.Şonda ýüzüne tyg düşýär.Ýöne,batyryň ýüzüniň ýarasy-bezegi diýişleri ýaly, ýara ony birjikde kemli görkezmeýärdi.

–Adamlar,siz meniň düşen günümi eşidensiňiz.Hawa,men kakamyň öňünde bergili.Kakam-dinim,aýalym-namysym, dine we namysa howp abananda türkmen jebisleşmegi başarýandyr.Bir zady biliň,dilinde: “Garybyň arkadagydyrys” diýselerem,gelmişekleriň matlaby bizi ýaman ýola itelemek,ýok etmekdir,namysjaň halkyň degnasyna degmekdir,dilini,dinini ýok etmekdir,emma namys bilen din aýrylmaz, bitewi bir göwredir.Ony goramak üçin şirin janymyzy gaýgyrmaly däldiris.Dogry,duşman güýçli,bize örän uly hasratlar,kynçylyklar garaşýar.Her näçe kynam bolsa,başa düşjek külpetler näçe agyram bolsa,biz hasratymyzy,gözden akjak ýaşymyzy ganyma görkezmeli däldiris.Hawa, häzirki ýaly agzala bolunsa,duşman

begenýändir,goý,ol özdiýenli türkmeni,yslama uýýanlary dyza çökerip “Aýagymyň astynda depeledim” diýip heşelle kakmasyn,hawa.Kadyr Allany ýatlap,birek-birege daýanyp,ganyma garşy durmaly.Namart serinden geçsin,mertler ýaraga ýapyşsyn!Biliň,ölsek,gabrymyzy depelärler,diri ele düşsek,namysa duz seperler,hawa...

-Baýram,alňasama,gyssanma,men duşmanyň çanagyny-çемçesini gana bularyn,ar alyş pursady golaýlaşýar- diýip,Meret tentek oturan ýerinden zöwwe galdy.

Meret tentek tekelerini Akgoňur taýpasynyň “Tentekler” tiresinden bolup,Gökdepäniň “Gyrgylyagyz” diýen ýerinde dogulýar,toýlarda göreşip,garşydaşyny ýeňip gelensoň pälwan diýen ada, şan-şöhrada we az-owlak mala eýe bolýar.Ony baýlaryň hataryna goşanlarynda 10-15 ýigide baş bolup ata atlanýar,oba talap ýörmese-de, galtaman adyny alýar.Aslynda, Merediň ata-babalary

Gökdepe urşundan aman galyp,Garaguma siňipdiler hem-de mal bähbidini arap, toplumy bozman, sonar ýerlerde guýular gazyp, olara özleriçe “Baýrajy,Daşajy,Garajy,Bulanyk,Gelditaý” ýaly atlary dakyp, şol ýeriň ýapylarynda gyşlapdyrlar.Ýylyň dowamynda göçüp-gonup gara öýlerde syrgyn bolup ýaşapdyrlar. Mal- garalary artyp,halal zähmetleri bilen hakyky baýlyga ýetipdirler we baý lakama eýe bolupdyrlar.

-Hawa,ar alyş pursaty golaýlaşýar- diýip,Baýram jogap berdi.

-Ýomut garyndaşlar kyn güne düşende,tekeler çetde durup bilmez – diýip, Annaguly han ara goşuldy-.Men muny däninim,tekeleriň adyndan açyk aýdyp bilerin.Ýöne,ýene bir gezek gaýtalaýaryn,biz däninim,syýasata goşulmaly däldiris,çykyp gepleýänler däninim,şu meselede ägä bolmalydyrlar.Hany,indi däninim,beýlekileri diňläliň,olar nä pikirde!

Ebeçaýryň üstünde egele bolup oturan körsagyrlaryň ulusy-kiçisi ýaşy kyrkyň gädiginden ätlän kakama seretdiler.Bu “sen geple” diýildigidi.Emma ol sesini çykarmady.Ýap-ýaňy ýanardag ýaly daşyp,sesine bat berenlerem ýer dyrmadylar.Kimdir biri: “Gurban jöwlan, aýdaý” diýdi.Şondan soň kakam özüniň geplemelidigine düşünip ýerinden gowsundy,soňam: -Biz öz günümiz- güzeranymyz bilen ýykmy-ýykylma oňuşyk edip geldik,hiç kime azar bermedik, ogurlyk-sütemi bilmedik,asuda ýaşap ýörkäk sen-men ýok depämizden uruberseler nähili bolar?Öz ýurdunda dogup-döräp, ata-baba dessurymyzy,edim-gylyklarymyzy,dilimizi,dinimizi berjaý edip,erkana ýaşamak isleýänligimiz üçin,türkmene ýat bolan ähli zat ortalyk diýen düzgüni kabul etmeýänligimiz üçin, bizi duşman saýsalar nähili bolar?Şu meselede maslahatlaşyp gelen netijämiz barada aýdarys- diýdi.

-Men alilileriň adyndan Annaguly hana goşulýandylymy höwes bilen aýtmakçy bolýaryn, hä- diýip,gözi et iýýän guşuňky ýaly, ýanyp duran keltejik adam şaňňyja sesine bat berdi.

-Bäpbe ças,sen Ýeňiş ýegen bilen oňuşman aýrylyşypsyň-da, indem biziň adymyzdan gepläp otyrsyň-la!Biz najadymyzy göreris,gowusy goşulma- diýip,peşeneli aksakgal adam oňa jogap berdi.

-Han,biz seň bilen-diýip,daýanyklydan-daýaw,uzyn boýly,peşeneli ýigit,ärsarylaryň kethudasy Agamyrat Soltan matlabyny mälim etdi.

-Halaýyk,başga aýtjak-goýjak zadyňyz bolmasa,ertir däl, birigün,däniinm,säher bilen ugraýandyrys,soň,däninim,eşitmedim diýmäň!Gidilýän ýoluň howpludygyny bilýänsiňiz.Dogrusy,beýle uly mähelläniň biz bilen howply ýola düşjekdigini bilmändiris...Biziň gitjek bolşumyz örän gödek oýna çalym edýär.Şu ýere ýygnananlaryň hemmesi dowlet garşysyna çykan,ýa baý däl,birnäçesi dow-dowa,howsala düşüp gelen.Şoňa görä-de,adamlar,pikirleniň,oýlanyň,başarsaňyz biz bilen gitmäň!Siziň

köpüňiziň gyrgyna berilmek howpuňyz bar.Alkymda, Mary iline goşulsaňyz gelme diýmezler,ýa-da Ahala,Tejene siňiň!Galanynam näme, ýaşulylar,maslahatlaşyň,ýedi ölçäp bir kesiň! Bu ýerlerde şu çaka çenli Şaltaý baryryň,Akmyrat hanyň,Ahmetdir,Kakabaý hanyň toparlary türkmeniň milli mertebesini,ata-baba erkinligini goramak üçin baş göterip, gyzyllaryň garşysyna çykdylar.Geçen ýylyň tomus-güýz aýlarynda Myradaly han,Lulluk baý,Kaka baý,Orazgeldi han we Ýüzbaý ýaly serkerdeler şeýle söweşlerde şehit boldular.Bize hem şolardan galan topar diýip hasap edýärler,diýmek, garşylyk gazaply bolar-diýip,Annaguly han nurana ýüzüne gelşik berýän telpegini geýdi.Bu maslahadyň tamamlananlygyny aňladýardy.

Garasyny göreniňden türkmenligi bildirip duran, ak,gara silkme telpekler, merdi-merdanalygyň,özüňe erk edip bilýänligiň,agzyndan çykan sözüniň eýesi bolýanlygyň,gerçekligiň,erkli-erkanalygyň,gaýratyň,gujuryň,yrsgal-döwletiň-çyn türkmenligiň alamaty hökmünde görülýärdi.Oňa buýsanylýardy,onsoňam telpek türkmeni syratly,edenli görkezýärdi.Bosgunlaryň ählisinde ak,gara silkme telpek bolanlygy üçin,gyzyl goşunyň esgerleri gorkularyndan olara golaýlaşyp hem bilmeýärdirler.Telpek howply bir ýarag hökmünde görülýärdi.Ähli türkmene söýgi we hormat duýgulary bilen beslenen,mätäji hemmeden gowy görýän,başarsa zeruryny bitirjek bolup jan edýän syratly serdarlar Annaguly hana,Agdar hana welin, gara silkmeler hasam gelşik berýärdi.Haýbatly görkezýärdi... Adamlar dargadylar.

Men öýe gelip,bolan gürrüňi ejeme aýdyp berdim.Ol:”Waý,Hudaý jan-eý,bu näme boldugy-leý!”diýip, howsala düşdi, ”Rahat oturma ýok” diýip aglady,meňem howsalam ýetikdi, agladym.Aglamaz ýaly däldi.Çarwa obasynda gaýda-gaýmalaşyk,başagaýlyk köpeldi,ähli öýlerde diýen ýaly

mal soýlup,gazanlar ataryldy,gowrulýan etler golçalara gaplanyldy,haltadaky bugdaýlar gowurga üçin gazanlara atyldy.Men düýämi suwa ýakaýyn diýip guýa barsam, daýaw-daýw erkekler bir-biri bilen tutluşýarlar.Şammy suw çekip,nowa ýaňy bir meşik guýdy welin, düýeleriň bary çozdy,zordan gaçyp sypdyk.Birneme saýhallanylmasa,beýle ýagdaýda guýa barmak howpludy.Biz çete çekilip ýaýdanyp otyrkak"Kakamy alyp geljek!"diýip,Şammy kel ýerinden turdy.

Şol wagt günorta gözýetimde bir gara guşuň uçup gelýänine gözüm düşüp:- "Şammy,guşa seret!"diýdim.Şammy kel çermegini çekip:"O guş däl-ow,ol uçar!" diýdi.Onýança tarryldy ýapynyň ýüzüni ýaňlandyryp gitdi.Guýynyň at gaýtarym daşyndan bir öwrüm edip,düýeleriň,mal-garalaryň üýşen ýerini peýläp pessaýlady-da,ok ýagdyryp başlady.Biz gaçyp,garry sazagy galkan edindik.Uçar her öwrüm edip geçip gidende,birnäçe düýe ýykylýardy.Az salymda şeýle bir düýe gyryldy,hiç aýdyp-diýer ýaly bolmady.Eýsem,kim-de bolsa biri gyzyl matany kiçeňräjik depäniň üstüne dikmedik bolanda,zaýaçylyk mundanam köp boljak ekeni.Uçardaky gara gaýyş penjekli,gaýyş gulakjyпly adam dikilen gyzyl matany görüp,bizi özleriniňki saýdymy-nämemi, sumat bolaýdy.Asyl, soň bildik welin,atamyň pähim-paýhasy bolmadyk bolanda zaýaçylyk mundanam köp boljak ekeni.Onuň tabşyrygy boýunça kak, ejemiň başyndaky gyzyl gyňajy sypyryp,syryga daňypdyr-da,depä dikipdir.Gyňaçsyzam bolsa, perzendine howp abananda adam aljyrar ekeni.Bir tarapdan başy açyk ejem gujagyny gerip "Balam" diýip ýetip gelýär,beýleki tarapdan Şammynyň ejesi.Soň görsek,sadaka berjek torumymyz içegesini ýaýradyp,aýagyny kakýar.Halallap hem ýetişmedik.

Bu waka adamlaryň ýüregini gahar-gazapdan doldurdy.Entek, gaýa-gopuz ýok ýerinde,göç ugramanka,hiç hili duşmançylykly herekediň ýok ýerinde,göçüp gitmek,gitmezlik barada belli karara gelinmedik wagty, parahat oturan çarwalaryň üstüne ok ýagdyrmaklyk- görülüp eşidilmedik

wagşylykdy.Munda,biziň içimizden kimdir biriniň eli bar ýaly-dy.Bu hereketiň, kakam ýaly göwni bölekleriň göçe goşulmagyna alyp gelen bolmagy mümkündi.Başgalar-a bilemok welin,kakamyňka şeýle bolandyr.Ýogsam ol, atam bilen maslahatlaşyp gitmezligi,gidiläýende-de, Bathyzyň “Ellibir” diýen ýerinde, mal üstünde bolýan atamyň inisi Allakuly hanyň ýanyna göçüp barmagy ýüregine düwüpdi.Atam-a, ol ýere öňdenem göçjek bolup ýördi, erte-erte bilen şu güne ýetipdi.Indem, pikiriň üýtgäp,aýgytly netijä gelinmegine,ýokarky wakadan başga-da,ejem hem sebäp bolan bolmalydy.

-Kakasy,muny saňa akyl öwretjek bolup ýa-da başga niýet üçin aýdamok.Men ýerli dikmäniň sözüne ynanamok.Sözüne ynanar ýaly başga-da bir atly –abraýly adam göremok..Bu günki gün düýnki gedaýlar,ýeňi ýoluklar, taýagyny gözüňe dürtüp dursalar nätjek!?Olaryň ne adamkärçiligi,ne edep-terbiýesi,ne bilimi bar.Barmaklaryny basaýmasalar, gol çekip,okap bilenoklar.Olar, Batyryň aýalyna elini gatjak bolany gaçyryp goýberipdirler!Beýle masgaraçylyga gözüni ýumýanlardan näm-ä garaşjak?Dikme,aýal-gyzlary jemläp okuw okatjak diýibem ýörmüşin.Nädip okuw okatsyn,özi okap bilmese? Beýle мasgaraçylyk görlen zatmydyr?Käşg-ä, gaýyn atam ýaly bilimi ýetik bolsady,olam däl.Gowusy bizem il bilen bolaly,goňşy-golam,dost-ýarlaryň hemmesi göçýär.Gallaçlar bolaýmasa galjak ýok,olaram göçmäge gurby bolmansoň otyrlar.Bizem “Il bilen gelen toýda baýram” edeli.

Ejem hojalyk işi bilen gümra bolup, kakamyň işine goşulmazdy,hiç mahal hiç zat soramazdy ýa-da pylan zadym ýok diýip iňirdemezdi.Kakam bir zat diýdigi dogry bolsun,nädogry bolsun ylalaşardy.Ýöne,kakam gazamatdan çykyp gelenden soň, birhili onuň dili uzalan ýaly bolaýypdyr.

-Keýwany,gepiňde maňyz bar.Gel,şu gezek diýeniňi edeýin,Allakuly kakamyň ýanyna göçeliň- diýdi-de, kakam atama gelen netijesini gürrüň berdi.

-Köşek,ýeri men nädeýin,nädip ýurdumy taşlaýyn?-diýip, atam agyr üsgürdi.

-Kaka,barýan ýerimizde iniň ýaşaýar.Özüň aýtdyň-a bir mahallar ýeriň bir bölegi türkmeniňki bolupdyr diýip,o ýerem biziň mekanymyz.

-Aýdypdym,köşek,ýöne,gitsek gowumy,galsak gowumy,arasyny açyp bilemok. Şony pikir edip ýatyp bilmedim.Ýaşymyň soňunda aňsat däl ahyryn.

-Kaka,owsarlanmadyk düýeleriň gezip ýörüşleri ýaly,bizem gumlular, ata-baba erkana,garaşsyz gezdik.Indi bolsa bize owsar saljak bolýarlar.Oňa çydap bolmaz ahyryn! Bar,olam hiç diýeli.Kalhoza girmeseň,türmä basjak bolup dursalar,girseň ähli zadyň ortalyk boljak bolsa,onda nätjek,hatda aýalyň hem ortalyk bolmalymyşyn,how!

-Kim aýt,bi aýylganç zady tapyp ýören?Heý,beýle-de bir masgaraçylyk bolarmy?Ol bolup biljek zat däl!Namys orta düşende türkmen serinden geçýändir.Özümizi garaşsyz alyp barmagymyz ors-a ýakanok öýüdýän!

-Kaka,mekany taşlamak aňsad-a däl,ýöne şeýle diýip dursalar nätjek?Olaň islegi halky bakna etmek,ezmek,dinden el üzdürmek!

-Aý, bu zatlar,bir agzy boşuň tapýan zatlarydyr-la.

-Menem şony pikir etdim.Ýöne,biz öňümizi bilemzok ahyryn.Kalhoz gurjak diýip maldan dyndardylar,belki,mundanam mojugyny taparlar?Düýelerimizi okdan geçirdiler, **gaýalygymyzy** ýok etdiler.Jüneýit han muny öňünden aňyp owgana gidipdir ahyr.

-Aý,näbileýin,oglum,barjak ýerimiz nätanyş ýer,nätanyş däp-dessur.Üstüňden agalyk etjekler başga.Olar seniň diliň,diniň,däp-dessuryň,durmuşyň bilen gyzyklanmaz.Biz gul bolarys.Olaryň guly bolduň,bularyň guly bolduň,tapawudy näme?

-Jüneýit hanyň başy dik bolsa,türkmen gul bolmaz,kaka,şuny berk belle!Onsoňam, aga-iniler bilen

gepleşip,bir çukura tüýkürdik.Allakuly kakamyň ýanyna göçüp gitmeli etdik.Indi senem hötjetlik edip oturma!

Atam sesini çykarmady.Kakam onuň bilen ylalaşdym hasap etdi-de, ejeme: Täzegül,biliňi berk guşa-da,zatlary jemleşdir,gowurma,gowurga taýýarla! diýdi-de, erkek,garaýelin goýunlary soýmaga başlady.

Galan mal-garalary näderis?-diýip,ejem onuň yzyndan gygyrdy.

Janyň gaýgyka mal ýadyňa düşýärmi?

Hudaý jan-eý,bu nä zulum boldy?Toba,toba,eşideniň erbetlik,gyz.Bu duşman adamyň etini hem iýýärmiş diýýärler.Özüm-ä hiç welin,Ene jana,Çoluk jana nebsim agyrýar.Eýý,dünýe,dünýe,halal lukma iýmämiz bardy,bary poha garyldy.Alla jan,özüň gowy bilýänsiň-dä,bulary-diýip,ejem aglamjyrady.Menem ony gujaklap agladym. Depäňden basýan howp, ýüregiň howsalasyny artdyryp,örküňi daraldyp barýan ýalydy.Ýatanyň üstüne turan gelse, şeýle bolar ekeni...

----3----

Şol günüň agşamy biz, juwana öküzçämizi soýup,agyz açdyrdyk,hudaý ýoluna sadaka berdik.Ýygnananlaryň içinde biri"Welkuly aga, Durdy dikme hudaý ýoluna" sadaka bermekligi oňlamaýanlygyny" duýdurdy-diýdi.

-Ogul,sadaka bermek köne däp-dessurymyz.Keramatly kitaplarda hem haýwanlary soýup,sadaka bermek aýdylan.Oňa bolmaz diýmäge dikmäniň neneň dili barýarka?

-Ýaşuly,bilmedim,ýöne,ol"Özüňi bagtly etmek üçin özgeleri bagtsyz etmek ynsaplylykdan däl.Haýwanyň hem ýaşasy gelýändir.Hudaý, bendelerine etjek ýagşylygynyň öwezine gurbanlyk talap edýän däldir"diýýär...

-Ogul,halal zähmedim bilen edinen malymy sadaka berýän.Sen dikmäňe aýt,goý,ol ähli jandara,adamlara hem bir rehim,bir mähribanlyk we mylakat etsin,şonda onuň işini Alla oňarar.

Dikme wekili gideninden soň,öýde esli wagt dym-dyrslyk höküm sürdi.Ýygnanan jemagat öňki adamlar däl ýalydy,ýüzleri salykdy,rehim-şepagat ýokdy.Atam bilen mydama degişmäni halaýan goňşymyz Garry hojada agzyna suw alan ýalydy.

-Adamlar,şeýle gürrüňleri siz indi, täze hökümet dikmelerinden her gün eşidersiňiz-diýip,birnäçe wagtdan soň Garry hoja dillendi-Maňa namaz okamaly däl,ogluňa sünnet etdirmeli däl diýip duýdurdylar.Bu gün sadaka gadagan diýýärler,erte ýene bir zat taparlar.Bulary arkaýyn diňlejekler galarlar,diňlemejekler goşlaryny düwmeli bolar.

Şeýlelikde,adamlar dargap,her kim barja goşuny ýygnamak bilen meşgul boldy.Kakam goşlary tükelleşdirip,öň,kän bir ulanylyp ýörülmedik howutlary jemleşdirip,uzak ýol üçin gerek boljak beýleki zatlary ýygnaşdyryp iki ýana zowzullaýardy,arasynda “Wah,gowurma azrak boljag-ow” diýýärdi.Atam oňa “Sen gysylma,köşek, gyssanma,gowurma az bolar öýtseň,bugdaý köpdür.Bugdaý adamyň imanydyr,bugdaýyň bolsa,oglan-uşagyň bilen janyň sag bolsa,dünýäde şondan uly baýlyk ýokdyr.Işiňi gyssanman ediber.Ine,maňa kyn.Garrasaň işden galyp, geçmeýän baganayň çöpe ildirilip goýluşy ýaly galyberýer ekeniň ýeke özüň” diýýär.Biz il ýatyp,it uklaýança gowrulan gowurmalary,saryýaglary gorküýzelere saldyk,gowurgaly haltalaryň agzyny bogup goýduk.Ak öýümiziň tärim görnüşli diwarlary beýleki öýlerden tapawutlylykda, göçe-göçlükde derrew söküp,ýygnap bolýardy,düýä ýükläp,islän ýeriňe,hat-da barmasy kyn ýerlerde-de, aňsatlyk bilen eltip bolýardy.Üstüniň keçe örtügi ýagyn ýagyp durmasa aşagyňa düşek bolýardy.

- Men indi ol ýollara çydaman,çekize halta döndüm.Gudraty güýçliň özi alyp gidäýmel-ä,şonda bu azaplardan dynjag-a!- diýip,atam agyz açarda seslendi..

-Waý,atamyň diýýän zadyny.Seni hic kime bermen,sen bize gerek!Al,gowusy, bir goşawuç gowurga bereýin,iý!- diýip, mem oňa gowurga uzatdym.

-Köşek,dişim barmy,seret!

-Ata,dişiň ýok,,diliň bar.Çeýnäp beräýeýin,bolmasa?!

-Wah,çeýnäp bereýin diýen diliňden aýlanaýyn,köşek,özüň iý!Durmyşda gaty zat çalt zaýalanýar,ýumşak zat uzak saklanýar.Hany,sen sapagyňy ýat tutduňmy?

-Hawa,ata,ilki"Rabbi zidniý ylmiý"aýaty,dileg aýatyny,soňra "Innä fetehnä leke fethan"aýatyny öwrendim,ýene öwretjekmi?-diýip,men çöküme düşüp soradm. –Berekella,köşek,Perwerdigär dilegimizi eşitse,ylmyň artar,onuň çylşyrymly ýollaryny aýdyň eder.Wah,seni halal iýip, bilenini öwredýän,dili senaly molla berjekdim,bolmady.Sen,ýöne ýaňky bereketli aýatlary gaýtalagyn.Men her säherde"Eý,Hudaýym,agtygym Berdimyratjana maňa beren ylmyňy we abraýyňy bereweri!Onuň yslam kerwenine goşulyp,dogry ýol bilen gitmegine ýardam edeweri!Iki dünýäsini abat,berýän ylmyňy özüne we ähli musulmanlara peýdaly edeweri!"diýip,dileýändirin...

Şol wagt salam berip, egni çäkmenli,aýagy mesili Garry hoja geldi.

Orazaň kabul bolsun,Welkuly aga!- diýip,ol görkezilen ýerde oturdy-da,akja sellesini çykaryp,maňlaýynyň derini syldy.

Seňkem kabul bolsun,Garry hojam!Agzyňy açansyň-a?

Agzymy açdym,taňryýalkasyn!Näme netijä geldiler,soraýyn diýip geldim.

Gowy edipsiň!Gurban goşlaryny düwüb-ä ýör.Biz siz bilen Ýeroýlandaky Ellibir diýen ýere çenli gitmekçi.Ýogsa-da ,Ýerbentden adam kän-mi?

Üç müňe golaý bardyr.

Malyňyzy ýygnap bildiňizmi?

Ýygnap bilmedik,Welkuly aga,döl döwri bi gabahatlyk gabat geldi,üstesine-de,alabahar gurak,otuň ugry ýok.Bu zatlar asmandaky guýrukly ýyldyzyň işimi-kä?

Göc-hä-göçlük,orsly gürrüňlerem şol guýrukly ýyldyzyňkymy,Garry hoja?!

Şeýledir,Welkuly aga,ugrunda bardyr.

Ýogsa-da,bi ors diýilýäniň iki dişi sömelip çykyp durmyş,ol dogrumydyr?

Özüm-ä göremok,Welkuly aga,Ýöne Meret tentek Çelekende görenmyş.Olaram biz ýaly adammyşyn.Gulagy kesilmedik gürjüň kellesi ýaly, depesi çüri telpegi barmyş,doňuz eti halaýan iýmitimiş!

Bä,şeý diýýä...Doňuz iýýä diýsene...Ol-a, gowy däl.Haram zady iýýän bolsa,gowy däl.Bu beladan Hudaý janyň özi sowsun-da, hernä!Men bir sandan galan garry.Ine,şu oturana nebsim agyrýar-diýip,atam meni görkezdi.-Syçan ýyly Damlada doglupdy.Ýagyn köp düşüp,mallardan,adamlardan ölen-ýiteni bardy.Daşy gurasa çopan ederis diýip,molla zada-da bermedik.Damladan bu ýere göçüp geldigem welin,ine,ýurt çaýkanyp başlady.Agtygymyň gören güni ýokdur,şoňa nebsim agyrýar!- diýip,atam ýaglygy bilen gözüni süpürdi.

Ýagşy niýetde,ýagşy umutda bolaly,Welkuly aga!Ýagşy söz agzyňdan çyksa,saňa nur bolup ýagarmyş,belki,Hudaýyň özi ýalkaýady-da!Ýogsa-da,Annaguly han "Galjaklar galsyn,galmajaklar,goşun bilen çaknyşmasyn!Nähili hem bolsa goranyp, Owgana ýa-da Eýrana aşmaly!Ýurdy terk etmek kyn,başga çykalga bolmasa nätjek?!Men size mümkin boldugyça ýoluňyzy açaryn,emma arkaýynlaşmaň.Biz halk duşmanlary adyna eýe bolduk. Yzymyzdan,öňümizden kowgy barar,araçäkde garşylyga duşarys.Sag-aman barmagymyz hökümediň aladasy däl-de,halky bizden aýyrmak.Saklap bilmese ýok etmek,ine olaň islegi.Gidenimizde düýeli-tegeli,mal-garaly arkaýynlaşmalyň,özümizi ile görkezmäliň, tanaýanlar bardyr" diýýär.

Halky gyrgyna berip ýörüşlerini göreňde, aňyrsynda gaпojaklar oturandyr öýdýärsiň.

Gaýgysyz Atabaý hem öz mümkinçiligine görä hereket edýär, Meskewden çekinýär.

Bilmedim-dä köşek,ýurda duşman-a bolduk!Ata watana duşman,galtaman bolmak gahat zat, nätjek-dä?!Bir günki gamyň oýan ýerini müň günüň şatlygy dolduryp bilmez, şon-a bilýän!

-Men-ä turjak,Welkuly aga!Annaguly hana "Gidýärler" diýip aýdaýjak!

-Bolar,köşek, baýyrlaryň arasynda gaçyp gün görüb-ä bolmaz,Ellibire özümizi ataly,belki, asudalyk bolaýady-da...

Bu gün Garajaoglanda iň soňky gijämizi geçirýärdik.Az wagtlygam bolsa biz bu ýeriň adamlary,tebigaty,howasy bilen öwrenişipdik,eger-eger gidesimiz gelenokdy,ýöne,bu zatlar uzun gijesini aglap geçirýän ejem,doganym Ene üçümizden çözülenokdy.Edilýän hereketlerden nägile bolsa-da ejem: "Hudaý jan edeniňe şükür!" diýýärdi.Her zadam bolsa biz gije rahat ýatyp bilýärdik,ok sesleri eşidilenokdy,duşman çozar gorkusy ýokdy.Suw içesiň gelse içibermelidi,nan iýesiň gelse iýibermelidi,aýagyňy uzadyp ýatyp bolýardy.Men şondan soň kyrk ýyllap gije-gündiz rahatlyk garasyny görmejegimi bilmändirin.Bilen bolsam...Bilen bolsaň näderdiň diýsene!Kysmata kaýyl bolmaly bolardym-da...

Atam,maňa bilim öwretmegiň deregine, öwsaýy ýaly eýýäm uklapdy,kakam öwselesini tükelläp,ejem öý gamyşynyň mülemmesini mäkäm daňyp ýördi,men bolsam ýat diýilmegime garamazdan öleňde aýakýalaň durup,Ömrüzaýa ýyldyzyny gözleýärdim.Bu gün ol öňküsinden has ir ýaşan ýalydy.

Ertesi Annaguly han märeke ýygnap,göçüň rowaç bolmagynyň hatyrasyna sähet tutdy,aýat-töwür etdirdi.Käbir howsala düşen adamlar goh-galmagal etdiler."Biz nirä barýarys,baranymyzda ýüzümizden sypajak barmy,ykbalymyzy kime ynanýarys? " diýen soraglary keserdip goýdular.Has-da Bäpbe ças: "Nähili bor,hä?Muny bilýän barmy,hä?Duşmandan kasam bilen däl,kämil ýarag bilen üstün çykylýar,ilaty gyrgyna bermejek bolsak olaryň diýenine bor diýeliň!" diýip,peteň berdi.

Sen how,näme diýjek bolýarsyň?-diýip,Meret tentek oňa azgaryldy-Sen dönük bolaýma,how?
Goý,ol dönüklik etmejekligi barada Gurhandan ant içsin,ýogsamam...diýip,Baýram bykowly,gylyjyna,ýapyşdy.
Bolýar-Bäpbe ças elini Gurhana goýup ant içdi-Men size dönüklik etmen,ölmeli bolsa bile ölerin,ýöne bu herekediňiziň akmaklykdygyna soň düşünersiňiz.
Ýaman janygýaň welin,köşek,bir alamat gördüňmi?
Hawa,Welkuly aga,şu gün atym düz ýerde büdredi,Baýram molla ony oňatlyga ýormady.
Baýram molla agzy dogaly,halatly adamdyr,ol dogry,ýöne amal bilen sebäbiň arasyny ölçemeli bolsa, ýola çykmaly hem däl.Ajaldan gaçyp bolmaz,ýazgytdakyny görübereris-diýip,atam,köşeşdirdi.
Her kim,däninim,öz göwnüne geňeşsin-de najatyny görsün,zorluk ýok,islän gider,islemedik,galar!-diýip,Annaguly han märekä gözüni aýlap, dillendi.
-Ýöwsellemäň,adamlar,bu ýerde galsak,namysa duz seperler.Biz diňe ar almak üçin, güýç toplamaga gidýäris,gaýdyp geleris-diýip,Baýram dillense,Meret tentek”Ýoluňyzy gaýgy etmäň,bize golaýlaşmak islän her bir duşmanyň çanagyny-çemçesini gana bulamak meň bilen!”- diýýärdi.

-Köşekler,dil bilen degirmen dartmalyň-la- diýip,atam ara goşuldy-da,mähelläniň gowruna suw sepdi. –Dünýäni görmän,dünýälik adam bolup bolmaz.öňünden tarhandökerlik etmeli däl,onsoňam,ählimiz bir adamyň agzyna garamaly,öňe düşýän Annaguly han-my,barymyz gürrüňsiz şoňa boýun bolaýmaly hemem onuň orunbasary Agdar hana.

-Gökdepede dökülen nähek ganlar halkyň aňyndan çykmanka biz nä güne düşdük?Orslaryň bu hereketleri süteme sezewar edilen halkyň ynamymy gaçyrdy,aňymyzda eziji hökmünde ornaşdy.Olar şu güne çenli türkmene ulumsylyk bilen garadylar,sözümize ynanmadylar,biziň iň ýigrenýän zadymyzyň ulumsylykdygyny,iň eý görýän zadymyzyň bolsa

lebzi halallykdygyny bilmedik boldular-diýip,Agdar,han,janykdy. Şeýlelikde,galjaklar galdylar,gitjekler at,eşek,düýe diýmän goşlaryny ýüklemek bilen boldular. Ozal göçüp-gonup ýören çarwalara göçmek diýen zat şeýle bir kyn bolmasa-da,bu göç öňkülere meňzeş däldi.Indi täze bir oýtaga däl-de,ýurdy müdümülik diýen ýaly taşlap gitmelidi.Gijäniň içinde nämäni alyp nämäni goýjagyňy biler ýaly däldi,halylary,şaý-sepleri aljakmy,azyklary aljakmy?!Düýelerem ýeterlik däldi.Ala hasyrdy bolup ýören ejeme kakamyň **kellesi** garyşdy,"Diňe öz janyňy,çagalaryňy saklap bolsa razy bolaýmalydyr welin bulara zadam gerek"-diýip hüňürdedi.Ol düý-ä atylan haly horjunyň bir gözüne meni oklady-da: "Ajyksaň,halta el uraýgyn!"-diýip,çaňňaly bilen başymy sypady-da,düýeleri hatara düzdi,bir düýäniň howdunyň çözülen çemmerini daňdy.Başy çargatly,onuň üstündenem çepbetewini atynan ejem,dokama gara gülli guşagy biline mäkäm guşap,alňasap, öýe bi girýärdi,bir çykýardy,almaly zadyny alyp bilmedigine bozulyp, garanjaklap,gözüniň ýaşyny saklap bilmeýärdi.Älemi agladan ajy gözýaşlar gözünden paýraýardy. Kakam düýäň owsaryny onuň elime tutdurdy-da,töweregine göz gezdirdi.Nirä seretseň,ýykan-ýumranlyk,soýlan goýunlaryň kelleleri,gyrkylmadyk gerileri dagaşyp ýatyr,eýesiz düýeler,goýunlar giden bir oýy dolduryp,ajy aýralygy duýýan ýaly ota agyzlaryny urman ýüzlerini sallaşyp durlar.Käbir inerler biri-birini ýaryp-dişläp gopgun turuzýarlar." Bu biberekеtçilik bir zadyň başydyr" diýip,atam ýol töwürini etdi: "Bismillähirrahmänirrahiým,lä ilähe illä ente subhaneke inni küntüminez zalimiýn..."

Göç ahyrym ugrady...

---4–

Taryhdan parça. Ummasyz köp adamly Daşajy we Siňreldi guýularyny gabamaк, duşmany ýok etmek maksady bilen Sowet hökümeti bu ýerde ýerleşýän Lomanowyň baştutanlygyndaky goşuna kömek diýip, kükürt zawodyndan Loginowyň serkerdeliginde 170 atlyny,Leonowyň

serkerdeliginde G.P.U.-nyň 68 atlydan ybarat 82-nji bölümini,Tejen etrabyna degişli maldarçylyk bölüminiň merkezi bolan Ýolbarsly guýysyndan Lisiskininiň serkerdeliginde 60 atlyny **ugratdy** ...Gyzyl baýdakly Türküstan atly kitabyň 129-nji sahypasy, 1976 ý.Moskwa.

Serdarlar başy,atan okunyň hatasy bolmadyk goç ýigit Annaguly han nurly ýüzüne gelşik berýän ter gara sakgalyny sypalap,bir eli Gurhanly,bir eli iňlis ýaragly ýigitlerine baş bolup,kerweniň öňüni çekip barýardy.Çep ganatda batyrlykda göreniň gözüni baglaýan,bagana telpekli,bili hatar-hatar okly, gylyjy,agaç gaply nagany gaýyş kemerine gysdyran,gyrtyç murtuny sypalap,ýanyp duran gözlerini uzaklara dikip,bir topar goç ýigidiň öňünde Baýram bykowly barýardy.Sag ganatda garadan gaýtmaz Meret tentek bilen Bäpbe ças ýigitlere baş bolýardylar.Ortada aýal-oglan-uşak,garry-gurtudyr çagalar,ýaňy murty taban ýigitler,dört örüm saçyny biline orap,oňa hadaly gyrkylyk gysdyran gyzlar,şaý-seplerini güne ýaldyradyp,gollary çermelgi,ýüzleri gazapdan doly gelinler barýardylar.

Şeýdip, Mürzeçyrlanyň baýyrlyklaryna,Akmollanyň çöňňesine golaýladyk.Haçanda Akmollanyň öňallysynyň günorta tarapyndaky Daşajy guýysyna ýetenimizde,Balkan,Daşhowuz sepgitlerinden ýygnanan adamlara duş geldik.Olar Ahmet hanyň toparynda gyzyllara garşy söweşen gumlylaryň, Baýramguly Telekäniň,Ilaman begiň,Ahmet hanyň ýigitleridi.Annaguly hanyň “Ahmet beg nirede?” diýen soragyna Ilaman beg:”Biz, Ortaguýynyň töwereklerinde bolşewik goşunlary bilen güýçli çaknyşdyk,iki tarapdanam köp adam heläk boldy,şondan iki gün soňra bolan söweşde biziň 150-ä golaý ýigitlerimiz,500 sany üsti ýükli kerwenimiz,aýal-oglan-uşaklarymyz duşmanyň eline düşdi.Şu söweşden soň Ahmet han “Adamlar,men öz ýigitlerim bilen Üstýurda tarap çekiljek,Owganystana aýagym ädenok,watanymy terk edesim gelenok,ölsemem şu ýerde öljek” diýip,bizden aýryldy,bizem onsoň şu ýere,siz bilen duşuşmak üçün geldik.Ortaguýynyň töwereklerinde Jüneýit hanyň

gerçekleriniň urup ýykan uçarynyň galyndylaryny gördük-diýip,jogap berdi

Bu habardan soň Annaguly han gum içindäki biri-birinden onçakly uzak bolmadyk köp sanly çarwa obalaryndan wekil ýygnap, maslahat geçirdi.Ol döwürler Garagum çöli ýurduň oturymly ilat ýaşaýan beýleki ýerleri ýaly ilatlaşandy.Oturymly ilatdan tapawutlylykda çarwalar has erkindiler.Maslahatda,şol erkin çarwalar, her edip hesip edip bolşewik hökümetine boýun egmejekdiklerini ýene bir gezek beýan etdiler.

Adamlar, Garry hojany diňläň!- diýip,Annaguly han seslendi.

Garry hoja iki elini galdyryp aýat okady, “omin” diýip töwir etdi,az salym märekä göz aýlady.

Halaýyk,görüp dursuňyz,göçüň köp bölegi aýal-oglan-uşak,bigünä adamlar.Olaryň döwlet,hökümet bilen dawalaram,eden etmişlerem ýok,ýöne, adamlaryň yzyna eýerip howply ýola düşenler.Olaryň iň bolmanda bir bölegini,hossarlarynda adygany ýoklaryny şu howply ýoldan, ajalyň okundan sowmak her birimiziň borjumyz. .Gökdepe urşunda goýberen hatamyzy, çagalary yzymyza düşürip,galanyň içinde uruşmagy gaýtalajak bolmalyň. Annaguly hanyň aýdanlaryny makullap,aňryujy bolar ýaly bolsa,”şu howply ýoldan galaweriň” diýesim gelýär.Içimizde, täze öri ýere mesaýy göçüp barýanlaram bar,olar “biz bilen ýöremesin” diýjek,”sowulyň ýoldan,il uludyr göterer” diýesim gelýär.Gyzyllar “halky örüzýän ahunlar,işan-mollalar” diýýärler.Biziň oňa dahylymyz ýok.Özlerine döwlet diýen bolşewikleriň pygyllary ýaramazam bolsa, häzirlikçe, güýçli bolmak Hudaýsyzlara miýesser etdi,ýöne, Alla görüp durandyr, netijesini çykarar.Dogry,hemmämiz ýurt aşyp gitmäliň-ä diýip biljek däl, galsalar nesli bilen ýok ediljekler bar,olara gitmekden başga çykalga ýok.Meniň özümem neslime degilmesin diýip size goşuldym.Owgan bir musulman patyşaly ýurt,sag-aman baryp

bilseg-ä gowusy,bolmasa-da näme, Allanyň özi şehitlik derejesini bersin-dä!-Garry hoja çöküne düşüp doga okady,gitjeklere-de,galjaklara-da ak pata berdi.

Annaguly han ýere gaçaýjak bolup,gündogara at salýan gara bulutlara ser salyp,o golda,bu golda ýük yazdyran göçe gözüni aýlap, başyny ýaýkady,dodagyny dişläp,öz-özüne diýdimi,Garry hoja diýdimi içini dökdi.

Duşman-da,how,adam mertebesi diýen düşünje ýog-a!Diňe öz köňlüniň rahatlygyny alada edýän ähli illerde,dinlerde,döwürlerde halanýan däldir welin, türkmen-dä ol asla halanmaýar. Öz aladasyny edýän ýabany haýwan bilen deňdir.Adamyň mertebesini saklamak iň esasy zadyň biri bolup dursa-da,gyzyllar,olaryň içinde öz türkmenlerimiz hem bar,olar hem türkmende ary bar ýaly hereket edýärler, birek-biregiň göwnüne degýärler.”Bizi öz günümize goýuň” diýip iki gezek ylalaşyga adam ugratdym, kabul etmediler,ýogsam, aramyza gelip düşünişseler bu bosgun beýle uly möçberde bolmazdy ahyr.Adamlaryň dilini tapmaga ymtylmasalar, zorluga daýanyan jemgiýet uzaga gitmez.Döwlet halkyň däp-dessuryny hormatlap,adamyň köňlüniň päk görküni erbetliklerden,ýaman pällerden,hyýallardan goranyp bilmegi üçin şert döretmeli,köňül gözelligine aýawly çemeleşip, oňa mukaddeslik hökmünde garamaly,ynsan mertebesini belent tutmaly.Diňe şu ýörelgelere esaslanyp gurulýan döwlet müdümidir.Bular bolsa hiç kime hiç zat düşündirmän, ýöne kowalap, tutup, öldürip ýörler.Käte bir uçar bilen asmandan kagyz ýagdyrýarlar, oňa bolsa düşünýän ýok, şeýle-şeýle diýip düşündirseler, bu sada türkmen watanyňy terk etjek däl-ä!...

Han,duşmanlardaky türkmen serkerdeleriniň bir-ä Agdar hanyň agasymyşyn,gürleşip görmediň-mi?-diýip,Garry hoja sorady.

O bolýa,bi bolýa,käte habarlaşmanam durlanok.

Olara,dogan-dogana ýarag çenemek,ok atmak uslupmydyr diýmeli...

Diýdim,biz sizi ýok etmek üçin däl,yzyňyza gaýtarmak üçin çalyşýas,ýöne” bolşewiklerden gaty çekinýäs” diýdiler.

Wah,dilimize,dinimize azar bermeseler biz gitjek däl-ä?Belki,baýlyk hödürläris,goý,günümize goýsunlar,islän baýlygyny tapyp bereli.

Hödürledim,belli zat aýtmadylar,ýene görerin-dä...

Göç ýoluny dowam etdi, ýöne ähli guýylaryň zäherlenendigi ýa-da duşman tarapdan eýelenenligi sebäpli,suwsyz mallar,düýeler,daýaw-daýaw erkekler belli bir derejede göçüň ýoluna howp döredýärdi, herekedi gowşadýardy.Bu ýagdaýlary nazara alyp,Annaguly han guýulardan sowlup geçmegi,kak suwuna,kä ýerde gar suwuna bil baglap hereket etmegi makul bildi.Halaýyga “Howp abanýanlygy sebäpli göçüň hereketini artdyrmaly,ýanyňa mal-zat almaly däl,her öýüň erkek göbeklisi öz öýüni,töweregini goramaly,ýaraglary aýal-gyzlaryň,ýetginjekleriň eline berip,mümkinçilik bolanda özüni goramagyň tärlerini öwretmeli “ diýen permany berdi.

Eli ýarag tutup bilýän erkek adamlaryň hemmesi goragda bolansoň,indi bize maslahat berýän,ýol görkezýän garry atamdy.Ol maňa: “Köşek,gelnejeleriňi,töwerekdäki gelin-gyzlary ýanyma çagyr” diýende, atam çagalary hiç ýere goýbermän,berk saklaň diýip tawşyrjakdyr öýtdüm.Emma ol beýle däl ekeni.Az wagtdan soň atamyň çöküp oturan düýesiniň ýanyna kelleleri uzyn-u-kelte börükli,börügi lowurdap duran ildirgiçli,käsi gözüňi gamaşdyryp barýan altyn gaş egmeli,käsiniň gapdaly ýüzi nagyşly heýkel-tumarly,kä tumaryň içi dogaly aý ýaly gelin-gyzlar ýygnandylar.Ezýaka köýnegimiň üstünde meňem tumarym bardy,çala gymyldasaň jaňňyrdaýan jaňjagazym bardy.Ejem elimden tutup sypdyrmaýardy,ol muny meni ýitiräýmäýin diýip edýär ekeni.Atam agzy ýaşmakly gelinlere,başyny egip duran gyzlara,En-ä,maňa,Şammy kele,beýleki çagalara göz gezdirip çykdy-da:-

Köşekler,biz watany terk edip,näbelli bir mekana barýarys!Nirä barýanyňyzy Taňrynyň özi biläýmese bilýän ýok.Barjak ýeriňizde ýüzüňizden sypajak barmy,ykbaly kime ynanýarys,bilýän ýok,ýöne, biz etiňizi gataltmaly,eliňize ýarag alyp,gerek bolanda özüňizi,çagalaryňyzy goramagy başarmaly.Bular ýaly ýowuz günlerde ýaşmagy syrmagyň hem aýyby ýokdur,birneme çuslanmagam gerekdir.Han-ha,ýomut gelin-gyzlaryna serediň!-diýip,ol düýelerini çökerip,ýüklerini saýhallaşdyryp ýören elleri çermelgi,billeri guşalgy,kellesi ýaglykly gelinlere elini uzatdy.-Haýsy zada el ursalar,örän çalasyndyrlar,görelde alyň! Sen Baýramyň gyzy bolsaň, ýaraga erk edip bilmeli-diýip,atam Marala ýüzlendi-Ýöne...Hawa,ne döwür,ne zamana boldy bi!?Heý,gelin-gyzlar eline ýarag alar diýip pikiriňe-oýuňa geljek zatmydyr?Hudaý jan,ýaşymyň soňunda beýle gabahat işleri görkezmäweri-diýip,atam elini galdyryp töwür etdi,soňam Marala: -Ho baýyrdan aňry geçiň!- diýdi

-Hany,gelnejeler,haýsyňyz meniň bilen gitjek!? Gorkmaň,adamyňyz zat diýmez.

Agzy ýaşmakly ýer dyrmaşyp oturan gelinleri görüp men ejemiň böwrüne dürtdüm: “Eje,bizem gidäýeli?!” Ejem iki aýtdyrman ylalaşdy we elimden tutup Maralyň ýanyna ilkinji bolup bardy-da Amanmyrat kakamyň aýaly Ogultäç gelnejemi,Mämmetdurdy kakamyň aýaly Oguldursun gelnejemi,Ýagdy kakamyň aýaly Aýgözel gelnejemi çagyrdy.

-Gelnejeler,ejem sizi çagyrýar- diýip,men dilmaçlyk etdim.

Aýdanyma mähetdel Ogultäç gelnejem iki ogul,bäş gyzyny,Oguldursun gelnejem ýaşy ýetmedik çagasyny alyp bize goşuldylar.Aýgözel gelnejem goşulmady,oňa derek ýol gyrasynda ýatyrylan belgi ýaly, bili bükük Kynnan ejemiň,ýagyrnysynda unaş ýaýybermeli üç gyzy bize goşuldy.

Biziň toparymyz ala gowur turzup ýapyň aňyrsyna geçdi.Hasam beter çagalar bu “gezelenje” begenýärdik,elimizde

tüpeň bolmasa-da,ony özümiz atýan ýalydyk.Beýleräkde Maralyň ejesi Bibigül töweregine gelin-gyzlary üýşüripdi.

Maral goşar ýaly dört örüm saçyny depesinde ýygnap ýaglyk bilen daňdy-da,eline bäşatyryny alyp: “Sadap,gel” diýip, gözi sürmeli,zülpi burmaly,tutma ýok,öpme ýok,garap durmaly gyzlaryň birini ýanyna çagyrdy.

Ýog-eý- diýip,Sadap gorka-gorka yza çekildi.-Ýaraga ýapyşmak uly gyzyň işi däl.

Jora,bu zerurlyk,muny barymyzyň bilmegimiz gerek!Bolmasa, Owadan gelneje,sen geläý!- Maral ejemi çagyrdy.

Ejem ýaragy eline aldy-da,şobada ýere gaçyrdy:-Buz ýaly-la,gyz,bi,birhili iniň söýenok!

Gelneje,ýaragy berk tut,şeýdibem çene!-Maral maňa ýüzlenip:-Ýogsa-da, biz nämäni nyşana alarkak? diýdi.

Hol sazagy ataý!

Hudaý jan saklasyn,sazagam atyp bolarmy?!

Onda hol gamaklary nyşana alaý!

Jigim,beý diýmesene,ösüp oturan zada degsek bolmaz-a,başga zat tap.

Toba,birine sazak diýsek,birine gamak diýsek,onda nädip duşmana tüpeň çenejek?Duşman adamdyr ahyryn.- diýip,Kynnan daýza Maralyň al petinden aldy. –Eliňe ýarag alanyňdan soň,ýürekdäki mähir uçgunlaryňy sowrup taşlamalydyr,rehim aradan aýrylmasa gazap döremez,gazap döremese,eliňde tüpeň saklatmaz.-Kynnan daýzamyň gepinde maňyz bardy.Duşmana aman berme diýen aýtgy ýönelige aýdylan däldi.

Men ýigrimi bäş ädimlikdäki tümmegiň üstünde kelle ýaly kesegi goýdum.

Ine,bu bolar- diýip,Maral ýeňillik bilen dem aldy-da,ejemiň elindäki ýaragy alyp çenemän atyp goýberdi,şobada kesek pytrady.Duýdansyz çykan sese barymyz ziňkildäp gitdik.

Tüpeň atmaga gelen adamyň ýüregi gürsüldemeli däldir.-diýip,Maral bäşatary ejeme berdi. –Gelneje, nyşana al-da, at!

Ejem gözüni ýumup atyp goýberdi welin,ok başga ýerini tozatdy.Her kim öz gezeginde tüpeň atdy.Gezek Kynnan daýzama ýetende Maral oňa:

Daýza,indiki atyşyga Annaguly hanyň özi gatnaşjakmyşyn, bizi ýüňsakgal edäýmegin!- diýdi.

Heý,näbileýin,gyzym,Annaguly han indi o zatlary görüp biläýse!?- diýip,Kynnan daýza perwaýsyz jogap berdi-Oň kellesi üçin uly baýrak goýlanmyşyn.

Kim muny aýtdy?

Gara Ýowşan diýen adam Garajaoglan guýusynyň ýanynda azaşyp bize goşulypdy.Jojukla çenli siz bilen gitjek diýýär,şol adam aýtdy.

Ol aýdanda näme,duşmana berler ýaly üýşüp ýatan kelle barmy?Hany,aljak bolsun-da ganym,hanyň kellesini?Ýagşam bir gürrüň tapdyň- diýip,Maral gaharlandy.

Uçaryň sesi güýmenjämiziň arasyny kesmäge mejbur etdi.Adamlaryň arasyna gyssagly dolanyp geldik.Bu gezek uçarlar ok ýagdyrman,kagyz ýagdyrdylar.Onda: “Jüneýidiň aldawyna gitmäň,yzyňyza dolanyň!’ diýlen ýazgy bardy.Muňa ynanyp göçden galýanlaram,gelip goşulýanlaram bardy,ýöne,goşulýan köp bolansoň,adamlaryň sany artyp gidip otyrdy,bu bolsa öz gezeginde onsuzam tygşytly saklanylýan suwuň ýetmezçiligini döredýärdi.

Howa salkyn bolsa-da,iýýän höregiň gowurma ýa-da gowurga bolansoň,haçan görseň agzyň kepäp durdy.Suw sorasaň atam: “Sabryň soňy salamat,sabyrsyz kişi melamat” diýip jogap berýärdi we agzy dykyly kiçijik küýzeden bir owurtjyk dadyrýardy.Bu bolsa suwsyzlygyňy gandyrman,gaýta has-da suwsadýan ýalydy.Bu ýagdaý Annaguly hany ynjalykdan gaçyrýan bolmaga çemeli,haçan-da ol, atamyň ýanyna gelende keýpi ýokdy,dodaklary ýarçyk-ýarçykdy.

-Welkuly aga,bi suwsyzlyk belasy däninim,ikinji duşman bolup üstümizi basmarlap barýar! Bosgunlary ýola çykardyk,öňüne düşüp,garamaty boýna aldyk,bir ýerde gyrdyrman,suwsyz heläk edmän, sagaman araçäkden geçirip bolaýbilsedir!Goragymyzam onçakly däl.Belki,ýetim-ýesir çagalaryň nalasyny Alla eşitsin,Alla bizden bolsun-da!Suwam suw welin, ölümden özüňi saklajak bolmaklyk gowulyga eltmez.Mert bolalyň,biri öldi diýip uly yzlaşyk bolup barsak,ýa-da janyňy gutarjak bolup goşa bukulyp ýörsek bize uslyp däldir.Allany çagyralyň, belki, beýle zatlar bolmasyn!

Hawa,köşek,howply ýola düşen her bir adam ölüm bilen ýüzbe-ýüz durmalydygyny bilse ýagşy.Birine bir zat boldy diýip, ýöne uwlaşyp otursalar gowy däl.Men bu barada gürrüň geçirerin,arkaýyn bolaý!Suwly meselede bolsa ertire bir çykaly bir alajyny taparys!-diýip,atam jogap berdi.

Men atamyň jogabyna gaty geň galdym.Gidip barýan ýerimiz Garagumyň tüýs örküji,mart aýynyň ortasy,ýagyn ýok,kak suwy ýok,guýular duşmanyň elinde,onsoň **arkaýyn** gürlemegini geňlemez ýaly däldi.Her halda bolsa,baryndan bazar eýläp,agzaçar edildi.Men suw dileýärdim.Ejemiň: “Oglum,suw gutardy,görýäň-ä ataňam,kakaňam bir owurt çaý içip bilenoklar,täretlerinem çägä **tenmim** kylýarlar” diýmesine asla düşünesim gelenokdy,diňe“Suw ber”diýip aglaýardym.”Aglama,oglum,aglasaň,daýyň başy kel bolar” diýmesine gulak gabartmamsoň,”Indi aglasaň hol möjeklere berip goýbererin” diýip,sazaklaryň içindäki gara zatlary görkezip,meni gorkuzýardy.Asyl ertir turup seretsem,her gezek düşlenende soýulýan goýunlaryň kelleleri,derileri şahasyndan düýe asaýmaly sazaklaryň üstüne taşlanýan bolsa nätjek!Ejemiň möjek diýip gorkuzýanam şolar ekeni.Annaguly han, asly galjaň,mähir-muhabbetli tüýs goç ýigit, suwuň aladasy bilen bir pursatam ýatmanlygy pökgeren gözleri aýdyp dur.Müňlerçe adamyň garamaty boýnuna düşensoň,onuň ýatyp bilmejegi aýandy.

Annaguly han gelende atam bilen kakam eýýäm ejemiň agşam bişirip mata dolap goýan işleklisinden agzaçar edinipdiler.Ýeri gelende aýtsam,ejem gaty ugur tapyjy aýaldy.Onuň ýanynda mydama ýaňy soýulan ýaly goýun eti bolardy,hatda tomsuň tüýs jokrama yssysynda hem ol eti isripsiz saklaýardy.Eti ýuka dograp,goýnuň garnyna duzlap dykardy-da, çägä gömerdi.Üç gün çägede saklansoň temen bilen kä ýerini deşip,agşamlaryna daşaryk çykaryp goýardy.Çägä gömmek başartmasa,aýry-aýrylykda dolap possunyň ýa-da ýorganyň aşagyna sokardy.Şeýdip ol tomsuň ortaky aýlaram eti zaýalaman saklamagy başarýardy.Öýmizi hem arassa saklaýardy,işigi günde üç gezek sübselärdi.Ine,häzirem ol öňki endigi boýunça bir ýylgynyň düýbünde ýatýan ýerimiziň töweregini ýag guýup ýalabermeli arassalapdy.

Annaguly han salyhatly salam-helikden soň: “Ýaşuly,birahat edäýdim öýdýän,düýn ertire bir çykaly diýipdiňiz?- diýdi.

Köşek,aýdýanyň näme,türkmen hiç wagt aýbogdaşyny gurup oturmaga haky ýokdur,onda-da, saçagyň başynda şu wagt...Nä döwür,nä zamana boldy diýsene!Türkmen mydam ýekedyz oturmalydyr.Gel,köşek,nahar başyna,agyz açaly!?

Taňry ýalkasyn,ýaşuly,agzymy açdym.Uzyn gije suwly meseläni aňymda aýlap ýatyp bilmedim.Bilýäňiz,öňde-soňda gidenleri hasap etmäniňde,diňe biziň bilen on bäş müň öýli bosgun barýar.

Bilýän,köşek!Sen bir zat et,kimde gataňsy düşek bolsa ýygna-da düýe asaýmaly sazaklaryň aşagyna ýaz.Her ýerde,her ýerde,ojaklara gazan oturdyp ot ýakdyr,boş gaplaram şol ýere getirt.Haçanda,gün birneme gyzyp ugrar welin,sazaklary silkip gije düşen gyrawlary düşegiň üstüne gaçyrarsyň,soň ýygnap gazanlarda eredersiň welin,taýynja suwuň bardyr.Şol suw Siňrenli guýysyna çenli ýetäýse gerek.

Agzyňdan Hudaý eşitsin,ýaşuly,belki, şeýle bolsun-da!-diýip Annaguly han nurana keşbine gelşik berýän gara sakgalyny sypalap,ýeňillik bilen ýerinden turmakçy boldy.

Köşek,sen owgana beletsiň,hany aýt,onda ýaşamak kynmy?-diýip,atam ýaýdana-ýaýdana sorady.

Hudaý köp görmesin,azar görmän ýaşaýarlar,ýöne Watan-Watan bolýar-da.Maňa bu soragy köp berýärler,"myhmanyňky üç gün,üç günden soň göçgün" diýleni,uzak myhman bolup bilmersiň ahyr.

Bäş ýyl ýaşasa-da Jüneýit öwrenişmändir-dä?

Öwrenişme nire,bolşewikler çekildigi şo dem watana gaýtjak diýip dilinden düşürenok.Bolşewlkler çagany okatjak,jaý berjek,adam etjek,gullyga goýjak diýýärmişler,bir görseň etjek bolýan işleri ýamanam däl ýaly.

Ene-ataň etmeli aladasyny döwlet öz üstüne alsa çaga atasyny tanamaz.Bi däbimize ters gelýän zat,iň ýamanam dilimiz ýiter,bir zat sorasaň çagaň gäwür ýaly ýüzüňe seredip dursa bolmaz-a..

Şeýle özün-ä –diýip,Annaguly han turmak isledi.

Han,suwuň ýagdaýy ediler welin azyk nähili?

Aňsat däl,ýaşuly,kimde azyk bar,berenok,kim berjek,azygy ýok.Aramyzda,ýaňralar ýeterlik. Bilýän,Meret tentek ar-namys,ölüm barada kän gürleýär,oňa aýt,döşüne kakmasyn,ölmek hemmäniň alnynda bar,ýöne ölüp gidibermeli hem däl,iliňi,gorap,netije,görkezip,ölmeli. Bolar,ýaşuly,bolar-diýip,Annaguly han turdy.

**Taryhdan parça** ----5----

1919-njy ýylyň 19-njy aprelinde Sowet hökümeti bilen Hywa hökümetiniň arasynda parahatçylyk şertnamasyna gol çekildi.Emma,1919-njy ýylyň 22-nji dekabrynda Sowet hökümeti "Hywa zahmetkeşleriniň isleglerini göz öňünde tutup" Jüneýit hanyň üstüne goşun sürdi.Bedirkendiň eteginde hanyň

goşuny dargadyldy.Jüneýit han guma çekilip Ortaguýyda mesgen tutdy.Şol wagtda ýagny,1922-nji ýylyň 30-njy dekabrynda SSSR-Sowetler Soýuzynyň Sosialistik Respublikasy döredildi.1924-nji ýylyň oktýabr aýynda Özbegistan we Türkmenistan respublikalary döredildi,Täjik awtonom respublikasy Özbegistana,gazak we Garagyrgyz awtonom respublikalary Russiýa degişli edildi. Basmaçylara garşy söweşde ýerli milletden bir adamyň hem ýokdugy göz öňünde tutulyp (diňe çeh,ermeni,polýak,rus,latyş kellekeserleri bolan),1924-25-nji ýyllarda garypdyr batraklary basmaçylaryň garşysyna çykardylar.1927-nji ýylda Bütintürkmen Geňeşiniň 1-nji gurultaýynda Jüneýit hanyň günäsi geçildi,ol watanyna gaýdyp gelip Ortaguýy **Bäşajy,Çaryşly** diýen guýylarda mesgen tutdy.Hana "Hököwmediň aldawuna gitme, seni aklap tutjak bolýarlar" diýip Gaýgysyzyň adamlarynyň biri habar berýär.Olam özüni goramak üçin daşyna adam ýygnaýar.1927-nji ýylyň aýagynda Gökdepäniň geňeş agzalary "Kömek ediň,Jüneýitden bizi goraň!"diýip,hökümede "ýüzlendiler",ýogsam, han ýerinden hem gozganmandy. Geňeş agzalary hakykatda, şeýle işe baş goşdularmy ýa-da ony bolşewikler toslap tapdylarmy,garaz,her zatda bolsa bu gyzyllaryň Jüneýdi ýok etmek üçin oýlap tapan bahanasy bolmalydy..Şeýlelikde, hökümet hiç bir sebäpsiz 10-13 atly,üç uçary bilen hersinde bäş adam, jemi 15 adamy ýokardan taşlap Jüneýit hany tutmakçy bolýarlar,emma,han tutdyrmady.Şondan soň ol Owgana getmeli boldy. 1932-nji ýylyň başyndan oktýabr aýynyň aýagyna çenli esasy arassalaýyş işleri geçirilip Jüneýit hanyň egindeşleri ýok edildi. Bu çärelere Durdy Täşliýew,Ýakup Kulyýew ýalylar işeňňir gatnaşdylar.

Şol kitap, 130 sah.1976 ý. Moskwa.

Men bu wagt düýe ýüňünden edilen artykmaç ýyly we ýumşak ýorganyň aşagynda ýatyrdym.Ol pagtaly ýorgan ýaly gelen zady özüne çekip duranokdy,çyg çekip,letderip hem

duranokdy,ejem aýtmyşlaýyn,çalak-çülak keseliňdenem açýardy.Atam bolsa “Bu ýorganda ýatsaň ýanyňa kesel gelmez” diýýärdi,onuň özi bilen ýaşytdaşdygyny welin aýdanokdy.Ony ejem aýdypdy.”Ýorganyň daşy azyndan on gezek täzelenendir” diýdi.Näçe gezek täzelensede,ol maňa ýakymlydy.Belki,ejem bilen ýatýanlygym üçindir!Ýa-da ýorganyň ýüňüni deňagramlykda saklamak üçin her burçuna tikilen aşyklaryň atamyň atasynyň eliniň degenligindendir? Belki,şeýledir.Her zatda, bolsa,gyrawdan suw alyşlaryny gözüm bilen görüp bilmesem-de,Şammy kel ýanyma gelende men eýýäm düýämizi daňyp durdym.Dogrusy,Şammynyň meni gözläp tapyşyna geň galdym.Öňňün onuň bilen aýrylyşypdym.Märekäniň köplüginden ýaňa bir zadyňy ýitirseň,iki-üç günläp tapjak gümanyň ýokdy, indi Şammyny ýitirdim hasap edipdim,emma ol Damladaky goňşymyz Sähetdurdy aga ýaly, gaty synçy bolup çykdy.Sähetdurdy aga-da pyçagyňy gije ýitirseň,derrew tapyp berýärdi.Şolar ýaly synçy,yzçy adamlar şu wagt biziň öňümize düşse şeýle gowy boljakdy.Arman Sähetdurdy aga dünýäden ötdi,Şammy kelem entejik ýaş.

Hawa,men düýäň owsaryny dakdym.Howuda daňylgy küýzäň birine ok degipmi,nämemi,içiniň gowurdagy düýäniň aşagyna üýşüp garynja bazaryny döredipdir,sallanyp duran ýüpde bolsa küýzäň pytraman galan gulpy galypdy.Atam muny görüp:”Köşek,gowurdagy kakaň atyna bereweri!” diýip,tabşyrdy.Men atyň gowurdak iýenini görmändim,emma olam adam ýaly ekeni...

Şammy keliň bir zat aýtjak bolup aýdyp bilmän ýaýdanyp durşuny aňsam-da,bilmezlige salan boldum.Ahyrym ol ýaýdana-ýaýdana ýüregini bire baglap:

Agşam düýşümde ýekegapanyňky ýaly dişleri öňe çykyşyp duran gorkunç orslar üstüme çozdy welin,patja-patja goýberäýipdirin- diýdi.

Men muňa hezil edip güldüm.Hat-da çöküp oturan düýämizem salpy dodagyny titredip gülen ýaly etdi.Şol wagt täretden gelýän atam:

Köşekler,güler ýaly zat bolsa maňa-da aýdyň!Näme,dostuň bir işjagaz edäýipmi?Poh düýşe girýän bolsa döwlet tapylýandyr -Garradym diýip zeýrense-de,atamyň jam ýaly gulagy bardy,eýýäm bu gürrüňi eşiden bolsa nätjek!-Köşek,poh döwletdir, başga tarapdan pohuň galagopluk getirýän ýerem bardyr!Sen,köşek gyssan,özüňe tawşyrylan işi örän çalt et,bu wagt telpegiňi ýere goýup oturmaly döwür däl,guýrugyňa çyra tutup bu ganymlar derrew belliňi etjekler,onsuzam türkmen aýbogdaşyny gurup arkaýyn oturýan däldir...

.Atamyň aýdyşy ýaly hem boldy. Çelekler gyraw suwdan doldurylyp ýaňy bir ugradyk welin bir ýerden "Haý,halaýyk!Daşymyzy ýagy alandyr-la, how!" diýen ses çykdy.Şobada düýeler täzeden çökerilip,howutlar ýazdyryldy.Bizi gurşap alan belentligiň gündogar we kybla eteklerinden duşmanyň jotda guýrek atlylary göründi..Çöpde-çörde san bar, olarda san ýokdy.

Az wagtdan duşmanyň uçarlary peýda bolup, "Boýun boluň!"diýýän ýaly hat ýaýratdylar,emma hiç hili üýtgeşikligiň ýokluguny görüp,toklyň kellesine meňzeş bombalary taşlap başladylar.Gara zat ýere düşende aýylganç ses bilen ýarylýardy we güýçli tozan turuzýardy.Ölýän mallaryň ,adamlaryň sany – sajagy ýokdy,tozan demiňi

tutup barýardy.Müňlerçe adamy özünde jemlän agras kerweniň üstüne atanaklaýyn hereket bilen bombalaryny taşlap,keýpden çykan uçarlar gaýyp bolandan soň,depelerde mesgen tutan duşmanyň pulemýodynyň "ta-ta-ta-tasy"töweregi gurşap aldy.

Şammy ikimiz derrew özümizi oýa atdyk.Eli ýaraglylar sazaklaryň arasyna siňip,aldym-berdimli söweşe girdiler.Annaguly han telpegini sazaga ildirip,bäş ädim gaýrarakda duşmana seredip ýatyrdy.Telpege garap ok atýan

duşmanyň ýerleşýän nokadyny anyklanyndan soň ,ol bir okda garşydaşyny tüňňerdýärdi. Az salymda ol bir ýerden, Meret tentek bir ýerden, Ilmyrat beg,Agdar han, Çoluk batyr başga ýerden atlaryna atlanyp, aç gurt kimin duşmana topuldylar.Güýçli ýarag gorky-ürküni bilmeýän goç ýigitleri gyr-ýapyr edip barýardy.Söweş meýdanynda gerçekleriň öleni öldi,ölmedigi yza çekilmäge mejbur boldy.Annaguly han bu ýagdaýy görüp özüni öldüräýesi geldi,emma edip bilýän çäresi ýokdy.

Garry hoja, häliden bari sazagyň düýbine duwlanyp,gynyndan çykaran gylyjyny tutup,duşmanyň hereketine syn edýärdi.”Içimizde bir murtut-içaly bolmadyk bolanda duşman bizi beýle taýýarlykly “garşylymaly”däl.Ýöne,ol kim bolup biler?”diýip,ol pikirlenýärdi.Märekeman bolsa-da ol, häzir mährewsizdi,mürewwedi ýokdy.Mur dek muhannes, mähirsiz duşmanyň mesligne bakman,ony memleketinden kowup çykarmagyň aladasynda-dy.Bu işiň elinden geljegini-gelmejegini hakydasyna hem getirmeýärdi.Özem,birhili köne dünýäden gaýyp düşen ýaly bir töwra adamdy.Henizem uruşda diňe adam güýjüne bil baglanylýandyr diýip hasap edýärdi,duşman bilen ýekeme-ýeke çykasy,güýç synanyşasy,ölesi ýa-da öldüresi gelýärdi.Daşynyň ähtiýalanlyk bilen gabalmagyna düşünip bilenokdy.Onuň pikiriçe,duşman “söweşe geldim,taýýarlan” diýip puryja bermelidi,soň başa-baş söweşe çykmalydy.Näme diýse uşjak bolup duran çal atyny köşeşdirýän ýeke dikrary,göz guwanjy,nowjuwan Berdi bolsa, bu töwralygy üçin oňa igenýärdi.Başga mütdetde ähtiýalanlyk erkek adama gelişmeýän hereketleriň biri bolsa-da, häzir ony ulanmagyň utanç däldigini kakasyna düşündirjek bolýardy,”Rugsat ber,men hol çetki pulemýody adamsy bilen ýok edeýin!” diýýärdi.Emma Garry Hoja: “Eý,ogul,ogul,düýeçe ulalypsyň,köşekçe akylyň ýok,depeçe beýgelipsiň, daryça beýniň ýok,hünäri ata oglundan öwrenermi ýa-da ogul atadan?!Näme,men indi garrandyryn öýdýärmiň?”

diýýärdi.”Ýok,kaka,men ony diýjek bolamok,ýöne,atanyň maksady ogul ösdürip ýetişdirmek,ýetişen oglunyň maksady atasyny eklemek, näkesden goramakdyr.Häzir meniň wagtym geldi,rugsat ber,duşmana kimdigimi görkezeýin “ diýip ogly ýalbarýardy. “Ogul, ölsem nesil ýetişdirip,yzymy dowam etdirjek sen,sen ölseň,köküm gurar,adym ýiter” diýip,Garry Hoja göwresine gelişmeýän ýeňillik bilen dor atyna atlandy-da,duşmana tarap okduryldy.Berdi diňe atyň halyça juluny görüp galdy,aljyrap gygyrdy,gygyrdy,goýdy.Dor at eýýäm kötelde ýerleşen jotda guýruk atlylaryň zenehdanyna ýetip barýardy.

Ot ýaly gyzan pulemýoda dynç bermek üçin oturanlarynda,Garry hojanyň kösse gylyjyny bulaýlap gelşini gören duşmanyň zähresi ýarylyp,başyna kyýamat gopdy.Olaryň üçüsi kempaýyny görkezip gaçdy,beýlekileriň köpeni biçildi.Garry Hoja pulemýody kemende dakyp atyna süýredip alyp gaýtdy.Bu waka örän çalt bolup geçdi.Jöwlana dönen duşman aýňalyp ýetişmedi.Haçan-da özüne gelende, daýaw dor at eýýäm pulemýot bilen eýesini ok ýeterden daşlaşdyrypdy.

Garry hoja biziň ýatan oýumyza gelip atdan düşdi-de,süýräp getiren aýylganç ýaragyny tokly göteren ýaly göterip bir tarapa zyňyp goýberdi.Onuň demir tigirleri,göwresi çägä sümüldi.Ol bize “Alyň ogullar,inerjiklerim,munuň üstüne buşugyň,daşyna poh çalyň,indi bi başga zada ýaramaz” diýdi.

Biz Garry hojanyň ýaragy ediberşini gözümiz bilen görüp,agzymyzy açyp galdyk.Şammy ikimiz ony ýerindenem gozgap bilmedik.Bu ýerde atamyň: “Goýun-geçi soýanda böwregini goparyp alýar-da,onuň daşynyň çyg ýagy zady bilen petir nana dolap hapladyp urýar,soňra düýe ýükünden pes bolmadyk ýükli eşegini ýüki zady bilen göterip ýör” diýip,Garry hoja barada aýdanlary ýadyma düşdi.Emma men “Garry hoja ýükli düýänem göterýärmişin” diýip,Şammy kele aýdyp berdim.Şammy geň galmakdan ýaňa sümüginiň ernine ýeteninem bilmedi.Ol ahyrym çermegini çekip:”Çypbakaý

çynyňmy?Öwlüýäjan kessin diý” diýdi.Menem: “Öwlüýäjan kessin ” diýdim.Şol wagt ýanymyza dokuz ýaşlaryndaky gyz doganym Ene geldi.Ony “Oýdan çykmasyn,göz –gulak bol” diýip, ejem ugradypdyr.Ol gelen badyna täzeden bir atyşyk başlandy,hiç kelläňi galdyrar ýaly bolmady.

Ýer bagyrtlap esli ýatanymdan soň,ok sesleri birneme kiparlan badyna ýerimden ýuwaşja galyp töweregime seretdim,emma “enekäm” topugyma ýetip duran ezýaka köýnegimiň eteginden tutyp aşak oturtdy.”Galma ýeriňden!”

Şammy kel almaň sapagy ýaly boýnuny süýndürip:”Henizem durlarmaýt olar?” diýip,gorka-gorka,sorady.

Durman nirä gitsinler?

Kakam olara“gyzyllar” diýýär.

---Onda biz kim bolýas?

Biz halk duşmanlarynyň çagalary bolýas!Şu zatlar gowulyk bolup gutarsa,gowy boljak-da!

Men-ä olary Marala,Berd-ä tawşyrardym,goý, çat maňlaýyndan göz açsyn!

Adamyň maňlaýyndan göz açsalar bolmaz-a,eý Çoluk!Belki,birneme saklanarys ,belki,bu dawany uruşsyz çözeris?Bizem käte özara tersleşip,uruşman ylalaşýas ahyrym,”agzalanyň ili hansyz,halky sansyz,saçagy nansyz” bormuş diýýä,kakam.

Meň ýalan sözüň bolmansoň seň bilen ylalaşýan.Dudy däliň heý ýekeje dogry sözi barmy?Kakamy türmä basdy,malymyzy talady.

Ynanyp bolmasa onda ar almak galýar,şeýlemi?-diýip,Şammy kel sorady.

Hawa,ar almaly, ar!Şumat uçardan taşlanýan zady elime berseler,olary palaç ýatyran ýaly ederdim.

Bu şol diýýän zadyňdan kemmi?-diýip, ol pulemýody görkezdi.

Hawa,men höwes bilen bu ýaraglary gyzyllaryň garşysyna ulanardym,arman ol maňa nätanyşdy.Şonda-da tutulýan tutawajyndan ýapyşyp,iki ýana aýladym-da “ta-ta-ta!” diýip “atdym”.Bu ýarag bilen ýap-ýaňy bize tarap ok atypdylar,zorluga,eden-etdilige çydaman,aýyl-saýyl bolýança howpsuzrak ýerde ýaşap,güler ýüz berlende mekanyna gaýdyp gelmegi niýet edinýän günäsiz bendeleri,garry gurtylary,bala-çagalary,aýal-ebtadlary ýok etmegiň kül-külüne düşüpdiler.Bu ýaragyň hut şeýle niýet üçin ,ýörüte adam öldürmek üçin ýasalanlygy çyndy.Mäşesine gelse atamy,kakamy,ejemi,Maraly,Berdini,Garry hojany,Annaguly hany,ähli bosgunlary ýok etjegem çyndy.Ýöne biz şeýle aýylganç ýaragy güýçli duşmanyň elinden zor bilen almak bilen belli bir mütdetde ondan has güýçlidigimizi görkezdik!Goý,biz bu ýaragyň diline düşünmäli,nädip atmalydygyny bilmäli,şonda-da ol biziňki,diýmek, biz belli bir derejede duşmandan güýçli.Maral ýarag bilen tanşyp “Oky bäşataryňka meňzeş” diýýär, okuny öwrenen bolsa basym, ony ulanmagyň tärinem öwrener,kim-kim,Maral öwrener.

Men öz-özümden hoşal bolup,ýaragyň tutawajyndan tutdum-da,iki ýana aýlap “atdym”.”Ta-ta-ta-ta!”Her atan okumyň bir näkesi tüňňerdýänligine ynanýardym,şoňa hem guwanýardym.Şeýdip, keýpden çykyp otyrdym welin, Şammy kel “Menem ataýyn” diýip,böwrüme dürtüp goýanok,”Aç osrak,dok suwsak” diýýärler welin,kän bir aç bolmasa-da,Şammy keliň käte zarplyja,ýakymsysja ysjagaz çykaraýmasy bar.Men şony göz öňünde tutup “Sen öz ýaragyň bilen atybersene ” diýdim.”Ol hakyky ýarag däl-ä ” diýip duransoň neneň atdyrmajak?!

Ol ýaragyň tutawajyna ýapyşyp ýapyşmanka “Ta-ta-ta-ta” diýip,şeýle bir “atyp” başlady welin,asyl goýar ýerde goýanok.

Men daýaw ojaryň düýbünde duşmany nyşana alyp ýatan Marala “Gel bileje ataly” diýip gygyrdym. Ol bir zatlar-bir zatlar

diýýän ýaly, elini galgadyp yşarat edýär.Oňa özümçe düşünip,Şammyň böwrüne dürtdüm-de: “Sen atyjy bolarsyň” diýdim.”A sen kim,Serdar boljakmy?” diýip,Şammy atmasyny goýdy.Men kellämi yrap hawa diýdim,dogrusy özümiň häzir serdarlygyma ynanýardym.Duşmanyň güýçli ýaragy elimde,ok atmany öwrensem, günümize goýmaýan näkesleri gürrüňsiz ýok edip bilerdim ahyryn.Onsoň serdar däl-de men kim bolýan,onsuzam Şammy keliň, Enäniň serdary ahyr.Men Şammyň elinden piliňbudyny alakgetdin-bu ýaraga başgaça at dakyp bilmeýärdim-gamakly üwmegi “tozadyp” başlamda, öňüme bir gytyjak bagana telpek gaýyp düşdi.Seretsem, ok bir ýanyndan girip beýlesinden çykypdyr.Ýüzünde gan-pet galmadyk Şammy keliň süýri kellesinden syrygyp gaýdan gan, maňlaýynyň üsti bilen aşak damdy,Ene görgüli “ýernňden turduň!” diýip, onuň kempaýyny ýumruklaýardy,jümjüme ýaglygyny sypyryp bir zatlar diýýärdi.Buýtar-süýtar etjek bolan Şammynyň ezeneginden tutup bir siltedi welin,ol biziň gorkajyk gaýalygymyz ýaly siýdikläpjik dur.Siýdige öllenen ýaglyk saralandan soň-a keljurynyň kellesi şeýle bir gülkünç görnüşe girdi,heý goýaý,tas pyňkyrypdym.

Gör-ä, bi melgunlary, çagany sylap goýanoklar.Türkmen bolup türkmene ýarag çeneýän duşmanlaryň bagryny garaldaly.Al eliňe Şammy ýaragyňy, at gysganma-da-diýip, gözi ýaşly bagry daşly Maral aňyrdan gygyryp aglady.Şondan soň Şammy wazladyp şeýle bir ok atdy welin ganymlary gabsalda gabzap janyny gabyz etdimi-kä diýýän,galanynam onuň özi bilýär....

Senem men ýaly gyzyllara çenäp atdyňmy?-diýip,ondan soradym.

Çenemän ýöne ataýdym

Gawunkelläňden çüýlediler,şonda-da olara nebsiň agyrýarmy?

Beý diýme,Çoluk,adamy atyp biljekgäl.Annaguly Han gabat geldi,atjakmy?

Ol dönük däl-ä1

Dönük bolmasa, erte oňa-da dönük diýerler.Kakaňy dölä salmadylarmy?Asyl duşman duluňdan döremesin diýsene!

Goýsana, oglan,aramyzda dönük ýok,garşymyzda duşman bar,serkerdämiz onuň hötdesinden geler-diýip,Ene onuň al-petinden aldy.

Dogan-dogana gala bolaýjak ýaly, emma...

Kim ol dogan diýýänleň1

Gyzyllaň hany Halmyrat Gotur Agdar hanuň agasymyşyn.

Goýsana oglan,,doganlar uruşmaz,birek-birege içigaralyk etmez-ä!

Beý diýme,Ene,ýaňy jigileň urşup durşyny gözüm bilen gördüm.

Olar bir many bilmez çagalar.Goý,indi şu gürrüňi,asylzada neslimize ysnat getirme.

Dogryňy aýtsaň urýarlar...Sen şolar ýalyň günäsi bilen eliňe keşde däl-de, ýarag alýarsyň-diýip,men Şammynyň tarapyny tutdum.

Ol döwrüň zerurlygy,kaýyl bolaýmaly-diýip,Ene gaharly jogap berdi.

Dogrudanam,her döwrüň öz zerurlygy bolar ekeni.Şeýle bolmaýanlygynda ejem häzir kakama ok daşaman, biş-düş ,kir ýuwmak bilen meşgullanardy,kakam mal-garaň yzynda bolardy,biz oýda ýapyrlyp ýatman , daşyna ýaňy tüý bitenje owlak-guzular bilen oýnardyk,sagmak üçin ejeme goýun-geçileri kökerişerdik,düýamize çelek atyp, suw getirerdik.Hany indi o zatlar...

Şol wagt agar çäkmene duwlap Annaguly hany alyp geldiler.Pahyryň naçary ýanynda ýok,diňe iki nökeri aglap gelýär.

Adamlar,hanymyz şehit boldy-diýip Baýram bykowly seslendi.

Baýram batyr,ol-a bolmandyr, okuň agzyna bermeli däldiňiz,oňarmansyňyz1

Kysmatynda bardyr-da Welkyly aga,ýogsam, bizem ony etmejeklerden-ä däldik.

Kysmatynda bardyr!-Baýram molla hanyň indi öňküdenem nurlanan nurana ýüzüni çäkmeniň gyrasy bilen ýapdy...

Indi Annaguly hanyň ölümi barada bar bolan maglumady dile getireliň...

Giç öýlänlär bosgunlar günüň dowamynda ikinji gezek garşylyklaýyn söweşe girdiler.Söweş örän gazaply boldy.Arman ok,ýarag ýetmezçiligi gollaryny baglady,ýogsam, olar ep-esli aralyga duşmany kowalap hem gitdiler.

Ne gözel mert,namysjaň goç ýigitlerimizi ýitirýäs-diýip,Garry hoja başyny ýaýkady-Nirä,seretseň,ölüm,ölüm... Dogry,aýdýarsyň,mollam!-diýip,Garaoglan beg ony goldady.

Dogry-diýip,Berdi hem başyny atdy.

Ölüm barada pikir etmeseň özüňi ýeňil duýýarsyň.Iň esasy zat-ömrüňi nämäň hatyrasyna gurban etjek bolýanlygyňy bilmeli,watany,ili,ýurdy,maşgalany gelmişeklerden goramagyň mukaddesligine düşünmeli.Bu gahrymançylyk, şöhrat,at-abyraý üçin edilmeýär.Ol watan üçin edilende gözellik derejesine ýetýär.Eden hyzmatyňa görä-de, şöhrat gaýdyp gelýär.Watany gorap ölsem armanym ýok...Aýgytly söweşe çykmaga pursat geldi,ýa ölmeli,ýa almaly!

Duşmanlar depelerde,amatly nokatlarda ýerleşdiler,han,gyssanma-diýip,Garry hoja garşy çykdy.

Muny maňa duşman serkerdesi Loginow hem aýtdy.Men oňa “pulemýod eskadronyň komandiri Dudy dälini berseň köp gyzyl pul alarsyň”diýdim,ol “Men dönük,ýa ganhor däl”diýdi.”Hop ýagşy,ganhor bolmasaň onda aýt,günäsi

bolmadyk ýaragsyz bosgunlary gyrmak ganhorluk dälmi?Güýçli ýaragyň bilen,amatly nokatlary eýeläp,güýçli boljak bolmak mertligiň alamatymy?Seniň polat uçaryň bar,emme biziň horja eşegimize gözüňi dikýäň,güýçly ýaragyň bar,emma biziň gyrkylygymyza gözüňi dikýäň.Örän uly,tükeniksiz tokaýly,janly jandarly ýurduň bar,emma biziň syrgyn çägeli mekanymyza gözüňi dikýäň.Bizde dört derýa,bir deňiz bar,sizde onlarça derýalar,köller,deňizler bar,şonda-da ýurduma gözüňi dikýäň.Munuň, garybyň ýyrtyk donuna baýyň göz dikişine çalym edýär,şeýle dälmi?"diýip soradym.Ol "Hut şeýle,seňki dogry,ýöne men sizi ýok etmek üçin iberildim,yza dönme ýok!"diýip jogap berdi."Kimiň kimi ýok etjegini Alla bilýär!"diýip,menem jogap berdim. Şol aýdyşym ýaly,biz bukulyp gününi görýän duşmana aldow salarys,bir bölek ýygyny sag ganatdan ugradarys,özümiz esasy güýç bilen çepden zarba urarys,göreli, kimiň ýok boljagyny!Dogrymy aýtsam,biz olardan hemme taraplaýyn hem güýçli,ýöne, biziň iç-daşymyzda pula satylýanlar bar,şolar bizi heläk edýärler.Siňreldi guýysynda güýjüm agdykdy.Men duşmana"Bize garşy söweşýän musulmam doganlar!Ýaragyňyzy taşlap, boýun bolmasaňyz,baryňyzy gylyçdan geçireren!"diýip,arapça hat ýazyp ugratdym.Hat, depede ýerleşen duşmanyň pulemýod eskodronynyň komandiri Dudy molla berilipdir.Ol maňa şeýle mazmunly jogap hatyny ýazdy:"Annaguly han,sen bize dogan däl,sen galtaman.Biz saňa gerekli musulmanlardan däl,biz bolşewikler-zähmetkeş halky goraýjylardan.Bize, haýsy Hudaýa ynanylýanlygynyň tapawudy ýok.Aramyzda asla, Hudaýa ynanýanam ýok" Ine,duşmanda gulluk edýän türkmeniň beren jogaby.Beýle adama türkmen diýip bolarmy?-Sesine dyngy berdi-de,ol Berd-ä ýüzlenip:-Ýigitleri al-da,duşmanyň üstüne aç gurt kimin topul!-diýdi.

Bolar,han-diýip,Berdi atyna atlanmakçy boldy.

Ýok,bukdaklap,amatyna garap almasaň, duşman eýgertmez,gaýrat et,Berdi batyr!

Oglanlary göni ajala ugratmaly, garaňky gatlyşýança goraga geçeli.Ýaragyň,okuň ýetmezçilik edýän wagty, duşmany bukuda awlamak ýerlikli bolar-diýip,Garry hoja maslahat berdi.Emma han sözünden dänmedi.

Göbek ganyň daman ýerinde mertlik,gaýduwsyzlyk görkezmezlik mümkün däl.Dogry,goç ýigitlere nebsim agyrýar.Ölsek ýerimizi başgalar eýelär.Watany gorap ölsek,gelinlermiz çaga dogrup,ornumyzy boş goýmazlar,şeýle dälmi? Men bir zada ynanýan,duşman nähili güýçli hem bolsa aňyrsy-bärsi görünmeýän Garagumyň hemme ýerini eýelemez,eýeläýende-de, ahyrym özi gaçyp gider,sebäbi jany çykaýmasa türkmen,duşmanyň aýagyna badak atar durar... Annaguly han donunyň synyny epläp, guşagyna gysdyrdy,bäşataryna ok sürüp öňe okduryldy,ylgap barýarka aýdyma hiňlendi.

Mary-Şahy-Jahan asly mekanym...
Aç gurt deýin gana degdi dişlerim,
Rüstemden zyýada kylan işlerim.
Ilim üçin dogry duran goçlarym,
Jan alyp,jan berdi seniň üstüňde...

Ol,Gara şahyryň bu goşgusyny dilinden düşürmän gaýtalamany gowy görerdi.

Ol bu ýere gaýtmazynyň öň ýany,ýetmiş ýaşy arka atan Gara şahyr nebereleri bilen Jüneýit hanyň ýanyna,owgana gelipdi,şol ýerde hem Pidaýy lakamy bilen "Mary-Şahy-Jahan"atly goşgusyny aýdym edip aýdyp beripdi.Şondan bärem Annaguly han, aňyrsynda hüjre-hüjre Mary taryhy ýatan goşgyny,aýdymyň heňini ýat tutup gaýtalaýardy.Bu onuň kalbynyň harasady bilen owaz öýdümine gabat gelýärdi,gözellige,durmuşa bolan söýgüsini oýarýardy...

Annaguly han beýikli-pesli ýerleri peýläp duşmanyň bir toparynyň golaýyna bardy-da, ýapa ýaplanyp tüpeňiniň

mäşesini gaýtardy,ýetip gelen Garry hoja bilen Garaoglan hem onuň gapdalynda ýerleşdiler

Han,maslahat berýär diýme,nämede bolsa ýaşym uly,aýtmak borjum.Sen ýönekeý nöker däl,bosgunlaryň hany,ýolbaşçysy.Beýdip öň hatarda söweşmeli däl-de, goç ýigitleri ýerli-ýerinde goýup,az ýitgi bilen kapyry ýok etmekde bize ýol görkezmeli.Biz seni yitirsek uly hata goýberýäris,sebäbi, sen uly daragt.Köp adamlaryň täleýi seniň herekediňe bagly.Onsoňam,seni ýaralasalar ýoly bize kim görkezer?-diýip,Garry hoja dillendi.

Hojam,maňa zat bolmaz,Alla bardyr.

Ol dogry,Alla bardyr,ol bizi goraýar,ýöne menden başga saňa ony etme,muny beýtme,bu seniň işiň däl diýip biljek ýok.Henizem bir pille,bosgunlaryň arasyna baraly-Garry hoja şeýle diýse-de, sözüniň diňlenilmejegini bilýärdi.Aslynda jan alyp jan bermeli şu pursatda onuň özi hem başgaça hereket edip biljek däldi.

Annaguly han ýazda peýda bolýan ak,gara,sary,mele güläleklerde bir-birine meňzeş bolmadyk adamlary görýärdi,onsaň bir gülälek aýak astyna düşende gynanýan adam ölümiň elhençligine düşünýärdi,ölüm barlygy ýok etmekdi,gaýdyp getirip bolmajak zatdy.Adamyň ölümi bolsa geçirip bolmajak hatady.Han,hut şol sebäplem“Hiç kim bu elhenç ýitgä gaýdyp uçramasyn!” diýip, ölümiň öňüne böwet bolasy gelýärdi.Öz ölümi bilen beýleki ynsanlaryň ölüminiň öňüni aljak bolýardy.Şu pursat ol mähriban maşgalasyny,gizlenpeçekli uruş-uruş oýnuny oýnamany halaýan ogullaryny ýatlady,olary göresi,gujaklasy geldi.Öýe gaýdyp bardygy uruş oýnyny oýnatmaly däldigi barada pikirlendi..Ol hiňlenip, oky gutarýança dili düşnüksiz gelmişekleriň läşini serdi, soň, tüpeňe derek gylyja ýapyşyp, gabat garşysyndaky depede ýerleşen duşmanyň üstüne “Jan alyp jan berdim seniň üstüňde”diýip, gaplaň ýaly topuldy.Barşyna,birini gylyçdan geçirdi,döwlen gylyjy taşlap ak

saply pyçagy aldy-da,ot saçýan pulemýodyň öňüne özüni atmak isledi,emma ikinji duşman pulemýody taşlap,pyçagy bilen oňa topuldy.Sag böwrüni tutup ýykylan han özüne gelende,edil gapdalynda ýatan çala jan duşmany gördi.Pyçak onuň kükreginden,duşmanyň pyçagy bolsa onuň sag böwründen giripdir.Hanyň bu herekedi zerreje wagtda onlarça oky ýagdyrýan aýylganç ýaragyň sesine suw sepipdi.Mundan peýdalanan goç ýigitler ýerli ýerden ýetişip,duşmany serpikdirdiler.Garry hoja,Garaoglan hem bu ýerde agyr ýaralanypdylar...

Eý,kapyr,dirimiň!?-diýip,Annaguly han çagalykda öwrenen dilinde, ors dilinde sorady. Türkmençä düşünýän!-diýip,duşman gözüni açman seslendi-Men belorus alymy Aleksandr Hodzkonyň çowlugy,adym Aleksandr.Alym 90 ýyl mundan öň Magtymguly şahyryň köp goşgularyny terjime edip,Londan-da neşir etdiripdir.-Ol töweregini,sermeledi.
Pyçagyňy gözleýärmiň?Ol ine,meň böwrümde,meň pyçagym bolsa seň kükregiňde! Çermegi pyçakly çyňyr türkmen görersiň diýýärdiler,dogry ekeni!Wah-waheý,yz galdyrman gitmeli boljakda!Heý,öýüňe öküz giren diýsänim,meni nädäýdiň? Seni çagyrdym-my?Aýagyň bilen özüň geldiň,men günäkär däl. -Dogry,özüm geldim.Men polşada ylmy iş alyp barýardym.Ýolbaşçymy öldürdiler,onam menden görüp, türmä basdylar.Haçan-da,hiç zatdan gaýtmaýan kellekeserleri ähli ýurtlaryň türmelerinden ýygnap,Siziň garşysyna ugratmakçy bolanlarynda, men hem, şahyr Magtymguly hakdaky ylmy işimi dowam etmegiň hatyrasyna olara goşulyp gaýtdym.Sen şahyr barada näme bilýärsiň!? B**izde,onuň eserleri** Mukaddes Gurhandan soň söýülip okalýar.Duşmanym bolsaňam, beýik şahyr barada ylmy iş ýazýanlygyň üçin hormatyň ýokarydyr.Eliň ýaragly gelmedik bolanyňda myhmanym hökmünde kabul ederdim.

Alym Hodzkonyň kitaphanasynda şahyryň 28 sany goşgulary bar,men olary ýatdan bilýärin,isleseň aýdyp bereýin.Güýjüm ýetäýse!-Ol sag eliniň aýasy bilen kükreginden akýan gany saklajak boldy,emma ony beýdip duruzmak kyndy...

Dogry ýörän,dogry gezen dok bolar,
Biwagt ýörän melamata çoh galar,
Ömrüň boýy ýygnaganyň ýok bolar,
Haram söýen ýigitlere baş bolmaň
!-diýip,Aleksandr sägindi...

Magtymguly,köp söwdaly başyň bar.
Ömrüň uzak,ýüzden aşa ýaşyň bar,
Özüňi bil,özgede he işiň bar,
Bahabar ýör,hak ýadyndan daş bolmaň!”

-diýip,Annaguly han goşgunyň yzyny alyp göterdi-Şahyr”Özgede he işiň bar”diýse-de,sen-ä eliň ýaragly gelipsiň! Nädeýin,ýorganyma görä aýak uzatdym-diýip,Aleksandr bir gerindi-de,ýüzüni çytyp dodagyny dişledi-General Lomakin bu topraga aýak basanda”Tekeler ýer ýüzüne ysnat getirýän ýabany,wagşy,medeniýetsiz taýpadyr,ak kagyzyň ýüzüniň gara tegmilidir"diýip,ýolbaşçylaryna maglumat iberipdir.Men ol aýdylanlaryň toslamadygyny bilýärdim.Magtymguly ýaly beýik şahyry bolan halk medeniýetsiz,wagşy bolup bilmez.Şeýle dälmi näme!? Kimiň wagşylygyny taryh görkezýär.1878-nji ýylda Lomakin, jansyzy Awarskiniň üsti bilen, Gowşut hanyň köwşüne iýiji guýup,1880-nji ýylda bolsa Nurberdi hana awy berip öldürtdi,mundan beter wagşylyk bolmaz.Umumanam,taryhçylar biz barada”Bir söz bilen aýdanyňda türkmen topragy,türkmensähra ýeriň we zamananyň hemme muşakgatlyklaryny öz gerdenlerinde çeken we taryhy beýan edenleriň näletlerine sebäpsiz sezewar bolan ynsanlaryň ýaşaýan ýeridir.Geçmişde,ylaýtada-da,gajarlar döwründe,türkmenleriň keşbini nädogry we ters

suratlandyran,rehimsiz galtaman atlandyran ýazgylar kän,türkmensährany,türkmen topragyny”ot we gan ýurdy”ilaty bolsa medeniýetsiz,taryhy geçmişi bolmadyk hasapladylar.Häzir hem siz şeýle maglumatlara daýanyp hereket edýärsiňiz,emma olar biziň ruhumyza ters gelýän zatlardyr.Magtymguly,Mollanepes,Kemine,Mätäji,Seýdi,Zelili,An dalyp,Magrupy ýaly şahyrlary bolan halka medeniýetsiz diýmek köre-körlükden başga zat däldir.Sen,biz barada şeýle pikir ýöredýän bolşewiklere ynanýarmyň?
Olaryň şygarlary,çagyryşlary ýakymly,soňuny bilmedim-Aleksandryň sesi kem-kemden pessaýlap barýardy,dem almasy kynlaşypdy,kükreginden akýan gan kiçeňräjik depeden aşak syrygýardy.Annaguly hanyň hem ýagdaýy erbetdi,agzyndan gan gelýärdi.

Çagyryşlara köre-körlük bilen ynanýan bolsaň, onda ýaşanyň näme,ýaşamadygyň näme-diýip,Annaguly han onuň kükregindäki pyçagy sowurmak isledi,emma Aleksandryň naýynjar sypaty badyny aldy-Şahyryň hatyrasyna degmäýin.. Ylmy işlerim ilerlär ýaly birneme baýlyk gazanmak niýetim bardy...-diýip,Aleksandr ysgynsyz,seslendi.
Baýlyga däl,Alla ynanmaly-diýip,Annaguly han barha pessaýlap barýan duşmanyň kynlyk bilen dem alyşyna diň saldy.Henizem oklaryň şuwwuldysy,pulemýodyň tatyrdysy eşidilýärdi,gazaply uruş dowam edýärdi.Bu ikisi bolsa haýsy ilki öler diýip garaşýardylar.
Men serkerdeden gorkýaryn.Ol yzgytsyz kellekeser.Wagtynda barmasam, “gaçgak” diýip jezalandyrar.Sen ölseň bolsa”men ony gahrymanlarça öldürdim”diýip,hasabat bererin.Komandir meni sylaglar,ylmy işime başlaryn,belki, maşgalama gowşaryn.
Öleýin diýip ölüp,galaýyn diýip galyp bolmaz,ol Allanyň işi,kysmatda bardyr...

Kysmat diýsene!-diýip,Aleksandr dodagyny çala gymyldatdy-da dymdy. Duşman,ölme!Ölsek

bile öleli!Magtymgulyny bilýän bolsaň erbet adam bolsaňam dura bara düzelersiň.Ölme!Men seni şahyryň nazary düşen topraga aýlaryn,heniz eşitmedik goşgularyňy okap bererin,ölme!-Annaguly han seretse,duşman gözi açyk jan beripdi.Adamyň ölerine garaşyp duran gök siňek eýýäm onuň gözüni çokalap ugrapdy.”Adam şu kiçijik jandarça ýok!-diýip,Annaguly han gözüniň öňi ümezläp,essi aýylyp barýarka pikirinde aýlady-Siňekde beýni bolmasa-da, bolşewiklerden akylly.Ölmänkäň gözüňi çokjak bolup duranok.Siňek adam.Adam bolsa-siňek!”Jan alyp jan berdim seniň üstüňde”-Annaguly han şu sözden soň özünden gitdi,aýňalmanam jan berdi...

Söweş birneme kiparlandan soň ilki hany,soň Garry hojany,Garaoglany goşa alyp geldiler...

.Pahyr,ýola beletdi,gaýduwsyzdy,batyrdy,kysmatynda bardyr-diýip,Bayram molla ep-esli dymaşykdan soň öňki sözüni gaýtalady.Onuň kellesinde akja ýüpek sellesi,aýagynda mele mesisi,egninde mele çäkmeni,bilinde mele guşagy bardy,duran ýerinde düýäniň üstndäki çelekden suw alyp bilýän uzyn adamdy,şu galagoply döwürde hem özüne timar berip bilýänligi üçin başyndaky sellesi atamyňky ýaly güýüzlik kelemiň reňkini ýadyňa salyp durman,ap-akjady-Aý,hawala, o zatlara ökde bolmasaň Jüneýdiň sag goly bolup bolýarmy.Gylawlydy pahyr.

Döwletde jylow bolmasa, halkda gylow bolýan dädlir,Baýram molla.Indi şol jylowy birjikde eýesiz galdyryp bolmaz.Ony Meret batyra bersek nähili bor?

Ýok ýaşuly goý, öňe Agdar han çyksyn!-Annaguly hany ýüzüne sylyp bilmedik Meret gamgyn halda jogap berdi.

Äl-eýt,nätdiňiz muny,heniz hanyň gyzgyny sowamanka ornuň gürrüňini edýärsiňiz-diýip, Bänbe ças janykdy.

Agdar han,köşek! Jylowy sen almaly bolduň!Agaň bilen gepleş.Halys goýmansoňlar, urga çydaman gaçyp barýan

bosgunlar biz,adam bilen işimiz ýok,bizi öz günümize goýsunlar.

Meň ýanymda dönügiň adyny tutmaň1-diýip,Agdar han gaharlandy.

Il ykbaly çözülýärkä towşantüý bolmalydyr.Sen Halmyrada wekil ýollap ylalaşygy teklip etmeli,jylowy hem eliňe almaly,köşek1

Ol-a bolmaz Welkyly aga!Ýowuň üstüne barmak ýalbarmakdyr hä, öňünde dyza çökmekdir.Güýje güýç ulanmaly diýjek men-ä, hä?

Nädäýdiň aýt, Bäpbe,kim ýalbarmaň gürrüňini edýär, ylalaşmasa kapyr, goý, özünden görsün.Bizem-ä onuň çanagyny-çemçesini gana bulajak borus!-diýip, Meret gyzmalyk etdi.

Ylalaşygy teklip etmegem ýalbarmakdyr-da, hä?!

Bäpbe diliňi däl,kelleňi işletmeli,gep çöpläp ýörmeli däl,netije görkezmeli! Ylalaşyk üçin duşmanyň öňünde dyza çök diý,men taýyn ,adam gany dökülmese bolýa!- diýip atam onuň sözüni böldi.

Bäpbe ças geçisakgal, juk burun, gözleri ýanyp duran godanajyk adamdy, burny buýli bolup,oňa dakylan delil bagam Ýeňiş ýegeniň elinde ýaly, ikisi aýrylmaz aşnadylar, emma eli egriligi, ahlak bozuklygy üçin , Ýeňiş ony öz ýanynydan kowupdy,soňam atamyň hemaýaty bilen Annagulynyň toparyna goşulypdy. Dawa bolsa nanany gury iýmeýän Bäpbe ýene-de bir zatlar diýmekçi bolanda, Garry hojany,Garaoglany hem götergiläp alyp gildiler.

Egri gylyjyny sag gysymyna gysyp, gatap galan kakasyny bagryna basýan Berdi aglaýardy, goşary bilezikli, topbusy ildirgiçli, göwderi köýnekli, uzyn boý, maýa ýaly gelin bolsa, äriniň aýagyny gujaklap :-Meni taşlap, maşgalany ykbala bagyşlap gitdiň-leý, janym, ýanýoldaşym! Eý, Taňrym bu nä ýowuzlyk, bu nä ajy aýralyk – diýip nala çekýärdi, oňa aýal-gyzlar, agzy ýaşmakly gelinler goşuldylar, boldy bir yzlaşyk,

atamam gözüniň ýaşyny sylýar. Aýralyk belasy adamlaryň süňini gowşadar ekeni...

.Giçlik, Meret tentek bilen Baýram bykowly birnäçe oglany ýanyna alyp, üç gerçegiň mazaryny gazýardylar.Meret mazaryň ikinji depigini gazdy-da, pilini taşlady.

Han bizi gowy görýärdi,goraýardy,menem ony atamy, watanymy sylaşym ýaly sylaýardym.Beýle adamy ýere dözüp bormy?

Dogry, ýere dözer ýaly däl,ýöne it-guşdan goramasagam bolmaz-diýip,Baýram gazmagyny dowam etdi-Bilýämiň näme,bir pursat gelende biz hany bu ýerden alyp obasynda-Tejende jaýlarys,onýança goý,ol şu ýerde rahat ýatsyn...-Ol,mundan daş bolmadyk ýerden gelýän duşman gülküsini, aýdymçyň zorruk sesini diňläp-Biziň ýüregimiz agyrýar,olar bolsa adam öldürdik diýip keýp çekýärler-diýip,sögündi...

Ýere duwlamankam hanyň peşeneli ýüzüni görjekdim,soňky gezek hoşlaşjakdym,wah,bolmady-diýip,Meret tentek başyny ýaýkady.

Agşam namazdan soň, ýagyş ýaly ýagýan ok birneme kiparlanda,jynaza namazyny okap, Annaguly hany kepensiz zatsyz,tabytsyz,ýuwman zat etmän egnindäki ganly eşigi bilen arassa çägede goýdular-da,tenotagyna ýene bir gezek göz gezdirip, jaýladylar.Dogry,meýit jaýlandy,ýöne, şertleri doly we dogry berjaý edilmedi,meselem suw bolmanlygy üçin ýuwulmady.”Goýsaňyzlaň,how,giň ýeriň gürrüňini edýärsiňiz”diýip,Meret gaharlandy. „Kakamy ýanym bilen alyp gitjek“ diýip bozlap dursa-da, Berdiniň raýy ýykylyp,Garry hojany hem jaýladylar, ýöne,eli gylyçly, bili bükülen adamy ýere duwlamak aňsat däldi..Baýram molla şehidiň gylyçly elini, bilini oýkalap doga okady, „Hojam, är işini bitirdiň, senden razy, senem bizden razy bol-da, gylyjyňy eliňden goýber, biliňi ýaz!“ diýip ençeme gezek gaýtalady. Geň göräýmeli, esli wagtdan soň

merhum elini gowşatdy, bilini ýazdy. Şeýdip ony,Garaoglany hem hanyň gapdalynda jaýladylar „ Şehit geçer gany bilen,sahy geçer nany bilen“ diýlen dürs ekeni. Jaýlanylan ýer bilinmesin diýip,mazaryň üstünden mal sürüldi.

Giç agşam Agdar hana ak pata berdiler, „Hanyň dostuna dost, duşmanyna duşman, aýdanyndan dänmeris“diýip,Gurhandan ant içdiler,Meret tentegi bolsa kömekçi bellediler....

Indi, bu wakalar barada sowet hökümediniň, taryhçylaryň ýazgylarynda berilen habarlary derňäliň!

---6--

Taryhdan parça.

1932-nji ýylyň fewral aýynyň 19-yna leýtenant Lisiçkiniň, Loginowyň we Leonowyň atlylary Jojukly demir ýol menziliniň 50-60 kilometr demirgazygynda bozgunlary gabadylar. Annaguly han haýal etmän goragy güýçlendirip, ýigitleri ýerli ýere ýaýratmagy başardy. Ýagdaýyň howpludygyna garamazdan , aňtow maglumatlarynda aýdylyşy ýaly,Gara ýowşanyň maglumatlary,gumlular hat-da iki gezek garşylyklaýyn hüjüme hem geçdiler, ahyrym,garaňky gijeden we toparyň serkedesi Loginowyň „ Aljyraňňylyga düşmegi“ sebäpli,gumlular güýçlerini bir ýere jemläp, ýollaryny dowam etdiler. Bu söweşde Annaguly han, Garry hoja we ýene-de 60 sany gozgalaňçy öldürildi.Hanyň öldürülmegi bahasyna ýetip bolmajak uly ýeňişimizdir.Ony öldürmek üçin öňem iki synanyşyk bolupdy,birinde mergen dogry nyşana alyp bilmändi,beýlekisinde , mergeniň oky çyg çekip göçmändi,garaz, ikisinde-de ol diri galypdy.Bu gün bolsa ol pulemýodyň öňüne özüni oklamak islände, biziň batyr esgerimiz Hodzko tarapyndan pyçaklanyp öldürildi.Tüm garaňka duwlanan basmaçylar, garrylar we ýetginjekler batyr şehitleri gyssagly jaýladylar. Annaguly hanyň öldürilmegi gozgalaňçylaryň

ýagdaýyny kynlaşdydy,sebäbi ol ýola beletdi, batyrdy, gaýduwsyzdy.Onuň gaýduwsyzlygy barada esgerleriň arasynda rowaýada ýakyn gürrüňlerem bar.Bir gezek Loginowa”Annaguly han seniň bilen gepleşik geçirmek üçin gelýär”-diýenlerinde ol”Onuň bilen gürrüňim bolmaz,ýüzüne seredesim hem gelenok”-diýip jogap berdi,emma haçan-da, hiç zatdan çekinmeýän Annaguly hanyň özüne golaýlaşýanlygyny görende,ol ýap-ýaňy aýdan sözüni unudyp, sylag-hormat bilen ony garşylady we ýanynda oturmaga ýer görkezdi.Han,urşy bes etmegi, içer ýaly suw kömeginiň berilmegini sorap gelen ekeni.”Näme,uruşdan gorkýarmyň?”diýen soraga “Bigün-ä adamlaryň gyrylmagyny islämok”diýip,han jogap berdi,”Ýöne itlerem,doňuzlaram özara uruşýarlar ahyryn”diýen söze ol”Siz,”ähli halklar berleşiň!” diýip,dost doganlygy şygar edinýärsiňiz,özüňiz bolsa ýaşamagy itden,doňuzdan öwrenýärsiňiz”diýen jogaby eşidip,ol gaýdyp sorag bermedi.Hanyň haýyşyny bitirmese-de, Loginow soň „ Eger-de Annaguly han öldürilmedik bolanda basmaçylar gürrüňsiz Owganystana aşardylar,diýseň görmegeý,hoşsurat,ýakymly,nurana adamyň ölümine gaty gynandym!“ diýip, buýsanjyny aýratyn nygtapdyr. Uruş bolan gününiň ertesi GPU- niň işgärleri, jansyz Gara Ýowşanyň galdyrýan maglumatyna esaslanyp, Annaguly hanyň, Garry hojanyň jesetlerini mazardan çykarmak islediler.Nähili hem bolsa çagalykda musulman duzuny dadan Dudy Dudyýew durup bilmän”Türkmen däp-dessurynda bu ýagdaý örän erbet hasaplanylýar,ony etseňiz olaryň bize bolan gazaplary hasam artar!”diýip,Loginowa düşündirdi,emma oňa gulak asylmady.Mazardan çykarylanlaryň kelleleri kesilip, subutnama hökmünde söweş hereketleriniň Moskwadan gelen ýolbaşçysy, SSSR GPU- nyň wekili Sobelewe ugradyldy... „Gyzyl Baýdakly Türküstan“ I42 sahypa, Loginowyň beýanaty...

...1931-1938-nji ýyllarda Mary welaýaty boýunça ýetmiş sekiz müň ýedi ýüz öýli Owganystana we Eýrana göçüp gitdiler...Mary Welaýat Döwlet Arhiwi,3,73 jiltleri....

Agdar han depegenden daşyrak diýen aýtgydan ugur alyp, Gamakly goýusynyň aşak eňňidiňdäki Öküziň hakyna çenli gije ýöremegi makul bildi. Ugrasagam ugradyk welin, ölenleri jaýlamak, patasyny alma-ga beýle-de dursun, agyr ýaralyny almaga-da mümkünçilik ýokdy.Ölüsini jaýlajaklar, agyr ýaralysy bolanlar galmaga mejbur boldular.Duşmanyň ýowuz gazabyndan gorkup, ýolundan dänmegi ýüregine düwenlerem olara goşuldylar. Ýol ugry iňňildi-den doly. Zaryn agy, agyr ýaralyň hassyldysy,„Jan dogan, meni taşlap gitme!, „ Razy boluň, doganlar!“, „Doganjygyma şehit öldi diýiň !“ diýen sesler eşidilýär.Bir ýerde inçebil, syratly –sarmakly, negözel gyzlary jaýlap bilmän, köne ýorgany ataýypdyrlar, biz bolsak olaryň üstünden bir goltuk ojaryň üstünden geçen ýaly geçip barýarys. Bulara gözi düşýän naçarlaryň nalyşy atylan top okundanam beter täsir edýär. Iki gözüne, bagyrýan sesine erkleri ýetýän naçarlaryň kä ýerden „ Aman-aman, aman edeýin, doganjyklam gyrylyp gutardy-leý, jan Allam!“ diýen sesi saçyňy dym- dik edip, iniňi jümşüldedip barýar. Şeýle ýagdaýda men ejemiň eline gaty berk ýapyşýardym, goýbersem asman gaçaýjak ýaly-dy...

Atam böwrüne ok degip gyşaryp ýatan,peşeneli ak sakgal, perişde ýaly adamyň – Magsym pälwanyň ýanynda saklandy. Pälwanyň elinde sanap gutarylmadyk tesbisi , agzynda bir bölek nany bardy, agzaçar edende ok degip gatap galan bolmaly görgüli! Atam „Ýuwdanyň özüňki, çeýnäniň gumana“ diýleni dogry ekeni.Muňa seret!Bi görgüli bilen döwek döwerdik, ädeýinmi – ätmäýinmi diýip duran iki öküzi bardy, özem yrgyldap barýandyr yzynda, „Döwek döwsem beýnim çaýkanýar!“ diýip. Indem , ynha döwen harmanynyň nany agzynda, gatap galypdyr. Ogly- gyzy ýok, dolanara yzy ýok , heý dünýe , dünýe .. Atam keltejik töwür edip ýüzüne syldy-da „Gör,

bi bolýan zatlary?Ilimde gury aýaklar, salpy aýaklar öňe çykdylar, barara ilsiz, batara kölsüz garamaýak bolduk, ýöräre ýolsuz, işigi malsyz, ogulsyz- gyzsyz tuwmaýak bolduk! Taňrym, bu näme etdigiň boldy?Ýaşymyň soňunda gözden çykgynç günäm barmy?!” Garryja eşigimiziň syrtynda men onuň hüňürdisini diňläp barýan..... Çaý içer salym ýöränem bolsak, syzalygyň, sazaklygyň, ýowşanlygyň içinden iňňildiler, jesetler,serlip ýatan düýe läşleri çykyp dur,çykyp dur.Biriniň garnyna ok degip, içegesi çykypdyr, biriniň aýagy ýok, ýanyndaky köşegi bolsa bagyrýar....

Ýogsa-da , köşek diýenimde bir zat ýadyma düşdi. Şammy keliň düýesi botlanda iki bolup begenipdik, enesiniň üstüne atylan köşejik, emdirmäge maý bolmansoň açlygyndan bagyryp gelýär.Bu ýagdaý bosgunlaryň yzky goragyny üpjün edýän Bäpbe çasy ynjalykdan gaçyrdy..Agdar hanyň goh-galmagalsyz herehet etmeli diýen buýrugy bolansoň, duşmanlara barýan ugruňy bildirmeli däldi, onsuzam, hataryň yzyna köp çozulardy, şol sebäpli Bäpbe ças „ Köşegiň sesi çykmaz ýaly et, hä-de öldür! “ diýip,Durdy awça buýruk berdi.

Durdy aga orta boýly, eti- gany ýerinde, garaýagyzdan sypaýy, elliden geçen adamdy, çagasy bolmanlygy üçin üç aýal alypdy, dördünjisinden Şammy kel dünýä inipdi. Ýeke dikraryny çäksiz gowy görýänligi üçin, gysryk satyn alyp, günde dört gezek haly horjun ýapyp onuň juluny täzelärdi, oglunam mündirip, daşyndan hezil edip guwanardy, aýaly Hajar daýza „Pylan zady kem!“ diýäýse dagy, ýaltanman aty täzeden eýerlärdi. „Be- eh,bi baýtal ýaňja-da başga sypatda-dy-laýt! Näçe öwran eýerledi- laýt!?“ diýişip, adamalar geň galardylar.Atam oňa çaga kysmy töwra adam diýerdi.

Ýüregi ýuka, polady ýumşak Durdy, ganjyklar tiresinden bolanlygy üçin, käte Durdy ganjyk diýip ýüzlenerdiler.Ol demi bilen degirmen ýöredýän Bäpbe çasyň talabyna nädip boýun boljagyny bilmedi.”Köşegi öldürip bolarma-aýt, oňa ynsabym çatmaz!“ diýse-de, ol köşek bilen bir

horjunda oturan ogluna „ Guzyjygym, ony köşeşdirsene!“ diýdi. Şammy köşegiň kellesini sypalady, agzyny tutup „ Goý sesiňi!“ diýdi, emma kelebiň ujuny ýitirip, gyrkylyk kesen goç ýaly sesini çykarman ýatyberdi. Onsuzam yzgydy Gazminde galan ýaly, ýüzi çytylyp, gaşlary bürülip duran Bäpbe, zemzen dek çişdi, gaplaň gazabyna girdi-de,ok bolup Durdynyň alkymynda häzir boldy:„ Munuň sesine suw sepmeseň kössäm bilen dograýan,onsuzam let iýýän” diýip azm urdy. „Näme etseň özüň et, gözüm bir görmesin“ diýip, Durdy köşegi oňa alyp berdi. Oturса-tursa özüne serdar diýdirjek bolup azara galýan Bäpbe çasyň bu hereketinden soň, Şammy ikimiz ony duşmanymyz hasapladyk. „Serdar akylly- huşly , hemme zada göz ýetirýän, parasatly, edermen bolmalydyr, ýöne,toşap gaýnadyp ýörenden serdar çykýan däldir“ diýip atamyň ýaňzytmasyny Bäpbe çasa degişli etdik, oýnaklap duran gözüni et iýýän guşuňka meňzetdik, sebäbi ol guş özünden ejizlere rehimsizlik bilen palta salýar.Gulaklaryndan çykyşyp duran tüýlerini Damlada dagan kepbämiziň sömelişip duran agaçlaryna meňzetdik.Şammy bolsa „ Muň boýam, ýüzem, häsiýetem,köşegi gylyçdan geçirişi ýaly wagşylygam, Damlanyň dikmesi Duda meňzeş“diýýär.Bolmanda-da, gawun gawundan reňk almasa bolmaz ahyr...

Süýji suwly Siňreldi guýusy ýowyň elindeligi sebäpli biz, Öküziň kakynda ýerleşen Porsy guýuda düşledik, Gündizki uruşdan, gijeki ýoldan aran adamlar duran duran ýerinde gyşardylar. Men atam bilen çöküp oturan iki düýäniň arasynda gyşardym. Ýatyp bir arkaýyn aýagyňy uzadyp, garypja çatmamyzdaky ýaly ýatma ýok.Gözümiň öňünde diriligine gylyçdan geçirilen köşegiň keşbi, Annaguly hanyň gan tegmilli ýüzi, Garry hojanyň düwrülen süňňi, agyr ýaralanyp ýolda galan şehitleriň keşbi.Nirä seretseň ölüm, ölüm, nirä seretsek gan. Ölen adamyň odun ýaly gataýanlygyna-da,indi gözümi ýetirdim, gatap, has-da agralýan merhumlaryň ýere duwlanylşyny gördüm.Adam ölende gyşda guraýan çöpler ýaly gataýar

ekeni,diri wagty bolsa ýaňy jan giren otlar ýaly ýumşak bor eken.Aslynda ölmek diýmek näme? Atam „Ölmek topraga garylyp, şu görünýän ýaz otlaryna , geçemjege, gulanguiruga, guzgulaga, gyrnaksaça,güle, ýegmala, ýowa- ýelmikdir ýepelege öwrülmekdir . Biz bi dünýä wagtlaýyn gelendiris, biz gideris, ýerimizi başgalar eýelär, soň olaram gider, şeýdip, aýlanyp duran çarhypelekdir bi!“ diýýär. Bu zatlar meniň üçin düşnüksiz, gorkunç, guzaplyk.Atam „Ejir çekmän bi guzaplyklardan dynyp bolmaz , ol Alla tarapyn iberilýär!“ diýýär.

Azajyk irkilenem bolsam üşäp,daňa golaý oýandym.

Ata, ýaman sowuk-laýt?

Sowuk diýýäňmi, köşek? Meýdana bir sakow gyraw düşüpdir diýip üşeýän diýmek oglana uslypmydyr? Tur, hany tüňçäni alyp ber, täret kylmaly,agyz açmaly, gyrmyldamaly,”gündizki aşdan gün hantama” diýipdirler. Men bili guşaklyja gara taňkany oda süýşürdim, saçagy ýazyp, gowurmaly golçany üstünde goýdum.

Şeýt ahyr, köşek, öwreniber, kämillik ýaşyňa çenli näme öwrenseň öwrenibermelidir. Men-ä şu ýaşymda hem köp zady bilmeýänligime gözümi ýetirdim. Bu toprakda ýaşaýan adam gaýrat-goýazy bilen daşymyzy gurşaýan çöpleri satybam gününi görer.

Ata, bu toprakdan gidýäris ahyryn!

Köşek gitmeris, gitsegem gaýdyp geleris.Adam Watanyndan aýrylsa gowşaýandyr. Barjak ýerimizem öz watanymyzdyr.Watanyňda ondan –oňa geçmegiň aýby ýokdyr, onda-da näme.... Köşek ýadyňda sakla, sen indi başga goýunlaram emiberýän emäjin guzy ýaly bolmalysyň, öz siňegiňi özüň garamalysyň, guşuň guýrugyna daňylan ýelgamak ýaly ýeňil gopmalysyň.Garry ataň pahyryň edişi ýaly, towugyň bitinem özüne çöpletmäni başarmalysyň! Ol-a ýorunja pürüni kepege garyp, gaýnadyp bererdi welin, towuklar temegini taýzardyp „ Baý, he-zil-le-bi“ diýip, gygyryşardylar.Ejeň ýaly tygşytly bolmagam öwrenip goýmalydyr.Biri goýun

soýsa,damak ganyny okara salyp közüň üstünde goýardy welin, ýaňky gan bagyr ýaly bişer! Men ol tagamy henizem duýýaryn.Ýene bir zady bilip goýmalydyr, irginsiz işleýän adam rysgallydyr. Käbiri sygyr ýatak salyp bilmän ýörändir, kakam welin ýylgyny örup, daşynam suwar welin ne gözel ýatak taýyndyr. Işleýän adamyň bir meşik kak , bir meşik sök , toşap taýýarlamak elinden gelmelidir . Damlada goşar ýaly çişi ýere urup, azajyk dume gawun ekdim, onuň ýarylýany bäş oýnam mal saklamaga ýetdi.Ýeriň dilini bilip yhlas etseň şeýdiberýändir! „Yhlas bilen aglasaň sokur gözden ýaş çykar“ diýipdirler. Ine , şu öküziň kaky ýaly ýere gawun- garpyz ekseň näçe önüm alsa boljak?! Men muny mal gara ýok wagty adam üçin gaçara kowara maýyň barlygy üçin aýdýaryn! Nan kesegiň üstünde diýişleri ýaly daýhanyň , maldaryň gara zähmeti, ajy deri rawaçlygyň açarydyr.Häzir bolsa birimiziň elinde odun, beýlekiniň elinde sowuk uran bagyň ýapragy, birimiziň elimizde taýak , beýlekide sowuk ýarag, biriniň elinde tohum, beýlekiniň elinde gamçy bar! Bir ýylky iýjegiňe zikr düşenok diýip, pygamberimiz aýdyp geçenem bolsa, häzir çarwaň, daýhanyň bir ýyldaky iýjegine on esse zikr düşürýärler, şeýdip, çarwany maldan, daýhany ýerden gaçyrýarlar.Ýöne, „Sabyrly gul dura-bara şat bolaryny“ edip, gujak açyp yza çagyrýançalar bendelikde bolmaly borus, „Ata ýordum atadym,harman işin bitirdim“ diýenleri ...

Köşek agzaçar edindik, töwür galdyrdyk, hany indi, didäň daşdan alýandyr, seret, Durdy Töwra görünenokmy! Segsene ser ursaň gözüň täze dogan guzyň gözi ýaly bolar ekeni, biri „Ýaşuly!“ diýse , beýläňe seredip „Hä“ diýip dursuň.

Ata,ol bir üwmek jyglymyň ýanynda atyny eýerläp dur,ýanynda-da, bykowlyja tazysy-diýip,men doňuz diňini salyp, jogap berdim.

Bu onuň eýýäm ikinji eýerleýşidir! – diýip, atam myssa ýylgyrdy – Ýör, guzym, onuň gömen garyndan ýüregi buz ýaly edeli!

Ýylyň gurak gelmegi,Öküziň kakynda suwuň bolmazlygy bosgunlaryň arasynda uly howsala döretdi.Näme etmeli diýen sowal keserip durdy. Alla hor etmejek bolsa çykalga tapylar ekeni.Kimdir biri Durdy awçynyň bu ýerlerde aw edenligini, şondan maslahat soralmalydygyny ýatlatdy.Awçy,şonda,Siňreldi goýusyndan on çakyrym günortada,Öküziň kakynyň gündogar ganatynda gar gömüp goýandygyny, gije tapyp bilmejegini, ertire garaşmalydygyny aýdypdy we Agdar hany rahatlandyrypdy. Biz baranymyzda Durdy awçy dutaryny keçe gabyna salýardy.

Garaja oglan guýysyndan bäri elime alyp görmämsoň,ýürek halys küýsedi durdy – diýip,atamyň öňünde özüni aklajak bolýan ýaly aljyrady.Ol ökde awçylygyndan başga-da,bagşydy,şahyrdy. Men onuň aýdymyny, sazyny diňlemändim,gürrüň edýärdiler, şahyrlygyna welin şu ýerde göz ýetirdim.

Belkuly aga, goşgy okap bereýinmi!- diýip, gar gömen ýerini tapmak üçin adamlaryň öňüne düşüp barýarka ol sorady.

Oka,köşek,oka.

Durdy awçy ardynjyrady, bokurdagyny arçady.

Men saňa diýeýin, eý, Meret tentek,
Duşman-a güýçlidir, gyssanma entek ,
Baýram, Çoluk batyr, misli bir şir dek,
Duşmanyň döşüne kakmaly boldy.

-

Berekella, köşek, bir eli giňlikde, enşalla, sazyňam, aýdymyňam, labyzly goşgularyňam diňläris.Alla bizi şo günlere ýetirsin-dä!- Atam “hoş gepläni hoşal” edip onuň göwnüni göterdi.

Ýanymda Magtymgulynyň arap elipbiýinde kitaby bar,okap bereýin.

Zehini keç bolar bady ýaňylaň,
Biygtyýar bolar goly daňylan,

Göreşde ýykylan,jeňde ýeňilen,
Içi doly namys bilen ar bolar
Haly müşgül bolar köýüp ýananyň,
Imany şikestli haram iýeniň,
Kastdan roza,namazyny goýanyň,
Özi kapyr,biliň,jaýy dar bolar...

Ine,men arap elipbiýinde Magtymgulyny okadym.Näme üçin ol türkmen dlinde, türkmen elipbiýinde däl?Nesimi "Diliňden arap sözi dökülip durka,kim saňa türkmen diýer!"diýip janygypdyr welin,oňa eýe çykmadyk,Nowaýy:"Mesgenim hyjranda bolsa,erdi ol Merw Şah Jahan"diýenem bolsa oňa hem eýe çykmadyk.Kakam pahyr:"Ölerdim weli kepenligim ýok-da!"diýerdi.Şoňky ýaly garyplygyň ýaman derdini çekip ýaşap ýörüs.Öňde biri:

Elimde-hä ýaragym ýok,
Asylmagam gelşikli däl.
Kim maňa zäher bersin?
Gark bolmaga-da gaýrat gerek!

-diýip,garyplygyna gaty janygypdyr...

Nä döwür nä zamana boldy diýsene!Häzir şahyryň bi kitaby horjunyňdan çykaýsa "watan dönügi" diýip seni sürgün ederler,kitabyňy oda ýakarlar.Sen bir häzir bol,awçy!-diýip,atam hyrçyny dişledi.

Ýaşuly,muny maňa Maryda arap,latyn elipbiýini öwreden mugallymym Allaguly Garahan hem aýtdy,"Magtymguly şahyryň arap elipbiýinde çykan goşgusyny dini kitap diýip ýygnaýandyrlar,häzir bol,sebäbi olar ors elipbiýinden başgasyny bilmeseler nätjek!"diýipdi.Diýseň bilimli,zor adamdy.Lukmançylykdan ýokary bilimi bolsa-da, ol türkmeniň teke şiwe diliniň döwlet dili bolmagyny,türkmeniň edebi dili bolmagyny gazanan gerçekdir.Ýogsam,ýomut dili öňe geçmelidi,saryk,salyr,ärsary şiwe dilleri hem bar ahyryn ...Durdy awçy öňe- yza aýlanyp, käte doňuz diňini salyp, diňe

özüne belli bolan belgilere salgylanyp, gar gömen ýerini gözleýärdi hem-de “Allaguly, türkmenleriň arasyndan çykan ilkinji ylymly lukmanlaryň biridir,ol Meskewdaky Geňeşler öýüniň Sütünli eýwanynda lukmançylykdan ylmy nutuk okapdyr,türkmeniň bir döwiet dili bolmalydygy barada ençeme ylmy eserleri döredipdir..Şony dogry edipdir.ýogsam, her kim öz şiwesinde geplejek bolsa döwletde bäş sany dil ýörärdi...Ýöne,bolşewikler ony hem ýok ederler.Olara halky garaňkylykdan çykarjak bolup öňe düşýän adam gerek däl.Ýogsam bizi şeýdip heläkläp ýörmezdiler.Şeýdip olar sada türkmene ýaman zady-öňe çykyp barýana goltgy bermän,gaýtam,aýagyndan aslyşmany öwretdi...”

Ine, ahyrym ol,üýüşmek çägeniň bir tirsek aşagyndaky terslin-oňlyn taşlanan selin düýplerini galdyryp,gömüp goýan garyny tapdy.Asyl, diwarlaryny, astyny-üstüni selin bilen basyryp, çäg-ä gömseň, ýylyň dowamynda gar alsa boljak ekeni. Gör, ata-babalarymyzyň ugur tapyjydyklaryny! Bu zatlar öň ulalyp- kiçelen halkymyzyň ýaýrap-ýaýrap dünýä doluşy ýaly bir zat bolsun gerek! „Owuz ýaýy atylanda asmandaky gün görünmezmiş”, diýmek, biz köplük bolup, şol köplügiň döredenlerini aňa siňdirip, durmuşa ornaşdyryp bilsek, ylymda-bilimde bize taý tapylmaz“ diýip, atamyň aýdany ýadyma düşýär.

Syryk boýly Baýram molla, dem salymyň içinde çukuryň garyny deň derman paýlady.Onuň ýüzünden akýan burçak – burçak deri gören atam: “Berekella, köşek, işläňde şeýdip, gül ýaly işläp,ýatanda beg ýaly ýatmaly, iş aňsadyny ýalta tapar etmeli däl, ýagyrnyňy derledip iýilýän çörek guzaply, hupbatlydyr, ýöne halal, minnetsiz çörekdir!”diýdi. Baýram molla, çukurdan towşan ýaly towsup çykyşyna ýaş seliniň birini köki- söki bilen sowrup,burdy-da, ondan çykan suwy içip, bir zatlar diýmekçi boldy.Emma duýdansyz çykan tüpeň sesi ähli adamy tisgindirdi.

Durdy awçynyň ýykylanyny ilki men gördüm.Ok, Agdar hana, Baýram molla atylanmy, belli däldi, ýöne bu duşmanyň nyşana alyjysynyň işidigi bellidi.Näme üçin Durdy awçyny atdylar? Ile suw tapyp bereni üçinmi-kä ?

Duşman nyşanyna düşdüm öýdýän-diýip Durdy awçy ysgynsyz seslendi.

Bu täleýiň işi, maňlaýynda bardyr- diýip, atam onuň kellesini galdyrdy.

Hawa, kimi Hudaý tutjak bolsa sebäp tapylýandyr

Külli türkmeniň gaýmak ýaly, ylymly-bilimli ogullarynyň boýnuna düşdi, bi !

Biziň boýnumyza düşer ýaly, näme günä edipdiris?Çagalara bilim –terbiýe berýän molla-ahunlar,halal lukma iýýän bi naçar bosgunlar günälimi?Görýän weli, bularyň gan öýen gözleri Hudaýa, halka, kowma ynanmaýarlar.Barjamly, sowatly,ynsaply adamlary itden beter ýigrenýärler,öçli ýaly topulýar,her edip hesip edip olardan dynsalar, dünýäleri düzeläýjek ýaly.Köre –körlük bilen,ertekä meňzeş haýsydyr bir toslanyp tapylan durmuşlary üçin,bigünäleriň ganlaryny dökýärler.Özleriniňem şol ýaramazlygyň pidasyna öwrüljekdiklerini bilmedik bolýarlar.Ýöne taýagyň iki ujam-a bardyr ...

Watan üçin söweşde adam uçugy bolar, nähek ganyň dökülmegi mümkin, ýöne munda Meskew, Stalin günälimi-kä diýýän.Gepleýän sähne bolsa-da, diňleýji dana gerek!Täç Gök serdaryň ogly Gaýgysyz bor diýip, öz halkyna ýaramly işleri edibermel-ä!?Wah, etmenäm durmady-la welin, bolýan däldir-dä...

Şeýledir ýaşuly, men-ä how, ondan razy.Onuň Hywa kömek üçin däne ugradyldy bahanasy bilen bize iberen iki müň ýaragyna näme diýjek?Ýogsam, ilkinji çaknyşykda duşman biziň işimizi gaýraky atyza geçirip yzymyza şakyrdyk dakyp bilýärdi ahyryn.

Özüne raýat bolsaň gelmişegiň seň bilen işem ýokmyşyn..

Çarwaň malyny zorlap alsalar, molla- ahunyň öýünden kitap, sowgat berilen ýarag çykdy diýip basyp ýörseler, bulamakçyň ortalyk boljak bolsa nädip raýat boljak?!

Durdy açwy nähak zorluga sezawar bolanyň biridi. Tokaý hojalygynda arabakeş, çöpçi bolup işlände, iki ýyl Minsk guwerniýasynyň Miksenowiç diýen obasyna päleçilige ugradylypdy.Ondan gelip ýene öňki işine başlapdy. Geçen ýyl Gara Ýowşanyň arzasy boýunça onuň öýi dökülende ýarag, ok, päleçilikde bolan ýerindäki dostlary bilen alyşan hatlary çykypdy, oňa „ Dört aýal alyp üçüsini kowupsyň hasaba alynmadyk ýarag saklapsyň!“ diýip jenaýat işini gozgadylar. Ýaragyň sylag berilenligi tassyklaýan hat Minskiden gelýänçä, aýal alyp – kowmagynyň sebäpleri anyklanýança ol Ýerbendiň ýerzeminde saklanypdy, günäsiniň ýoklugy üçin sekiz aýdan soň boşadylypdy. Ol bulary aňynda aýladymy, nämemi- Öz içiňden al dörär diýleni dogry ekeni, iň bärkisi şu günleriň howasyna seret, nem damanok,edil...seň bir...

Durdy jan, salyrly diýýädiň weli sögünjiň bilen sözüňi ýalana çykarmadyň-ow!

Durdy ýylgyrjak ýaly etdi-de, ýüzüni çytyp duýrukdy, birnäçe wagtdan soň özüni rastlap :

Ýaşuly gaty äge bolup geplemeli etdiň-ow, hawa!Aý, indi nähili geplänimde-de,barybir men maýyp.Ýeke dikrarym Şamma,aýalyma,atyma gözüňizi aýlaweriň, maňa-ha heňňamyň hepbigi düşdi- diýdi.

Aýdýanyň näme, ýaraňy sararys, düýe mündürip ýanymyz bilen alyp gideris.Köşekler baryň , ineri alyp geliň!- diýip, atam bize ýüzlendi.

Biz Şammy, Ene üçümiz ineri almaga barýarkak gür sazaklygyň içinden aýdym sesi çykan ýaly boldy.Ýok ol aýdym däldi, läledi.

Depe depeden beýik,
Depeden inen keýik,

Ýigitleriň içinde ,
Berdi, ezizim beýik!....

Bukdaklap seretsek Maral, ýaragyny arassalap läle kakýar, ýeňsesindenem Berdi ýetip gelýär. Söýgi gerdenine düşeniň ýöreýşem üýtgeşik bolar ekeni, atamyň „ Söýgi Süleýman pygamberi girdabyna düşüripdir, ýogsa ol juda pähimdar eken-ä“ diýeni ýadyma düşdi-de,Berdiniň ýetip gelýänini Marala buşlamak isledim, emma Ene goşarymdan şapba tutdy-da, bizi bu ýerden idirdedip alyp gitdi:

Siz beýle zatlara seretmeli däl, ýörüň hany!

Mydama hötjetlik edýändiris welin, şu gezeg-ä garşysyna gidip durmadyk , birki ädim –ätmänkäk „ Waý, Berdi jan-eý, diri ekeniň – eý“ diýip , Maralyň ýarym agyly, ýarym gülküli sesini eşitdik. Ene ýüzüni tutup gyzardy, Şammy bolsa „ Maral daş edýär-eý!“ diýdi. Men onuň näme diýjek bolýanyna düşinmedim, ýöne, başga bir zada welin düşündim. Atam bir sözünde „Allatagala meniň gowy görýän bendäm öz ugruna gezip, ylym öwrenýän, kitap, Gurhan, namaz okaýan adamdyr, pylan zat edýän diýip döşüne kakyp ýörenden gaçmalydyr diýipdir“ diýdi , diýmek, Maralyň bu hereketlerini Hudaý oňlaýandyr, rast oňlaýarmy , olaryňky ugruna bolaýmalydyr!

Sazaklykdan saýlanan badymyza gabat garşymyzda Bäşim tüpeňini çekgesine gysyp ok atmany öwrenjek bolýardy.Ogultäç gelnejem onuň elinden ýaragy alyp : „ Eý , Bäşim çäklim, beýdip oky zaýalamazlar“ diýip , çenemän atyp goýberdi, şo bada dikilen çakyr süňk zyňylyp gitdi. „Amanmyrat kakamyň aýaly Ogultäç gelnejem ok atmany Maraldan öwrenenem bolsa, indi halypasyndan ozdurypdyr“

Şammy kel böwrüme dürtüp,wah,onuň şeýtmesi bar-da: “Eý,o barýanlara seret!“ diýdi weli, görsem , Baýram bykowly çäge reňk köýnek balakly , ädikli, gulagy kesilmedik gürjiň kellesi ýaly gulakjyňly bir näçe ýesiri öňüne salyp gelýär.Bu gijeki gahrymançylygyň netijesidi. Ol Annaguly hanyň toparyna

goşulanyndan soň, köp gaýduwsyzlyk görkezdi, gözsüz batyrlyk etdi.Ar,watan üçin her gezek atyna atlananda Annaguly han:„ Duşmanyň daşy berk galadyr, pelemýut , üçýanlar, güýçli ýaraglar, uly goşun, duran beladyr.Sen olaň garşysyna göni gitmede, amatly mütde-de garaş, al sal“diýýärdi,”Ýok, men mert söweşjek!”diýse-de, han ony saklaýardy.Indi welin, ony saklajak ýokdy,üstesine-de, olary şu güne salyp ýören Dudy däli Porsy guýysynyň töweregindemiş diýen habary alypdy.Onsoň, Meret tentek , Hydyr han , Çoluk batyr, Berdi han ýaly hersi dagyň şiri goç ýigitleri aly, söweşe çykypdy.Berdi hana „ Sen ak matany baýdak edinde duşmanyň üstüne git, olary depä golaýlaşdy” diýip ugradypdy.Şeýle ýol bilen duşmanyň bir bölek esgerini üstüne getiri, bir bölegini gyryp, bir bölegini ýesir alypdy. Şol ýesirleriň içinde duşmanyň pylemýod toparynyň ýolbaşçysy Dudy däli hem bardy.

Şuny bir öldüreýin!- diýip, Meret Dudynyň üstüne topuldy, emma Çoluk han ony saklady.

Baýram, sen namartladyň, başa-baş söweşmäge bognuň ysman, bizi aldow ýoly bilen ýesir aldyň!-diýip Dudy däli seslendi.

Kakamy zorlyk bilen alyp gideniňizde,naçarlarymy tärime saraňyzda siz soradyňyzmy!Ony ilki özüňden başlamaly ekeniň, onsoňam, bu ýer mertlik görkeziljek ýer däl, çagalaň, aýallaryň ýanynda darkaş gurup bilmeris.Seni Agdar hana tabşyraýyn, ol rugsat berse kimiň namart, kimiň mertdigini görübermeli bolar...

Rejäň geň däldigini aňan Dudy däli çöküne düşüp ýalbarmaga başlady, aglady:”Men günäker däl, meni mejbur etdiler,men..” Adamlara ejir görkezen,men plan etdim, pismydan diýip öwünýän adam, zörledip dursa birhili boljak ekeni...

Biz geçip barýan ýesirleriň yzyndan seredýärdik, Ene bolsa ýüzüni tutyp çöpe- çöre siňdi gitdi, özem bize: „ Seretmäň gözüňiz kör bolar!“ diýip gygyrýar, Şammy kel böwrüme dürtüp – men onuň böwre dürtmesinden bizar bolýardym:

Eý Çoluk, ýaňkylara gowy seretdiňmi?- diýdi.
Hawa, seretdim.
Olaryň iki şahy bar , dişlerem öňe çykyşyp dur-laýt!
Ýok , men-ä görmedim, biz ýaly adam.
Men kellelerinde şahlary barmyka öýütdim.
Şammy, şu gezeg-ä güjügi uçurşyň ýaly çypdyrdyň öýdýän?! – diýip, men ýylgyrdym.
“Şeýleräk boldy” diýýän ýaly ol boýnuny burdy.
Bir gezek goýun bakyp ýörkäk Şammy böwrüme dürtüp „ Asmandan güjügiň sesi gelýär!“ diýdi, asmana diň saldyk, seretdik, eşidilýän, görülýän zat ýok,beýleki çagalaň ýanynda Şammyny masgara etmejek bolup-“Haw-waýt, şu gün ir bilen Amanmyrat kakamyň ýaňy güjüklän ganjygynyň bir güjügini çaýkel göterip ötägitdi, bi şonuň sesidir” diýip, onuň aýdanlaryny tassyklan boldum-da,soňundanam budundan çümmükläp”Ýerden bir aýagyňy üzme how, ýogsam, maňa kyn düşýär!”- diýdim. Men „Güjügi uçuryşyň ýaly“ diýip , şu wakany ýatlapdym.
Biz häzir ilkinji gezek duşmany ýakyndan synlaýardyk, olaram sary , gözi gök diýýäýmeseň, biz ýaly adamlar ekeni.Käbiriniň aýdyşy ýaly, öňe çykyp duran dişem ýok, betgelşik nyşanam ýok. Şol wagt ýüzüne ýaglyk saran ejem ylgap ýanymyza geldi.
Eje, ýesirler Sary ýegene meňzäpjik dur!
Sen nä kör boljak bolýarmyň?!
Seretdim, kör bolamag-a !
Ýagşam bir iş edipsiň, kapyryň adyny agzama , seretme özüňem!Onsuzam olar ors dilinde okatjak diýip, dilimizi ýitirjek bolýarlar. Alla jan , aň bilmez çagalaryň günälerini geç, gözlerini kör etme, ýüzlerini gyşartma, men bulara gaýdyp kapyrlara seretmez ýaly ederin!Hany, düşüň öňüme, çalt boluň!- diýip, ejem bizi alyp gitdi.Asyl diňe bir ejem däl, çargatly-çarjowly gelin-gyzlaram ýesirlere seretmejek bolup, şunkar gören çymçyk ýaly ýüzlerini ýapyp, çöpe- çöre siňipdiler.Olarda

kapyra seretseň gözüň şel açar diýen düşünje bardy. Häzir welin,ejem bilen barýarkam, dyr pytrak öý goşlarynyň arasynda ýaş çagalaryny goltugyna alyp , uz ýaşynyp, bir zatlar bilen gümra bolýan gelinleriň, gelene mölerlip seredýän çagajyklaryň misli bir toýa äkidiljek ýaly iň gowy eşiklerini geýişlerine , şaý-sepleri dakynyşlaryna seretdigiňçe seredesiň gelýärdi.Erkek adamlaram, atamdan öňňesi diýäýmeseň toý eşiklidi. Diri adama zat gerek diýleni-dä, ýogsam, beýle howply hatarly ýolda bezenmegiň zerurlygyna düşünýän ýokdy. Diňe bir nobatdaky göçüljek bolunanda yzzanda çuwanlyk bolaýmasa , häzir-ä, aň bilmez çagajyklaram öz geýen eşiklerine bap geljek bolýan ýaly akyllyjadylar. Goşa gelenimizde Ogultäç gelnejemiň ýanynda ,gumuň içi bilen ýolsyz- ýodasyz, üzlem saplam bolup gelýärkäk, göçe gelip goşulan galtaman Öwez meňliniň gaýtarmasy Ogulnabat bardy.Ol aýagy gyrma köwüşli, düýpli gyňajyny örkünjek atynan, bili gülli guşakly, çabydynyň üstünden hywa donuny geýen görmegeý gelindi. Galtaman adyny alan Öwez Meňli, Ata Mäneli bilen oňyşman, bir topar atly bolup, Sandykgaçydaky mekdepde okaýan bu gyzy gyzlaryň içinden saýlap, özüne aýal edip alypdy hem-de üsti gülebent edilen daýaw erkegiň üstünden düşürmän alyp gelipdi. Dogrusy, Öwez galtaman ýaly biriniň gyzyny zorlap alýan, ýa ogurlyk, eli egrilik edip at gazanan galtamanlaryň başga-da birnäçesi yzarlanmadan gaçyp, bosgunlaryň arasyna goşulypdy, şeýdip, bir damja reňkiň arassa suwy zaýalaýşy ýaly, günäsiz bosgunlara “basmaçy-galtaman” atlaryň dakylmagyna sebäp bolupdy.

Şol çünüň öýläni,güýçli söweş gidip durka, Şammy,Ene üçümiz oýna gyzygyp, bir oýda otyrkak, Maral, eli,aýagy saralgy bir adamy südürläp alyp geldi-de-Gaçypdyr nejis, alyň jeza beriň,saklaň,men söweşmeli-diýip,ylgap yzyna gitdi.

Dudy kaka!-diýip,Ene onuň elini çözmekçi boldy. Çözme-diýip,men garşy çykdym.

Enegül,Çolukjan,men Durdy kakaňyz,öňki çopanyňyz.Çolukjany boýnuma mündürip göterýärdim,ýadyňa düşýärmi,Çoluk jan?

Hany aýt,haçana çenli sen dini kitaplary,Gurhany okaýar diýip, bizi kowalap, horlap ýörjek,eý tagtabit diýsänim-diýip,Şammy agaç gamasyny onuň böwrüne gezedi.

Walla,men garantga,bilýän zadym ýok,elimi çözseňiz sizi çagalar öýüne tabşyrjak,iýdirjek,içirjek,okuwly etjek.

Demir gapyly,demir gözenekli,demir haýatly jaýa saljakmy?Ilki salyp soňam atarsyň,şeýlemi?-diýip,men soradym.

Ýok,Çoluk jan,senem bir atyp bormy,Alladan,Gurhandan mähriban serdarymyz Çtaliniň adyndan ant içýän!Eger günüme goýsaňyz, serhetden arkaýyn geçer ýaly şert döredерin,ýöne,meni ýaňky ajdarha ýa-da Baýram Bykowla bermeseňiz bolýar.

Çoluk!Ene ikimiz oňa ynanýarys,senem bize goşulaý.Alla ynsany dowzah bilen gorkuzýar,jennet bilen höweslehdirýär.Belki, munam gorkuzandyrlar?-diýip,Şammy maňa naýynjar garady

Bular ýaly seň dowzahyňy,jennetiňi bilermi,boşatsak,antyny ýuwdup,ýene üstüňe ýarag çenäp durandyr-da.Ýok,men oňa garşy.

Çoluk jan,Durdy kakam çopanymyz boldy,gepe gidip adalat ýolundan azaşdy,özem men garantga boldum diýýär-ä,indi ol iýen duzuna ikilik etmez-diýip,Ene ýalbardy.

Çoluk,menem Enäň aýdanyna goşulýan,gel, bir gezek oň sözüne ynanyp göreli!-diýip,Şammy kel boýnuny burdy.

Ýok how,men-ä göwnämok.Ol adam diýen zadyň nämedigini bilenok,oturan kürsüsi üçin öldürmekden gaýdanok,ýöne,şu etmişleri üçin özüniň hem çüýrän alma ýaly ýok bolup gitjegini aklyna sygdyranok.Ol biçäräni goradymy,ýykylany galdyrdymy,ýetim sakladymy,ajy doýurdymy?Ýok,gaýtam,azm edip biziň rahat durmuşymyzy ýumurdy.

Kakaňy gazamada dykanlygy üçin gaharyň gelýändir,men ony bilýän-diýip,Şammy ýüzüni sallady..
Onda meň günäm ýok,çopandym,birdenem dikme bol diýdiler,boldum,garantga ýaly aýdylany ýerine ýetirdim,wessalam-diýip,Dudy däli gözünden boýur-boýur ýaş döküp aglady.Uly adamyň aglamagy maňa erbet täsir etdi.
Ýeri bolýar,biz üçlük bolup seni boşadyp goýberýäris,ýöne sen ýene ene-atańdan,Gurhandan ant iç!
Özem,ýüzüni käbä tutup ant içsin-diýip,Ene ara goşuldy.
Dudy däli,töweregine garanjaklap, biziň talabymyzy iki aýtdyrman ýerine ýetirdi.Onuň biziň elimizden sypmagy üçin iň amatly pursat-häzirki pursatdy.Sebäbi, eline ýarag alyp bilýänleriň bizden öňňesi söweş meýdanyndady.

Maral-a, gaçyp barýan ýesiri tutup getirdi.Kimem bolsa içimizden biri,Gara Ýowşan ony boşadyp goýberendir,ýogsam ol gaçyp bilmeli däldi.Indi bizem ony şeýdip boşadyp goýbersek,olam "men siziň göwnüňize degdim,bagyşlaň" diýip, bizi serhetden geçirip goýberer öýütdik-de,ony boşatdyk.Ýöne küýküni gabyr düzeder diýlişi ýaly ony öldüräýmeseň düzedip bolmajak ekeni.

Şol gün biz, elguş bilen aw edýän, awdan maňa kösük getirýän , atyny seýisläp, tup yssyda möjek kowalap tutmagy başarýan, oňa sylag baryny alyp, ýedi çagasyny hor- homsy etmeýän Amma kakamy Öküziň kakynda jaýladyk.Onuň ölümi atamyň ujagyndan ýaýran otuz bäş adamyň ölüminiň başlangyjy boldy, şolaryň otuz altynjysy bolsa mendim. Öňräjik,üstümize abanýan aýylganç howpy aňan ýaly atam Amma kakamy, Mämmetdurdy, Ýagdy kakamy, gelinleri ýygnap şeýle diýipdi- "Köşeklerim, siziň batyrlygyňyza, gorky-ünjüni bilmeýänligiňize ynanýan, biziň elimizde şemhal, garanil,duşmanyň elinde bäşatar, onbiratar, piliňbudy , beýleki aýylganç güýçli ýaraglar, biziň münýänimiz at, eşek, düýe, duşmanyňky polat at, uçar,onsoň, batyrlygy sapalak bilen utgaşdyryp goranmany başarmaly, „Hudaýdan gorkmaýandan gork, hemem Hudaýdan"

diýen aýtgy bar, Hudaýdan gorkmaýan adam atmany it atança-da görmez, janyňyzy gaýgyryp, özüňizi goraň! Neslim bir tükenmesin!" Atamyň aýdýanlary dogrydy,şonda-da näme,uruş ýitgisiz bolmaýardy, ýitgi bar ýerinde gözýaşlar derýa kimin akýardy. Aglamaz ýalam däldi, watanyňy terk edeniň-ä edeniň, ýöne bir gidibermeli hem däldi, ýaňyja bileje barýan ýan ýoldaşyň, ýakynyň , dost- ýaryň guma garylýardy. Berlen ömürden artyk ýaşap bolmajagyny bilsegem, her kim bu iki günlük ýalançyda sütem –jebirden daşda durmagyň arzuw hyýaly bilen ýaşaýardy, emma, Öküziň kakynda , Parsy guýyda duşmanyň çekdiren jebir sütemi hiç bir zat bilen deňär ýaly däldi. Muny beýik Magtymguly bilen Omar Haýýamdan gowy aýdyp bilen ýokdy,Magtumguly:

-Orramsydan bolan orramsy begler,
Ýurdy bir ýanyndan ýyka başlady - diýse, Omar Haýýam:

Gökde bir öküz bar, Parwinmiş ady,
Aşakdaky biri – zemin zurýady,
Syn **et, arasynda iki öküz**iň ,
Eşekler hars urýar, çekdirip dady-diýýär....

--7–

Taryhdan parça

Porsy guýy basmaçylaryň esasy merkezleriniň biri bolansoň, oňa barýan ýollar her hilli çukurlar, ýer asty geçelgeler, çuň ganowlar, belent depeler bilen berkidilendi,ýerli ýagdaý söweş alyp barmaga amatlydy, onsoňam olaryň müňe ýakyn nökeri bardy.

Porsy guýy söweşi uzynly gün dowam etdi, agşama ýakyn basmaçylar dişine çenli ýaraglanan dyzyl goşuny aldow ýoly bilen dargatjak boldular, ýagny, eli ak baýdakly bir basmaçy atyny ýüzün saldyryp geldi-de, komandir Lomanowa hat gowşurdy, onda" Siziň güýjüňizi gören basmaçylar parahat ilaty

taşlap gaçyp gitdiler , arkaýyn geliberiň” diýilýärdi. Maslahat berenlere gulak gabartmadyk komandir,öňe hereket etdi, iki kilometr geçende belent depelerdäki basmaçylara gözi düşüp,söweşe girdi,üç sagada çeken uruşda gyzyl goşun kynlyk bilen ýeňiş gazandy, ýöne, graždan urşunyň gahrymany, Zakaspiý frontunyň öňki serkerdesi Sokolow öldürildi. Şu urşa 82-nji Aktýubin atly polky, Türküstan atly goşunynyň 84-nji polky, özbek atly polky, dag atyjylar diwiziýasynyň aýratyn topary , I-nji we 2-nji Türkmen atly polky , Ýakup Kulyýewiň,Durdy Täşliýewiň başda durmaklarynda harby mekdebiň okuwçylary, 83-nji Begalin atly polky, 45-nji Merw, 46-njy Aşgabat serhet toparlary, GPU-nyň 10 –nji atly polky, Orta Aziýa birleşen harby mekdebiň okuwçylary we ýene-de birnäçe bölümler gatnaşdylar.... Agzalan kitabyň 143-nji sahypasy .

Awtordan: -Söweşe gatnaşan uçarlar barada näme üçindir taryhy ýazgylarda ýatlanylmaýar,ýogsam olar bosgunlaryň geçen ýolunyň dowamynda irginsiz çozuşlary edipdiler. Sowet Hökümeti ony halk köpçüliginden gizlin saklapdyr ...

Gamakly guýysyna barýançak duşmanlar irginsiz hüjüm etdiler, her hüjümde nirede oýnap ýörenem bolsak , ejem meni gözläp tapdy we uçarlaryň agyp –dönüp taşlaýan şyrdak ýaly gara bombosyndan gorajak bolup, bagryna basdy. Gara gaýyş telpeginiň , penjeginiň myrdaryny aşyryp, uçardaky adam, nebir iş edýän ýaly, käbirirmiziň gorkup gaçyşyny görüp, hezil edip gülýär.onuň ýüzi maňa gaty aýylganç görünse-de, bir zat weli aýan , öňe çykyp duran dişi ýok ! Hajar daýza “Şammy,ýeke dikrarym nirede “ diýip, naýynjar ses edip aglap gelerde, oglyny sagrysyna alyp gider, ýa-da Şammy ejesine, ejesi Şamma tarap gol gerip ylgar, olaryň bolşy misli bir diňe üstüne howp abananda birek-birege has ýakyn durmagy ündeýän ýalydy. Ýarasy bitmedik Durdy awçy süňki döwülip, diňe

saçuzynda saklanýan elini egri gylyjy bilen kesdi, kesilen golunyň ujuny goýnuň gaýnap duran guýruk ýagyna basdy, ýarasyna özi em edip, sag elini Hajar daýzaň gazan çukurynda adam jaýlan ýaly edip jaýlady,şeýdip saz çalmadan ömürlik mahrum boldy.

Duşmanyň çozuşy köplenç bosgunlaryň sag,sol tarapyna we yzky hataryna gabat gelýärdi, onsaň köplenç iki gyradan , yzdan gelýän mal garalar, adamlar heläk bolýardylar, hiç wagt bosgunlaryň öňünde söweş bolmandy,ýogsam, halky saklajak bolýas diýişleri ýaly, ony etjek bolsalar adamlaryň öňüne böwet bolmalydylar,yza gaýtarmalydylar. Orta gurpde barýanlaryň arasynda ýitgi onçakly däldi, munuň özi gyzyllaryň ilkinji nobatda mal –garany, goranyşa goýlan ýigitleri ýok etmegiň kül- külüne düşenliginiň alamatydy.

Bu günki söweşde azyk ýükli düýämize ok degdi, oňa ýüklenen ýüki eşegimize geçirmeli boldy. Ugramaly bolanda ýetim galan köşekleriň şagallara şam boljagyny göz öňüme getirip bozuldym, emma etjek alajym ýokdy. Atam ýagdaýymy aňan ýaly „Enesiz köşek ýanymyzdan ýöremez, ýükläýin diýseňem eşegiň ýüki ýetik, sür eşegiňi!“ diýdi, men „galaly,ata“ diýip agladym, emma maslyklaryň, jesetleriň yzzan-çuwanlygyň içinde ýatyp boljak däldi, otyrypda, onsoň „ Hyh, janawer, hyh!“ diýip, eşegimi idip ugradym. Ýöresemem ýöredim welin ýedi çakrym geçmänkä, günüň gyzgynyna saň- gaty bolan çaryk aýagymy gan-gabarçak etdi. Çykaraýyn diýsem ýandakly meýdan, dişimi gysyp, bir ýerde durulýança zordan çydadym.

Ata, çarygymy çykaraýmasam boljak däl!

Çykaraý, köşek! – Atam gan öýen ökjäme seredip, horjynyň içindäki torbany silkende, gulan tezegi, ýylan goňagy, jykjyk, hajjyk , maýdaja düwünçeklere düwülen derman otlar pytrap gitdi. Ol torba suw guýup, bir-birine degende ses edýän gulan tezeklerini oňa atyp çaýkalady-da : Köşek, aýagyňy torba sokda biraz sakla, ýaradan nam-nyşan galmaz – diýdi.

Aýagymyň azary köşeşdimi nämemi, atamyň çalmarynda uklap galypdyryn, turup seretsem, ýaralar bitip gidipdir.. Men atamyň danyşmentligini welitaraşdygyny, akyldardygyny bilýärdim, indi tebipliginede göz ýetirdim. Aýagymy görkezeýin diýip barsam, atamyň ýanynda Agdar han. Men edep bilen salam berip, çöküme düşüp oturdym.

Ýaraň bitendir köşek, ýatyşyňdan aňdym, azajyk otyr, Agdar han bilen söhbeti soňlaýyn.

Belkuly aga, azyklar-a gutardy, aç çaga-çugalaryň agysy, azary artdy, zenanlary düýelere mündürip bolanok, çelekleriň suwlary, golçalaryň gowurdaklary taňkyrady, gyzylbaş nowruzam birhili guraksy geldi, ýogsa ýuwa-ýelmik diýermiň....

Alla bize kuwwat berer, penasynda saklar.

Ol-a dogrul-a welin... Nämede bolsa siz bir köpi gören adam, şu ulgam-ulgam alaňlaryň ýaz oty guşaklygyňa ýeterdi indi şol bir takrowsylyk... Ýogsa-da ýaşuly, göçi bölek böleklere bölsek nähili borka? Ortakaka barsak toparymyz has-da köpeler, marydan, gökdepeden syçmazlar, ilerden gökjeliler, çaşgyndan şagalllar, gyrdan atalar gelerler, owgan serhedine bolsa 16-17 menzil bar, ýolam batgyn, alaňlyk..

Howply ýolda bölünseg-ä bolmaz, onda duşman rüstem geler! Hany, agam bilen maslahat edeýin diýipdiňle, nähili boldy?!

Wah,şol dönük bilen gepleş diýmäň,ony görenimden syrty... –Agdarhan,ol,agaň,ahyryn! Hawa,birisi agam,beýlekisi daýym,ýene biri ýegenim,olaryň bary duşmanym,haýsy birini göreýin!-Inçeden orta boýly Agdar hanyň ýüzi gara örtdi,dodaklary ýaryk-ýarykdy.Bosgunlaryň garamaty ony halys çökeripdi.Çökermez ýaly hem däldi.Ilki başdan ýigrimi müňe golaýlan bosgunlar azalyp,ýedi-sekiz müňe gelernem bolsa,olaryň azyk üpjümçiligi onuň boýnunady.Ýöne ol ýol ugruna azygy nireden alsyn?Her bir adam öz ýagdaýyna anyk göz ýetirýänem bolsa,hiç zat tamakyn bolmaly däldigini bilse-de,ýene umytly nazaryny Agdar hana

gönükdirýärdiler,Han handyr,her bir kyn ýagdaýdan çykalga tapar.Çykalga tapyp bilmejek bolsa “Han”diýmezdiler”.Bosgunlaryň umytly garaýyşlaryndan şu soraglary okaýan,zanny galjaň,ýadamany-ýaltanmany bilmeýän Agdar han jogap tapyp bilmän has-da kiçelýärdi.Onsoňam,dogan-dogana ýarag göterer diýip kimiň kellesine gelýär?Her zatda bolsa,bu ýerde geçirimlilik etmeli,parasatly bolmalydy. Han,geçirimli bolmaly,bizde başga ýol ýok.-diýip,atam onuň pikirini aňan ýaly seslendi-Hany,wekil ugratjak diýýärdiň-le?

Gaýtam onuň özi wekil ugradyp: “Ýesirleri çalyşsaňyz ýa boşatsaňyz Jojuklydan päsgelçiliksiz geçmegiňizi üpjün edeýin, azyk bereýin“ diýýär,bizde bolsa,çalyşar ýaly duşmana ýesir düşen ýok!

Hany,Porsy guýy, Ýomut gelen guýularynda ýesir alan adamlary?

Olary Aşgabada ugradypdyrlar,onsoňam olar ýesir däl,bizden aýrylyp galan çarwalar.

Eýle bolsa, wekili çagyr, agzyny ysgap göreli!

Bosgunlaryň han-begleriniň ýanyna Bäpbe çasa meňzeş keltejik, arryk, neşe edýänligi üçin dişleri garalyp giden adamy alyp geldiler.

Men ýesirleriň bahasyny biçip berjek!- diýip,atam gelen wekile ýüzlendi, otyranlar gyzyl-kümüş, mal-gara soralar öýdüp, bilesigelijilik bilen dymdylar-. Sen her bir ýesiriň üçin eliň degenden kül- yşak bolup duran çaryk getirersiň !

Çaryk diýdiňmi?Oň ýarasy ýeňille,çarykdan bol zat ýok,getireris!Iň ýaman ýeri biz sizden dilegçi bolýas,näme talap etseňiz hakyňyz bar,sizde ýesir düşen ýekeje adam ýok,näme diýseňiz hakypyz bar!- diýip, wekil soragly nazaryny atama dikdi.

Munuň aňyrsynda uly bir syr ýatandyr öýdüp pikirlenen Bäpbe ças gonjyna gor guýlan ýaly birden syçrap galdy.- A-how, adamlar, muňa nähil düşünme-laýt, hä, goý,

gyzyl-kümüş bolmasyn diýeli, bolmanda ok-ýaraga bir çalyşmaly ahyr, köne çaryklary başymyza ýapalymy , hä! „Wäşilik bihuda ýaňraly-ga däl, melhemdir jana, samsyklary ha-ha- haýlap güldürer“ diýenleri, ýöne häzir wäşiligiň ýeri däl, ýaşuly!

Gowur artdy, Bäpbe çasy goldaýanlar , garşy çykanlar tapyldy, Bäpbe bolsa ýaňadan ot aldy- Meret serdar. Ýowşan ýoluk, Baýram batyr siz näme agzyňyza suw alan dek otyrsyňyz , hä,ýa bu ýerde başga bir syr gizlenip ýatyrmy!?

Nähili syryň ýatanyny bilemok, ýöne ýesir çalyşmaly bolsa biziň ýomutlaram galmasyn, ýogsa-da, topar beriň, duşmanyň çanagyny-çemsesini dargadyp, ,oglanlary alyp geleýin! – diýip adynyň yzyna serdar goşulmasynyň goşulanyna monça bolan Meret tentek seslendi.

Hawa, şeýle özün-ä !- diýip Baýarm bykowly gummi-summi etdi.

Ýerbentden Owgan serhedine çenli ýola belet , Annaguly han, ýatan ýeri ýagty bolsun bendäniň „ Ýol beledim bolarsyň !“ diýip, meni ýanyna alypdy, Ýeroýulandan duz çekip Mary iline satypdym. Men ortalyk adam ýöne, Agdar hanyň ýesirleri boşatjak bolmagy göwne müňkürlük tohumyny sepýär, dogany Halmyrat Gotur bilen diňe öz kowumlarynyň aladasyny edýär- diýip , uk ýaly arrykdan uzyn çokga sakgal adam seslendi. Oňa Ýowşan Ýolly diýerdiler, gaýtmankak guýynyň töweregine gonan uçardan soň peýda bolupdy, Şammy ikimiz oňa „ Gara Ýowşan“ diýerdik

-Munda bir syr gözläp, göwne guman getirip ýörmäň ,Agdar han halkynyň aladasy bilen gezýär, onsoňom, düşünseňiz munda çuň many bar, düşünmediklere düşündireýin, muny ýöne bir oýunlyga salyp edemok, biziň ýanymyzda ýesirlerin bahasynyň näme durýanlygyny duşmana duýdurmak üçin, namyslary bar bolsa goý, „tükgerip amanatyny tapşyrsynlar“ diýip etdim.

Atamyň bu sözünden soň Bäpbe çasdan başga sesini çykaran bolmady, ýöne, olam şol günüň öýläni sekiz sany haýy giden çaryga 8 ýesir çalşylanda sesini çykarmady, belki, atamyň herekediniň düýp manysyna düşünendir, belki, düşünen däldir, ýöne bir zady welin men soň-soňlar bilip galdym, olam, çaryga çalşylan duşman ýesirleri gaýdyp biziň garşymyza uruş etmekden ýüz öwrüpmişin, diňe Dudy däli lebzini ýuwdupmyşyn. Bu meniň şol wagtky gelen netijäm, hakykatda welin şondan soň bize öňküsindenem gazaply darap başladylar. Biz, mejbury ýagdaýda elimize ýarag alanan bolsak,uruş tälimlerini heniz onçakly bilmeýänem bolsak, ata-babalaryň häsiýeti,ruhy siňen bedenimizi, watana,ata-enä bolan söýgüden ,terbiýeden,däp-dessurdan,daşymyzy gurşan adamlardan ruhlandyryp, gaýduwsyzlyk bilen garşy durýardyk. .Atam Hudaýa ýalbarýardy: „ Gudratly Taňrym, duşman lebzini ýuwutdy, ýazyksyz bendeler gyrylyp dursa soňumyza sogan ekiler, biz, bäş wagt namazymyzy okap, seň adyň bilen ýatyp turýarys, agzymyza hapa söz alamzok, iki jüýje uruşsa araçy bolýas. Näme üçin bu belany üstümize inderdiň?! Gudraty güýçlim, öňde-soňda bir inerim galdy, ony ýoluňa sadaka berýän kömek et!...“ Atam şol gün ineri soýduryp , bişirip bermäge mümkinçilik bolmansoň özüňiz iýersiňiz diýip bosgunlara paýlady, kakam onçakly bir namazhon bolmasa-da , köp dogalary okady, ejem gijesi bilen doga- dileg etdi, ertir oýanamda hem sesi gelýärdi, „Irden sag-aman örenimize şükür edýän , her kimiň ojagyny gorap, birek-biregi gerekläp-arzuwlap ýörmegimiz uzakdan bolsun, jan Alla! Möjek ýaly topulýan meshebsizleriň temmisini bereweri, jan Hudaý! Nähili gowy günümiz bardy töweregimiz giden sonarlykdy,bolçulykdy, towşan-towdaryny çykan ýeriňde taýak bilen alybermelidi, buglama edip iýerdik, mele-myssyk çöregiň ysy müň menzile ýeterdi, hany indi o zatlar? Sekiz ganat ak öýüň içinde towsuşyp- ýaýnardyk, sözeni- durşuna özeni ýakyp, onuň yşygyna gözel keşdeler çekerdik, çopan tüýdüginiň sesi eşidiler

durardy, ony bize ýat etdiň jan Alla! Türkmen bir namysjaň diýäýmeseň, kişi zadyna göz gyzdyrjak, kişi üçtüne sürünjek halk däl ahyr! Ertiriň tämiz howasynda çöküme düşüp ýalbarýan, bizi hor etme, iki dikrarymyň başyny dik et, beladan sow, ýagmyr ýagdyr , içere suwumyz, ýugura unumyz ýok, kömek et,jan Hudaý, ýalbarýan!“

Är ömri geçensoň bu wakalary jikme-jik gürrüň berýänligimiň sebäbi häzir adamlar azygymyz gutardy diýip, bir güne çydamadyk boluşyp ýörler, men welin şol wagtlar nandan başga zady agzyma alasym gelenokdy, Hepdeläp nan iýmeseň uly täretiňem gelmez ekeni. Halmyrat goturyň kömegi degdimi, ýa,duşman esgerleriniň goş haltasyndan düşdümi, bilmedim, bir gün kakam bir bölek ors nanyny getirip „Ilki gabygyny soruň, köp iýseňiz ölersiňiz “ diýip, Şammy, Ene üçümize azajyk döwüp berdi.Özüme berlen nany badabat bokurdakdan geçirdim, ýene iýjek bolsam, öňümdäki nan gürüm –jürüm boldy, ejemdem sorasam „ Kapyryň nanyny iýenimden aç ölenim gowy!“ diýýär.Şammy kel bolsa içim agyrýar diýip, çermegini çekip, ylgap gitdi, garny pökgeripjik dur, nany köýneginiň içine salan bolmaly. Onuň yzyndan ýetip temmisini berip bilýärdim, emma ýüregim etmedi, kakasy maýyp, ejesi meň ejem ýaly dogumly däl.

Oglum, zadyňy dostlaryň bilen deňje paýlaşgynyň, kömek etseň kömek ederler, ýagşy hereketler yzyna dolanýandyr, ekeniňi alarsyň , başga ýol ýokdur . Men Garry hoja görgülini söweş meýdanyndan göterip alyp gaýtdym, „ Meni taşla, gaç, janyňy gutar, baribir ölýän “ diýip ol ýalbardy , taşlamadym, taşlasam, bu dünýäde nädip ýaşaýyn? Taşlan bolsam başga biri menem taşlar-da ! Pylany kyn günümde goltgy berdi, ölümden halas etdi diýdirip bilseň şondan wepaly dost,ýakyn adam tapmarsyň , sebäbi onuň aňynda „meni halas etdi“ diýen bimöçber bergisi ýatyr- diýip, kakam pikirimi aňan ýaly öwüt berdi ....

Ene, Mämetdurdy kakamyň gyzyny, elinden tutup ejemiň ýanyna getirende men gyşlaky, sakar guzyjygym bilen oýnap ýördüm.

Eje, bu gyzyň gulagy agyrýar, Oguldursun gelnejem „Ataňa görkez diýdi“ diýip Ene dillenende, beýlede, eşegiň bilçekisini gaňňa daňyp duran atam eýýäm keseliň emini tapan ýaly „ Köşek, onuň gulagyna saryýag damdyr!”-diýp,ejeme gygyrdy.Ejem kiçijik küýzeden saryýag alyp , Jahanjygyň gulagyna damdyrdy. Az salymdan bir ujy çowly,bir ujy tämmi, başam barmak ýaly gurçuk zomlap çykdy, „Sen ýeke-hä bolmaly däl!“ diýdi-de,ejem ýene ýag guýdy, şobada üç sany daýow gurçuk yzly-yzyna çykdy,”Wah, görgülijigiň gulagyna gurt düşäýen ekeni, çaga sereder ýaly boldumy.. Byfff, bulary, eý, Hudaý, saçyna-da bit düşüpdir,edil çynmaçynyň bazary ýaly, hany dur, munuň tohumyny tükedeýin!“ Ejem ysy ýakymlyja suwuk ýagy saça çaldy, tohumy ýaýramasyn diýip, Enäň, meniň, ýetip geln Şammy keliň saçyna-da çalyp çykdy.Duşman birahat etmese, gün gowy gyzanda biziň eşiklerimizi çykaryp çäge gömjekdigini, eger peýda bermese oda tutjakdygyny, şeýdip bitleriň, soňuna sogan ekjekdigini ýaňzytdy . Ýagyň ýakymly ysy atama hem ýeten bolmaly ol „ Berekella, köşek, nepýagy gorap saklapsyň , bolsa-da, eliňe bir zat düşse eşrepi ýaly tutmak üçin seňki ýaly üşük, pugtamanlyk gerek, şeýtana goýnuňda yssy ýer bermezlik gerek, men bolsa, häýit, ýagymyz gutardy diýip ýördüm”diýip , ejeme mähir bilen garady , ejem ýaşmagyň aşagyndan üm bilen“Nepýag ýene-de bar!“ diýýän ýaly çüýşäni atama görkezdi.

Gördüm, köşek, gördüm! Saňa aýtmagam gerek däldir welin, berk saklagyn, bir damjasy gotura dermandyr-diýip, atam eline suw akytmak üçin egilende, daşy kemerli garaja tüňçämiz asmana zyňylyp gitdi, goýun gumalagy ýaly gülle onuň böwründen gapy açan bolsa nätjek! Gorkuma balagyma goýberäýipdirin.“Wah, weheý, ýaşytdaş abzalym , sanalgyň dolaýdymy?Bu jelegaýlarda aw edenimde ýanymdadyň , iki

tarapy guma direýän, adam girse görünmeýän borjakly meýdanda gaplaň bilen ýüzbe-ýüz bolamda aljyrap, seni gaçyrypdym , iki gündenem tapypdym , elli ýyldan soňam seni bu ýerde taşlamaly boldum”diýip, atam çöküne düşüp gözýaş etdi,ýerinden turjak bolanda sandraklady.”Garynjaň çakyndan artyk ýük göterjek bolup,ýykylyp – sürşüp ýörşi ýaly,garrasaň aýagyň ýer tutmaz ekeni, güýç- kuwwat galmady, jan Alla, meniň janymy alda, Ýeroýulana ýetmekleri üçin bosgunlara ýardam ber!...”

Oglum, “ýagmyr ýagdyr Soltanym!” diýip dileg et,Alla çagaň dilegini eşidermiş, barja suwumyz ýaňkyja taňkaň içindäki-di-diýip, ejem maňa ýüzlendi,soňom , Hudaýa ýalbarmaga başlady.Menem,Hudaýa ýalbarmak üçün egilenimde gözüme çöp çümdi.Ene,gözümdäki çöpi çykaryp,saryýag çaldy we sarady,şondan soň öz ýanymdan göze-görünýän-u görünmeýän zatlary sazakdyr-selinler,çigildemdir-gülleri,owşardyr-çerkezleri,keýikdir-gulanlary,bürgütdir-barslary,Hudaý bilen bile kömege çagyrdym,sebäbi atam aýdypdy:”Tilki adam ekeni, ejesi namaz okanda ýeňsesine dürteni üçin Hudaý ony tilkä öwrüpdir, doňuz adam ekeni, matany kem ölçäp bereni üçin doňza öwrüpdir, garga adam ekeni, garaýürek bolup, görene ýamanlyk edeni üçin, Hudaý ony gara garga öwrüpdir”diýip, häzir, öň adam bolan tilkinem, doňuzam, garganam „bizi beladan gora,suw tapyp ber!“ diýip kömege çagyrýardym.Birdenem, adyna agzanyma mähetdel, ýanymda gonan zakyja garga gözüm düşdi,meň ho günki agsap gelşim ýaly olam sag aýagyna agsaýar. Ilki ol galan gaçanlary çöpleýändir öýtdüm, bir seretsem olam däl.”Ýagşy söz ýylany hinden çykar“ diýlene uýup, kisämdäki galanja gowurgadan onuň öňüne sepeledim. Ol göwünli-göwünsiz çokalan boldy, beýleki gargalar gelende bolsa,orta geçip „gazak, gazak“ diýip, nämedir bir zatlary „samrady“,beýlekiler ganatlaryny ýaýyp “gak-gak-gak“ diýip jogap berdiler. Guş diline düşünmesem-de, „Eger olar bize ýakyn, mähriban bolmadyk bolsalar duşmanyň

golaýyna gonardylar“ diýip pikirlendim. Şol wagt sakarja garga aýagy bilen gum peşäp uçdy- gondy,ýene gum peşedi. Be, ol bir zat diýjek bolýarmyka?. Haçanda , bu geň ahwalaty beýleki gargalar hem gaýtalap ugranda men- Seret eý, olar nähili keýp çekýärler- diýip,ýetip gelen Şamma ýüzlendim.

Olar keýp çekenoklar, basym uçarlar geler,goranyň, gizleniň diýip bize duýduryş berýärler.Seret, asmana galyp, daş ýaly ýere gaçýarda gum sowurýar, bu onuň “uçar maňa meňzeş zady taşlap, adamlary,mal garalary paýhynlar, häzir boluň!” diýdigi-diýip,Şammy bir zat tapdy oturuberdi. Keliň gowusy köprüniň aşagynda ýatyp eşek ürküzer diýýärler welin şu kel kellelede oýun bar, bir seretseň getirýän delilleri gabat gelibem duran ýaly.

Eý, Şammy, kel kelläňi keserdip , doňuz diňini salýaňda, jahennemden habar berip oturuberýäň-laýt! Uçarlar üç günläp gelmedi, bu günem gelmez!

Aý ony görüberis!

Hawwala, çypdyrmaly bolsa-ha iki paýly ýalysyň, gel, gowusy syryk ýaly gamaklary ýygnaly, odun bor!..

Gün günorta golaýlapdy.Adatça, ir bilen çozmadyk duşman soň gara berenokdy, indi kowlener öýdmeýärdim, mylaýym, ýakymly howa , azajygam bolsa parahat durmuş , guran gamaklaryň döwülýän sesi, düýäň bagyrmasy, atyň kişňemesi, çagalaryň gülküsi meýmirediji täsir edýärdi,kä ýerde ýaňy çykyp ugran çigildem gülleri haly atylan ýaly baýyrlara görk berýärdi, bir ýerden hüwdi eşidilýärdi.

Allaý, allaý ak bäbek,
Asman dury gök, bäbek,
Ejeň pyçak çalýança,
Kakaň gylyç salýança,
Sallançakda ýat bäbek
Alla, huwwa etmäge,
Käşge elim boş bolsa,

Hopba edip gitmäge,
Saňa ýaran- baş bolsa,
Arzuw-hyýal etmäge
Çörek duzum haş bolsa,
Ejeň saha guwanyp,
Ýürejigi hoş bolsa
Huwwa, balam, huwwa, huw!
Atasyna ogşasa,
Kesgir gylyç bilbagy,
Enesine ogşasa,
Merwendendir ýaşmagy,
Ejesine ogşasa,
Ýüpekdendir bilbagy
Huwwa balam, huw, huw, huw!...

Birdenem, hüwdüniň arasy bilen „ Duw-duw-duw“ , „Duzt, duzt, duzt“ , „Ta-ta-ta“ sesler eşidildi, bu eýýäm, urşuň alamatydy. Çagalary oýtuma taşlan aýallar, keteni köýnekleriniň üstünden iki örüm saçlaryny goýberen gyzlar ellerine gyrkylyk, pyçak, gylyç alyp häzirlendiler. Bilgeşleýin üstümize kowulýanlygy sebäpli duşmanyň jotda guýruk atlary güpürdeşip, içimizde başagaýlyk döredýärdi, okuň sesine, ganyň ysyna dälilik derjesine ýetipdiler.

Yzyňyza dolanmasaňyz siziň külüňizi çykarýarlar! – diýip, kimdir biri gygyrdy.

Kim şuny aýdan, kim? Aýdyň, men onuň çanagyny-çemçesini gana bulaýyn – diýip ,Meret tentek töweregine garanjaklady.

Men gargalaryň golagoply „Gak, Gak“-laryny eşitdim hem-de göz – açyp – ýumasy salymda çöpe-çöre siňişlerini synladym. Pursat saýyn artyp barýan güwüldiden gorkup, alaçsyz asmana seretsem, çägeň reňkine meňzeş iki uçar baýryň eteginden ýetip gelýär, owsarly düýeler eýesine baş bermän patanaklap gaçýar, adamlar janyny gorap çöpe-çöre siňýär,

Şammy keliň yzymyzdan galman gelýän gürjüsi guýrugyny ýamzyna gysyp gujaga gysylýar...

----8----

Uçarlar pesaýlap, mallaryň üýşen ýerlerini peýläp, bomba taşlap başladylar. Ýüregi ýarylan ýaly bolup, ylgap gelen ejem meni bagryna basdy,Ejemiň tebigatynda enelere mahsus tebigy mähremlik bardy,meni her ädim mähir bilen garşylap,mähir bilen bagryna basýardy,kökenekleýärdi,şonda onyň ýüzi gül dek açylýardy,meň ýüzümde azajyk hem bolsa gussa görse şobada ýaprak ýaly saralýardy,sülleryärdi.Ejem bilen bile bolan döwürlerim isle agyr isle ýeňil günler bolsun tapawudy ýok, özümi edil jennetde ýaly duýýardym.Elbetde,şeýle jennetli ojagyň saýasynda mähir bilen önüp-ösen çaganyň beýleki jenneti çagalardan tapawudy ýokdur,olar halallyk ýolundan asla dönmezler.Kakam ejemi demirgazyk ýyldyzyna meňzedýär,ol asla ýerini üýtgedmeýär,diňe öz okunyň daşynda aýlanýar diýýar...Käte, soň-soňlaram ejemiň gowy görüşi,mähri ýadyma düşende bialaç gözümiň owasy ýaşdan dolýardy,saklanyp bilmeýärdim.. Ine,ejem ýene meni bagryna basdy,Hajar daýza Şammyny gujagynda gizledi , atam Ene bilen Jahanyň üstüne çäkmenini atdy, şeýdip, çagalary okdan gizlejek boldular. Bombalaryň aýylganç ýarylmasyna, piliňbudunyň „Ta-ta-ta“ –syna seretmezden Meret kakam uçganaklap duran ak atynyň üstünde iki ýana daz ýasap , asmandaky uçarlary nyşana alýardy,”Meniň bagtym geldi, ýowyň çanagyny çemçesi bilen gana bulaýyn“diýip gygyrýardy.

:Eje Meret kakam batyr , biz ýaly bukulyp ýatanok!-diýip,men ejeme seretdim.

Meret tentek Meret tentekdir-dä, samsyk ol , batyrsyran bolýandyr, samsygy ok almaz diýýändir

Eje batyry ok almaz diýenoklarmy näme?

Ýat, galdyrma kelläňi!

Ejem goluny gerip bagyrtlap ýatsada, men bolup geçýän wakalary synlap ýetişýärdim. Ýagyş ýaly ýagýan okdan birjikde çekinmän, duşmanyň alnynda Meret kakamyň batyrgaý herekedine göwnüm galkynýardy, okuň ondan sowulyp geçişini görüp, atamyň „batyry ok almaz“ diýenininiň dogry ekenligine düşündim. Onuň bu etmişi, gorkudan rüstem gelip bilmän oturan adamlarda, aýal-gyzlarda batyrlyk, gaýduwsyzlyk, duýgusyny oýardy, Ogultäç gelnejem, dört örüm saçyny başyna ören Maral dagy zenanlara baş bolup , gözleri gapyk ýaly, gyrkylyklaryny bulaýlap , duşmana topuldylar, şeýdip ganymy yza serpikdirdiler. Men saçlary biline oralan gözelleriň „Wah“ diýip ýykylyşyny, böwrüme ok degen düýäniň içegesini süýräp, ýykylýança gaçyşyny görüp ýatyryn, Meret kakam bolsa henizem „Ine, men, alyp bilseňiz alyň!“ diýýän ýaly, şol çapyp ýör, atyna özüne gülle degäýse nädersiň, diýmek gülle batyrdan gorkýar.

Meret kaka, gorkaňok-maýt? – diýip ,men ikindinara ondan soradym.

Bilýämiň näme, ölýänleri görüp köp zada öwrenişýän ekeniň , bolmasa däliräp gidibermeli- how! Ukusyzlyk, aç-suwsuzlyk, horluk , ölüm gorkusy adamy aljyradýar, keç ykbalyna kaýyllyk döredýär, gowulygyň boljagyna welin umyt döredýär,bilýärmiň näme, „Men öläýsem pylana pylan zat aýt!“ diýip, ölümini ýarpy-ýalta bolsa-da, boýnuna alanlar ölýärler, muny öz durmuşymdan bilýän, şol sebäpli hiç wagt ölüm barada pikir edemok, şeýtseň ok seni almaz ekeni!Aslynda men ölümden gorkamok. Şeýle häsýetim üçün maňa Tentek, samsyk, däli goşulmalary goşdular, goý,goşsunlar, akylly bolsaň okuň agzyna göni barmarsyň ahyr! Sizem eneňiziň gujagynda janyňyzy saklajak bolmaň-da, eliňizden gelen kömegi ediň!...

Ölümden hemmeler gorkýar,segsene ser urdum weli okdan ölesim gelenok-diýip, atam dillendi

Men özümi gorkaklaryň hataryna goşasym gelenok hä,ýöne edil gapdalymda bomba ýarylanda jalbarymy

ölläpdirin-diýip,Bäpbe ças seslendi,adamlaryň gülkülerinden soňam-Özüm aýytmadyk bolsam bilmezdiňiz-diýdi.

Köşekler,iň bir gaýduwsyz adam ýeňiş sazyny çalýandyr,beýlekiler oň yzyna düşýändir,gülle gaýduwsyzdan gorkýandyr...

Atamyň, Meret kakamyň sözlerinden soň biz, Şammy dagymyz beýdip ejemizi penalap ýatman, özbaşdak hereket etmelidigimize düşündik. Zakyja gargalaryň täsin hereketlerini düşündirmekde Şammy keliň öňden görüjiligi, bu eýýäm, biziň howpsuzlygymyzyň açarydy, herekedimiziň başlangyjydy. Men „Nähak söz diýipdirin, göwnüme degipdirin, ötünç soraýyn“ diýip, ejesiniň gujagynda gizlenip ýatan Şammydan bagyşlamagyny sorajak boldum, emme ejem „Gymyldaman ýat!” diýip, ýeňsäme bir çaldy welin „ Waý, eje!“ diýenimi duýman galypdyryn. Şu günden soň biz gargalaryň kömegi bilen halys ysgynyňy alýan uçarlardan goranmagyň tärini öwrendik. Atam aýtmyşlaýyn „Kömek üçin Hudaý tarapyndan iberlen“ guşlaryň asmandan inip, ýer peşemegi bilen, Şammy ikimiz herimiz bir tarapa ylgap „Gizleniň, uçar gelýär!“ diýip habar ýaýradýardyk , şeýdip , Meret kakama,adamlara elimizden gelen kömegi edýärdik . Biziň duýdurşymyza ilki ynamsyzlyk edenem bolsalar , soň düýelerini çökerip, eşeklerini oýa salyp, üstüne çöp-çalam atmak bilen boldular, ynanmazlyk edenleriň birem Bäpbe ças. „Uçaryň sesi ýok, ýagy görünenok, adamlary ýaga salyp, hereketi togtadýarsyňyz“ diýip ol şaňňy sesi bilen bize gygyrýardy, men oňa bu zatlary Şammy öňünden görýär diýdim,emma ol „Şammy pohuny öňünden görýär“ diýip ýaňsylaýar, barybir muny zakyja gargalar habar berýär diýsem ol ynanjak däl. Garaz, uçarlaryň bize ýetirýän ýitgisi indi azalypdy, munuň göçden galýanlaryň bize gelip goşulýanlardan artyklygy üçünem bolup biljekdi, ýöne, Mürzeçyrlanyň týwereklerinde „O-how, bi märekäni , asyl türkmeniň deň ýarysy ýygnanan ýaly-la, beýle boljagyny bilen bolsam men onbäş atly dälde , uly goşun alyp gelerdim!“ diýip , Annaguly

hanyň howsala düşýän pursatyndan märekä häzir üç esse azalypdy ....

Zakyja gargaly wakada ýalan sözlemeýänligimize göz ýetiren adamlaryň öňünde biziň derejämiz has-da beýgeldi, Bäpbe ças indi ýolda gaçyran gyzyl şaý-sepiniň özüne gaýdyp geljegini, gelmejegini bizden sorajak bolup ýörmüşem diýýärler...Men zakyja gargaly wakany kakama aýdanymda ol ajy ýylgyrdy-da-Olaň näm-ä üýüşýänligi belli, görendirin,maslygyň,jesediň ysyna gelýändirler-diýdi welin oňa ynanjagymy,ynanmajagymy bilmedim...Şammy kel bolsa bir gün"Gargalaryň ammarlaryny tapyp bolsa birnemejik baýabam bolýar,olar ýalpyldaýan zat görseler,kümüş,altyn,aýna bölejigi,sabyn,demir pul ýygnaýarlar,özlerem örän akylly,Bänbe çasdan akyllydygyna bilýän,ýöne garagollaram bar"diýýär.Dogrudanam,goýun bakyp ýörkäk,agajyň şahasynda garry garga uklap otyrka,bezzat garganyň biri şahanyň ujundan basyp,deňagramlylygy üýütgetdi-de ony ýere gaçyrdy,özem üstünden gülýän ýaly,"gak-gaklap"heşelle kakýar.Üstüne howp abananda agsajyk garganyň gagyllaýşyny,ony eşiden beýleki gargalaryň topar bolup,ala-zenzele bilen oňa kömege gelişini az görmedik ahyryn...
Birden turan harasat, gara bulutlary kowalap ýagyş getirdi.Atam agar çäkmenini çägä oýkady-da, egnime atdy-Ezilme köşek!-diýdi.Menmidirin çäkmeniň içinde ümsüm oturjak,ozalam , bi ýaz ýagyşyny Taňra tagzym edip gazandyk ahyr, oturyp bormy,diňe men däl,çagalar bolup aýakýalaň başy açyk jalaň aşagynda waz ýasadyk,bu ýagyşa garaşypdyk,ol halas edijimiz,durmuşymyzyň diregi,ýaşaýşyň özenidi.

Oglum, oýnuňy bes et,agşam düşdi,baýym şagal köpelipdir,dişläýmesin, bir gezek ol kakamyň aýagyndan ýapyşdy,20 ýyldan soň şol şagalyň çagasy daýyňa topuldy,asyl ol özünden heder edilmeýänligi baradaky habary

ata-babalaryndan alyp galýan bolsa nätjek-diýip, ejem meni oýnap ýören ýerimden gaýtardy.

Eje, bir gepiňde şagal, “syryk ýaly gyz görsem böke-böke iýerin,syçan ýaly oglandan gorka-gorka gaçaryn” diermiş diýýärdiň,indem ...

Baýym şagalyň ar algyç bolýanlygyny aýtjak boldum...

Eje, bizem şolar ýaly ar algyç bolarys,şonda şu güne düşürenleriň dat gününe!

Ölmän galsaň edersiň guzym,umytda bolaly!Ýigrimi iki günläp asmandan nem dammady,umytdan düşmän Taňra tagzym etdik,netijesinem görýäň!

Men ar almaň gürrüňini edýän bolsamam, iň bärkisi eşegi duşamany,düýe owsarlamany hem ýaňy öwrenipdim,eşegimiň ýüpüni gabat gelen zada ildirip ýördüm.Ho günem, ýüpi Şammyň çökeren düýesiniň boýnuna daňaýypdyryn,bir zat üçün elimi aýlamda, gorkajyk torum tarsa turdy-da, eşegim asyi-asyl boldy galaýdy.Kömek etjek bolup eşegiň aşagyndan galdyrýan,Şammy bolsa “Ýüpüni kes,how!”diýýär,aljyrap durkam ejem”Düýäni çöker”diýdi,asyl şolam boljak ekeni...

Taňrydan dilän dilegimiz hasyl boldy,ýagyş ýagdy,suwsuzlykdan gandyk diýsek, düýeler, deňze dönen takyryň şykgy laýynda,biziň buzda taýjak bolup ýykylyp ýörşümiz ýaly taýyp durlar.Idip barýan inerimiz aýagyny döwdürdi, atam ony Huday ýoluna sadaka berip doga okatdy,ejem Taňra tagzym etdi,doga okady,Taňry bize zakyja gargalary iberdi,ýagyş ýagdyrdy,asmany gaplan gara bulutlardan gorkan duşman gara bermedi,az salymlyk parahat durmuş höküm sürdi,bular Taňryň bize beren peşgeşi1Ýöne,garyp galla tapsa gap tapmaz diýilşi ýaly, suw tapdyk welin azygymyz gutardy,azyklaryň köpüsi gyrylan düýelerde galdy,ejem indi gowurgany goşawuçlap däl-de, sanap berýärdi,”ýaradan ýaradypmy yrsgalynam ýetirer” diýen umyt bile ertire çykýardy...Bir gün Maralyň beren

çöregini gotura derman edip iýip otyrkam,ýetip gelen Berd-ä syçalakga barmajygym ýaly çöregi hödürläýmenmi. Gaýraky oýda duşmanlaryň goş haltasyndan tapdym-diýip,Maral düşündirdi.

Men häzir-diýip, Berdi ýerinden turdy,emma Maral onuň öňüni gabalap goýbermejek boldy-Aýryl,maňa hödür etdilermi,menem hödür edäýmeli!

Gitme,Ogultäç gelnejemiň ogly Çary gidip,gaýdyp gelmedi,duşman ýakynda...

Beýdip,janyňy goraglap saklap bolmaz-Berdi atylan ok ýaly ylgaşlap baýyrdan aşdy.

Berdi kaka,Marala gulak as,gitme-diýip, men onuň yzyndan gygyrdym, nanymy hödür edenime puşman etdim, sebäbi “Öldürerler”-diýip uly ili bilen aglaýan Maraly köşeşdirmek hillalla bolaýdy,gorky-ürküsiz atylyp giden Berdi dolanyp geleninden soňam, Maralyň sesini goýdurmak bize kyn düşdi.

Gaýdyp, agzyňa gelenini sarnap durmagyn-diýip Maral maňa gazaply seretdi... Ýeri gelende bellemeli zat, meniň burnum çöregiň ysyny allaowarradan alyp bilýärdi,bosgunlaryň ýöremeli ýolunam şol ys boýunça salgy berip bilýärdim.Dogrulygyna güwa geçip biljek däl,ýöne, Jojukly demir ýol menziline göni gelmegimize hem çöregiň ysy sebäp bolan bolsa gerek.Göçüň çep ganatyny gypjaklardan Agdar han,Berdi han,ärsarylardan Agamyrat Soltan,sag ganaty badalardan Meňli Öwez, şagallardan Bäş pälwan,Çoluk han,atalardan Amanmämmet serdar,Gurban jowlan,yzyny Meret tentek bilen agasy Ýazmuhammet Ýarty,Bäpbe ças,salyrlardan Beg batyr dagy goraýanam bolsalar olaryň birem meň ys alyşym ýaly çöregiň ysy boýunça demir ýol menzilini tapan däldirler,ýöne, Halnazar baýyň nebere ýaşulysy Garry molla bilen Şabasan ahun atamyň ýanyna gelenlerinde, demir ýol menzilinden azyk kömegini alarsyňyz diýipdiler,diýmek, bir tarapdan bizi

kowalap,atyp,öldürip ýörselerem, beýleki tarapdan bize kömek etjek bolup jan edýänleriň bardygy mälim boldy , belki. Tejeniň kerlekler tiresinden bolan Şabasan ahunyň garyndaşlary bu kömegi etjekdirler,kim bilýär,ýöne, ejem-ä-Hudaý jan, ysyna zar bolan çörek eýeleriniň göwnüne rehim-şepagat inder,bizi gözden salmasynlar-diýýär,kakam bolsa uzakilara bakyp-Menzil goralaýjak ýaly,emma bu ýerde bir pirim bolmaly,keýwany, hany ajan aýranyň bolsa ber,içip,gorkaklyk damary gowşadaýyn,aýaga täze tigir oturdaýyn1-diýdi,berilen aýrany içibem-Bi kalbyňy ruhlandyrýar,gahrymançylykly işlere mübtele boluberesiň gelýär-diýdi.

Kakasy,aýdýanyň näme,heý okuň öňüne howlugarlarmy,ol üstüňden düşse ýurduňy puklaýar, ýa öldürer ýa-da heleýleň köýnek biçjek bolanda ýeňini tyrryk edişi ýaly bir ýeriňi kemli eder.

Etmez,keýwany,düwnük kesel aldymy,ok alar ýaly...

Içýakgyç gep tapýaň-da1-diýip, ejem hüňürdedi.

Kakamyň aýdýanlarynyň jany bardy...Ähli zat bir dilim gawundan başlanypdyr.Kesilen gawunyň içi arap hatyna meňzäp,öwrüm bolup dur diýýär.Ondan bir dilim çeýnäýmezmi.Şondan soň köňli bozulan hala geldi,şonda-da, çiligiň ujuna özüni daňyp , suw bermekden galan Möjekli guýysyny gazmaga başlady, emma üýütgän kalby ony dälilik derejesine ýetirdi,düwülen göwün düwünme keseline ýolukdyrdy.Haraý isläp,Zülkefil pygamberiň huzuryna baranda oňa biri duz-çörek hödür etdi-Çörek iýip ,suw içip bilemok diýip ol ysgynsyz jogap berdi,-Al şuny iç,açylarsyň-diýip arkasyndan uzadylan suwy nädip içenini bilmedi,şeýdip, öňi bilen Taňrynyň,soňam bu toprakda ýatan keramatly pirleriň-ärleriň kömegi hem-de öz dilegleri bilen keselinden açylyp gitdi, indi ony okuň hem alyp bilmejegine düşündi. Käbä baranlara bir arabyň-Siz bu ýerlere gelip oturmaň,Maryda pygamber Zülkefil,Hoja Ýusup

Hemedany,Zeid,Gaffary ýaly keramatly ägirtler ýatyr,şolaryň huzuryna zyýarata baryň-diýmesiniň dogrulygyna indi düşünip galdy,,,.

---------------9--------

Taryhdan parça

Porsy guýusyndaky aýylganç söweş barada hem-de basmaçylaryň ýetip gelýänjigi barada, demir ýoluň ugrundaky bolşewik goşunlary wagtynda habardar edilipdi,emma, Orta Aziýa harby okrugynyň bölümleri öňlerinde goýulan söweşjeň tabşyrygyň hötdesinden gelip bilmediler,Garybata-Göksüýri demir ýol menziliniň aralygyndaky bölümler bir-birlerine bil baglap, 3 kilometrden gowrak aralyga gözegçiligi gowşadypdyrlar,Gyzyl goşun serkerdeleriniň geçirip bolmajak hereketlerinden peýdalanan basmaçylar şol aralykdan geçdiler.Bu işde elbetde, basmaçylaryň aňtowçylarynyň hem-de öz içimizde käbir adamlaryň eliniň barlygy köre hasadyr,ýogsam, Agdar hanyň göçüniň demir ýola tarap hereket edýänligini nazarda tutup, TSSR GPU- sy dag atyjylyk diwiziýasyna ýoly berk saklamagy tabşyrypdy,olar garybata-dörtguýy-jojukly-göksüýri menzillerde ýerleşipdiler,mundan başga-da şu aralygy berk goramak üçün Aşgabatdan bronopoezd iberilip,irginsiz iki ýana gatnamaly edilipdi,demir ýoldan geçip günorta tarapa barýan basgunlar iki oduň arasynda galmalydy,emma göz öňünde tutulan gowy iş amala aşmady...-Agzalan kitabyň 125-149-nji sahypalary.

Ejem atamyň ýanyna gelen myhmanlaryň öňünde soňky gowurmany,soka salynan gowurganyň unundan taýýarlanan çöregi goýdy,atam ozalam-a etli-ganly däldi ,indi hamy süňküne ýelmeşen ,halys gutaran garra

öwrülüpdi,şonda-da kalby belent halda ýanyna gelenleriň möhümini bitirjek bolýardy.

O-how, çagalar,guşuň guýrugyna daňylan ýelgamak ýaly gaýmalap ýörmäň-de, oturyň bir erde,elim boşasyn,soň oýnuňyz bolsa ediberiň,sorajak zadyňyz bolsa soraň, sorasaňyz köňülde tüwelew turýar1-diýip,atam bize gygyrdy.Şammy ikimiz uruş-uruş oýnuny goýup gürrüňçilige goşuldyk.

Aramyza kapyr aralaşyp däninim, mizan terezisimiň haram tarapy agyr geldi,şol sebäpli däninim, köp ýitgi çekdik,Amanmyrat pahyr soňky deminde bir damja suw sorady,möhümini bitirmedim,suw ýok,bolaýanda-da agzymyz bekli-diýip,Baýram molla seslendi.

Gandarlarymdan ganymy alyp gelýänem welin ýene-de az görunýär-diýip, ajan aýrandan keýpini köklän kakam dodagyny dişläp,başyny ýaýkady.

Köşek, seresaply geple,myhman atańdan uly diýen aýtgy bar-diýip, atam onuň sözüni böldi-Köneler kyrk ýylda arymy aldym,onam howlugyp aldym diýerdirler,dyzyň çöküк wagty,telpegiňi goýup gepläp başlanyňdan syrtyňa çyra tutup, derrew belliň ediljek wagty, janyňy goramak hillalla bolýar,duşman rehimsiz,özünden ejizlere palta salýar,bizem ýüzi üfläp tapaýmaly garry,onsoň gysmaly bolýarda, kä zatlary...

Biz, adamlary yza gaýtarjak bolup ýokardan kän gezek hat taşladyk-diýip, özüne birneme arka tapynan Arslan beg ýer dyrmalap pessaý söze başlady.Ol Amma kakamyň ýogalanyny eşidip ýerine görüneýin hemem aýal dogany Ogultäç gelnejeme,daýysy Baýram molla yzy ýarasyn diýeýin diýip iki gün bäri Jojukly-da garaşyp duran ekeni,egninde harby eşigi, bilinde nagany,kellesinde maňlaýy bäşburç ýyldyzly papagy bardy, gyzyllaryň komandirleriniň biridi- Häzirem Welkuly aga,bir pille, diri galjak bolsaňyz göçden saýlanyň,kömek edeýin!

Köşek,gelin näme diýdi?

Ogultäç men gaýyn atamlyk diýýä,onsoňam, göç bilen siziň ýoluňyzam bir däl ahyr.

Atylan ok daşdan gaýtmaz diýleni...

Ýegen, bularyň ir-u-giç jogaby soralar,başarsaň Eroýulana barýançäk bize kömek et1-diýip,Baýram molla dillendi.

Daýy,elimden gelenini edeýin,jylowyň ujy Halmyrat Goturda,ýöne ýoluňyz Mary baýlarynyň öri meýdanlarynyň üsti bilen Badhyz baýyrlaryndan geçip, Eroýulana barýar,şu ýolda öz adamlarym bilen başardygymdan azyk üpjünçiligini ýola goýaryn, göçden galaryn diýseňiz Sakarçägede Nepes Şura atly tanyşym bar,ol obasynda Tejenden ,Ahaldan baran bosgunlary, gökdepeli Hümmet begiň,Çoluk begiň,sazanda Geldi Begiň maşgalalaryny,ýene ençeme maşgalany ýerleşdirip , howpsuzlygyny üpjün etdi, sizi hem şoňa tabşyryp biljek.

Öz janymyzy halas etjek bolup başgany howp astynda goýup bilmeris!

Daýy,ondan gorkmaň,şuranyň goldawy örän ýakardan, obasynda asudalygy üpjün etmek üçin Ata Mäneli ady bilen tanalýan adama-da kömek eden, arkaýyn ýanyna baryberiň!... Daýy,uruş bolan ýerde baýguşlar”Geliň, guda bolalyň!”diýişip, toý tutýarlar.Nebir gözel gelin-gyzlaryň sataşýan günlerini görseň,gowusy men olary ýatlamaýyn...Şu ýerde men özümi,gyzyl goşunyň komandirlerini gaty geň galdyran bir ýagdaýy ýatlamakçy,olam az salymyň içinde Siziň şunça taýpalary birleşdirip bir göwre ýaly hereket etmegiňiz we harby taýýarlygy gowy goşunyň garşysyna çykmagy başarmagyňyzdyr,kä pursatlarda gaýtam,siz,bizden,rüstem hem geldiňiz,ýok,men dogry zada dogry diýmegi başarýan..
Ýegen,bu ýerde geň galarlyk zat ýok,Siz,biziň üstümize güýçli ýaragly we taýýarlykly gelip, ýeňiş gazanarys öýütdiňiz,ýöne

söweşde, maddy-taýýarlykdan ruhy güýjüň has peýdalydygyny inkär etjek ýokdur.Biz iman we ynançlarymyzdan alan güýç-gaýratymyz bilen gazaply söweşýeris,”Alla birdir”diýip ynamly hereket edýäris,netijede  Allanyň kuwwaty we ýardamy bilekdir-baldyrlarymyza güýç-gaýrat berýär.Namaz okaýanlygyň çyn bolsa sen bulary bilmeli ahyryn? Daýy, düşündim,”Garşy garşa gelen we biri Allanyň ýolunda söweşen,beýlekisi kapyr bolan iki sany tarapyň ýagdaýynda kapyra ýigrenç bardyr”Ali Imran süresiniň 13-nji aýatynda şeýle diýilýär.

Biribarlyk ynanjymyzyň düýbünden ýok bolup gitmezligi, biziň indi ölmän galan, barmak basyp sanaýmaly adamlarymyzyň ömrüne baglydyr.
Daýy,ýene bir geň galan zadym,sizden ýesir düşýän ýok!
-Bolmazam.Musulman  siz ýaly wagşy kapyra ýesir düşenden ölenini gowy görer!-diýip,kakam dillendi.

Bu wagşylygyň  düýbi gaty aňyrdan,ata-babalarymyzyň alamançylykly hereketlerinden öz gözbaşyny alyp gaýdýar-diýip,Arslan janykdy-Biz Hywa barýan ýa gelýän  rus söwda kerwenlerini talap geldik.Biz beýle etmeli däldik.Emma,Mary,Ahal hanlary alamançylyksyz ýaşaýşy hiç göz öňüne getirip hem bilmediler.Dogry,soňky otuz ýyllykda biziň bu hereketimiz birneme gowşanam bolsa,öňki hereketler zerarly ruslarda biz barada ýalňyş düşünjeleri emele getirdi.Eger biz ruslar bilen il bolmasagam,eýran bilen il bolyp ýaşamaly ahyryn,ýöne ol ýurduň patyşasy ogry we talaňçy il bilen raýdaş bolmak islemez.Ýa men ýalňaşýaryn-my?

Sen ýalňyşýarsyň,ýalan sözleýärsiň.Agzyňdan kapyryň sözi çykýar.Men seni şu ellerim bilen bogup öldürerin-diýip,kakam gyzmalyk etdi-de,Arslana topuldy.

Köşeş,köşek!-diýip,Belkuly aga ogluny köşeşdirdi-Bolan zady gizläp bilmeris.Şeýle gabahat hereketler boldy,ol çyndyr...Seniň ýaňky soragyň,biziň gidip-gitmezligmiz barada

bolsa,men şulary aýtjak.Indi biz “il bilen gelen toýda-baýram” ederis!

Onda näme,Welkuly aga,sag bolmaşak,görüşsek-görüşmesek birek-birekden razy bolmaşak,daýy, senem sag bol!

Hi,aýal doganymyň ekeje ogly bilen herimiz derýaň bir kenarynda,birek-birege ok atmaly borus diýseler ynanarmydyň!Eý,Taňrym!Ýegen,sen emlägiňi halas etjek bolup gyzyllaryň syrtyny ýaladyň,çökder günä gazandyň,daýyň hökmünde seni jezalandyrmaly,ýöne öz aýagyň bilen görmäge geleniň üçün bagyşlaýan!-Baýram molla hamsygyp ýerinden turdy-da , ýegeni bilen gujaklaşyp hoşlaşdy,kakam bolsa ony ugratmakçy boldy

Aý-u, ugratmaga gitme-diýip,ejem kakamyň öňüni gabalady.

Näme üçün, keýwany?

Ol ar almaga gelen bolsa bildiňmi,belki, demir ýoluň aňyrsynda daýanjy,goldawy bardyr?

Ýäk,senem-ä bylamakçy,men bir burny sümükli çaga däl ahyr,towugyň bitini özüne çöpledýän,sen bolsa...Onsoňam “Aýal başlan iş oňmaz,gyş görülen düýş oňmaz”diýipdirler...Ýör oglym1-diýip,kakam golumdan tutyp, meni myhmanyň ýanyna alyp bardy.

Daýy, düşün,meňem ýagdaýym aňsat däl,işde namaz okap bilemok,Hudaýyň adyny tutup bilemok,namazymy çagalamdanam gizleýän.

Arslan ýegen,,beýdip öz-özüňi aldap ýaşap bolmaz,saňa nebsim agyrýar,saňa ýeten her bir ýagşylyk Alladandyr,saňa ýetjek her bir ýamanlyk bolsa etmişiňdendir-Baýram molla,kakam dagy myhman bilen sagbollaşyp aýrylyşdylar...

Bu bolýan zatlara seretseňizläň,iki dogan bir ýandan Halmyrat Gotur meslekdeşleri bilen gyzyllara,Agdar han bosgunlary baş bolyp birek-birege darkaş guryarlar,bir ene-atanyň ogullary,ganlary bir,janlary bir iki dogan aldym-

berdimli söweşýärler,depe saçyňy üýşendiriji,kalbyňy eýmendiriji aýylganç ses bilen bir-birine topulýarlar,bir-birini ata basgyladýarlar,kim gaçýar,kim kowýar,biler ýaly däl.Bosgunlaryň az sanlysy, Jüneýdiň nebereleri handan delalat isläp owgana barýan bolsalar, hiç zatdan habarsyz, dowula düşen köpçülik nirä barýanlarynam bilmeýärdiler.Atly-abyraýly adamlaryň biri öňe çykyp, ýagdaýy akylly başly düşündirse, beýle jebir-sütem bolmaly däldi ýa-da bosgunlaryň watanyny taşlap gitmegini islemeýän bolsalar-kim sebäpsiz ýurdyny terk etsin-olaryň öňünden çykyp yza gaýtarjak bolmalydy,ol ýok,gaýtam yzdan,iki gapdaldan ähdiýalanlyk bilen çozup,gyrak-bujakda barýanlary öldürýärler,diýmek,wagtal-wagtal Jüneýdiň aldawuna gidip, watany taşlamaň diýip uçardan kagyz taşlaýanam dolsalar hakykatda dogany doganyň üstüne gijjeläp,öjükdirip, türkmeniň gaýmagy hasap edilýän ylym-bilimli adamlary ýok etmegiň kül-külüne düşüpdiler,sebäbi etjek bolýan ters işleriniň öňüne olar böwet boljakdylar,hiç zada düşünmeýän garyplary bolsa, eýesiz mal ýaly islän ýeriňe kowsa boljakdy.Eý,Hudaý,adam ölmese her zada duşjak ekeni...

Gije bir çene baranda günbatardan gyzyl ot bolup nämedir bir zat süýnüp gelýärdi,bir seretseň ol atamyň “günbatarda, pany dünýäde ýaşaýan adam ir-u-giç agzy bilen ot saçýan ajdarha öwrülip,bakyete-gündagara süýnüp gidermiş!” diýýän ajdarhasyna meňzeşdi.

Kaka,ot pürküp ajdarha ýetip gelýär!

Otly gelýär oglum, gorkma!

Heniz otly diýilýän zady görmedik bolsaň,garaňkyda ýalnyny ýaýradyp,gözüňi gamaşdyryp, sürünip gelse, gorkmanam bir gör!Men kakamyň aýagyna ýapyşyp eňsesine duwlandym,haçanda, tigirli-tamly zat,gyzyl ot bolup, otda ýanýan etiň jyzlaýşy ýaly çirkin sesi bilen ýetip gelende,adamlaryň arasynda ,şeýle bir başagaýlyk

başlandy,hiç diýip-aýdar ýaly bolmady"-Üstümizi ajdarha basdy, gaçyň!"-diýýän haýsy,goş-golamyny taşlap, maşgalasy bilen yzyna tutduryp barýan haýsy"Başyňyzy gutaryň!-"diýip, basga galýan haýsy,aý garaz, boldy bir başagaýlyk.

Bu otly, gorkmaň!- diýip, kakam ýaly köpi görenleriň sesi goh-galmagalyň içine siňip gidýär.

Ortakakdan,Çymçyklydan,Ýolbarslydan,Kyrkguýydan,Ha nguýydan gelip goşulan adamlaryň köpüsi gaçdylar,Hajar daýzada Şammy keli alyp gaçan ekeni,men ony soň Şamma duşanymda bilip galdym.Şeýle sada adamlary gabap,güýçli ýarag, aýylganç sesli uçýanlar bilen gorkuzyp, yzyna gaýtarjak bolup ýörmän, ýönekeý dilde nämäň nämedigi düşündirilse beýle horluklar bolmaly däl ahyr,ýa-da , günäsizleriň bi gyrgynçylygy kime-de bolsa birine hasap üçün gerek boldumy-ka? Birdenem, tüpeň sesi çykyp,batly barýan otlynyň aýnalary pagyş-para pytrady,otly çyrasyny öçürüp çirkin gygyryp garaňkylyga siňip gitdi...

-Kim atdy,duşmany öjükdirýäs ahyr1-diýip,aljyraňňylyga düşen Agdar han gygyrdy.

Gije rahat ýatyp bilmedik,otlyň çirkin sesi,aýnalaryň pagşyldysy,duýdansyz çykan tüpeň okunyň şuwwuldysy,uruş,göçhä-göçlük ,açlyk,suwsuzlyk kellämizi çaýkan bolmaly,näme edip goýanymyzy bilemzok,atam telpegini,kakam çokaýyny,ejem duztorbany tapanok,düýe diýjeksiň, Şammy keliň dile düşbüje düýesi hem çök diýeniňe düşünenok.

Başgalary bilemok,men welin demir ýol tarapdan gelýän çöregiň ysyna ýatyp bilmedim.Şol sebäpli bolsa gerek,ir bilen ejeme duýdurman, Şammy ikimiz demir ýol menziline gitdik,möjegiň etiň ysyny uzakdan alyşy ýaly, bizem çöregiň ysyna göni bardyk, aňňat-aňňat çägelik bilen mal-garadan başga zady görmedik gumlular üçün demir ýoluň kese ýatyrylan agaçlary,tigirli öýleri,demir ýollary tapylgysyz täsinlikdi.Biz agşamky ot bolup geçen tigirli öýler ýaly öýleriň

aşagyndan sümülip, ak kerpiçli haýatyň öňündäki kiçeňräjik bazara geldik. Goltugy çagaly aýal araňyzda tebip ýokmy diýende Şammy bir aý bäri biz-ä üsgürip hem göremzok,Allanyň özi goraýar-diýip jogap berdi,meniň bolsa gözüm nan satýan dolmuş gyzda,onuň çep dulugyna çigit taşlap sagyndan gabygyny ussatlyk bilen çykaryşyna seredýändirin öýtsemem, ünsüm daşy hoz ýaly gyzaran çörekde-di,galyberse-de, hol beýleräkde dowar,düýe,sygyr bakyşyp ýören çagalar,ýataklaryň tanyş ysy,kiçijik ýapjagazyň şirläp akyşy,tamdyrda bişen çöregiň janyňy alyp barýan ysy,bular şeýle bir asyda, ýürege ýakyn,göwün göterijidi, welin, tolgunyp gözümiň ýaşyny saklap bilmedim.

Beýle, gara çörek bize gerek däl-diýip,men Şammy kele sala salan boldum.

Mundan gowy çörek tapmarsyň-satyjy gyz çigit çigitlemesini goýup çöregi gözüme dürtäýjek boldy,ýene azajyk saklan bolsa agyz urýardym.

Myň kepegi köp-diýip,Şammy ýaltaklap tüýkürindi, ymtylmadan ýaňa meňem agzym suwaryp,tüýküligimi saklap bilmejeklerden boldum,diňe bir tüýkülik däl, şeýle ýagdaýda ät galyp ujudyň ujundan çig çykmaz ýaly, atam aýtmyşlaýyn çörek satýanyň öýüniň gamyşyna süýkenmelidik,ýöne, bäri-bärde satyjynyň öýi barmy,onsaň ähli zada kaýyl bolaýmalydyk.

Öz kepegiň köp,ak bugdaýyň nany,gözüň körmi!-satyjy gyz gaharlandy. Wah,biziň gözümiz kör däl-de, nebsi agyryp dadyrar diýen umyt bilen çörege at dakan bolýardyk-Almajak bolsaňyz gidiň,galtamanlaryň dogmalary diýsänim...

Gum-da çörek bişirlende, ät galmasyn diýip, ilki bilen çagalara dadyrýarlar-diýip,

men öz ýanymdan öýkelän boldym.

Gidiber şol gumuňa,haýsy bir ygyp ýören basmaçynyň çagasyna çörek tapaýyn,ýagşam bir..-diýip,satyjy ogurlar öýdüp çöregini ýygnady.Emma aç ölsegem ogurlyk diýen zadyň ganymyzda ýokdugyny ol näbilsin.

Eý-ý,näme işleýärsiňiz?-murty taýzaryp duran,harby penjekli,papakly,orta boýly dolmuş adam ikimiziňem golumyzdan tutdy.

Biz serdarymyzyň ýanyna barýas-diýip, men agzyma gelen zady atyp goýberdim.

Ýoldaş Stalinden näme sorajakdyňyz?-diýip,bu sözi eşiden-den saň-gaty bolup,ýüzi agaryp giden adam sorady.

Bizi kowalap,urup,öldürip ýörmeleriniň sebäbini soraýjakdyk-Şammy keliň bu jogaby meni aňk etdi,ol biziň ýöne-möne çagalar däldigimizi,köp zat bilýänligimizi bu adama duýdurýardy

Ýörüň hany!- ol bizi demir ýoluň gyrasynda üýşüp ýatan künjara tümmejikleriniň üsti bilen alyp gitdi-de ,demir gapyly,gözenekli jaýa saldy-Ajykdyňyzmy,al,al saňa-da,iýiň-diýip elimize bir bölek çörek tutdurdy,men çörege agyz urdum-da, jaýyň içindäki demir oturgyçlara,demir tekjelere gözümi aýladym,demir gözenegiň öňünde nirä gitjegini bilmän pyr-pyr aýlanýan atly garynja gözüm düşdi,ol bi berk,demir gözenekli jaýdan nädip çyksyn diýip gynandym.Ol Garajaoglan guýysynda gabat gelen garynjama gaty meňzeşdi,belki doganydyr!

Nanyňy ýaltaklaman iý-diýip, murtly ýeňsäme çalaja kakdy,eliniň gatylygyny-ha bilemok,murty,egin-eşigi welin serdaryňka meňzäpjik dur,serdar murt goýberse,adamlar şoňa meňzejek bolup gelişse-gelişmese murt goýberer ekeni,kellesindäki papagy,aýagyndaky ädigi hem meňzeş,serdar eşigini çykarsa bularam ýalaňaç gezjekmikäler-Siz basmaçy çagalary bolmaly!?

Basmaçy kim bolýar?-diýip,men soradym

Batan dönügi .

Atam ony diýenok.

Diýmese-de, meskewden şeýle buýruk geldi,ony siziň bilmegiňiz hökman däl...Hi geçip barýan otlunam bir atarlarmy,ony diňe ajalyna el bulaýan eder.Bu hereketiňizden soň garşyňyza ýörüte goşun bölümlerini çykarmaly

edildi...Hany,nan iýen bolsaňyz çykyň,sizi ýetim çagalar saklanýan öýe äkitjek1

Men gözenegiň daşyna aýlanyp, aýnaly äpişgeden çykjak bolýan garynjany barmagymyň ujuna mündürip,gapyň agzyndaky aýylganç tikenli,porsy agajyň düýbüne goýberdim , ol zynjyrdan boşan ýaly atylyp gitdi,ýok,ol hakykatdanam bagty ýatanlaryň jaýyndan boşapdy ,ýogsam, ömri ötýänçä çykjak däldi-Ylga,bular seni iýimlemekden-ä geçen ýaşamaga hukugyň barlygyna-da düşünenoklar, tikenli,porsy agaja goýberýär diýme, bulaň agaçlaram öz sypatlaryny salgy berer durar,dura-bara ys bilen öwrenişersiň,gaýdyp duzaga düşme!

Murtly adam bizi nirädir alyp barýar,men bolsa ejemiň bagryny paralap gözleýşini,kakamyň ýaga düşüşini,atamyň olary köşeşdirjek boluşyny,özümüň bolsa ýaňky garynjanyň urnuşy ýaly urnuşymy göz öňüme getirip tas möňňüripdim.Näme etmeli1Birden ejemiň -Demir ýolda işleýän daýyň bardyr,ady Hudaýberdi ,çaga durmançoň dakylan Porsy lakamy hem bolmaly-diýeni ýadyma düşdi-de,daýym bolsyn,bolmasyn ýalbarmaga başladym.

Hudaýberdi daýy,meni tanamadyňyzmy1

Adymy nireden bilýäň,kim aýtdy?-diýip ,ol çiňerilip seretdi,ýüzi duw-ak, gara dere batdy.

Adyňy ejem aýtdy,Täzegül diýýärler oňa...

Sizi Sibire sürgün etmedilermi?-şu erde kakamyň – Göçülmese bizi bir ak halta salup,daşyna-da Zulmat diýip ýazarlar welin gidersiň onsaň uwlap-dieni ýadyma düşdi-de, ýylgyrdym.Daýym garanjaklap-garanjaklap-Diňle,men daýyň däldirin!-diýdi.

Sen şol baýym şagaly gorkuzýan daýym dälmi?Ejem “halyndan habar al,salam aýt,salam getir,birnemejik azyk alyp gaýt” diýdi.

Ýok,men daýyň däldirin-diýip ol gözüni petredip ,töweregine gorkuly garanjaklady,ýöne, garşylyk görkezdigiçe men onuň hut daýymdygyna ynanyp ugradym,ýüzi dagam

ejeme meňzeýän ýalydy-Ejeň ýalan sözläpdir, öňem aýal daganyň basmaçylara goşulypdyr diýip tas işden kowupdylar,men ýerden ýeke çykan ýetim,watan dönükleri bilen bir köçedenem ýörämok ,meskewe,hut ýoldaş Staline hat ýazdym, ol meni goldady.Ýaşasyn ýoldaş Stalin,ýaşasyn...

Daýy,biz ker däl-diýip, Şammy gulagyny gorjady.

Bolýar,men sizi goýbereýin,ejeňe aýt, şu gün gije ýaryma çenli ýoldan geçsinler,ýogsa, ýaragly esgerler dökülýärler.Ejeň men barada ýene näme diýdi?

Daýyň tanamasa Porsy ady-da bardyr,tanadaýgyn,az owlak azyk,suw berip goýbersin diýdi.

Ýegen oglan,ýanymda gal,okadaýyn,adam edeýin!-Porsy diýilýän,töweregine garanjaklap,menip gulagyma pyşyrda-dy.

Ýok,meň ejem,kakam bar,şolar bilen boljak.

Kakaň bilen gitseň ýoluň garaňky,ömürboýy jebir-sütemde borsuň,men bolsa kakaň adyny,öz adyňy üýtgedip adam edip ýetişdirerin,bolýamy?-ol elime bir bölek nan tutdurdy.

Men öz adymyň,ene-atamyň atlarynyň üýtgediljek bolunmagyna gaharlanyp ýarylaýjak boldym,ol hiç kimede ýaramasa gerek,eger onuň ogly bolaýsaň,olam seni garynjany edişi ýaly bagty ýatanyň jaýyna gabap goýsa,ne oýnap,ne ýaýnap bilseň , ondanam bir durmuş bormy!.Ol nähili gowy adam bolanlygynda-da, öz ene-ataňdan ýakyn bolup bilmez,gowusy zor aýakdan daýyly boljak bolman bu ýerden garaňy saýlamaly.Biz Şammy bilen ümleşip göterdik ökjäni.

Kyn güne düşseňiz Porsy diýip Jojukla geläýiň-ol yzymyzdan gygyryp galdy.

Ýok,bize Jojukly adyny dakynýan duralgada,demir gapyly,gözenekli jaýam,çala zat üçün gorkup-müzzerip duran Porsy daýam gerek däl.

Ady hätüýs-laýt,Porsy...Porsy bolanda jojukly menzili bolýarmy?-diýip, Şammy gaçyp barýarka sorady.

Şonda-da, bu ady oňa akylly adamlar dakypdyrlar.

Çoluk,daýyň nany köpem welin bir döwümjik berdi.

Ol daýym däl, boýnuna almady.

Almasa-da ol daýyň1Daýyň bolmadyk bolanda bizi goýberermidi?

Men jogap berip bilmedim,bokurdagym doldy duruberdi...

Ejem biziň nirede bolanymyzy aňşyrmady,beylekilere bolsa dişine çenli ýaraglanan duşmanyň saklaýan ýerinden nan alyp gaýtdyk diýip erteki otardyk.

Munuň näme?-diýip,ejem elimdäki çörege seretdi-Nanmy,gyz bi,nireden alan bolsaň şo ýere taşla,aç öleris,kişi emlägine el gatmarys.

Eje,myny Porsy daýym iý diýip berdi, orsuňkam bolsa çörek- çörekdir-dä.

Eý,hudaý-diýip,ejem ýakasyna tüýkürdi-Toba,toba,kapyryň haram zadyny elläni üçin çagamyň günäsini geç,jan Alla,men onuň elini ojaryň külüne ýuwaryn,gaýdyp ellemez ýaly ederin!Taşla ony ýere,taşla diýýän?

Mem bildirmän çörege agyz urdum-da, galanyny emaý bilen kesegiň üstünde goýdum.Ejem çöregi çöpe gapjadyp, beýleräkde bir çukura gömdi,öz ýanyndan doga okap gömen ýerine atanak çekdi-de:-Menden soraman daýyň ýanyna gitdim diýsene?!Ýagşam bir iş edipsiň!Daýyň näme diýdi?-diýip, çiňerildi.

Gije polat ýoldan geçiň,bolmasa gapjarlar diýdi.

Ýeri bolýa, kakaňa aýdaýyn,sen birugsat hiç ýere bytnaýmagyn-diýip,ejem ylgaşlap gitdi.

Orsuň bişiren nany hem bolsa,ony iýmek külli günä hem bolsa agzymdaky çöregi taşlap biljek däldim,açlyk-açlyk bolýardy,ejemiň gömen çöregini hem aldym-da,gumuny üfleşdirip,kisäme dykdym.

Şammy kele hiç erde daýym barada dil ýarmazlygy tabşyrdym,aslynda ejem ikimizden başga tanajak bolmasa-

da ,-adyny tutanyňa degmejegiň ady tutulmasa ýagşydy.Şol gün gyssagly ugramaly bolanda ejem daýyňy görüp bilmedik diýip ýatlady,şoň bilenem galdy,men welin soňky wakadan bäri birhili dem almamam kynlaşan ýalydy,kapyryň haram çöregindenmi-kä ,ýa-da çeýnemän-çeýnemän ýuwudanymdan?.Şu ýerde bir bellejek zadym, agzy sary çagalaryň akylly-akylly ,käte uly adamyň tapyp bilmejek sözlerini dillerine getirişlerini okyjylaryň geň görmekleri mümkün, belki, munda ýedi ýaşda başymdan geçen wakalary ýetmiş ýaşymda gürrüň berýänligimiň täsiri bardyr, ýöne, şol döwrüň çagalarynyň sözüň doly manysynda akylly bolandyklaryna güwä geçip biljek,ýaşy durugşan adamyň dili bilen çagaň agzyna salynan sözler wakalary giňişleýin düşündirmek üçün ulanylan usuldyr...

-----10--------

Taryhdan parça

...Aňňat-aňňat depeleri,sürgün çägäni,çöli ussatlarça peýdalanyp, söweşde aýratyn erjellik görkezmek bilen gozgalaňçylar güýçli ot açyp,Kurbatowyň goşunyny gabamagy başardylar.Gozgalaňçylaryň hüjümini saklap bilmän bäş esgerini,iki serkerdesini aldyran,üç esgerini ýaraladan Kurbatow yzy çekildi,söweş meýdançasynda bir pulemýodyny taşlady,birini duşmana aldyrdy.Soňky takyklamalara görä, onuň uly ýitgi çekmeginiň esasy sebäbi, gyzyl esgerleriň,serkerdeleriň göz öňüne getirip bolmajak basga düşmekleridir.Olaryň köpüsi ilkinji söweşe girýändikleri üçün, gopkularyndan ýaňa zörledip agladylar we söweşiň öň hatarynda öldürilen pulemýodçylaryň ýanyna barmaga gorkup, ýaraglaryny taşlap gaçdylar,ondan başga-da üç esger söweş meýdanyny taşlady. Şol günüň ertesi olary tapmak başartdy. Öýlän sagat üçlerde ilki Tarasowyň,soň Loginow bilen Leonowyň atlylary goşunyň gabawdan çykmagyna kömek etdiler,ýogsam şu erde gozgalaňçylaryň yzarlanmalary tamamlanyp, arkaýyn serhetden geçmeklerine

mümkünçilik dörejekdi.Güýçleriniň artyklygyna garamazdan gyzyl goşun basmaçylary boýun egdirip bilmedi,tersine, güýçlerini üç-dört kilometre ýaýradan gumlular kerweni,bala-çagalaryny öňe ugradyp,tä garaňky düşýänçä garşylyklaýyn hüjüme geçdiler, soňam, amatdan peýdalanyp söweşden çykyp gitdiler,ýörüte taýýarlygy geçen harbi serkerdeler, hiç hili taýýarlygy bolmadyk bosgunlardan asgyn geldiler...

Ýokarda agzalan kitabyň 146-njy sahypasy.

Gije, JOJUKLY menzilinden geçip, Owgan gädik atly depeden çepe,Şehitliniň ýoluna düşenimizde,meniň ýüregime birhili howsala aralaşdy.Öýden daşlaşyp barýanlygymyza-my,menzilde saklananymyzda nirädir bir ere barýan,bir erden gelýän adamlaryň suw ýaly akymyna-my,ýa-da tigirli tamlar özüne çekdimi bilmedim,heniz adamyň aýagy degmedik, ýaňy çykyp ugran ýaz güllerini, otlary basgylap - basgylap näçe ýöresemem,menden bu duýgy aýrylmady. Birnäçe gün öň ýagan ýagyş zerarly eýýäm, gülpürçük bolan meýdana,haşal otuň mekanyna öwrüljek ne gözel ekinzarlyga kimde bolsa biri seretmelidi, emma, ýeriň eýesi ýok,eýe boljaklaram ,basmaçy,galtaman,watan dönügi ýaly atlara beslenip gaçyp barýar.Mekandan daşlaşdygyňça-da gam-gussa basýar.Bu duýgumy tassyklaýan ýaly,edil gapdalymda“öýmüze gidesim gelýär” diýip,çaga zaryn aglady.Adamlar bir-birlerine seredip başyny ýaýkadylar.Bu sorag diňe bir aglaýan çagajygyň dilinde däl-de, ählimiziň kalbymyzda-dy.

Goý,gyzym,goý,honha, Çoluk,Şammy,Ene dagy barýar,şu ýerlerde öýümiz bolmaly,şu toprakda ýaşamaly-diýip,Ogultäç gelnejem aglamaga başlan Jahany köşeşdirdi.Gelnejem şeýle diýse-de , ruhumyz gezegen aýagymyzy selkilledip,göregen garagymyzy gyrpylladyp,ygyp ýören tozga ýaly bi toprakdan nirädir bir näbelli topraga,atam aýtmyşlaýyn öň türkmeniňki bolan topraga alyp barýardy, o ýerde bagtly durmuşyň

garaşmaýanlygyny süňňümiň syzýanlygy sebäplem, köňlümi gussa gaplap,ýüregim howsala düşýärdi.

Otla kimiň ok atanyny bilip bilmedim-ow-diýip, ,Agdar han garryja eşegişe ýaplanyp,irkilip oturan atama ýüzlendi,ol horlanyp,ýüzi gara-ört bolypdy,ýanynda Bäpbe ças,Gara Ýowşan,Baýran Bykowly dagy bardy-Indi ýagdaýymyz çylşyrymlaşdy,ok-däri gutardy,bolaýanda-da, eli ýarag tutup biljek erkekler

azaldy,ýaňky, gyz-gelinleri urşa çekmesek boljak. däl!-ol Bäşimi ata mündürip gelen Ogultäç gelnejemi görüp sesini kesdi.

Oglymy watan goragyna, hanyň ygtyýaryna berýän!-diýip ,gelnejem ýaşmagyň aşagyndan maňa ýüzlendi ,menem ony terjime etdim, atam gözýaşyny eliniň aýasy bilen sylyp başyny atdy.

Kakamyň atyna münüp arymy aljak-diýip,heniz murty garalmadyk Bäşim seslendi.

Çolyk begiň ygtyýaryna baraý-Agdar han, atyny çapdyryp giden ýetginjegiň yzyndan garap-Ýaşuly,gaýduwsyz agtygyň bar,ýaşy uzak bolsun!-diýdi.

Sag bol,köşek!Dogrudanam,indi zenanlar urşa giräýmese erkek göbekli azaldy! Aýallary urşa çykarmak dogry däldir,hä!Ýesir düşseler masgara we ryswa bolar,nä!Namysymyz,basgylanar,onsoňam... Zenanlar ýaragy erkeklerden pes ulananoklar,ony Welkuly aga bilýändir!-diýip,Agdar han,Bäpbe çasyň sözüni böldi-de,gapdalynda agzy ýaşmakly duran gelnejeme seretdi.. Atańa aýt,biz barybir söweşe çykarys,bizi saklajak ýokdur!-diýip,Ogultäç gelnejem ýaşmagynyň aşagyndan seslendi.Men onuň sözüni atama “terjeme” etdim. Ol ýerinden kynlyk bilen turdy-da:

Köşekler,ýörüň,olara pata bereliň-diýip, zenanlaryň toplum bolan ýerine bardy. Soň ol sözüni dowam etdi-Zenanlar,size bir hakykaty aýtmakçy...Aýal ýüz ýaşasa-da

ýüzügaralygy ýanynda galýandyr,mydam haýany ýatlap , çekinip gezmelidiginem siz ýaňy bilmeli däl.Dünýäň başam,aýagam haýa bilen gutarýandyr.Ýaşymyň soňunda meni ýüzügara etmän ,söweş meýdanynda ärlerçe durup,namysyňyzy goramalysyňyz,bilip bolmaz ,uryşda her hili ýagdaýa düşersiňiz,şonda-da utanç-haýany ,ar-namysy baýdak edinmelisiňiz,ýaramaza ýoldaş bolan moýly käsä öwrülýändir,moýly käseden ses çykmaz,abat käse şarňyllap durandyr...-Atamyň sözi, ýagdaýymyz gowulaşar ,howpdan dynarys diýen ynam bilen daňyny atarýan zenanlaryň arasynda hamsykmalaryň köpelmegine getirdi,hasam Maral sojap-sojap ,misli bir bu aýdylýanlar diňe özüne degişli ýaly, Berdi bilen pynhan duşyşyklary bir ýol bilen atamyň gulagyna ilen ýaly aglaýardy,ol syry bilýänligim zerarly maňa tarap käte gözüniň gytagyny hem aýlaýardy-Köşekler,aga kän üns bermäň,indi sizi görüp bilerinmi biljek däl, sargajak zadym bar-abraýyňyzy ýere çalmaň,gaplaň ýaly söweşip ölmeli bolanda mert ölüň,pylany şeýle ekeni diýdirmäň,Hydaý sizi garamaňlaý etmän maksat-myradyňyza ýetirsin-Atam doga okap ýüzüne syldy...

Ýanymda oturan Şammy nämedir bir zat soryardy,şapbyllysy ýer ýarjak bolansoň, gyllygymy saklap bilmän “Sordursaň gamamy berjek” diýip ýalbardym.Ahyrym ol gamamy alyp, agzyndakyny meň agzyma sokdu-da-Dişiň bilen döwme,diňe sormalysyň-diýdi.Men talhy tagamly zatdan dişläp aljak boldum,per berer ýaly däl, yzyna berdim.

Çoluk,dişiň törpi ýaly,gyrasyndanam gädipsiň!.

Ýok,döwüp bilmedim.Künjarany doňuzam iýenok,sen bolsa ony menden gysganýaň?

Bäşim, oda tutup, ýumşadyp iýýärmiş,tagamy erbet däl-ä?Ýa-da ony menden aljak bolup doňuzly gepi tapdyňmy?Iýmäge zadyň bolmasa künjara hem hurş bolýar .Hünärim köp-de, aýalym ýok!-Bäpbe çasyň şaňňy sesi

çykan tarapa ýaltaklasak, ol akguzynyň burum-burum derisinden tikilen silkme telpegini güberdip,bäş ädim beýle ýanymyzda Maral bilen gürleşýär-Hojalykda işi özüm edýän,bulamakçyň bolmasa öýüň manysy ýok dienleri,sen şu gezek köýnegimi ýuwup ber,gaýdyp haýyş edmäýin!?

Gör ony,hünärim köp diýip ysyrganýar,aýalym ,öýüm diýip,gözüni jüjerdýär...

Nätdiň-aýt,Şammy,Maralyň Berdisi bar-a,onsaňam Bäpbäň telpegi agan.

Berdi almasa Maraly men aljak,çypbakaý-çynym,ýöne Bäpbe çasa bermen-diýip, ol gytyjak saçyna timar berip keltekçesini düzetdi.

Beýle pekgerýäň-le how,jynymy atlandyrma,syçalakga barmagym ýaly boýuň bolarda syryk ýaly Maral saňa bararmy?-diýip, men onuň kelje kellesine pitikledim.

Men öserin,iki aýakly iki günde diýleni,Görogly görden çyksa-da ösüpdir-ä! Garaşyp garraýmasaň..Ýogsa-da,atam, Aby Neýsan ýagyşynyň-Allanyň nurunyň- ýedi damjasy bir ýere düşse,Kimýa atly otuň gögerýänligini, ony tanamak ukubynyň zakyja gargaň,pyşbaganyň paýyna düşenligini, şol oty tapyp iýen baýtalyň ajaýyp ýyndam taý taýlaýanlygyny,goýnuň, sur baganaly guzy getirýänligini,zakyja garga bilen pyşbaganyň bolsa aklynyň öňküsündenem goýalýanlygyny gürrüň berdi.Pyşbaganyň oty tanaýşy barada Magtymguly atamyz-

Mar oglundan gorkar,köl gurbagasy,
Kim-ýany tanarmyş çölüň lagasy,
Derýalarda doglan düwlen çagasy,

Sowuk suwy süýt ornunda içermiş-diýipdir.Şol çöpi tapmagyň ýene bir ýoly bar, zakyja garganyň höwürtgesindäki ýumurtgadan çykan ilkinji jüýje kesellese, garga çöpi gözläp tapyp, çagasyny açarmyş,gulanlar höwre gelende,erkek gulan şol oty iýip ýadamazmyş,senem, şol çöpi Maralyň köwşüne-

köýnegine degirseň yzyňa düşer ýörer,atam oňa syrtlan çöpi hem diýýär,bilmedim,näme üçünligini...

Eý,ony nädip tapsa bor?

Pyşbagaň taşlan ýunurtgasynyň daşyna germew et,şoň, gudratly çöpi alyp gelýärkä pyşbaganyň agzyndan garbap al-da ulan.Ol, itiň aňsady ahyryn.

Oň nirede we haçan ýumurtga gömjegini nädip bileýin? Gerek bolsa yzyna düşersiň!Bolmanda aňsat zat barmy?Keýp ömür boýy gymmat bolupdyr.Magtymguly atamyz söýgi barada"Daglar-daşlar çekebilmez bu derdi"diýmänmidir! Çoluk,munuň erteki-mi?

Erteki,däl .
Haý,çypdyrdyň,öýüdýän!?
Olam ahmal-diýip,men boýnuma aldym.

Jojuklydan Garaburun belentligine gelýänçäk gargalar gozgalaň tapmady,bizem asuda hereket etdik, öz ugruňa gezmegiň nähili eşretdigine şeýle asuda pursatlarda göz ýetirer ekeniň. Birdenem olar birahatlyk tapyp, täsin hereketlerine başladylar welin,adamlara buýruk berilen ýaly düýelerini howul-halat çökerip, üstüne çöp-çalam okladylar,özleri çagalary bilen ýylgyn tokaýlygyna sümüldiler,kä ýerden "çök jänewer,höwraýt,çök-haýt,göbegiňe çökädim-aýt " diýen sesler çykýardy.Olar ýonutlaryň orsuçy urugynyň jüneýit tiresiniň adamlarydy,Gurbanmämmet serdaryň ady niresiniň ady bilen baglanyşykly bolansoň, bosgunlaryň arasynda olaryň abraýy,sylagy ýokarydy.Annaguly han öleninden soň, gorag birneme gowşanam bolsa, olar indi diňe bir kerweniň başynda bolman , eýsem , özlerini azat,bosgunlara dahylsyz alyp baryp başlapdylar.Jüneýit nanyň Nikolaý patyşa ,şuralar hökümeti bilen türkmeniň garaşsyzlygy ugrunda alyp baran hereketleri hiç kimiň ýadyndan çykmaýardy, şonuň üçünem, soňky ýyllarda "Türkmeniň milli gahrymany,halk bähbidini goraýjy,türkmenleriň umumy yglan eden hany " ýaly atlar

bilen metbugatda han barada makalalar,kitaplar çap edilip başlanypdy,onsuzam hanyň nebereleriniň sylagy ýokarydy .

Uçarlar bomba baryny taşlap gidenlerinden soň, bizi tolgundyran bir waka boldy.Ugramaga heniz buýruk berilmänkä han nebereleriniň kellesi ýaglykly,goşarlary çermelgi gyz-gelinleri dars ýasap, goşlaryny düýelere ýüklemäge başladylar, murtuna timar berýän ,uzyn boýly,syratly serkerdesi bolsa atamyň ýanyna gelip-Ýaşuly,tekeler haýal gozganýarlar,her gezek size garaşmaly bolýas,şoň üçünem biz özbaşdak hereket etmekçi –diýdi.

Annageldi,köşek,gaýa-gopuz ýok ýerinden howlugyberýäňle,bileje gozgansak duşman çekiner.

Goýsaňyzlaň bally!-diýip,bili ýol belgisi dek bükülen ,ýüzi gatan toprak kimin jaýryk atan garry aýal düýesiniň boýnuna delilbagyny dakyp durka seslendi-Biz sizden halys ýadadyk,teke aýallary ýalta,diňe çaga dogurmany bilýärler,höw-aýt,jänewer,tur-aýt ýeriňden!

Agdar hanyň,atamyň ýalbarmasyna bakman, olar Goýun guýa barýan ýola düşdüler,uzyn kerweniň iň yzyndaky düýäň owsaryndan tutup barýan gara gözenek,ak ýüz gelin –Gel,ballym,biziň bilenjik gidäý!-diýip,meni ýany bilen alyp gitjek boldy,men gaçyp, sözi geçmänligi üçün keýpi gaçan atama gysmyljyradym.

Ýaşuly,ýomutlar bizi taşlap gitdiler,yzky hatardakylaryň arasynda hem başagaýlyk başlandy,näderis, hä?

Bäpbe,ýaňky,ýelýürek bolma ,kagyz çeýnemediň,syýa ýuwutmadyň,alňasama!-diýip,Agdar han onuň ýüzüni aldy.

Han,giňlige salmaga,arkaýynlaşmaga hakymyz ýok,hä,menem how, öwran-öwran gaýnadylan samsyklyga ýuwunomoga..

Goýsana bi, ýympyklygyňy...

Goýjak däl,kalby gaý söýýän ýolda özüni ýöwsel duýar diýleni,hä,maňa gezek gelende yzgydyň azyberýär-le ,dilimi kesäýmeseň-ä goýduryp bilmersiň..

Şaňňy sesli bu adamdan gorkmasamam, inim söenokdy,gowy görüp elini egnime goýsa-da, beýlekileriň çümmükleýşi ýaly täsir edýärdi.

Köşekler,ýük agyr bolsa eşek—eşekden görer etmäliň,aşak tüýkürsem sakgal,ýokary tüýkürsem murt zaýa,ikiňem daşym däl,birek-birege gol berseňiz güýçli bolarsyňyz,wala-waladan wagyz ýagşy.Maslahat bilseňiz bu gün galyp,tapan-tupanymyzdan şehitlere aýat-töwür edeliň,üst-başymyza serenjam bereliň.

Bolar ýaşuly-diýip, birneme rahatlanan Agdar han jogap berdi.

Şeýdip,bosgunlar ilkinji gezek öz islegleri boýunça aýak çekdiler,arkaýyn ot ýakyp suw ýylatdylar,kir ýuwdular,ýuwundylar,agzaçar üçün baryndan bazar eýläp hörek taýýarladylar.Bäş ýaşly çaga bolaýmasa ählimiziň agzymyz beklidi,asyl az iýdigiňçe iýmite bolan höwesiň gaçar ekeni,akylyň goýalyp,sagdyn,tutanýerli,ýadamazak bor ekeniň,orazanyň peýdalydygy dogry,ýöne iýjek diýeniňde-de üýşüp duran azyk hem ýokdy.. Ata,maňa ebjedi,hewwezi,huttyýny,kelemeni öwretdiň weli o zatlar näme diýildigi bolýar?-diýip,bir böwşeňlik bolanda soradym,sebäbi bileýin diýip,böwrüm gijeýärdi. Tüweleme,tüweleme,oraza akylyňy goýaldypdyr,ýöne sowalyňa ertir jogap berjek,sebäbi bi pygamberimizden galan sünnetleriň biridir,senem irgözünden ýat. Ata, şu wagt bilesim gelýär-diýip,men öz eňegimi tutdum. Ýeri bolýar,biljek bolýandan zähmedi gysganmaly däldir.Ylmyň merdiwanynda ebjed hartplarynyň manysyny şeýle düşündirýärler,ýagny,ebjed-atamyz Adam safiýýulla günäde tapyldy,hewwez-köňlüniň islegine gidip,ornundan taýdy,huttyý-toba etmegi bilen ol günäden ýuwuldy,kelemen-Adam aleýhissalam özüniň günäleriniň geçilmegine sebäp bolar ýaly,Alladan tälim aldy,sagfes-ol ökünji özüne kesp edindi,karaşet-tobasy,ökünji kabul bolup,onuň endamyndaky

garalyklar aýryldy,sahhez-onuň ökünji 200 ýyl boldy,zezaglen-Allatagala onuň güälerini bagyşlap,ony öňki ornunda goýdy.Köşek,sen bulary ýadyňda sakla,boýnuňdan asda entek-entekler aýyrma,olar doganyň ulusydyr,olar seni in şääää Allahu köp belalardan gorar.Men saňa öz yhlasymy siňdirdim,ozaly Alladan,soňra pygamber hudadan,çaryýarlardan bu işde rowaçlyk arzuw edýärin-ol doga okap ýüzüne syldy...

Mekanymyzdan ygranymyzyň ýigrimi çekizinji güni ýaşdy,asyl ol Garaburyn depesiniň aňyrsynda gizlenýär ekeni...

----- 11---------

Taryhdan parça.

1932-nji ýylyň mart aýynda Kurbatowyň.Molowyň,Tarasowyň bölümleri Merkulowyň serkerdeliginde,Orta Aziýa harby bölüminiň söweşjeň goşunlary bilen birleşip,Sarahsyň 60 kilometrlik gündogarynda,Garaburun -Goýun guýy-guýysynyň ýanynda gozgalaňçylaryň yzyndan ýetdiler,agşama çeken gazaply söweş barada GPU-nyň resminamalarynda şeýle ýazylypdyr-Bu söweşde gozgalaňçylar öz hüjümlerini güýçli ot açma bilen dowam etdirip,batyrlyk,gaýduwsyzlyk,erjellik görkezdiler,söweş wagty olar piýada nyzam

Bilen”Ýok bolsun şura hökümeti,ýok bolsun Gyzyl Goşun! “ -diýip, gykylyklap, üç gezek garşylyklaýyn hüjüme geçdiler,Merkulowyň bölümleri hem edil Kurbatowyň bolşy ýaly ,eýýäm söweş başlanan badyna aljyraňňylyga,gorkaklyga köňül berdiler,Merkulowyň ýaralanmagy goşunyň basga düşmegine getirdi,esgerleriň käbiri gaçdy,käsi gaçmaga hyýallandy,Merkulowyň ornuna galan siýasy ýolbaşçy Iwanow tertip düzgüni ýola goýmaga synandy,emma galmagalyň,buýrygyň netije bermeýändigini görüp, köplügiň içinden gaçyp barýan esgerleriň birini atdy,bu çäre olary

duruzdy,tertip dikeldildi,emma barybir ähliumumy başagaýlykda, goşundan üç sany esger,bir serkerde söweş meýdanyny taşlapdy,soňra olary Mary-Guşgy demir ýolunyň ugrundak Daşköpri menzilinden tapdylar...Agzalan kitabyň 125-149-nji sahypalary.

1932-nji ýylyň mart aýynyň ortalarynda Türkmenistanyň merkezi gazetleriniň birinde " Ýomut basmaçylary ýok edildi" ady bilen çykan makalada şeýle ýazgylar bar-Gyzyl esgerler Saragtyň 6o kilometr gündogar-demirgazygynda ,Goýun guýysynyň ýakynynda Jüneýit hanyň heberelerinden bolan basmaçylaryň uly toparynyň daşyny gabamagy başardy,uzaga çeken söweşden soň galtamanlar ýok edildi ,ýek-tük çaga diýäýmeseň ýesir düşen bolmady,sebäbi ýesirligi kabul etmedik gyz-gelinler ellerinde bar bolan gyrkylyk bilen çagalaryny, özlerini öldürdiler ,şeýlelikde,Garagum çölüni mekan tutunan Jüneýit hanyň neberelerinden bolan basmaçylaryň iň uly,iň soňky topary köki-damary bilen ýok edildi.Ýaşasyn Gyzyl Goşun,ýaşasyn ýoldaş Stalin! Basmaçylar ýok bolsun!!!...

Garaburunda ýatan gijämiziň ertesi ir bilen, daşymyzy gaban duşmanlary gören Agdar han, goç ýigitleri ýygnap, bir çukura tüýkürtdi hem-de ýaralynyň, şehit öleniň jesedini alyp gaýtmadygyň, öleniň çagalaryna seretmedigiň hatyny talak diýip, kasam içdirdi,söweşde ölenini-öçenini bilmesin ,gaýduwsyz bolsun diýip, hersine bir bulgur ajan aýran içirdi,soň Baýram mollanyň pata bermeginde Alla diýip atlandylar.Toparyň öňüni Çoluk han,Berdi batyr,Ýagdy kakam,söweşe ilkinji gatnaşýan Bäşim dagy çekýärdiler.Olaryň çozuşy duýdansyz, gazaply boldy,Ogultäç gelnejemiň,Maralyň başda durmaklarynda aýylganç ses,ahy-nala bilen söweşe giren zenanlaryň işi hem netijeli gutardy,duşman gorkup,yza çekildi.Az salymdan soň, ikinji söweşe başlamakçy bolan zenanlaryň ýolbaşçysy Ogultäç

gelnejem –Joralar,sizi aýgytly söweşe çagyrýaryn,türkmeniň namys goragçysy bolup gelendigini gadymdan bäri bilmeýän ýok, ölsegem,namysymyzy gorap ,duşmany öldürip öleliň,diri galsak arkamyzdan deperler,çala jany myhdan asarlar,ok-ýaragyňyzi tükelläň,okyňyz gutarsa diri ele düşmez ýaly gyrkylygy bile gysdyryň-da, yzyma düşüň,birinji söweşde aljyran duşmana maý bermäliň-diýip, öňe okduryldy,ýyldyrym dek süýnýän atlar,galgaýan gyrkylykdyr- gylyçlar,aýylganç sesler bu gezek hem duşmany yza tesdirdi.Maral bolsa toparyň öňünde,göze ilmeýän çaltlyk bilen gazaply söweş alyp barýardy, gyrmyzy dony,kellesindäki silkme telpegi kä o erde,kä bu erde galgaýardy, şemala gös-göni bolýan bilek ýalyn gara saçy diýäýmeseň,oňa zenan maşgala diýip boljak däldi.Onuň ýelden ýyndam,ýyldyrymdan çalt herekedini depäň üstünde synlaýan Maralyň ejesi-Allajan,ýüzügarany özüň gora,medet-kuwwat ber-diýip, doga okaýardy.Ýüzügara sözüne diňe men düşünýärdim.Maralyň ejesi hoja gyzymy bermen diýip, gyzynyň Berdä bolan söýgüsini unamaýardy,şol sebäplem gyzyna ýüzügara diýýärdi,Şammy ikimiz üçün bolsa ýer ýüzünde Maraldan ak ýüz, owadan gyz ýokdy,syh-syh kirpikleri diýjekmi,bir gysym bili,ketenisini ýaryp çykjak bolýan göwüsleri,ýaňy dogan aýy ýadyňa salýan gaşlary diýjekmy,haýsysyny alsaňam diliň taryp edip ýadajak däl.Asla şol dogram.Berdi onyň dodagyndaky halyna”Bal sormaga gelen ary”diýýär,Şammy razylaşanok, Berdi”Ary baldan geregini edinip beýhuş bolyp galypdyr”diýýär,Maralyň owadan barmaklary öň keşde gaýap,tikin tikerdi,indi tüpeň,gylyç,gyrkylyk tutýar.Owadan aty hem duşmany kükregi bilen kakyp,toýnagy bilen depip, saýlama goç ýigitleriň işini bitirýär..Ine,häzirem gyr at gulagyny ýapyryp öňe barýar,zatdan habarsyz duşman,yzdan duýdansyz peýda bolan Maraly görüp, ýaraglaryny taşlap gaçdylar.Ýap-ýaňy Maralyň,bosgunlaryň janyna howp salan aýylganç ýarag,duşman pulemýody eldeki guzy ýaly, atyň

yzyndan tigirlenip barýar.Maral bu gün Garry hojanyň görkezen gahrymançylygyny görkezdi.Türkmen zenanynyň amala aşyran bu herekedi öňde-soňda bolanam däldir,asla bolmazam.Atam oňa-Berekella guzym,,gujur-gaýratyňdan ýer sarsýar,berekella.Ýedi ýaşlaryňda ýanyma getirenlerinde çala jany bardy,em tapylmasa öljek diýdiler,menem gyzyňyzy geçi çopana tabşyryň,goý geçiň iýen otundan iýsin,içen suwundan içsin-diýdim,bir aýdan ýene ýanyma getirdiler, indi gök eşegiň iýýän otuny iýsin,süýdüni içsin diýdim,şeýdip, keseliňden saplanyp gitdi,sebäbi geçi bilen eşegiň şeýtany bir, iýýän otlary hökman derman bolaýmaly,ýedi ýyl geçi bakandan,bir ýyl eşek bakandan akyl sorama diýýändirler-diýdi.

Güýçly gaýtowul gören duşman öýle namazdan soň yza çekildi,biziň üçün bu gün dogan oglan ýat bormy,biri gamgyn bolsa biri şat bormy diýleni boldy,has dogrusy, şehitleri däbe görä ýere duwlamak,patasyny almak mümkünçiligi döredi,onuň üçün Alladan müň kerem razydyk. Aýal-gyzlaryň gamgyn sesleri,agylary welin Garaburun oýuna ýaň salýardy.

Aglaý-aglaý elýaglygym ezildi,
Aglamasam näzik göwnüm bozuldy,
Ýagdyjana iki gözüm düzüldi,
Aýralyk,aýralyk,zalym aýralyk...

Gyzyny aldyran Gynnan eje “Ýetimlikde ýetenim,ýeke dikrar-götenim,owurdymda iýmlänim,sakawumda suwlanym,bege bitimi berip,dana gaşymy gerip, ýetişdiren owlajygym-gowlanym,gözden gaýyp boldy-leý”diýip uwlaýardy...

Jaýlanjak jaýlananam bolsa dirileriň,ölüleriň arasynda Çolyk beg ýokdy.Agdar han-Ol ýesir düşjek ýigit däl,ýaraly bolyp galandyr,gözläň!-diýip,ýigitleri dymly-duşa ugratdy,bizem näme Şammy ikimiz öz ugrumyza gözlege çykdyk.Çykan erimizden daş bolmadyk aralykda zakyja

gargalaryň üýşen ýerine barsak,saňa ýalan maňa çyn,şol maňlaýy sakar agsak garga Çoluk neressäniň gözüni çokalap dur.

Eý,ol Çoluk beg ýaly-la-diýip Şammy böwrüme dürtdi

Ýok bol,näkes!-diýip,men garga kesek aýlap saldym.

Sakar garga dört-bäş ädim golaýda gonup"Sen öz halasgäriňi kowmaga hakyň ýok,kesek bilen gorkuzybam bilmersiň"diýýän ýaly gak-gaklap,ýene hol beýlede gonýar.Men muňa çydap bilmän, elime ilen ojary alyp uly ilim bilen gygyrdym-da, Çoluk begiň duşmana topulşy deý, gargalaryň üstüne topuldym,şeýdip, ýadap ýakylýançam kowalap-kesekläp gitdim,olaryň ganaty bar,uçýar,men bolsa ýerde ýöreýän,onsoň,bir bölegi gaçan ýaly etse-de, yzymda ikinji bölegi jesede topulýar.Gargalaryň, dünýäni döretmekde ýaradana ýardam berenligini,ynsan üçün Alladan kalb soranlygyny,ýagşylyk ediji beyik- keramatly guşdugyny,oňa ýowyz daramaklygyň erbetlik hasap edilýänligini atam aýdanam bolsa, bu alamatlary görüp kesek zyňman,gargynman ,gygyrman biljek däldim...Şodur-da şodur, men-de zakyja gargalara bolan ýigrenç döredi,indi olar Alla tarapyn iberilen halasgärler däl-de,şehitleriň gözüni çokýan wagşylardy, "ölen-ä öleni,gözüni garga çokany" diýlip ýönelige aýdylmaýar ekeni,asyl olar halasgärler däl-de, jesetleri çokalamak üçün daşymyzda gaýmalaşýar ekenler.Bu meniň üçün ýadyňa-oýuňa düşmejek bir aýylgançlykdy.Kakam bir sözünde bu barada ýaňzydypdam welin men ynanmandyryn...Men jesediň ýanynda galyp,Şammy keli Agdar hana ugratdym...

Gazaply söweş tä garaňky düşýänçä ,çabgaly ýagyş ýagýança dowam etdi.Depäňde örtgüň,öý-öwzaryň ýok,egin-eşigiň myjjyk,garnyň aç,şonda-da näme, adam uruşdan özge zadyň jebrine kaýyl bolar ekeni,onçakly bir rahatlyk bolmasa-da garaz, gijäni galagopsuz geçirdik.Egnimizde düýe ýüň çäkmeni,ýagyşyň täsiri ýok, suwjyk duýgular,ýylmanak

sözler,badyhowa ,pöwhe öwünmelere derek köňüllerde gazap bar.Şeýdip,Şammy, Hajar daýzanyň idip barýan atynyň üstünde,kakasynyň syrtynda,menem atamyň köne çäkmenine bukulyp, eşegiň syrtynda, daň saz berenden Garaburundan daşlaşyp barýarys.Goýun guýusyndan geçip, çägeligiň baýra sapýan etegindäki Gyzyl jaryň ýoluna düşenimizde, öňümizden üstüni gara-gan edip Annageldi batyr çykd.Ol"Duşman bizi paýhynlady,ýeke çykmaly däldik,size gulak asmalydyk!"-diýip,Agdar hanyň aýagyna ýykyldy.

Her bir laý eýläp ýöreniň gepini tapma,how,muny derňemeli,bilmeli-diýip,Agdar han tolgunan märekäniň sesine bir bada suw sepdi,ohda-da näme aýdylan söz aýdylansoň gowur artdy,Bäpbe ças -Ölüme kaýyl,Allajan alsaňam gynap bir alma-diýip ,aglamjyrady.

Bäpbe,çykmadyk janda umyt bar,sen beýdip dursaň zenanlara dowul düşmezmi,erkek kişi saýhallyrak bolýandyr -Atam gözleri ýaşly titreşip duran zenanlara ýüzlendi-Köşekler,her hili ýagdaýda-da giň,mert boluň,biliň,Gülendam gelnejeňiz yhlas bilen gyr ata seretmedik bolanda Görogly beg beýle at alyp bilmezdi.Iki gulagy açykdan boluňda, kynçylykdan çykmagyň ýoluny gözläň,ruhy jähtden durnukly,pugtumal, döwülmezek boluň.Alla hemme zady görýändir,ýerli-ýerinde goýýandyr,çykgynsyz günden çykalga tapýandyr,Magtymguly -Bir sagatda gopar ahyrzamana,eger geler bolsa gahry dilberiň-diýipdir ahyr,jebir-sütem köpelse Taňry rahatlyk tapmaz..Üç aýlyk çagakam ejem ölüp ,altmyş alty ýaşly mamamyň elinde galypdyryn.Açlykdan dyngysyz aglamsoň ol, boş emmesini agzyma tutdurypdyr,şeýdip, Alla göwsüne süýt inderip, ölmän galypdyryn, şonda "oňyrgam agyryp,üşüdip-gyzdyryp tas ölüpdim" diýip, mamam pahyr aýdardy,diýjek bolýanym,çykgynsyz günde hem Allanyň özi ýalkajak bolsa ugur tapýandyr...

Atamyň bu sözünden soň birneme rahatlanan jemagat ýola düşdi,agyr ýaralanan Annageldi batyry düýäň

üstüne sarap alyp gaýtdyk,ýöne, soňky gören zatlarymyz welin, ýürek daşdan bolanda-da çydam etjek däldi...

Bir depeden aşyp seretsek,öňümizdäki ýapyň ýüzi ýöne adam jesedi bolup ýatyr,kürtdürip duranymyzy bilmändiris.Soňam goýun sürüsiniň suwa çozyşy ýaly okduryldyk.Eý,Hudaý,şeýle bir adam gyrylypdyr hiç diýip-aýdar ýaly däl,bizden sowrulyp gaýdan ýomut garyndaşlar,ýaz güli ýaly çagalar, kükrekleri gyrkylykly, çapylan daragt ýaly ýykylyşyp, gatap galan zenanlar...Bir zenana jan beren söwer ýaryna elini diräp,atjak okuny atyp bilmän galypdyr,gök keteni köýnekli gyzlar ýesir düşmejek bolup bir-birlerine gyrkylyk sanjypdyrlar. Haýrana goýan başga bir zada gabat geldik,ösgün ýylgynyň düýbünde, egni gije-gündüzli,başy öýme ýaglykly,ak ýüzli mürçe-miýan gelin henizem süýt damyp duran göwsüni açyp,çep egnine düwrülip gatap galypdyr,ýaşyna ýetmedik çagajyk bolsa beýlede, silkme telpekli kakasynyň ýanyna gatnap, ýaňy çykyşyp ugran otda ýol ýasap uklap galypdyr.Atam ýüzüni sowup,geliniň süýtden doly göwsüni keteniň aşagynda gizledi-de-Baýram molla, şehit bendeden razylyk sora,pahyr, çagaň haky üçün gözi açyk,umutly-armanly amanadyny tabşyrypdyr-diýdi.

Gelin,kowumlaryň ýanyňa ýygnandy,çagaňa eýe çykarys,ekläp-saklarys,ondan arkaýyn , bizdenem razy bol-Baýram molla çöküne düşüp,eli bilen gelniň gözüni ýumdurdy,doga yzyna doga okady.Birdenem,ýygrylan aýagyny ýazjak ýaly eden gelin arkan düşdü-de, şobada hem şu pursada çenli üýtgemedik ýüzi göm-gök,endam-jany gap-gara boldy.-Çagasy kowumlaryna gowuşýança, pahyryň ruhy jesedi taşlamandyr,teni üýütgetmän saklapdyr.Asyl Annageldi batyr dilden-agyzdan galdy diýdikle,wah, bolmandyr,bolmandyr.Ine bir agyza bakman hereket edilse bolýan zat,belki, bi ykbaldyr,ýazgytdyr,belki, hudaýsyzlaryň

köpelýänligi üçün gudraty güýçliniň bize görkezýän gazabydyr...

Bu aýylgançlyk şeýle bir sarsdyrdy welin, süňňümizdäki gahar-gazap,duşmana bolan ýigrenç bir ýyla däl,onlarça ýyllara-da ýeterlik boldy.Boýnuma alaýyn,segseniň gädiginden garadym welin şol ýigrençlerden henizem saplanyp bilemokdym.

Adamlar,diýenimi etseňiz Eýrana aşalyň,serhet ýakyn,ýurt asuda-diýip ,onda-munda kän bir gňrünmeýän,göze-başa düşmeýän Gara Ýowşan asudalygy bozdy.

Ryza şanyň gyzyllardan tapawudy ýok,Jüneýdi ýaragly garşylaýşyny eşitdik,owgan topragynda howupsyz ýaşarys,nämede bolsa biz Gaýgysyzyň raýaty,Gaýgysyz bolsa owganlaryň ýegeni-diýip,Meret tentek garşy çykdy.

Owganda, Amanulla han iňlisleriň zor salmagynda tagtyndan agdaryldy,ol Eýrana gaçanmyşyn, tagt ugrunda Habybulla han göreşýärmiş.

Çala eşiden çatma ýykarlaryna bardy seňkem, Ýowşan aga, çaklaýan wakaňyza iki ýyl boldy,häzir ýurt asuda-diýip, Agdar han jogap berdi.

Indi aňymda aýlap görýän welin, Ýowşanyň niýeti özüne berilen görkezme esasynda bizi,Eýran ýolundaky güýçli berkidilen serhet toparynyň üstüne eltmek ekeni.Onuň salgy beren ýolundan gitmänimiz gowy bolupdyr,sebäbi gyzyllaryň uly goşun bölümleri şol ugurda ýerleşdirilipdir.Onsuzam biz Duzly oýa çenli irginsiz hüjüm edýän gyzyllara garşy göreşip geldik.Söweşleriň birinde atama ok degdi.Duzly oýa ýetip barýarkak atam ýarasynyň yzasyna gerinen ýaly etdi-de, eli bilen bir zatlary diýdi.Suw soraýandyr öýdüp, jürdekde galan soňky damja suwy onuň agzyna tutdurjak boldum,emma ol gataňsy elini galgadyp,kellesini çala çaýkady,Ene jürdegi elimden alyp –Agzy beklä suw hödür etme,günä bor-diýdi.

Biz jaryň ugry bilen,ellibiriň üstünden gitmelidik,serhet ýakyn,bu barýan ýolumyz bosgunlary ýok etmek üçün ýörüte gurnalan pirim-diýip,Bäpbe ças janykdy Adamçylykdyr,göwnüňiziň galan ýeri bolsa razy boluň,hany Amanmyrat jan,Ýagdy jan, näme olar görünenok?-diýip,atam samrady.

Men ölenleri ýatlap dünýe bilen hoşlaşyp barýan atama seredip aglaýardym,kakam,ejem ýüzlerini salap oturdylar,Baýram molla doga,doga,doga okaýardy.”Bu horluklar öz günämiz üçündir, sebäbini özümizden gözläp,ynsanlary söýmegi öwreneliň,Taňry ýalkanyna ezýet ýamanyny iberermiş,enşalla biziň öýümiz uçmahdadyr ,garaňkylykdan ýagtylyga çykjak bolanda adam horluk görýändir,sanalgysy dolup ýene şol garaňkylyga dolanmaly bolanda öňküdenem beter horluk görýändir...

Dyzly oýda, elliki ady bilen tanalýan guýa ýakyn gelenleriň arasynda ilkinji şehit bolanlygy üçün atamy ganambaşy etseňem bolman durjak däldi. Bir aýa ýakyn irginsiz ýörelmeler,duşmanlar bilen çaknyşyklar biziň halys eňkamyzy alypdy,açlyk-suwsuzlyk bilenem öwrenişipdik.

-Ok-däri,azyk gutardy,siz Annagyla hanyň agasy Ata handan ýarag,azyk getirmeli,ol serhetden geçen eriňde Güloran-Badhyz obasynda ýaşaýandyr,Alla ýaryňyz bolsun-diýip,Agdar han ýigitleriň içinden iň batyr,gaýduwsyzlaryny saýlap,ýyndam atlara oturdyp ak pata berip ugratdy

Bosgunlaryň käle inip ugranlaryna ýarym salkyn geçenem bolsa,onuň yzy henizem gelip durdy,gelip durdy.Mallara suw berilmese-de,Badhyzyň gök otundan birneme alynýardy.Gör-ä, Badhyzyň tebigatynyň üýütgeşikdigini, geçen ýolumyzda diş synçgar ýaly ot bitmändir,bu ýerde bolsa dyzdan. Adamlaryň arasynda agyz suw diýip iki ýana ylgaşýanlaryň sany köpeldi, dargalmasyn diýibem, garaňky düşenligine garamazdan ýola ugramaly edildi.Alabaharyň garaňkylygy dünýäni gaplady,ýanyňdaky

zatlar bolaýmasa galanlary tümlük ýuwutdy.Demirgazykdan öwüsýän şemal asman gümmezini gara bulutlar bilen örtdi.Göç ala-zenzele turuzyp, pytyraňňy halda Eroýulanyň belehtliklerine dyrmaşyp ugrady.Bu ýerleriň uly-uly oýlary,beýik-beýik depeleri,depesi çüri çöňňeleri göçi hasam aljyraňňylyga saldy,nir-ä ýöreýäniňi bilip bolanokdy.Adamlar düýeleriň bagyrmasyna,atlaryň kişňemesine,çagalaryň agysyna salgylanyp ,bir-birine ýakyn hereket etjek bolýardylar,ýöne, yzygiderlilik ýokdy.Bir topar beýlekiden aýrylýardy,hereket welin dowam edýärdi,ýogsam, azaşmazlygymyz üçün kakam bir-birimiziň elinden tutmagy tabşyrypdy,Agdar, han barylýan ugur bilinsin diýip, käte pagtabent atýardy.Göçüň öňi owgan serhedine ýetenem bolsa yzdaky mahgaralaryň,atalaryň,şagallaryň,gyzylgözlileriň,ganjyklaryň,a manşalaryň,perreňleriň kowçumlary azaşyp, yzyna aýlanypdylar.Azaşylmagyna sebäp bolan zat, yzdaky kowçumlaryň arasy bilen gelýän Gara Ýowşan sülsat-neşebendiň-Men bu oýda aw etdim,Mara duz äkidip satdym,ýol-ýodasyna gaty belet,ümür bolsa-da, dogry ýoly görkezerin-diýip,öňe düşmegi bolupdy.Daňdanlar, göç ilki agşamky ugran oýuna inende,ýagny, enesi ölüp bozlap galan köşejigiň goýlup gidilen ýerinde çöküp oturanlygyny görenlerinde adamlar azaşandyklaryny bildiler.Olar gazapdan doly nazarlaryny aýlanlarynda Gara Ýowşan -Men azaşypdyryn,huşym gidipdir-diýip ýöwselledi, rejäniň geň däldigini aňyp göterdi ökjäni. Maral –Dur,ataryn-diýip bäşataryna ok sürdi,emma Baýram-Gyzym,gaçyp barýany atmak namartlyk bor-diýip ýaragyň başyny egdi.

Kaka ol bizi azaşdyran dönük,goýber,läşini sereýin1-diýip,Maral garşy çykdy. Baýram gyzynyň özdiýenli,göwnüne düwen zadyndan gaýtmajakdygyny bilýärdi,ol gurjak oýnaman aşyk,çilik oýnardy,at çapardy,tüpeň atardy,aw ederdi,Göroglyny ýatdan aýdyp bererdi,durmyşda oňa meňzejek bolardy.

Gyzym,Görogly beg bir sözünde “ gaçany kowujy bolma” diýipdir ahyr, gulak asaý,ýogsam menem ony sylap goýjaklardan däl.

Wah,kakam bolaýýaňda,ýogsam-a...Jojuklyda otla ok atanam,Annaguly hanyň ölümine sebäp bolanam şu ýerçeken, sypdyrmaly däldik,dönügiň jezasy ölümdir.

Baýram, ýaşlygyndan özüni neşä aldyran ,her hili ýaramaz işlerden gaýtmaýan, muzduny berip ur diýseň kelle getirýän Gara Ýowşany tanaýardy,kowumdaşydy,çöle ,ýola belet diýse, hyzmatyny ak ýürekden hödürleýändir öýdüpdi,ýöne, iline,watanyna ikilik etmegi welin aňyňa sygjak zat däldi.Bulara ol indi gözüni ýetirdi.Her zatda bolsa,Gara Ýowşanyň atylmanlygy gowudy,sebäbi, Baýramyň gyzy öz gumlusyny atypdyr diýjekdiler.

---12—

Taryhdan parça.Serhediň golaýlaşýanlygyna garamazdan gyzyl goşun henizem basmaçylaryň hötdesinden gelip bilmeýärdi,ýogsam, Ýerbentden bäri bir aýa ýakyn gazaply söweşler alynyp barylypdy.Fewral aýynyň 23-ne TSSR GPU-nyň berk talap etmeginde, galtamanlary yzarlamak hem-de howadan zarba urmak üçün, Daşkendiň üsti bilen Germaniýadan üç sany ýunkers-ÝYF-13 kysymly harby uçarlar getirilipdi-Gör-ä, öz raýatyny ýoklamak üçün ,çykdajy bary çykarylyp nirelerden harby ýaraglar,uçarlar getirilýär-A.N-Martyň 24-25-ne bolan söweşler gozgalaňçylar üçün has aýylganç boldy, uçarlar 15 kilogramlyk bombalaryň 46-syny,soňky üç uçuşda ýene 40-syny taşladylar.Howadan hem-de guryýer goşunlarynyň hüjümlerinden gowy goransalarda,taşlanan bombalar,uçarlara berkidilen pulemýodlar öz işlerini bitirdiler,olardan ne üsti ýükli düýeleri,ne bala-çagalary gorap bolýardy,onsaňam uçarlar kämil aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün edilip,guryýer goşunlaryna

yzarlanýanlar barada möhüm maglumatlary yzygiderli berip bilýärdi,ýogsam, basmaçylar buky ýerlerini ,ot açyş nokatlaryny ussatlyk bilen saýlaýardylar,muňa seredeniňde basmaçylaryň içinde ýörüte harby taýýarlygy geçen esgerleriň ýokdugyna ynanasyň hem gelenokdy.Garagumyň uç-gyraksyz çöllüginde mal yzynda gezip ýören sähraýy adamlaryň erjelligine,ugur tapyjylygyna, köp urşy başyndan geçiren ,SSSR harby akademiýasyny gutaran tejribeli serkerde Merkulow hem geň galýardy. Söweşýän goşunyň üstüne Korniýenkonyň we Ostowskiniň çalt hereket edýän serhet bölümleri goşulyp,Akrabat serhet galasynyň 40 kilometr demirgazygynda gozgalaňçylaryň öňünden çykyldy,birleşen uly goşun sekiz sagadyň dowamynda gazaply söweş alyp bardy,emma üstün çykyp bilmedi.Agşama ýakyn basmaçylar gabowdan çykmagy başardylar.Şol aýyň 26-na Ellibir jülgesiniň ýanynda ähli bölümler birleşip, basmaçylary gabawa saldy,ýöne olar örän erjellik bilen söweşip,her edip hesip edip jülgä özüni atmak islediler.Edil öňki söweşlerde bolşy ýaly bu gün hem basmaçylarda araçäkden aşmaga bolan uly ynam bardy,Annaguly hanyň şaýkasyndaky banditleriň-galtamanlaryň-seret,kime şeýle diýilýär?-,şol sanda aýal oglan-uşaklaryň ählisiniň kalbynda sowet hökümetine garşy synpy ýigrenç ,dini we milletçilik kakyn bilen üsti ýetirilip durýan islegler gaplap alypdy.Gyzyl Goşuna garşy söweşlerde aýal-gyzlaryň,çagalaryň hem ulular üçün buky ýer gazmaga kömek edendiklerini,kähalatda bolsa ellerine tüpeň,gylyç,gyrkylyk alyp, goşuna tarap topulandyklaryny,erkekler bilen deň derejede söweş alyp barandyklaryny görmek bolýardy.Näçe garşylyk görkezselerem olar günüň ahyrynda doly paýhyn edildi.Şeýlelikde, Ellbiriň eteginde 172 basmaçy öldürildi,26-sy agyr ýaralanyp ýesir düşdi,50 töwerek aýal-oglan uşak öldürilip,255-si ýesir alyndy,soňky söweşlerde jemi 363 adam

öldürildi,68 ýaraly ýesir alyndy,56 at,565 düýe olja alyndy....Agzalan kitabyň 125-150-nji sahypalary.

Ellbir söweşine gös-göni gatnaşan M.Çernýawskiniň ýatlamasyndan-Annaguly hanyň toparynda 4500 düýeden ybarat kerwen,1500 sany ýaragly goragçylar bardy,kerwenden 500 düýe,ähli ilatdan bolsa 60 sany garry we çaga diri galdy,olaram paý-piýada Guşga sürülip getirildi.Diňe şu söweşde " Gyzyl Goşun 80 adam ýitirdi"diýilýär...Çoluk aga ýatlamasynda bosgunlaryň sanyny on müňden geçirýär "çagaň ýa-da bir zadyň ýitse,ony tapmak üçün syrgynyň içine bir günde aýlanyp çykyp bolmaýardy" diýýär.85 ýaşly Kakajan molla bolsa bosgunlaryň sanyny ýigrimi müňden aňry hasap edýär....

Ellbir jülgesinde gazaply söweş alyp baran zenanlar, üç tarapy gyzyl-ala bägüllere bürenen ,gündogary duzly oýa ýapgyt bolup gidýän peslige , biziň oturan oýumyza geldiler.Giç öýläniň hoştap howasy janyňa ýaraýardy,bägülleriň,her hili gülleriň,käkilik otunyň,ýabany gyrymsy otlaryň ysy başyňy aýlandyryp barýardy.Badhyzyň howasam,tebigatam üýütgeşikdi,adyny agzan ösümligiň bardy, arassa asman, az salymlygam bolsa asuda,parahat durmuş hököm sürýärdi, uruş gidýändir öýütmersiň.Her hüjümde zenanlaryň sanynyň azalýany welin bildirýärdi .Olaryň ýüzleri gara ört,dodaklary ýarçyk-ýarçykdy,suwsapdylar,gaty ýadapdylar, diliňi öllemäge bolsa bir damja suw ýokdy.Duşman güýüçli ýaragyna daýanyp, öýleden soň üçünji gezek eýelenen depeden zenanlary yza gaýtarypdylar .Maral ýanymda, ýaragyny arassalap oturşyna –Wah,ok azalyp barýar-diýip, dodagyny dişledi.

Ýaňy,duşmandan gaçyp geldiňiz, meni alyp git,şu gamam bilen läşlerini sereýin-diýip,Marala närazylygymy bildirdim.

Oýnuňy,duşmany getirip eliňe berenimde etmeli ekeniň,onsaňam biz gaçyb-a gelmedik,Görogly kakam aýdypdyr-a, gaçyşym bar kowşuma bermen diýip1Ondan-a sümügiňi oňar!

Süpürýän weli ýene çykaýýar-a,ýeňim gatap galdy.

Al şujagaza süpür-diýip,Maral maňa gyralary keşdeli ,seçekli ýaglygyny yzatdy. Ýaglyk şeýle bir enaýyjady welin burnyňy däl,eliňem süpürer ýaly däldi.

Joralar,mähribanlar-diýip,Ogultäç gelnejemiň sesi çykdy-Biz Oguzhanyň,Salyr Gazanyň nesilleri,namysymyzy gorap ,şehit bolan ärlerimiziň,doganlarymyzyň aryny almalydyrys,biz bir naçar, biçäre zenan, ah urup aglanymyz bilen wah diýjegimiz ýok,diňe söweşmeli. Jogap berseňiz bir sorajak zadym bar,siz kapyryň gujagyna girjekmisiňiz?

Ýok,ýok,ýok1

Äriňize wepaly boljakmysyňyz?

Hawa,hawa,hawa.

“Allahu akber” diýip ganymyň üstüne çozmaga taýýarmysyňyz?

Taýýar,taýýar,taýýar.Goý, kapyrlar zenan zoruny görsünler.

Ýeňiş gazandyk diýip duşman şerap içer, aýdym aýdar,mes bolup ýatar, şonda biz häzir bolmaly-diýip,Maral teklip girizdi.

Maraljan dogry aýdýar,şu ynsan päkligimiz bilen jihäde gitmeli,Pygamberimiz üç hili jihäd bar diýipdir,şeýtana garşy gizlin ,nebse garşy açyk ,din duşmanlaryna garşy mukaddes jihäd,bir duşmany ýoklap şehit bolsak üç jihädimiz kabul bolar,enşalla-diýip, ejem söze goşuldy.

Naçarlar baryndan bazar eýläp iýip-içdiler,dynç aldylar,ýary gijeden soň aglaşyp,birek-birek bilen hoşlaşdylar,ýeňil ýaralanan Baýram mollanyň ak pata bermeginde ,aýagyňy atanyňdan uçup barýan atlara atlanyp,-Ýa Alla - diýen aýylganç ses bilen duşmanyň üstüne

döküldiler, bizem,biz ýaly çagalaram uly ilimlz bilen gygyryşyp zenanlary baýyra çenli ugratdyk.Beýle zada garaşmadyk duşman üstüni basdyrdy,aýňalyp etişmedi,döşleri gapak ýaly erkekler girmäge deşik tapsa razy boldular.Şol wagt jülgede turan tupan olaryň gorkusyny öňküdenem beter artdyrdy.Güýçli gopan harasat ýerden galdyran owunjak daşlary,çöp-çalamlary duşmanyň ýüz-gözüne aýlap urýardy,ýerde ýatan zatlary asmana uçurýardy,çadyrlary goparýardy,gazandyr-ojaklary agdar-düňder edýärdi.Wagtal-wagtal eşidilýän gök gürrüldisi,ýyldyrym çakmasy hem gijäniň garaňkylygyny böwsüp,zenanlaryň gazaply seslerini getirýärdi.Şemalyň yzy bilen başlan ýagyş bedreden dökülýän ýalydy.Her bir görünýän gara üstlerine sürünýärdi,has dogrusy tebigy güýçler hem Allanyň gudraty bilen duşmany dyza çökermek üçün çykana meňzeýärdi.Segsene golaý duşmanyň läşi serilipdi,gaçyp sypanlar bäri-bärde durmandylar.Asyl,zenanlary ýeňen bolmady...

Ýeri gelende bellemeli zat,türkmen zenanlarynyň görkezen gaýduwsyzlygy Gyzyl Goşunyň serkerdelerini hem sarsdyran ekeni.Muny esgerler dillerinden düşürmän gürrüň edýärdiler,"ellerinde ýaraglary bolmasa-da daş zyňyp, bir ýeriňe şikest salýarlar" diýýärdiler.Käbir aýdylýan zatlara ynanar ýaly hem däldi,ýöne, ýesir düşüp,üçlügiň elinden sypyp gelen Dudy Dudyýewiç welin saklanyp bilmedi,kim-kim ol Maralyň gaýduwsyzlygyny görüpdi, dogrusy erkekleriň köpüsi ony başarjak hem däldi.

Men gumlylara belet,tarypyny etmäge mynasyp zenanlar-diýip,ol goşun komandiri Iwanowa düşündirdi.

Siz zenanlaryňyzy ertekilerdäki döwlere deňeýärsiňiz,"bir duşmany öldürip bilsem uçma barýaryn,soň maňa ýaşaýyşyň zerurlygy hem ýok"diýýär diýip,badyhowalyga baş goşýarsyňyz,bi çökder bolýar.Nätanyş ýer,ýurt,belki,esgerleriň gözüne goşa görünýändir?Dört

tärimiň içindäki sowatsyz zenanlardan emeli gahryman döretjek bolmaň!-serkerde göwniýetmezçilik bilen murtuny tämizlemegini dowam etdi.

Daň atyp jahan ýagtylanam bolsa goýy ümürden ýaňa bäş ädim öňüňü saýgaryp bolmaýardy,ýarym-ýalaňaç esgerleriň ýuwunýany haýsy,üstüne serenjam berýäni haýsy,käte atlaryň pyşgyrmasy, gülki sesi eşidilýärdi.

Ýüzlenmäge rugsat ediň,ýoldaş komandyr-diýip,esgerleriň içinde, zenanlaryň zarbyndan sypan, biline çenli ýalaňaçlanyp ýuwunyp duran bir serkerde seslendi–Men özümi aklajak bolamok,ýöne agşam olar duýdansyz çozdular,aýňalyp hem etişmedik,biz...

Sen maňa erteki otarma,gözüňe gelýänçe içipsiň-de, dowul döretjek bolýarsyň..

Ýok,ýoldaş komandir,biz...

Kes sesiňi ýal ýagysy,men siziň şagalmeslik eden ýeriňize bardym,ölenleriň segsenisi hem lül-gammar bolup ýatan ýerlerinde, gylyçdan geçirilipdir.Men atýň üstünde gylyç oýnadyp,söweş hereketlerini alyp barmakda köp çorba sowadan adam, ölenleriň ýaralaryna seretdim,ol zenanlaryň işi däl,ýörüte türgenleşik geçen saýlama esgerleriň edip biläýjek hereketleri.Meni aldajak bolmaň,meni...ýagşam bir..Dogry,olar uruşmany başarýarlar,guramaçylygyna,tertibine,gaýduwsyzlygyna haýran galaýmaly,ýekeje öli ýa-da ýaraly bolyp ýesir düşene duşmadym,diýmek, birek-biregi goldaýarlar.Biziň iň bir gowşak ýerimiz gijeki uruşlar,olar möjek ýaly gijelikden peýdalanýarlar,bu meselede olardan öwrenere zadymyz kän..Ýeri bolýar,derrew geýmiňizi geýip hatara duruň!-diýip,ol Duda gazaply garady.Dudy başarsa merkezde galyp,söweşiň öň hatarynda görünjek däldi,sebäbi, Maralyň,Baýram Bykowlynyň eline ýesir düşerin diýip gorkýardy,komandir ýany bilen alyp gaýdansoň boýun bolmaly hem bolýpdy..

Ertiriň ümüş-tamyşlygyndaky goýy ümüre duwlanan atly, edil ýeriň astyndan çykan ýaly depeden aşak inip,hiç zatdan habarsyz esgerleri gylyçdan geçirip başlady,nämäň nämedigine gözüni ýetiren esgerler ýaraga ýapyşyp,gaýtowul berýänçäler çalasyn hereket bilen ol eýýäm iki adamy ýaralap ýetişdi.Ýerli-ýerden topulyp,atlyny atdan agdardylar.Iwanow özüniň hälki gelen netijesiniň hakykatdygyna göz ýetirdi,onuň esgerleri gaýduwsyzlygy,söweş hereketlerine ökdeligi bilen tapawutlanýardy, ýöne, gözsüz batyr bosgunyň bu hereketleri welin haýran galmaga mejbur etdi.

Ine,zenan maşgala diýip agzyňyzy dolduryp gürrüň edýän galtamanlaryňyzyň biri,kim muňa zenan diýjek! Ýagşam bir tapdyňyz Amazonkalylary...

Öň çopan,soň dikme,häzir pulemýod eskadronyň komandiri Dudy Dydiýewiç “ men diýjek” diýip,tasdanam gygyrypdy,ol bu geleniň kimdigini gylyç aýlaýşyndan,herekedinden aňypdy,has dogrusy süňňi syzypdy,başga wagt bolan bolsa bäş ädim golaýyndan geçmäge-de gorkardy welin,häzir ol her elinden bir esger tutup duran bosgunyň ýanyna gorka-gorka bardy, onuň kellesindäki silkme telpegi sypyrdy.Şobada, bilek ýaly gara saç çöşlenip ýere ýeteňkirledi,gyrmyzy donuň astynda indi onuň göwüsleri hem mese-mälim bildirýärdi.Dudy, ýylanyň üstünden basan ýaly bolup, doňup galan Iwan Iwanowiçiň ýanyna çekildi.Asyl, erkek diýip duranlary erkek eşigine giren senan bolsa nätjek!Ep-esli dymyşlykdan soň kimdir biri gülüp goýberdi.”Bes et “ diýip,oňa gygyrsa-da, Iwan Iwanowiçiň özem häzirki düşen ýagdaýyna gülesi gelýärdi,emma beýitse, öz-özüni masgaraladygy boljakdy.Rehimsizlikde,wagşylykda ýakasyny tanatsa-da, gaýduwsyzlyk onuň iň gowy görýän häsiýetidi,özüniň, käbir şeýle esgerleriniň köp ýalňyşlyklaryna hem gözüni ýumýardy,ýöne edil beýle gaýduwsyzlygy görkezip biljek esger

heniz oňa duşmandy.
Beýik Pygamberimiz kybla meselesinde,daşlap adam öldürme we edilen jenaýata görä jeza berme meselesinde,asmandan wahyý inmänkä Töwrada görä çözüpdir,şol sebäplem,siziň edýän jenaýatyňyza görä meniň herekedim din söweşidir-diýip,onýança senanyň özi hem dil açdy.Bu sözleri komandirine terjime edeninden soň,Dudy seslenmän durup bilmedi.

Ine,galtaman zenanyň ediberişi,zenan däl ol,ajdarha!

Ol jyn-arwah bolaýmasyn, how1

Indi ynansalar gerek, esgeriň sözi ýerem almaz,ýerde-de ýatmaz diýleni...

Eý,köpeý ogullary,dikdüşdiler,gazykdan ýöretme ýalýagylar,gowruňyzy bes ediň!-diýip,serkerde gygyrdy-Ondan soraň,öldüriljegini bilse-de,gorkman ýeke özi nädip biziň üstümize gelip bilýär?Kim ony iberipdir?
Mende, kalbymy açýan nur bar,ol maňa “şu ýalançy dünýä aldanma,ölümden öň ölüme taýýarlanda,diniňi gorap, hakyky durmuşa bar” diýýär,din ugrundaky söweşde bolsa dört ýüz gezek Haja gidip gelen ýaly sogap bar!-diýip,zenan jogap berdi. Zenanyň telpegini geýdiriň,ýaragyny,atyny gaýdyp beriň!-diýip,jogaby eşiden Iwanow seslendi-Ýogsa-da,kim oň bilen başa-baş söweşe çykjak!?Gaýtalaýaryn,kim şu zenan bilen gylyçlaşyp biljek?-Polýak,latyş,hunkar,ermeni,alaman,rus türmelerinden saýlanyp alynan kelle keserlerden ses çykmady.Öz topraklarynda döşlerine kaksalaram bu ýerde welin dilleri bokurdagyna giden ýalydy-Çykjak ýokmy?Diýmek, içimizde ýekeje erkek ýok-da!Saýlama esgeriň edip bilmejek işini etmegi başaran zenanyň dört tarapy açyk,atynyň jylowuny goýberiň,goý,gitsin!

Men çykjak-diýip,kimdir biri orta çykarman boldy..

Sem bol,indi çykyp oturma,ýaňy biriniň aşagyndamydyň?Goý, senan gitsin.

Ony goýberip bolmaz,watan dönüklerini ýer ýüzünden süpürip taşlamaly-diýip,Dudy seslendi.

Ony dardan asmali, atmaly!

Kesiň sesiňizi döremän geçenler,ýaň-a biriň çykyp bilmän züwdürip dursyňyz,indem wala-wala eden bolýaňyz.Zenany goýberiň!

Atyň jylowyny eline alan Maral, ýüzüni sallap duran Dudynyň gasygyna ökjeli köwşi bilen rastlap depdi-de:

Watan dönükleriniň kimdigini wagt görkezer,ol saňa galmandyr,ýerçeken!-diýdi.

Gasygyny tutup çabalanyp ýatan Duda nebsi agyran Iwan Iwanowiç zenanyň bu gözdençykgynç herekedine gahary geldimi, nämemi,iňlis mauzerini çykaryp, atyny çapyp gidip barýan Maralyň yzyndan atyp goýberdi, eýýäm depä dyrmaşyp ýetişen Maral, hiç zat bolmadyk ýaly gözden ýitdi. ..

Şol gaýdyşyna hem ol,ýaňky atylan okdan ýeňil ýaralanan atyny iýdip ýanymayza geldi.Men şol wagt Durdy awçynyň elindäki ýarasyndan akýan iriňli gany arassalamaga Hajar daýza kömekleşýärdim.Ýara beterläpdi,şonda-da ol syr bildirmän aýdyma hiňlenen bolýardy.

Hümmetli ärleriň maňlaý deri bar,
Gambar babaň ýylky bakan ýeri bar,
Onda-munda tawus guşuň peri bar,
Belki,Hindistandan gelen bar munda
Uzakdaky alys tozan jerendir,
Bürgüt özün al-asmana gerendir
Okly kirpi pisse çöpläp ýörendir,
Ajyny-süýjüni gören bar munda.
Uklap ýatan boz maraly oýadan,
Dag goçlary başşak gaýdar gaýadan,
Badhyzym owadan,örän owadan,
Gülälek goş basan alaň bar munda...

Eý,Badhyz,Badhyz,tarypyň ýetirip bolaýdyk öýdýän,seniň gülälek goş basan alaňlaryňda läşimiz gargalara,şagallara şam boljak,indi. Aýryl keýwany, ýara

degme, indi kömek edip bilmersiň.Meni goýda il belen git!Size degmezler.Meň kysmatym şu ýeri çekendir.Git,jorap ör,haly doka,Şammy jany okat,ösdür,görer gözi,mydary, geleri-gideri bol!Sen guwanjym,namysym arymsyň!Ýaňky, nämähreme gözüňi dikseň,o dünýe bi dünýe ýüzüm garadyr...

Aýdýanyň näme,awçy,ony edenimden takga janym çykany gowudyr ,arkaýyn bolaý-diýip Hajar daýza hamsykdy.

Ynanýan goý,aglama-Birden onyň essi aýylyp samrady-Suw,suw...Ýok bol şeýtan,suw hödürläp imanymy aljak bolma, agzym bekli,güm bol,toba,toba,essagpurulla,şu suwsuzlygyma ölüp gitsem uçma bararyn ahyr...

Wah,muny Iblis goýanok,suw hödürläp imanyny alaýmabilseýdir,aý ýok,diýseň polat erklidir, iblise per bermez...

Biziň daş töweregimiz ýaralylardan,jesetlerden doludy,iňňildi,hassyldy,samramalar kändi,haýsyna näme kömek etjegiňi biler ýaly däldi, şonda-da, Şammy,Ene üçümiz ýagdaýymyzyň ýetdiginden olara kömek edýärdik.Armanly ölen şehitleriň gözi açykdy,owsarly erkekler aýaklaryny serişip ýatyrdy,çöküp oturan bir erkegiň üstündäki aý ýaly geliniň gülýakasyny ok böwsüp geçipdir,muňa erbet bolan erkek esreýän ýaly agzyndaky haltasyny çykaryp, bütün göwresi bilen tiriň-tiriň titreýärdi,gözünden boýradyp ýaş dökýärdi,haýwan diýjeksiň,zaryn aglaýşyny diýsene,üstündäki şehit düşürilmese, şu oturyşyna gatap galjagy ikiuçly däldi..

Eý musulman bendeleri,çagamy alyp beriň,ölmänkäm bir emdirip galaýyn-diýip,Memmetdurdy kakamyň ýaraly aýaly Oguldursun gelnejem elini serip,çagasynyň ýanyna süýşenekläp barjak bolýar.Bir ýaşa ýeter-ýetmez çagany eltip berenimde , gelnejem ony bagryna basyp,maňlaýyndan öwran-öwran öpdi-de aglady.Bizem bile aglaşdyk.

Käliň ortasyndaky uly çöňňäniň gaýra gapdalyndan, uly baýryň burnundan zomlap çykan uçarlar gaplaň ýaly arlap, depäni ýaraýyn diýýärdi.Olaryň peýda boljagyny gargalar habar beripdi,ýöne, düwülen göwün beýle hyzmata mätäç däldi,onsaňam bukulaýyn diýeniňde-de, Ýeroýulanyň içinde kä ýerde bir ýylgyn bolaýmasa diş synçgar ýaly çöp ýokdy,ýokarda,daşynda welin haşal ot dyzdandy, onsaň her kim özüni oýtumlara duwlap, janyny saklajak boldy.Misli bir mekdebe gatnaýan çagalar ýaly,öňe yza uçýan uçarlardan zyňylýan bombalar,onda oturdylan piliňbutlaryndan ýagýan çagbaly oklar, tirkiş düýeleri palaç ýatyran ýaly edýärdi,düýe bary bagyryp boýunlaryny ýere düşäýýärdi,olaryň arasyndan ýaraly ýatanlaryň,ah urup aglaýan zenanlaryň,çagalaryň, ýek-tük galan mallaryň,”bir Alla,bir Pigamber,ar-namys üçün söweşeliň” diýýän Merediň,Baýram Bykowlynyň sesleri tot-tozana garylyp gidýärdi ,az wagtda uçarlar Ýeroýulanyň duzly gollaryny, källerini düýe läşlerinden,adam jesetlerinden doldurdy,şonda-da, gandan doýmadyk ýaly aýlandy ýördüler.Adamlar nirä gitjeklerini bilmän aljyrap,bir-birine bukulyşyp,eýläk-beýläk pelesaň urýardylar,bir-birini ýitirip,uly yzlaşyk bolup,guzysyna tapyşýan mal sürüsine öwrülipdiler.Göçüň öň bölegine uçarlaryň täsiri ýetmedi,sebäbi serhet ýakyndy.Agdar hanyň,Halnazar baýyň,Samat baýyň nebereleri,şeýle hem mahgaralaryň,tentekleriň, perreňleriň,atalaryň göçüniň bir bölegi uçarlaryň okundan aman galdy.

Bilek ýaly sazagy köki-damary bilen sowrup,bir buranda suwuny alyp içip bilýän,boýy derek,gaplaň ýürek, “iýýän lukmamyz halal bolmasa ,eýle-beýle güpürdi çykaýgyç bolýandyr” diýmegi halaýan Bayram molla uýlugyny tutup,süýşenekläp, ýaralylara başardygyndan em edýärdi.Atyň atasy,ýigidiň enesi diýlenid-ä, onuň enesi akylly,ot-çöpler bilen kesel bejerýän bilgiç zenandy,molla

ondan köp zat öwrenipdi,indem bilýänlerini ýaralylara em edip berýärdi.Gözümiň alnynda iki zenan ele düşenden öleniň gowy diýip bir-birine gyrkylyk sokanda men, pessaý uçup atanaklaýyn bomba taşlaýan uçarlary görkezip-Eliňde ýarag bar,at hol gaýyş donly duşmany,beýdip üstümize hekgeren bolmasyn-diýip, Marala igendim.Ol gabadyna getirip, iň soňky okuny asmana atanda, uçar bir çaýkanan ýaly etdi-de, gözden gaýyp boldy,ýöne olar bir däldi.

Özüm üçin goýan ýekeje okum bardy,onam-a ulandyk-diýip,Maral başyny ýaýkady,birdenem, bombadan goraýan ýaly Ene ikimizi gujagyna gysyp çukura duwlandy-Allatagala ilki bilen asmany hem-de zemini ýaradypdyr,ýer tümlige gaplanan ekeni,ähli ýer suwmyş,Biribar goý ýagtylyk bolsun diýen badyna tümlükden sogrulyp Gün çykan,şondan bäri tümlüge gije,güne bolsa Gün diýilipdir,ikinji gün suwy ikä -ýerrdäki suwa we asmandaky suwa -bulutlara-bölüpdir,üçünji gün ol sywlary bir ýere ýygnap gury ýeri-Zemini döredipdir, onuň üstüne ot-çöpleri sepeläp baglary ösdüripdir,dördünji gün Aýy,ýyldyzlary döredipdir,bäşinji gün ýerde-suwda ýaşaýan jandarlary jübütme-jübüt ýaradyp jan beripdir,altynjy gün ol öz keşbine çalymdaş adamzady jübüt ýasapdyr hem-de ony ýer ýüzüne hojaýyn edipdir. Lut pygamber döwründe şol adamlar,Iblisiň gepine gidip, Hudaýyň eden gowy işine ýaramazlyk bilen jogap beripdirler. Bu Ýeroýulan diýilýän oý gülläp ösen şäher ekeni,adamlar Hudaýa dalaş edip ugrapdyrlar,muňa gahary gelen Hudaý gara daş ýagdyryp,şäheri ýere sokupdyr.Ýeroýulandaky äpet, gara-gara, dowzah daşlaryny görensiňiz,olar ýöne bir daş däl,otda bişirilen ýaly,ýanyp,gara köýük bolan daşlar,ana,şolar asmandan ýagypdyr.Bu barada Agraf süresiniň 84-nji aýatynda “Olaryň-ýagny Lut pygamberiň kowmunyň üstüne apatly ýagmyr,daş ýagdyrdyk.Ana indi asy-günäkär kowumyň kysmatynyň nähili bolanlygyny görüň!”diýilýär.Olar, ters ýoly üçin ýere cokulan bolsa, biz hak iş üçin ýere sokulýas,bularyň ikisiniň

aňyrsynda hem Allanyň nurly ýüzi bar.Ýöne,Adam ata wezipesini eýeläninden bäri Iblisiň maksady adamy zaýalamak, bu ýere gaýtmanymyzda hem ol ýüregine düwen niýetini etjek,gaýdanymyzda hem etjek.Gyzyllaryň elinde binamys ölenden bu ýerde mert söweşip ölen ýagşy,çünki Bakara süresiniň 284-nji aýatynda aýdylyşy ýaly"Gökdäki we ýerdäki bar nerse Allanyňkydyr,içiňizdäki närsäni hem äşgär ediň, isle gizläň,Alla sizden şol zatlar üçin hasap soraýar we islän kişisiniň günäsini geçip,islän kişisini azaba goýýar,Alla hemme härsä kadyrdyr"diýilýär...Maral ýene-de nämedir bir zatlar diýdi,ýöne,garynja hininiň üstüne düşen bombanyň sesinden ýaňa tas huşumy ýitiripdim,gulagymda bolsa Şammy keliň "Ine, şor maňlaý bolsaň bolýany"diýýär. Asyl ol gelýänem ýaly-la!?

Indi tutaýsam, Duduny nätjegimi bilýän-diýip,süýşenekläp gelen Şammy hüňürdidi.

Hä,näderdiň,ýene boşadyp goýberjekmi?-diýip,Maral sorady.

Ýok, söz berdiň,sözüňde tapyl diýjek!

Hudaýa adamyň gowusy gerek,ýogsam, Gara Ýowşan,Dudy däli,Porsy ýalylar bir wagt ölüp gitmeli ahyr,men...

Tekeler, şol geçitden geçseňiz ölümden gutulýarsyňyz-diýen aýylganç ses Maralyň sözüni böldi,şobada ok atylma kesilip ümsümlik aralaşdy.Muňa, duşman özüne gaçyp gitmäge maý berýändir diýip düşünen bosgunlar, birden ýerlerinden turanlarynda,edil gök gübürdän ýaly ses çykdy.Olar ýüzlerini geçide tutup ylgadylar,ýöne täzeden atylyp başlan güllelerden sypjak gumanyň ýokdy.

Maral Ene ikimiziň elimizden tutup geçide ylgajak boldy,emma men "ejemiň ýanynda galjak" diýip aýagymy direýärdim,Maral bolsa "Ejeň bir duşmany ýok etsem yçma bararyn"diýip,islegi boýunça ölüme gitdi,ýor!"diýip,elimden çekýär.Şol aralykda kimdir biri Maral bilen aramyzdan zymdyrylyp geçdi-de,meni ýere ýazdy.Gaçyp barýanlar

elimden,aýagymdan,ýüzümden basyşdyryp geçýärdiler,Enäniň ‘Doganjygym dirimiň?” diýýän sesi çala eşidilýär.Edil gapdalymda ýarylan bombadan soň özümden gidipdirin...Gözümiň öňünde, kellesi kelte börükli,börügi egmeli,gapdaly heýkel-tumarly,orta boýly ejem ezýaka köýnegime tumar dakyp,iki aýagyny sallançak edip,meni huwwalaýan keşbi peýda bolýar...

Allaý,allaý al hanym,
Bal goşulan talhanym,
Ýagy gelse ýaragym,
Uly gelse geregim
Toýdan süýji görenim,
Süýtden gaýmak süzenim,
Aýa –güne bakanym
Adyna Çoluk dakanym,
Huwwa,balam,huw,huw,huw...
Tüpeň sesi, tüw,tüw,tüw...

---13—

Indi,ýokarda ke ýerde ady agzalýan,yzda hem agzaljak,bosgunlara kömek etjek bolýan Nepes şuranyň nähili adam bolanlygy baradaky gürrüňe geçeliň!...

Ol ýaňy 19 ýaşyna ýetende rus patyşasy bilen germanlaryň arasynda uruş başlanypdy.Şol zerarly halkdan pul,şaý-sep,at salgytlary,urşuň yzynda işlemek üçin päleçilige adam ýygnalyp başlandy.Onuň göz-guwanjy,gyr aty hem elinden alyndy.Emma,keseki adamlaryň eline düşmejek bolan at iki ýana urundy,gözünden ajy ýaş döküp,çyny bilen aglady.Muny görüp bozulan Nepes:”Atym bilen meni hem alyp gidiň!”diýip,pälä gitmekçi bolýar,ejesi Aýna ejäniň ah urup aglamagyna garamazdan ol öz diýenini tutýar.Barlyrak adamlar ogullaryna derek başga bir adamy pula tutup ugratmakçy bolup başagaýdylar,ol bolsa özi höwesek gidýärdi.Ol ,ejesiniň:”Betbagt,men,betbagt!”diýip,aglap ugratmagynda

Belorus topragyna gitdi,yzynda galan inisi Täşli bilen aýal dogany Ejegyz hem çyny bilen agladylar,emma Nepesiň göwni bir ýaly.Gaýtam,pälä gidýänine begenýär.Durmuşda käte bolaýýan betbagtçylyk hem adamy bagta ýetirip biljek ekeni.Ol ony öz durmuşyndan bilýär.Pälä alynmaklyk il içinde betbagtlyk hasap edilse-de,ol gidip,iki ýyl geçeninden soň bagtly adam bolup dolanyp geldi.Ol indi öňki bilýänje köne türkmen ýazuwynyň üstüne,pus dilinde geplemäni,ýazmany,okamany öwrenipdi.Gaýgysyz Atabaýa şeýle adamlar edil howa ýaly gerekdi.Şol sebäpli hem ol ony obalary suw bilen üpjün etmek baradaky edaranyň miraby edip eşe belledi.Soň Türkmenistan respublikasy döredildi.

Ep-esli ýyl geçeninden soň ol betbagtlylykdan bagtly bolan ýyllaryny ýatlap:”Meňki hem ýazgyt,bosgunlaryňky hem ýazgyt.Ondan gaçjak gumanyň ýok.Ol Allanyň işi,edenine kaýyl bolaýmaly.Nesibäm çekmän pälä gitmedik bolanymda ýazgydym nähili bolardy?Belki, şonda bosgunlaryň häzirki görýän görgülerini görmeli bolardy?Ony bir Alla bilýar!”diýip,pikirinde aýlapdy...

Ol 1930-nji ýylda,häzrki “Geňeş”obasynyň “Molotow” bölüminiň esasynda döredilen “Moskwa” kolhozynyň,bir ýyl soň “Şura”,”Görelde ýaryş”,”Daýhan”,”Komsomol”,”Stalin”,”Kaganowiç” adyndaky kolhozlary birleşdirilip,”Akýap” şuralygynyň şuralygyna bellenilýär.Ilkinjileriň hatarynda öz gyr atyny we eşegi bilen arabasyny kolhoza geçirýär.Muny gören Sähet Ata,Akweli Durdy,Saparberdi Şadurdy,Agajyk baý,Pirnepes baý ýaly adamlar öz mallaryny meýletinlik bilen kolhoza tabşyrýarlar.Diňe bir Saparberdiniň tabşyran goýunlarynyň sany iki ýüzden geçýärdi.Daýhanlaryň öküzlerini,düýelerini,ýabylaryny,arabalaryny kolhoza tabşyrmaklary netijesinde,kolhozyň işçi mallary köpeldi we obalarda ýer sürümini geçirmäge,pagta,bugdaý ekmäge mümkinçilik döredi.Kolhoz hojalygyna arza bilen girenleriň 15-

niň garyp,6-nyň batrak,57-niň orta daýhan bolanlygyna garamazdan 1932-nji ýylda däneden uly hasyl ýygnap,oba hojalyk işgärleriniň Moskwada geçirilen birinji gurultaýyna gatnaşmaga hukuk aldylar.Olaryň arasynda ilkinjileriň biri bolup Nepes şura bilen hasyl şurasy Ataly Tan hem bardy.Moskwadan gaýdyp gelen ildeşlerini uly dabara bilen garşy alan oba adamlary,olara berilen sylaglary-gapyrjak bagşyny-patefony diňlemek üçin bir ýere ýygnanýardylar.Olar üçin bu uly bir täsinlikdi,çünki,beýle zat  beýleki obalarda ýokdy.Nepes şura aýdym diňlemäge gelýän adamlar bilen düşündiriş işlerini geçirýärdi,kolhoz gurulşygynyň çylşyrymly ýollaryny öwredýärdi,maslahat berýärdi.Özi ilkinjileriň hatarynda gelejekki obanyň bolmaly ýerine göçüp gelensoň, suwly ýaplaryň boýunda dagynak oturýan beýleki hojalyklary hem bir ýere jemleýärdi.Bu bolsa olaryň suw we beýleki üpjünçiligini aňsat çözmäge şert döredýärdi.Bir çetde,uly gür baglyga bürenen Agajyk baýyň,Pirnepes baýyň mülk ýerlerini taşlap,oba göçüp gelmekleri,beýleki adamlaryň hem oba göçüp gelmeklerine itergi berdi.Şeýdip ol öz daşyna Garly Gurbanýaz,Aga Atamergen,Rejep işan,Paýzy Seýitje,Aman Gulak,Geldi Oratja,Döwlet Meleş,Amangeldi Gurt,Öwez Berdi,Berdi hoja,Çommul Durdy ýaly çala,doly sowatly adamlary ýygnamagy başardy.

Ol ekin meýdanlaryna hemişe pälä gidip gelen gyr atyna atlanyp aýlanýardy,kemçilikleri ýüze çykaryp,duran ýerinde düzedilmegini gazanýardy.Ýer agdarýanlaryň ýanyna barsa atynyň gapdalyna daňylan pilini alyp,bir sagat  ýer agdarýardy,gazyçylaryň ýanyna barsa çokaýyny çykaryp,ýaba girerdi,däne ormaly bolsa ýanynda göterýän oragy bilen iliň öňünde-di.Daýhanlar özleri bilen meýdanda deň işleşýän,orak ormak,gazy gazmak ýaly işlerden gaçmaýan,kim bilen nähili gepleşmeli,kime gowşak kime gaty daramalydygyny bilýän oba şurasyny sylaýardylar.Şeýle ýagdaý adamlaryň jogapkärçiligini artdyrýardy.Ýöne,oba şurasyny  hukugy hem gaty

güýçlidi.Ýüregi, yhlasy bilen işlemeýän kolhoz başlyklaryny ol duran ýerinde boşadyp,başgasyny belläp bilýärdi.Şonuň bilen birlikde obalarda hasapda durýan hojalyklaryň hal ýagdaýy,gün-güzerany,maşgala sany,mal sany barada maglumatlary ýygnaýardy.

Bir gezek ýygnak geçirlende,ozalky batrak,häzir onbaşy Gurbanmyrat Hydyr ogly söz alyp:-Men,Tat Serdaryň özüni alyp barşyndan razy däl.Ol özüni gödek alyp barýar,agzyna gelen sözi ulanyp,iş talap etmekde adamyň edip biljek çäginden çykýar,özi hojalyk işlerinden çetde durýar-diýip,kolhoz başlygynyň üstünden düşdi.Ozalky batragyň tankydy belligi Nepes şura ýarady.Ol oturanlara ýüzlenip:-Kimi onuň ýerine hödürleýärsiňiz!?-diýdi.Oturanlar özleri bilen deň işleşýän,daýhançylyga ökde Atda Sapary görkezdiler.Ol hem başlyklyga saýlandy.

Önümçiligi alyp barmakda onuň üýtgeşik iş usuly bardy.Işde öňde baryjylar üçin bellenilýän ýörüte sylaglar kolhozyň ulumy ýygnaklarynda,hut şuranyň gatnaşmagynda gowşurylýardy.Şol bir wagtda ýaltalaryň-da atlary okalyp,olara kagyza dolangy “baýraklar”berilýärdi.Olar bolsa gara keçedir ýa öküziň süňki.Ýaltalaryň eline berilýän “baýraklaryň” daşynyň kagyzy şol ýerde sypyrylýardy we olaryň ýüzleri gyzdyrylýardy.Şeýle ýagdaýda ýaltalar derrew düzelmek bilen bolýardy.Daýhanlara berilýän haklar hem gaty üýtgeşikdi.Aýdaly bir daýhan bir tonna pagta ýygypdyr.Şol ýygan pagrasyndan eger ol kolhozdan halta alsa haltasynyň ruly,pagtasyny tabşyrmak üçin araba alsa arabasynyň puly tutulýardy,hiç zat alman öz güýji bilen pagtasyny tabşyrsa hiç hili tutum tutulmaýardy.Ýaňky daýhan ýygan pagtasynyň ýarysyny tabşyranda hem onuň bir ýylky iýjek-içjegine ýeterlik pul gazanýardy.Onsoň käbirleri ýygan pagtasynyň ýarsyny ýere gömüp,ätiýaçlyk üçin indiki ýyla goýýardylar.Oňa pagtaňy tabşyr diýýän ýokdy.Aňyrsy iki-üç ýylyň içinde gowy gurplanan daýhanlar,indi öz durmuşlaryny kolhozsyz göz öňüne getirip

hem bilmeýärdiler.Bularyň bary bir guramaçynyň,işe berlen sowatly adamynyň guramaçylygynyň hetijesidi,şonuň bilen birlikde bu üstünlikler Nepes şuranyň abraýyny arşa göterýärdi.Ol murty palta kesmez diýilýänleriň hatarynda-dy.Hut onuň ýokarky üstünlikleri-de,iki ýyldan soň Mary-Aşgabat-Moskwa at çapyşygyna şu Akýap obasyndan iki adamynyň gatnaşdyrylmagyna sebäp boldy.Türkmenistan boýunça oňa gatnaşan on iki adamynyň ikisi şuranyň obasyndan.Dogry,olaryň biri,Annamuhammet Orazberdi ogly,ýarowsyzlygy sebäpli Aşgabatdan yzyna gaýdanam bolsa,at ýatagyň garawuly bolan Akmyrat Kadyr ogly özüniň dor atyna atlanyp,Moskwa at çapyşygyna gatnaşdy.Oňa “Gyzyl ýyldyz” ordeni ,ýaşaýan obasyna bolsa 1,5 tonnalyk ýük awtomaşyny sylag berildi.Beýle üstünlik heniz görülip-eşdilen zat däldi.Türkmenistanda beýle üstünlik gazanan başga oba ýokdy.Dogry,beýle üstünlikler her keme başartmaýardy.Şol sebäpli bolsa gerek,Gaýgysyz Atabaýyň aýagy Mara düşdigi,hökman Nepes şuranyň ýanyna gelerdi,halyndan habar alardy,degerli kömegini bererdi.

Abraýynyň artyp barmagy Nepes şuranyň eliniň uzadan ýerine ýetmegine kömek edýärdi.Bir gün meýdana aýlanyp ýörkä oňa:”Üçlük Gulhan işany ýygnady”diýen habary ýetirdiler.Şol döwürler “Üçlük”diýen adatdan daşary topar bolardy,olar islän adamsyny tutup,islän ýerine sürgün edip,ýa-da şol ýerde atyp ýok edip bilýärdiler.Ýöne olar birini ýygnajak bolsalar hökmany suratda oba şurasyna maslahat salmalydylar.Maslahatsyz edilen bu hereket onuň gaharyny getirenem bolsa, ol, gaýra goýman, raýona gelip,üçlügiň maslahaty gidip duran jaýyna kürsäp girdi.Şol wagt ýüzüni sallap duran Gulhan agany aýplaýan höküm okalýardy.”Baýlygyny gizläp,doga-tumar bilen halkyň aňyny zäherleýän,geçmişiň zyýanly galyndysyny mahabatlandyrýan,öýünde dini kitablary saklaýan Gulhan işany-atyp,ýok etmeli!”diýen karary eşiden badyna,Nepes üçlügiň

öňüne geçip, jaýyň içinde oturanlara ýüzüni öwürdi-de şeýle diýdi:-Adamlar!Kim Gulhan aga baýlygyny gizlän diýýär?Onuň gizlän baýlygyny kim görenmişin?Ol ähli baýlygyny kolhoza tabşyrdy.Iki sany kel toklyny öýünde saklany üçin baý bolýamyşmy?Ýa-da onuň doga-tumar berenini kim görüpdir?Hiç kim.Öýünden dini kitaplar çykdy diýýärsiňiz.Olar dini kitaplar däl,arap elipbiýinde ýazylan türkmen dessanlary.Olary özüm okap gördüm.Elipbiýi bolmansoň, türkmen arap elipbiýini ulanyp geldi,sizem arap  ýazgyly bir kitap görseňiz aýyn bolmasa dine degişli etjek bolup ýörsüňiz.Kitap çykdy diýip,adamy aýplamak gülkünçdir.Ony goýberiň!Garawul,tüpeňiňi somaldyp durma-da,aýryl gapydan!Gulhan aga,bar git!Adam adyňy tutsa maňa aýdaý! Gulhan aga aýdylany edip, çykyp gideninden soň,özüni birneme rastlan üçlügiň Garly bolşewik diýen bir agzasy:-Nepes aga,biz çykarylan hökümi ýatyryp bilmeris!”diýip,garşy çykdy,emma şuranyň:”Siziň hökümiňizi men ýatyrýaryn!Ýokaryk şeýle diýip aýdaýyň!”diýen jogabyndan soň  ol hem kibtini gysyp galdy.Ine,Nepes şura şeýle edenli adamdy.

Ine,Akýap obasynda işler ýola düşüp,uly üstünlikler gazanylan hem bolsa,köp kolhozlarda emelsiz ýolbaşçylaryň günäsi bilen hasyl alynman,daýhanlar kyn  güne düşüpdiler.Çöl içindäki dagynak,çarwa obalarda ýagdaý hasam erbetdi.Ol ýerlerde kolhoz gurmak diýen zat asla mümkin däldi.Maldarlar malyň yzyna düşüp,ondan-oňa göçüp ýaşaýardylar.Olaryň mallaryny alyp kolhoz gurjak bolmaklyk köre-körlükdi.Aslynda kolhozyň nämedigini olara düşündirjek bolýanam ýokdy,ýogsam,Nepes şura ýaly  kolhozyň many-mazmunyny olara dogry düşündirip bilen bolsalar,çarwalar eline ýarag alyp, hököwmediň garşysyna çykmasa çykmazdylaram...Çarwalaryň garşysyna edilýän ýowuz hereketler barada Nepes şura habar berip,ondan delalat islänleriň sany köpdi.Ol  bu barada welaýatyň jogapkär işgärleriniň biri Bogdasarowyň  ýanynda maslahat edipdi.Ol bolsa:”Sen öz ýolbaşçylyk edýän obaňy

oňar,başga zatlara goşulma!”diýipdi.Şonda-da ol adalatyň ýoýulmagyna gözüni ýumyp biljek däldi.Ikinji gezek onuň ýanyna baranynda ol gaharlandy.

Sen duşmanlaryň,basmaçylaryň dili bilen gürleýärsiň!Olar biziň ganymyzy az dökdülermi?Partiýanyň görkezen ýolunda menem,senem kelläni orta goýmaly bolarys.Eşidýärmiň?Kolhoz gurmakdaky guramaçylyk ukubyň,höküwmediň öňündäki bitiren hyzmatlaryň üçin men seniň bu haýyşyňy eşitmedik hasap edýärin,ýöne indi gaýtalasaň hezil bermen!

Aý,Gökdepäniň Kelejar obasyndan gelen ýakyn garyndaşyma kömek edäýjekdim-dä!

Men seniň ambaryňyzdaky ekinlik dänäni obadaşlaryňyzdan goraýşyňy eşidip begendim.Olar näme,bu däneleriň özleri üçin ekiljegini bilenoklarmy?

Aý,aç adam “Taňrysyny tanamaz”diýleni-dä!Ýogsam men olara “Bu däne siziň ertiriňiz üçin ekilmeli”diýdimem...

Men seniň her bir oba adamsyny döşüňi gerip goraýşyňdan habarly.Üçlük habardar etdi.Diýýänleriň dogry bolsa goraber.Arkaňda duraryn...Ýeri bolýar-Bogdasarow birneme ýumşady-Ýakyn garyndaşyňa kömek etmeli,ol dogry,ýöne men saňa belet.Ähli zatda ýukaýüreklilik edýärsiň!Biziň işimizde ol bolmaz!...Şu gezek men ýakyn garyndaşyňa kömek bermegiňi unaýaryn...

Bu sözler bilen ganatlanan Nepes inisiniň ýanyna geldi.

Täşli,bir iş etjek bolýan,bilmedim,oňlarmyň,oňlamazmyň?!-diýdi.

Agam,aýdyp otur!

Aýtsam,soňky günler dürli bahanalar bilen bigünä adamlary tutup-basyp ugradylar.Men olara kömek edesim gelýär.

Häý,Nepes,gowy işiň başyny başlapsyň.Ýöne,häzir bol,biläýseler sylab-a goýmazlar.Sen höküwmet adamsy ahyryn!

Men oňa eýýäm baş goşdum.Asly Gökdepeli Begli aga iki ogly bilen Tejenden  gaçyp gelipdir.Men ony hasaba aldym.

Bäş wagt namaz okaýar diýip,günäsiz adamlary tutup ýörler...

Iň ýamany bolşewikler ata-baba ýol-ýörelgämize,däp-dessurymyza geçmişiň hapasy diýýärler.

Hasaba alan bolsaň bolupdyr.Ýöne obamyzyň parahatlygy,asudalygy,iýmit-azygy ýetikligi üçin gyzyllardan gaçyp bize goşuljaklaryň sanyny artdyraýmasa...

Artsa,hemmesini kabul ederis.Men olara ýagşylyk edip bilsem armanym ýok...Gerek bolsa ýene Bagdasara ýüz tutaryn,pulumy gysganmaryn!Puluň bolsa mollany metjitde oýnasa bolýar..

Agam,haýyr iş edýärsiň,kabul bolsun!”Könelermiz”Bir ajy doýurmak haçdyr ýaranlar”diýipdirler,haýyr iş ýüz ýyldan soňam ýatlanylýandyr...Edýän ýagşylyklaryň haj-a gidip gelen bilen deň bolar,enşalla!Gulham Seýit otursa-tursa seni dilinden düşürenok.”Meni ölümden alyp galdy.Ýedi arkam edilen ýagşylygy unutmaz!”diýýär..

Dogrudan hem şol wakalardan bäri tas bir asyra golaý wagtyň geçenligine garamazdan  Gulhan aganyň,Begli,Hümmet,Mämmet aganyň kowumlary ýolda-yzda Nepes şuranyň  kowumlaryny görenlerinde:”Biz atañyzyň eden ýagşylygyny nädip gaýtarjagymyzy bilemzok,Taňry ýalkasyn!Alla gorasyn!” diýip,dileg edýärdiler... Täşliniň nokarda belleýşy ýaly,şuranyň asylly hereketlerini eşidip,haraý isläp gelenleriň sany gün-günden köpelýärdi,hat-da Ata Mäneli ady bilen tanalýan biri hem onuň asylly hereketlerini goldaýanlygyny  bildirip,gizlinlikde,telim ýola onuň ýanyna gelip gidipdi...Esasy bellemeli zat,beýleki obalarda “üçlügiň” pidasy bolanlaryň sany –sajagy ýokdy,emma Nepes şuranyň obalarynda  welin, beýle ýagdaý bolmandy.Sebäbi ol tutulmaly diýlip ady bellenilen adamlary öňünden habardar edýärdi,pylan günler öýde bolmaly däl diýip duýdurýardy.Şonda-da,näme

adamçylykda, her hili ýagdaýlar bolaýýardy.Hasam, çarwalaryň düşen günlerini  ol daş-gulakdan eşitmeli däldi.Öten agşam Begli baýyň ogly Geldiniň sazandarlyk etmeginde,Nursähet bagşynyň dilinden şu gaýgyly aýdymy eşidipdi.

Bomba partlap,çaň turup,gopdy beýik bir zenzele,
Maýa,köşek bozlaýyp,asmana çykdy welwele,
Mäleýip owlak-guzy,arşa çykandyr gulgula,
Toplara göwsün gerenler,bolsun Alla ýaryňyz!

Aýal-u-oglan –uşak,duşmana garşy durdylar,
Aglaşyp,jebri-sütem kapyr  golundan gördüler,
Toplaýyp goýun kimin,epgek howada sürdüler,
Delm urup,suwsap ölenler,bolsun Alla ýaryňyz!

Garşylaşdy ol goçaklar,atlanyp,göwsün gerip,
Köp ýigitler şehit boldy,aldanyp,özi baryp,
Ol ýetimler aglaşarlar,ýalňyz Haka ýalbaryp,
Yňraşyp,ahlar çekenler,bolsun Alla ýaryňyz!

Balamyzdan aýrylyp,aglaşdyk,bolduk hapa,
Ilim diýip dalaşdym men,çeksemem jebri-jepa,
Watanymdan aýra düşdüm,görmedim zowky-sapa,
Eý,musulman türkmen ähli,bolsun Alla ýaryňyz!...

Ýokarda,sowatly,ýarym sowatly adamlaryň içinde ady agzalyp geçilen Berdi hoja barada iki agyz .Ol hakykatdanam gaty sowatlylaryň biridi.Yzarlananlygy sebäpli Tejenden gaçyp gelen,hasaba  ökde,dogruçyl,ynsaply,bäş wagt namazyny sypdyrman okaýan adamdy.Ol Eziz hanyň mürzesi bolan ,ýazyjy Berdi Kerbaba  bilen bile okap, bilim alandy.Şol sebäpli onuň ýanyna uly  iliň sylaýan,hormatlaýan adamlary gelerdiler.Gelenleriň içinde namaz okamaýany bar bolsa,onuň bilen görüşenden soň,"täretim bozuldy" diýip,täzeden täret

alardy.Ony ýakary wezypelere hem çagyrýardylar,emma onuň:”Ilden öňe-de gitme,yza-da galma,ortada bol”diýen ýörelgesi bardy, wezipä gyzykmaýardy.”Ýolbaşçy bolsaň adamlara gatyrak daran ýeriň bolar,adalatsyzlyga ýüz urarsyň,ejizeganymlyk edersiň,ol bolsa meniň ýolum däl”diýerdi,gowy görenligi üçin Ak patyşany dilinden düşürmezdi,”bolşewikleriň düzgüni uzaga gitmez”diýip,ynamly aýdardy.Iki ogluny,Hydyry,Ylýasy gowy görerdi.Hydyry Tejende goýup gaýtmaly bolanlygy üçin gynanardy.Mugallymçylykdan eli boş bagty mellegine,mal-garasyna seretmegi gowy görerdi.”Zähmet çekmeseň bagta ýetip bilmersiň”diýmäni gowy görerdi.

Ine,şeýle halal adam “üçlügiň” gözüne ildi.Has dogrusy “Üçlüge”: “Tejenden hem tutulman gaçyp gelen”diýen habary ýetiripdirler.Emma Nepes şuranyň razylygy bolmasa oňa el gatyp bilmeýärdiler.Olarda, “günde pylança,bilimli,eli hünerli,baý,beg adamyny tutmaly”diýen maksatnama bardy,ony etjegem bolsaň ýa-ha şuranyň razylygyny almalydy,ýa-da ol ýygnaga diýip,oňa-muňa gidende, bet işlerini amala aşyrmalydy.Umumanam,şol düşnüksiz döwürde,ilkinji nobatda,iň ylymly-bilimli,halky garaňkylykdan çykaryp biljek adamlar,hünerliler,senetçyler,kümüşçi ussalar ýok edilýärdi.

Şeýle günlerde,şuranyň ýygnaga gidenliginden peýdalana “üçlük”,Berdi hojany işläp oturan ýeriden alyp gidýärler we atuwa höküm edýärler.Şol döwürler Mary-Aşgabat ýolunyň üç-dört kilometrligindäki köne jaryň ugrunda,atuwa höküm edilenleri atar ekenler.

Bäşatar ýaragly atly,eli daňylgy Berdi hojany şol ýere alyp barýarka:

Ýaşuly,sen nireden?-diýip,soraýar,ýogsam oňa tussag bilen gepleşmek gadagan hem edilipdir.

Men Akýaply,Nepes şuranyň obasyndan,adym Berdi.Hojalardan.

Seni nirä alyp barýanymy bilýärmiň?

Ýok,oglum!Bilemok.

Seni atmaga alyp barýaryn...

Ogul,atmaly bolsaň atarsyň-da-diýip,Berdi hoja göwni bir ýaly jogar berdi-Maňlaýyma şol ýazylan bolsa,nädeýin.Kelemämi öwürmäge pursat berseň bolýa...

Ýaşuly,men Tejenden.Siziň obaňyzda ýaşaýan Çoluk begliniň aýal doganynyň ogly,adym Mergen.Nepes şura Çoluk daýymy ölümden alyp galdy,halkyny penalady,çörek berdi,uly abraý gazandy.Onuň bol çöregi biziň Tejenli maşgalamyzy hem açlykdan çykardy.Men beýle ýagşylygy öläýmesem ýadymdan çykarman...

Hawa,Nepes ile köp ýagşylyk paýlan adamdyr.Obada bolan bolsa  men beýle güne düşmeli däldim.Onuň ýygnaga gidenliginden peýdalanypdyrlar...

Hojam aga,gel,ikimiz bir zar edeli!-diýip,Mergen atynyň başyny çekdi-Men seniň eliňi çözüp, goýbereýin!Git-de,ep-eslije wagtlap hiç kimiň gözüne görünme!Soňuny görüp gelen ýok.Men "Atdym"diýip,degişli ýere maglumat bererin.Bu atylýanlaryň sanyny hasaba alyp,yzymy barlap durýan ýok,senem atylanlaryň biri bolarsyň-da...

Oglum,sen bu haýrly işi näme üçin edýärsiň?Meni boşadyp,özüň birden ýaman güne düşäýme!?-diýip,eli çözülip durka Berdi aga sorady.

Nepes şuranyň obasyndan bolanyň üçin...Onsoňam,hojam aga,senden bir täsin nur töwerege ýaýraýar,olam ýagşy adamlygyňdan habar berýär.Beýle adama el ursam, gowy ýaşamajagyma gözüm ýetýär...

Şeýlelikde,Berdi hoja,Nepes şuranyň obasyndan bolanlygy üçin ölmän galdy.

Beýik Watançylyk urşunyň öň ýany,Moskwadan ugradylan bir haty oňa gowşurdylar.Onda:"Merhum Berdi Täşli ogluna bildirilen jenaýatda, hiç hili günäsiniň ýoklugy üçin,Ýokary Kazyýet  ony aklady"diýip ýazylandy.Şeýdip,diri gezip ýören adam öziniň günäsiz atylandygy baradaky haty

eline aldy.Şonda Berdi hojanyň gözünde ilkinji gezek ýaş göründi.Ol ömrüne aglan adam däldi.

Uruşdan has soň,bu waka barada gürrüň gozgalanda,Berdi hojanyň agtygy,alym,tehniki ylymlaryň doktory Allaberdy Ylýasow:

"Atam pahyr Nepes şuranyň eden ýagşylygyny dilinden düşürmezdi.Ol hasam,elini çözüp, boşadyp goýberen şol Tejenli oglany gözläp tapmagy,kakam Ylýasa berk tabşyrdy.Köp gözleglerden soň kakam Mergeni Tejenden tapdy.Atamyň tabşyrygy boýunça,iki halta un bilen bir toklyny eltip,kakam,oglanyň sag-bolsunyny ýetirdi, razy,hoş edip gaýtdy"-diýip, gürrüň berdi....

Käbir adam bu ýazgylary okap,erteki diýmegi hem mümkün,emma Nepes şuranyň şol döwürlerde bitiren işleri ertekä çalym hem edýärdi...Ondan ýene bir mysal getireli...

Akýap obasynyň "Daýhan" kolhozynda Artyk atly biri ýaşaýardy.Ol pil kätmen,orak,pyçak,dutar,gyjak ýasaýardy,ezber kümüşçi ussady,tikýän erkek,aýal köwüşlerini ,çokaýdyr-çaryklaryny synlanlar,başlaryny ýaýkap,boş gidmeýärdiler,künde,araba hem bejerýärdi.Bulardan başga-da ol köne türkmen ýazuwyny suwara bilýärdi,arap-pars dilinden,din ylmyndan öňüne geçjek adam ýokdy.Aýaly ölensoň,ol iki gyzyny hor etmejek bolup janyny aýaman işleýärdi. Agşamlaryna küt-küt kitaplary okaýardy,gyzlaryna hem okamany,ýazmany öwredýärdi.Garaz,gyzlarynyň sowatly,bilimli bolmagynyň,bol-elinlikde ýaşamagynyň aladasy bilen başagaýdy.Çagalar bilim bermek-olaryň gözlerini açmakdy,durmuşa düşünmekdi,her hili ýaramaz endiklerden,azgynlyklardan daşlaşmakdy.Ol:"Çagalarym,goý,aç bolsun,egin-eşigi kemli bolsun,ýöne geçmişimizdäki gowy zatlary öwrensinler,ylymly-bilimli bolsunlar,diňe şonda durmuşyň öwrümli ýollaryndan baş alyp çykarlar,ýüreklerinde mähir artar,olam öz gezeginde din we beýleki gatlaklardaky adamlaryň birek-birege gowy düşünip,agzybir ýaşamaklaryna

şert döreder,ejizeganym bolman,gurbunyň çatdygyndan mätäje kömek eder.Her adam, öwrenýän ylmy bilen,ýene biri diniň üsti bilen,ýene biri daşyny gabaýan ýagdaýy bilen durmuşa,dünýä düşünýär,hersiniň öz ýol-ýörelgesi bar.Olaryň hemmesini bile alyp barmak peýdalydyr.Ýöne,bilim syýasatdan daşarda bolmalydyr"diýen ýörelgeden ugr alýardy.Ol gyzlaryna arap-pars dillerini öwredýärdi,namaz okanda gyzlaryna hem okadýardy.Namazdan soň "Tebäregi" okaýardy,işan-mollalaryň aýdýan aýatlarynyň nädogry ýerlerini düzedip berýärdi.

On ýedisini dolduran uly gyzy Gözeli giçi gyzyndan gowy görerdi.Belki,ejesine gaty meňzeş bolanlygy üçindir?Aýaly ýaly Gözel gaty arassady,päkizedi,başyňa täç edäýmeli maşgalady.Gyzlarynyň eklenje mätäçligi,onuň ussaçylyk edip,dürli zatlary ýasap satmagyna getiripdi,ýogsam, arzuwy, oglan okadyp ders bermekdi.Aýaly ýogalanda gyzlarynyň:"Eje jan!Maslahatçymyz,howandarymyz,eke daýanjymyz,sen nirede!?"diýip uwlaýyşlary gulagyndan gitmänsoň,köçede biri aglap duran bolsa gabadyndan geçip bilmän,onuň halyndan habar alardy. Ol tebigy bolaýmaly zatdy...

Bolşewiklere bolsa, beýle tebigylyk ýatdy,hasam,ýekebara hojalyklary ýigrenýärdiler,kolhoz döredip,ýagny,köpçüligiň hojalygyny döredip, adamlaryň hemmesini deň-derejede ýaşatmagyň arzuwyny edýärdiler.Artyk ussa ýaly ýekebara hojalyklar olaryň gözlerine gaçan çöp ýalydy,ony"köki-damary bilen ýok etmeli"diýýärdiler."Üçlügiň" maksadyny öňünden aňan Nepes şura:"Dini kataplary ýygnamaly"diýen habary ýetirýär.Artyk ýedi ganar kitaby bir gijäniň içinde suwly ýabyň gyrasynda gömýär.Bu işe uly gyzy Gözel kömekleşýär.Şol gijäniň ertesi bolsa Artygy ýygnaýarlar.

Bu habary eşiden Nepes şura "Üçlügiň" welaýat ketdesi Hasan Jumaýewiň ýanyna baryp:"Ýedi obanyň derdine ýarap,kime pil,kime orak,kime kätmen ýasap berýän, gurallarymyz,kündedir-arabalarymyz döwülse, bejerip berýän

ussamyzyň alynyp gaýdylmagy,tutuş önümçiligimiziň bökdemegine getirdi,adamlaryň elini işden sowatdy” diýdi we ussanyň gaýragoýulmasyz boşadylmagyny talap etdi.Jumaýew, önümçilikli meselede perwaýsyz bolup bilmedi,sebäbi, haryt bolçulygyny döredýänleriň bahasynyň ýokarydygyna düşünýärdi.Nepes şuranyň deliller bilen subut edýän meselesine kembaha garasa, kellesinden sypalmajagyny bilip, Artyk ussany türmeden çykardy...

Şol döwrüň iň gazaply,gorkuly guramasy bolan “Üçlügiň” öňünde hem öz dogryçyllygyňa,batyrgaýlygyňa,adyllygyňa bil baglap,aýgytly hereketler bilen raýatyňy gorap boljak ekenligini,Nepes şuranyň ýokarky mysalynda görse bolýar...

Artyk öýüne gelip, Nepes şurany çagyrdy we şeýle diýdi:

Nepes,sen meni ölümden alyp galdyň!Taňryýalkasyn!Birki ýyllykda aýalyň çaga üstünde ýogalyp,üç gyz bir oguly terbiýelemegiň saňa aňsat düşmeýänini bilýärin.Sebäbi özüm ýetim saklaýaryn.Şu jähtden bir zat aýtmakçy...Eden ýagşylygyňy ýagşylyk bilen gaýtarmakçy,gönüläp aýtsam,uly gyzymy saňa nikalap bermekçi...

Men kyrk ýaşadym,gyzyň deň-duşym däl-diýip,Nepes garşy çykdy.

Onuň deň-duş bolmagy hökman däl.Maňa gyzym arkaýyn ýaşasa bolýar.

Gyzyň göwnärmi-kä?

Ol atasynyň sözünden çykýan däldir...

Ine,şeýdip,bir adamyny bagta ýetiren Nepes şuranyň özi hem birden bagta ýetdi duryberdi.Aýaly ölüp,ýetim galan çagalaryna göz-gulak boljak maşgala indi, onuň öýüni bezedi....Adam üçin,onda-da ikinji gezek öýlenýän adam üçin şundan uly bagt ýokdy...

(Artyk ussa dünýäden gaýdanyndan soň,onuň her hili gurallaynyň,tilsimatlarynyň,sandallarynyň,terezileriniň,dürli

köwüşleriň köp sanly galyplarynyň öýümizde otuz-kyry ýyllap baslygyp ýatanlygyna,şy kitabyň awtory şaýat).

Ýokarda,Nepes şuranyň adamlara eden ýagşylyklary barada diňe iki obadan mysallar getirildi.Beýleki bäş obadan hem şeýle mysallaryň onlarçasyny getirse boljak.Ýöne ony etmän,2016-nji ýylyň sentýabr aýynda togsan ýaşaýan,Sakarçägeli baýry taryh mugallymy,türkmenlerde ilkinji sportsmenleriň biri Welberdi Weldurdyýewiň bu barada aýdanlaryny size ýetirmekçi:

“Men şol tutha-tutluk döwürlerini gowy bilýärin.Nepes aganyň alasakgallara,alajagözlere,körsagyrlara,hajysopylara,soltanyzlara şuralyk eden ýyllary ýekeje adam hem günäsiz basylan däldir.Men şol döwrüň gözlüje şaýady hökmünde muny açyk aýdyp biljek!Onuň adamlara eden ýagşylyklary sanardan kändir.Haýsy oba baryp,Nepes şura diýseň-diňe ýagşylykda ýatlarlar...”

Dogry,ýagşylyk ýerde ýatmaýar,ol adamlaryň dilleriniň üsti bilen ýagşylyk edeniň ömrüni uzaldýar.

Nepes şura öz arzasy bilen Beýik Watançylyk urşuna gitdi,Leningradyň gabawunda boldy,çabga ýaly ýagýan okuň aşagynda gezse-de,uruşdan sag-aman dolanyp geldi.Gelip,ýene öňki işini dowam etdi...

“Okuwdan elimiz boş wagty köçede uruş-uruş oýnuny oýnardyk-diýip, Allaberdi Ylýas ýatlaýar:-Merhum Aman Ata neressäniň üýtgeşik bir papagy bardy.Ol ony geýýär welin,edil Gitlere meňzäýýär.Aman:”Git!”diýýär,bizem:”Haýl”diýip,jogap berýäris.Şol wagt ýoldan geçip barýan Nepes şura bize ýüzlenip:”Çagalar,uruş oýnuny oýnasaňyz oýnaň,ýöne ýaňky ýaly “sözi” iň soňky gezek eşidenem men bolaýyn,aýdanam siz boluň!Indi bir şular ýaly aýylganç uruş gaýtalamasyn.Siz,uruşda kellämiň gorkuly ýerine baryp saklanan okuň köne ýarasyny gozgadyňyz”diýip,bize çalaja käýindi...”

Hawa,Nepes şura segsene ýetip dünýäden gaýtdy.Ol mundanam köp ýaşamalydy.Arman,uruşdan galan ok onuň sanalgysyny ýakynlaşdyrdy...

## Ikinji bölüm

### Kasas kyýamata galmaz.

Taryhdan parça:-1937-1938-nji ýyllarda Mary welaýaty boýunça jemi on alty müňe golaý adam "halk duşmany" hökmünde tussag edildi,şolaryň bäş müňden gowuragy atyldy,galanlary türme tussaglygyna,uzak ýerlere ugradyldy...Mary Welaýat Döwlet Arhiwi,gazna 3,73.

--14—

Araçäge ýeten bosgunlar duzly oýda bolýan ýagdaýlary gözleri bilen görüp dursalar-da, edip biljek çäreleri ýokdy, gidip bilmän ,kim-de bolsa biri diri galyp geler diýen umyt bilen şol ýerde gijäni geçirdiler,çagalar ylgaşlap,ýapylaryň ýüzündäki garlary suwsan mal ýaly iýmäge başladylar, olaryň köp bölegi ene-atasy wepat bolan ýetimlerdi,käbirleri ene-atasyny ,göçüni ýitirenlerden-di. Teşne zenanlar teşneligi gandyranlaryndan soň şol ýerde yklap galdylar.Daň saz berenden her kim birek-biregi gözläp başlady,uly-uly gollara siňen bir topar aýal oglan-uşaklar bir-birini tapyp bilmän elewreşip güni guşluk etdiler.Duşmana bolsa geregi şol.Gün syçrap asmana galandan tüpeň sesleri eşdilen badyna aljyran adamlar,çagalaryny hem jemläp bilmän serhede gaçyp başladylar.Esgerler gaýradan ok ýagdyryp,göçi oka tutan hem bolsa, soňra araçäk tarapa aýlanyp,bosgunlaryň öňüni gabaladylar.Bu ýagdaýy gören adamlar has-da aljyrap, çagalaryny goltuklap gaçyp başladylar,görlüp oturylsa göçüň köp bölegi araçäkden geçen hem ekeni,emma duşman atlylary olary yza doladylar, serhetde ok atyp bilmänsoňlar bosgunlaryň arasyny kesip yza doladylar,gaýtmajak bolanlary gylyçdan geçirdiler. Göçüň bir bölegi serhetden geçdi, yza

dolanan bölegi bolsa geçip ýetişmedikler bilen bir hatarda ýesir düşüp ,Guşgy galasyna sürüldi. Şeýlelikde 149 sany guýynyň üstünden geçip Ýeroýulana ýeten göç dargady.Ýeroýulanda gana bulaşyp ýatan jesetlerden,düýeleriň,atlaryň läşlerinden ýörär ýaly däldi,bu bir ýürekgysdyryjy elhenç zatdy.Töwerekde oturumly ilat bolmansoň jesetleri jaýlar ýaly adam ýokdy,owganly çopan-çolukdan başgalarynyň bu jelagaýlara toýnagy düşenokdy, jaýlanman galan jesetler duzly oýuň topragyna siňip gitdi. Asmanda gaýýan gara gargalar,guşlar heşelle kakýan ýaly ganatlaryny ýaýyp gyzyl gana boýalan ýapylara inýärdiler. Ýeroýulan duz çöketligi şehitleriň müňlerçe jesetleriniň jaýlamman,açyk meýdanda müdümi dargap galmasynyň şaýady boldy...

Golaýda ýarylan bombadan seňseläp, özüme gelsem, ilkinji ýadyma düşen Çoluk boldy,hoňkaryp ýatan çukura,töweregime,gaçyp barýanlara seredip, aljyrap durkam bir garry aýal “gyzym ilerik gaç,beýdip durmada” diýip, yzyna düşürdi,ýörejek bolsam aýagym diýen edenok.Doganjygymy ýeke taşlap gitmäge ýüregim etmedi.Iki ýana elewräp,ilki oturan ýerimize gelýän,tapmanam yzyma ylgaýaryn.Nädeýin,gözümden boýur-boýur ýaş döküp,ahyrsoňy men”Jigim jan,seni tapmadym,men nädeýin,men nädeýin!?”diýip,ýaňky aýalyň yzyndan gitmekçi boldum,emma aýagym ädilenok.Şonda-da, emedekläp diýen ýaly ilerdäki baýryň etegine ýetdim,görsem,baýryň kölege ýüzündäki akja gara adam bary çozýar,menem açgözlük bilen gar iýdim, alnymdaky ýaglygy çözüp,beýleki zenanlaryň edişi ýaly gar tokgalap oňa saldym,teşneligim gananson Çoluk jany gözledim,tapmanam garly düwünçegime kellämi goýup uklap galdym..Üç-dört günüň ukusyzlygy basmarlady,näçe ýatanymy bilemok, bir oýansam garaňkylyk,garyň gyrasy uklap ýatan aýal oglan-uşaklardan doly.Men olaryň içinden

jigimi-Çolukjany gözledim,ýüzi ýapylanlaryň ýapynjalaryny aýryp,käbirini gapdala agdaryp seretdim ,agyr uky,ýadowlyk,suwsuzlyk olaryň aňkasyny aşyrypdy,äwenoklaram.Ejem-kakamdam gördüm-bildim ýok,öň hararda duşman bilen garpyşýardylar welin göwnüm bir erbetligi syzýar,duşman olary diri goýmaz,nesibede bolsa belki görüşeris diýýän...Ýaz bulutlary ýere gaçaýjak bolup duransoň garaňkyda daňyň atanyny hem bilmän, garly düwünçegimi elime ildirip,gaýralygyna,Çoluk jany galdyran ýerime yraň atyp ugradym,jigimiň teşneligini gandyrman arkaýyn oturyp biljek däldim.Öňümden ýeňil ýaralanan Ogultäç gelnejem bir ýaşly ogluny goltugyna alyp agsaklap gelýär,ol “ nirä barýaň,gaýt yzyňa,ilerligine git,oýda adam ýok” diýip meni yzyma gaýtarjak bolýar, emma jigimi tapman yza gaýdyp biljek däldim.Haçanda dumly duşdan tüpeň sesleri çykyp ugranda, gelnejem “ ileri git!” diýip maňa gygyrdy-da,ylgaşlap bir oýa indi,emma 10-12 sany atly esger eýýäm onuň öňüne aýlanypdylar.Gelnejem çagasyny gapdalynda ýatyrdy-da,ýapa ýaplanyp egnindäki tüpeňiň nilini gaýtardy,ony alarlar-ow diýip durkam tüpeň sesi çykdy,esgerleriň öňden barýany atyndan agdy,galanlary yza serpikdiler.Şondan soň adam bary elem-tas bolyp, ilerligine gaçmaga başlady,asyl, töweregimiz adamdan doly ekeni,ony diňe men görmendirin.Ok atyşyk ýene başlananda kimdir biri - A-na Garagyz ýykyldy- diýip gygyrdy,oňa başga biri -Ýöräber,bizem ýykylarys-diýip jogap berdi.Adamlaryň arasynda waý diýip ýykylýanlaryň sany artdy.Şeýle ýagdaýda men Çoluk janyň galan ýerine tarap ylgaşlap gaýtdym, emma nireden gaýdanlygymy anyklap bilmän bir-birine meňzeş oýtumlarda selpedim ýördüm.Birden gündogardan gara bulut ýaly bolyp duşman goşuny peýda boldy,erkek adamlar,daýawrak zenanlar serhetden geçdiler,ýetişmedikleriň öňüni esgerler kesdiler-de ,maňa tarap gaýralygyna mal süren ýaly sürüp

gaýtdylar,çagalarynyň,hossarlarynyň ýanyna barjak bolup synanýanlary gylyçdan geçirdiler,şeýdip,adamlaryň topar-topar daşyny gallap bir ýere ýygnadylar,menem olaryň arasy bilen barýardym.Çagalary eneleri bilen tapyşdyrman at arabalara ýükläp ugranlarynda gyrgynçylyk bolan ýerde-Ýeroýulanda şeýle bir ala-zenzele gopdy welin,iniňi tikenekledip,depe saçyňy üşürip barýardy,käbirleri bir-birini gözlese,eneler goly dolduryp ýatan düýe läşleriniň,adam jesetleriniň içinden çagalaryny gözleýärdi."Doganlar menem äkidiň" diýip,naýynjar gygyryşyp ýatan ýaraly adamlary gylyçdan geçirýärdiler,nijisler at üstünde bu boluşdan lezzet alýardylar.Görkezilen tarapa gitmejek bolýan,hossarynyň özüni ýa-da jesedini gözlemekçi bolýan ekabyrrak zenanlary hem kelte ýarag-nagan bilen atýardylar.Bu çydamsyz ýagdaýda hemmeleriň aňkasy aşypdy, ýakynyndan baş-ga başlaryny açyp görkezmedik zenanlar ýaglyksyz zatsyz, dyzyna ýetýän saçlaryny galgadyp ,ondan oňa ylgaýardylar,näme edýänlerini bilmän ýarym ýaş aglaşyp ýörenlerem köpdi.Uly yzlaşyk bolup barýan çagalardan,aýallardan doly arabalar Guşgy ýoluna düşdi.Şeýdip, Ýeroýulandan,uruş meýdanyndan sogrup, bizi alyp gitdiler,agyr ýaralananlar,jesetler tükeniksiz gollary dolduryp ýatyr,olara hossarlyk edere,jaýlara adam ýok,owgana aşan-a bu ýere gaýdyp gelip bilmedi,ýesirler bolsa alynyp gidildi.Ýeroýulanyň uly-uly gollary, jerenleriň owlaklaýan oýlary ençeme wagtlap zaryn seslerden lerzana geldi, henize bu güne çenli adamlar oňa girmäge milt edip bilmediler,ilki üýşendiler,soňam, hiç kimiň aýagy düşmesin diýip,ol ýeri Badhyz goraghanasyna goşdular.Şeýdip,türkmeniň gaýmagy hasaplanan aňly-düşünjeli,ylymly-bilimli, adatdan daşary halal, ynsaply gerçekleriň jaýlanmadyk jesetleri duzly toprakda galyberdi.Adamzat taryhynda her hili gazaply uruşlar bolan hem bolsa wepat bolanlaryň jesetleri jaýlanman taşlanyp gaýdylandyr öýdemok...

Badhyz jülgesiniň beýikli-pesli topragyndan,gözel tebigatyndan daşlaşyp barýarkak, güýçli, şemally ýagyş ýagdy ,eşikler öl-myjjyk bolup,sowuk süňňüňe siňdi,burundan,gözden ýaş akyp, dişler dişe degdi,geplemäge mejal galmady.Arabalar bir oýa ýetip saklananda, ölen köp sanly garry aýallary,çagalary halta zyňan ýaly ýagyşyň gazan oýtumlaryna taşladylar , howul-halat üstüne çöp-çalam okladylar.Aramyzda erkek göbekli bolmansoň Ogultäç gelnejem -Eý,Allajan,bi hudaýsyz kapyrlar-a, aýat-töwürsiz ,üstüne gum sürmän adamyny jaýlajaklar-diýip,gargyndy-da, öz ýanyndan keramatly aýatlardan okady hem-de bigünä biçärelere egilşik etmegini Alladan sorady.Men okalan aýadyň manysyna düşünmesem-de, rahatlanan ýaly boldum,bu ýagty ýalançyda biziň arkamyzda durjagyň ýeke-täk Alladygyna ynandym.Şu wakadan soň her kim ölen çagasyny,ýakynyny gabat gelen ýerde it gömen ýaly gömmän,öz eli bilen barjak ýerinde, däp-dessur boýunça jaýlamak üçün, ýakynynyň jesedini gizlemek bilen boldy.Durulan ýerlerde ýeňlemek üçün çöpe-çöre siňen zenanlary tüpeňiň gundagy bilen urup, yzyna gaýtarýan esgerler ne bir iş edýän ýaly gülüşýärdiler.Arabalar kerweni ýekekelleli ajdarha meňzäp,belent depä dyrmyşyp ugranda, ýuwa-ýelmik ýygmakçy bolup bir oýda eglenen gelnejem, ylgap araba mündi-de, goşlarynyň arasyndan Staliniň suratyny alyp,bir gapdala zybyrdadyp zyňyp goýberdi.Her ädimde ýowuz darama,zorluk,eden-etdilik ,bigünä ölüm bilen gujaklaşyp gelensoň bu onuň öz serdaryna bolan sylagynyň netijesidi.Esgerler bu waka üns hem bermediler,edýäniň näme hem diýmediler,eden-etdiligiň ýeli olaryňam başyny aýlan bolmaly.Dogrusy,göçhä-göçlügiň gyssagly pursatynda diňe azyk ätiýäçlygynyň gamyny iýýän adamyň bu suraty ýany bilen almagyna düşünmesem-de, başga bir zada welin düşündim ,ýagny zyňylan surat bilen biziň serdara bolan

ynamymyzyň kalbymyzdan zyňylýanlygyna gowy göz ýetirdim...

Gijäniň bir mahaly ýesir ýükli arabalar Guşgy galasyna geldi.Ýesirleriň daşyny gallap, öň at ýatagy bolan bir uly saraýa dykdylar,jaýyň agryljyk ýakymsyz ysy ýüregiňi bulap, başyňy aýlaýardy,emma köpümiz bu ysy duýmaýardyk. Gije ukusy,aç-suwsuzlyk,gözüň alnynda jeset bolyp ýatan hossarlar köpleriň huşuny alypdy,näme edip näme goýanymyzy hem bilmeýärdik,aýallar çagalaryny diňe sesi boýunça gözleýärdi,bir-birlerine duşsalar garsa gujaklaşýardylar.Saraýyň içi ala-zenzeledi,ahy-nala,dady-perýat,çaga sesleri ýürek gysgynç bir ýagdaý döredýärdi,duşman hil bir iş bitiren ýaly,bizi saraýa gabap,özleri şagalmeslik edýärdiler,basmaçylardan,aýal-oglan uşakdan,garry-gurtulardan dyndyk diýip,iýip-içýärdiler, toý toýlaýardylar.Oturan jaýymyzyň atýatakdygyny bir salymdan soň bildik,haýsy ýere eliňi ursaň at tezegi.Garaňkynyň içinde bir-birimiziň sesini yzarlap,emedekläp gözleýärdik.Bir ulagda gelenler bir ýerräk düşüpdi,ýöne kim bar,kim ýok saýgarar ýaly däldi.Birneme özüme gelenimden soň men ýoklugyny bilsemem, jigim Çolugy sorag-ideg edip ugradym,çaga sesi çyksa şodur öýütdim.Men gelnejemiň ýanyna düşüpdirin, muny ol -Hany meniň oguljygym?-diýip,ýüregi ýarylan ýaly seslenende bilip galdym.Demimizi alman diň salsak, ýeriň aşagyndan çykýan ýaly bir çaga sesi eşidildi,gelnejem ýerinden galjak bolsa galar ýaly däl,jaý çagalardan-aýallardan hyryn-dykyn,aýak basmaga ýer ýok.Ol adamlaryň,çagalaryň üstleri bilen emedekläp,şol sese tarap süýşüp başlady, balasynyň sesini müň sesiň içinden tanap, ýagyş suwuň ýygnanan ýerinde, palçyga bulaşyp, iç işikde ýatan,käte bir iňleýän çagasyny tapyp alyp geldi,öl enäniň gujagynda hamsygyardy.Biz tapyşanymyza gaty begendik,uly yzlaşyk bolyp daň atardyk.Gelnejem gijesi bilen Hudaýy çagyrdy,doga okady “Eý,Alla,saňa müňkürlik edýänleň,bizden gaýraty

aýyrjak bolýanlaň topugyna kak.Eý,äleniň eýesi,Biribar,günä geçiji mähribanlygyň belli,ol jahanda garyp galanymyzda,garyp gulyň ejiz wagty,gazaply perişde gynaýan wagty bi biçäre bosgunlara mähriban gapyňy açsaň, seniň günä geçijiligi çäkli bolmaýan rehmetiňden bir zerre güýç gelse,şonda, eger bar bolsa biziň agyr günälerimiz ýok bolardy,päklenerdik,belki, bu azaplardan dynardyk.Biz günä ediji,sen günä geçiriji, çaklap bolmaýan uly güýçsiň.Biz başga çäre tapyp bilmeýän,mümkünçiligimizi diňe seniň gapyňdan yzarlaýan,başga daýanjy ýitiren biçäre guluňyz,bize bir çykalga tap...”

Daňdanlar ýesirleriň ahy-nalasy birneme kiparlanam bolsa,jahan ýagtylandan soň ýene başlandy,kim çagasyny gözlese,birnäçe çaga enesini gözläp aglaýar,asyl çagalaryň köpüsi men ýaly ene-atasyz galan ekeni,olaryň eneleri ýa-ha owgana aşypdyrlar ýa-da şehit bolupdyrlar.Az-kem ukusyny alanlar indi açlyk,suwsuzlykdan ejir çekýärdiler,iýer-içer ýaly zat ýokdy.Ýeroýulanda, biziň göçümizden başga-da, gyrdan gelen atalaryň,mary aýagyndaп gelen şagallaryň,körsagyrlaryň,perreňleriň,tejenden,ahaldan,marydan gelen tekeleriň we beýleki tireleriň köp bölegi gyrgynçylyga uçran ekeni.Ýesirleri alyp gaýdanlarynda düýeleriň üstündäki zatlary,az owlak azyklary,ýapynjalary hem alyp gaýdypdyrlar, ol goşlar ýatagyň bir duluna üýşürlip goýlupdyr.Ertirden soň ýesirler şol zatlardan özlerine iýer-içer ýaly azyk,düşek alyp ugradylar.Hemmeler aç,ýalaňaç,howa bolsa sowuk,ine onsaň ýerli-ýerden şol goşlara çozduk.Biri-biri bilen çekeleşip duran haýsy,ala-zenzele bolýan haýsy,öz-özümizi aralap, zatlary bolşuna görä deň-derman paýlaşdyk.Biz,bir-birimize gyslyşyp,tapanja ýapynjamyzy ýapynyp,elimize ilen azygy iýmäge başladyk.Garaz,her kim ölmeli däl-dä!Suw bolmasa-da, daşarda ýaz jalasynyň şapyrdysy eşidilýär,saraýyň depesiniň açyk ýerlerinden syrygyp suw dökülýär.Her kim özüne

gelensoň kimiň owgana aşanyny,kimiň diri galanyny seljerjek bolýar,öz kowçumlaryna goşulyp ol onuň ogly,bi pylanynyň gyzy diýip bir ýerräge üşýärler.Nabat gelnejem-onuň şol bezemenligi,şol owadanlygy-“Kakama Sähet mollym,Sähet kelem diýýärler, Guşguda, serhetçiler şäherçesiniň eteginde ýaşaýandyr,şoňa gyzyň atýatakda ýesirlikde diýip habar beriň” diýip, özugryna irginsiz samraýardy.

Günorta golaý bir ýigit –Araňyzdaky ýetim çagalaryň atlaryny ýazdyryň,egin-eşik,iýer-içer ýaly zat beriljek-diýdi welin,her kim öz çagasyndan başgada ýetim galanlary ýazdyrdy,olar bolsa diýseň köp,ýöne,adama zadam gerekdi.Onsaňam näme boljagyny bilemzokdyk,çagalary ýanymyzda goýup, zat bererler öýütdik,emma ýalňyşan ekenik.Ertesi irden ýaragly esgerler daşymyzy gallap saraýdan çykardylar,düýünki ady ýazdyrylan çagalaryň adyny okap,gygyrdyp, arabalara ýükläp ugradylar.Her kim öz hossaryny bermejek bolyp urunýardy,her kim çagasyny bagryna basyp,beýlekisiniň golundan tutup basga galýardy,gaçaýyn diýseň daşyň ýaragly.Uly yzlaşyk belent baýyrlaryň içindäki Gyşgy jülgesine ýaň salýar.Dözümlilik bilen golundan tutup,araba zyňylýän çagalaryň näbelli ýere gitmejek bolup, özlerini yza zyňyşlaryny,sypjak bolup urunyp bozlaýyşlaryny göreniňde, aglaman durar ýaly däldi.Diri ýitirim bolan Çolukjan,ejemjan,kakamjan göz öňümde duransoň agym beýlekilerdenem batly çykýardy.

-Enegül,näme beýle bozlaýarsyň,ýetimleriň içinde garyndaşyň,jigiň barmy,bolsa arabadan düşüreýin!-diýip, edil gapdalymda kimdir biri seslendi,sesini tanyş görüp seretsem Dudy däli, hojalygymyzda günlükçilik eden, ýolboýy bizi kowalap gelen öňki çopan, eşigine seretseň uly wezipäniň eýesi.Duşmanymam bolsa şu pursatda onuň peýda bolmagyna begenmänem durmadym,gark bolup barýanyň sypala ýapyşyşy ýaly, nämede bolsa bir zada peýdasy

degjekdi,şol sebäplem-Ýetimleriň baram garyndaşym,baryny düşür-diýip agladym.

-Hany ejeň,Çoluk jana gözüm düşmedi-le?-diýip,ol seslendi-de, bu soragyň ýerliksizdigine,ony onuň özünden soramalydygyna düşündimi nämemi sesini kesdi.menem, özümiň ýetimligimi düýünki at ýazylyşykda gizlänligim üçün, paş edilmegimden gorkup agymy kesdim-.Ejeň mert aýal ekeni,eli gyrkylykly ‘Jezaňyzy çekiň,kapyrlar!”diýip,gabat geleniň garnyndan sokýar we gülýär.Men onuň batyr,gaýduwsyzlygyna telpek goýdum,hasam ölüme barýarka gülmegine haýran galdym

Ejesi ýok bolsa onda bujagaz gyzam ýetimleriň arabasyna ataly-diýip,Dudy däliniň gapdalynda duran uzyn boýly,murty taýzaryp duran adam seslendi.Men gorkyma, Ogultäç gelnejeme gysyldym.

Gyz meňki,ulujam bi-diýip,gelnejem meni gujaklady,menem ony,ikimiz aglaşdyk.

Oňa degmäň!-diýip,Dudy däli meni araba atmaga gelen adamy yzyna gaýtardy,bu hereket duşmanymam bolsa sylaga mynasypdy.-Daýza,men size başardygymdan kömek etjek bolýan,her zadam bolsa Welkuly agaň duzyny datdym,bir gün duz dadan ýeriňe müň gün hyzmat diýleni-ol goltuk kisesinden bir kagyz çykardy-Ine,şuňa gol goýsaňyz,gol çekip bilmeseňiz barmagyňyzy bassaňyz size azar beren bolmaz.

Näme üçün barmagy basmaly?

Ine,şuralar hökümedine-Göçüň dow-dowuna düşüp ýalňyş hereket edipdirin,günämi geçiň,size ak ýürekden hyzmat etjekdigime söz berýärin-diýip ýazylan arza, barmagyňy basmaly,bolany-diýip,ol kagyzy gelnejeme uzatdy.

Ýog-eý,toba,toba,men ony edip bilmen,garyndaşlarym eşidäýseler talagymy bererler-diýip,gelnejem ýüzüni sowdy.

Görüň-dä,meň şu çaga-Enegüle nebsim agyrýar.Bilýän,bir aýlap kowalap oka tutyp gelenligim üçün gorkýansyňyz,ýigrenýänsiňiz, üstümden gülýänsiňiz,ganym

duşmanyňyz saýýansyňyz,ýöne siz üçün gaty köp zat edip bilýänligime düşünmelisiňiz.Men bolmasam daşyňyzy içki duşman-basmaçylar ýa-da, siziň daşky duşman hasap edýän bolşewikleriň gabarda arkaýyn ýaşatmaz,aşyňyza awy gatar,zadyň ogurlanar.Daşary ýurtdan kömek alyp sürünýän wagşy basmaçylardan sizi kim gorar?Menden başga gorajak barmy? Diýenimi etseňiz üstüňize guş uçurman.

Sen bize wagşy diýýärmiň?Özüň wagşy!Allajan,diliň lal açsynda,bize tüpeň çenän eliň kesilsi!Aýalam bolsam siňegimi goramany başarýandyryn.

Men oňa şübhelenmeýärin,ýöne, her zadam bolsa meňki teklip etmek,galany size bagly.Onsaňam, meň burunlak,hapyl-süpülirәk sypatyma,gawun kelläme bakmaň,Oktýabr rewolýusiýasy halkyň diňe bir durmyş hal ýagdaýyny üýütgetmän eýsem, onuň içki dünýäsini-zähmede,jemgiýete bolan garaýşyny täzeleýär,bu bolsa öz gezeginde her bir adamynyň daşky,içki görnüşiniň gowulyga tarap üýütgemegine alyp barýar,wagtyň gelmegi bilen Sowet adamlary beýleki ýurtlaryň adamlaryndan görk-görmegi,syratly sypaty, akylly aňy,düşünjesi,ylym-bilimi,üýtgeşik tilsimleri bilen göz-görtele tapawutlanar,ýöne bi bir günde däl,ýuwaş-ýuwaşdan üýütgär,ýagty gelejek geler,siz maňa ynanaýyň...

-Nähili adamdygyňyza göz ýetirdik,hamyryňyz täzeden ýugrulsa-da üýütgemersiňiz, akyly bar Alladan gorkar,akyly ýok adamdan gorkar,akyly bar suw ýasap bilýäne güýçli diýer,akyly ýok seň aýdyşyň ýaly tilsim ýasaýana güýçli diýer, ýöne, tilsimiň ösmegi bilen ahyrda ýaşaýyş gutarar,sowatsyzam bolsam men şony bilýän..Ine,bir gün geler,gabyrdan turanyňyzda özüňizi oduň içinde görersiňiz,gutulmak mümkünçiligiň ýokdugyny bilip, aýylganç waý ses edersiňiz-diýip,gelnejem jogap gaýtardy.

E-heý,eheý,beý diýmäweri,ýuwaş,tamda gulak bar,eýsem siziň ölmän galmagyňyz biziň eýýäm gowulyga

tarap üýütgäp ugranlygymyzyň alamaty dälmi?Dogry, esgerleriň gatyrak gidenleri,çaga diýmän atanlary bolandyr,uruşda ýalňyşlyk goýberilip biliner,onda-da, türmeden çykarlyp, ellerine ýarag berilen kelle keserleriň arasynda,ýöne, kiçijik ýalňyşymyz üçün uly galmagal turyzjak bolmaly däl-Dudy däliniň çepiksi göwresini herekede getirýän ullakan kellesinde häzir ýokarky pikirler at salsa-da,wyjdany oňa garşy çykýardy,beýnisi edýäniň dogry diýse wyjdany hädogry diýýärdi,şeýle gapma-garşylyk onuň başyny aýlaýardy,ýürek urmasyny bulaşdyrýardy,agzyny ajardýardy,gündüz bir buýrugy ýerine ýetirse,gije wyjdanyny diňläp aglaýardy,ýöne \nätsin kerebe çolaşyp sypyp bilmese,olam adam çagasydy ahyryn.

Wah,ýoluň köpüsini başsyz ýöredik,baş bolmasa göwre läş diýleni,Annaguly han ölmedik bolanda görerdiňiz-le,kimiň kimdigini...

Ýeri bolýar,pikirleniň,ölçerip döküň,gerek bolsam idärsiňiz,meni tanamaýan ýok.

Durdy molla,seni tanaýan, Sähet mollymyň gyzy men-diýip,Nabat ara goşuldy-Sen biziň Guşgydaky öýmüze...

Ýok,Guşgyda hiç kimi tanamok,aslym ahally,guşgy nire ahal nire-diýip,ol öz ugryna hüňürdäp, arabalaryň ýanyna gitdi.

Bu ýerçekene seret!-diýip, Öwez galtamanyň gaýtarmasy Nabat,gidip barýanyň yzyndan sögündi-Guşgyň mekdebinde okan döwürlerm kakamyň ýanyna gelerdi,owgan medresesinde çagalara bilim berýän diýerdi,kakam “ondan häzir bolmaly,ýaramaz adam,bolşewikleriň içalysy” diýerdi,indem tanamok diýen bolup... Porsyguýydan bäri bizi oka tutup gelen şol ahyryn...Ýogsa-da Ogultäç, a-na ogluňy araba basdylar,bar ylga1

Gelnejem elindäki bäbegini maňa berip,şol tarapa ylgady,bir esger diýeni edilmänsoň, tüpeňiň gundagy bilen onuň ýagyrnysyna ýelmedi,gelnejem ýykyldy-da , turup ýene

öňe ylgady,şol wagt ejeleri ölüp oýda galan iki oglan arabadan böküp,oňa tarap “Ejejan!-“diýişip ylgadylar,olam “balalarym” diýip,ikisinem garsa gujaklady,ýogsam , çagalaryň birini ilkinji gezek görşüdi.Her-nä,Hudaýurmuşlar,ol çagalary gelnejeme beräýdiler...

Çaga ýükli arabalar ugramanka bizi ýene at ýataga gabadylar,boldy bir yzlaşyk,daşarda hem ala-zenzele.Çagalary alyp gidenlerinden soň sesler kesildi.Bizi ýene daşary çykardylar,Ogultäç gelnejem gorkup:-Bizi atarlar-diýse,Nabat daýzam -Daş ýere-Zulmata sürgün ederler,bulardan her zada garaşaýmaly,ýakynlarymyzyň ganyna galyşlaryny gözümiz bilen gördük -diýdi.

Dogry, pyjagaly wakalar asla göz öňüňden gitmez ekeni,ýöne, bizi gabap,gije ýagan ýagyş zerarly otlary parç bolan, üýütgeşik,ak,sary,mele bägüllere beslenen uly baýyrlygyň depesine çykaranlarynda,hakykatdanam atarlar öýütdik.Ertesi gelnejem - Bu bägüllere serrediň,olar düýnem akdy,sarydy,bir gijäniň içinde,biziň keç ykbalymyza,maňlaýmyzyň garalygyna,şorlugyna garalypdyr,ýogsam,a-na sary,gyzyl,ak,mämişi reňkli bägüller baýryň Guşgy derýasyna inýän ýapysynda doly ahyryn!Maňlaýymyzyň garalygy üçünem, dünýäň başga künjeginde bitmeýän gara bägülleriň içinde ölmeli bolýas- diýip başyny ýaýkady.Biweç çagalar ýuwa-ýelmik çöpläp hödür edýärler,ýöne bokurdakdan zat geçenok,kimiň ýolda galanyny,kimiň serhetden geçenini seljerjek bolup jan etsegem, hakydamyza hiç zat gelenok,ýanymyzda ýoklaryň atlaryny agzap aglaýmasak başga çärämiz ýok.Kömpleriň Ýeroýulanda galandygyny,jeset bolup ýatandygyny görüpdik,olary basgylap,içinden diri hossarymyzy gözläp sermenipdik,ýaňy murty taban, agyr ýaraly ýetginjegiň “Menem äkidiň”-diýýän naýynjar sesini eşidipdik,asla ol gulagyňdan gitmez ekeni,ahyrzaman diýilýän şudur diýişip,diri galanyň gowudygyny ýa-da şol ýerde şehit

bolup öleniň gowudygyny bilemzokdyk.Nätjek-dä,Alladan gelen zat,öleýin diýip ölüp bolanok,galaýyn diýip galyp bolanok,ýaşaýyş dowam edýär, onsaňam, dirilik şumluk däl-de, barlyk ahyr.Ýaşap başladygyňça,başymyza inen belanyň nähili ýitgä sezewar edenligine düşünip ugradyk,ony ýatladygyňça ýürek gysyp-gowrup barýar,diriligiňe guwanmaga ýürege salynan ýaralar ýol bermeýär,ýok edilen hossaryň birden, bir ýerden çykaýjak ýaly,asyl oňa öwrenişip bolmaýar.Süňňüňe,damaryňa,ganyňa,kalbyňa ornaşan gorky bolsa sähel bir tarkyldy çykdygy tisgindirýär,asyl ol öläýmeseň ýanyňdan aýrylmaz ekeni.

Gara täleýimiz ýaly gara bägülli baýyryň üstünde birnäçe gün sakladylar,ýagyş ýagsa ýagyşyň astynda,gün çyksa günüň astynda ,açlyk,hapaçylyk,görlen däl,doýa garny doýmaýan çagalaryň agy sesi ýatanok,her gün irden birnäçe çaga, garry aýal dünýeden gaýdýar.Ölýänleriň sany hasam artyberende bizi otla ýükläp Guşgydan Sandykgaça getirdiler hem-de halk duşmanlarynyň çagalaryna azyk,ýaşar ýaly ýer berip bilemzok,ýöne işläp öz iýjegiňizi gazanyň diýip.pagta ýygym,gazy gazmak, ekin ekmek ýaly işlere sürdüler.Bujagaz mümkünçilik hem eýýäm biziň üçün azatlyga çykan ýalydy,ýöne, gözüň ýaşy kepemese,köňül ýerine gelmese eliň işe barmaz ekeni.Ýerli ilat iýer ýaly çörek,azajyk gowurdajyk beýleki zatlary, daşymyzy goraýan esgerlerden gizlin,janyny howpa salyp, getirip berýärdiler,ýogsam, ýanymyza adam goýberilmäýärdi.Şeýle bolansoň ölýänleriň sany gün-günden artyp başlady,olary ýygnaýan,jaýlaýan ýok,ys-kok janyňy alyp barýar,kime-de bolsa birine,belki hökümede,belki başga birine, basmaçylar gyrylyp gutarýança daşynyň gabawuny aýyrmaň diýip,ýörüte görkezme berilen ýalydy, bolmasa bu herekedi başgaça nähili düşündirjek?Men her gije erbet düýş görýärdim,bir gün kakam ölse ertesi ejem,soňky güni atam ölýärdi.Ölüm meni rahat goýanokdy.Aslynda,az wagtlyk ömre beýle köp ölümler nädip ýerleşýär-kä?..Biziň hal-ýagdaýymyz

gizlin gelip gidýänleriň üsti bilen ýerli ilata ýetem bolmaly,bir gün çal gulakjynly iki sany yigyt golaýmyza gelip-Doganlar,siziň çydamsyz ýagdaýyňyz bizi rahat oturtmaýar,köplere ýüz tutdyk,çözýän ýok,indi sizi azat etmek üçün aşgabada, Gaýgysyz Atabaýa arz etmekçi,Allany çagyryň,nesip bolsa biz birnäçe günden dolanyp geleris-diýdiler.Şujagaz sözem bizi ruhlandyrdy,ýaşaýşa umyt döretdi,atylmajagymyza ýa-da sürgün edilmejegimize ynam döretdi,birje hoş sözüň netijesinde aramyzda ölýänleriň sany göz-görtele kemeldi,indi aşgabada gidýän däl,aşgabatdan gelýän otla umytly garap,garaşyp başladyk,käte biri otlydan düşäýse dagy a-na gelýär diýişip,hemmämiz söm-saýak ,demimizi alman oňa bakardyk, meýdançamyz otly ýolyň ýakynynda bolanlygy üçün gije-girim otly geçäýse dagy şobada barymyz oýanyp, geldimi diýip birek-birekden soraşardyk,aý garaz,ýüzlerçe,müňlerçe umytly garaşýan gözleriň,naçarlaryň dilegi kabul boldymy,günlerde bir gün otly saklanyp,ýoluň gyrasyndaky açyk meýdançada ýaşaýan mekanymyza tarap häki iki oglan ylgaşlap gaýtdylar-da allagörümden-Doganlar,gözüňiz aýdyň,sizi azat etdiler,Gaýgysyz meskewe çykyp rugsat aldy-diýişip,begençlerinden çal telpeklerini göge zyňdylar,ellerindäki haty görkezip daşymyzyň gabawunyň aýrylmagyny gazandylar.Şeýdip biz azatlyga çykdyk,hawwa,azat boldyk,ýöne oňa begenjegimizi,gynanjagymyzy bilmedik,sebäbi biziň beýlekileriňki ýaly barara gapymyz ýokdy.Nabat bizi Guşga alyp gitmekçi boldy,emma bosgunlara yza ýol ýok diýdiler,Gandykgaçyda hem goýmadylar...

---15---

Ine,indi ýetmiş ýaşy arka atanam bolsam,ýerli adamlaryň eden ýagşylyklaryny ýadymdan çykaryp bilemok,sandykgaçynyň adyny agzasalar ýa-da bir saryk ýigidine duşsam, şol gün meniň üçün uly

baýramçylyk.Ýigitleriň şol hereketleri bolmadyk bolanda,ýa-da azatlyk bir hepde-den soň bolan bolsa-da barymyzyň ömür tanapymyz sandykgaçyda gyrylýardy...

Ýerli adamlar her kimiň niredenligini soraşdyryp gitjek ýerlerine otly bilen ugratdylar,barara ýerimiz bolmansoň şu ýerde bir durmaly diýip bizem otla özümizi atdyk .Giç agşam Jojukly menziline golaý gelenimizde men sesini çakarman oturan gelnejemiň pikirini aňan ýaly-Şu ýerde Porsy daýym bolmaly,duşmanymyzam bolsa ýokdan-a gowy-diýdim.

-Bilmedim-dä gyzym,mekana aşmak üçün azyk,suw,düýe,soňam ugurdaş kerwen gerek,olam bizde ýok,çül-çaga...

Alla bardyr, gelneje,bir sebäp tapylar.

Jojukly menzilinde uly yzlaşyk bolup otlydan düşenimizde edil öňümizde duran Arslany görüp, gelnejem garsa gujaklady

Ogultäç nähili bolaýypsyň,tanamadym.

Sen sorama dogan,gören günümiz...-diýip,gelnejem hamsykdy.

Gal diýdim,etmediň, halk duşmany adynam aldyň.

Men duşmanyň däldirin-ä?

Ýok,ýöne gözden-dilden daşyrakda bolunsa gowy,wezipe borçly edýär.Men şu otla münüp Tejene gitmelidim,ýöne,sizi ýerlemesem bolmaz,hany düşüň yzyma...

Ol bizi demir ýol menziliniň gaýrasyndaky tekiz meýdança,göçümiziň düşläp geçen meýdançasyna eltip,bir ýere zym-zyýat boldy.Wagty bilen gara bermänsoň-Gelneje,Porsy daýym...-diýip,söze başlajak bolanymda-Ýok,ýok,dogan barka daýy daşdyr,ikilik edip bilmez-diýip,sözümi böldi.

Gije ýarym bolanda Arslan düýe, at getirip,bizi çöle , gözden daşyrak bolsun diýip , Baýrajy oýuna alyp geldi.

Siz meni,menem sizi tanamok,diliňize berk boluň-da şu taşlanan ýataklardan çatma ýasanyp,kysmata kaýyl bolup ýaşaberiň,az-owlak azyk goýýaryn.Dogan,şundan başga edip biljek kömegim ýok,bagyşla,ишк haýyşнь,adamlaryň ýanynda pylan ýerde işleýän doganym bar diýip adymy agzaýmagyn.

Doganjan, arkaýyn bol,şu eden kömekleriň üçünem taňryýalkasyn-diýip,gözi ýaşly gelnejem dogany bilen gujaklaşyp hoşlaşdy...Bu olaryň iň soňky duşuşygy boldy,Arslan hökümetden gorkusyna ýekeje naçar doganyndan el üzdi...

Biz az-kem köşeşip,guran çatmamyzda çala mydar ýaşap başladyk,gelnejem käte, wah,menem oň ýagdaýyna düşünýän weli...diýip hamsygmany çykardy, ,uludan demini alyp başyny ýaýkady,onuň bu ýagdaýyna diňe men düşünýärdim.

Biziň ýerleşern ýerimiz Ýerbentde ýazlaga çykýan oýumyza meňzeş ekeni,alys meýdan göm-gök otluk,süri-süri dowarlar otlaşyp ýörler,gelin-gyzlar goýun seçip sagardylar,meşik-meşik ,golça-golça ýag,sargan alardylar.Şol ozalkyja gören zatlarymyz bolaýjak ýaly,emma ýürekgysgynç gum-guklyk, nämedir bir näbelli zat gysýar,durup bilmän zowzullap ýörsüň,alaňlara çykyp kälde galan ejemizi-kakamyzy ,doganlarymyzy,hossarymyzy küýseýäs,hol alysdaky depelerden çykaýjak ýaly gözümizi dikýäris,iýip-içip höwesiň ýok,bir-birimizi gujaklap, güni aglaşyp geçirýäris.Ýat ýurda düşen ýaly gijelerine ýatuw ýok,ýanymyzdaky eýesiz galan hatap-hatap ak öýleriň töweregi tozap ýatyr,göçüp gitmän galan ýek-tük adamlar bilen gürleşesiňem ,hat-da ýüzlerine seredesiňem gelenok,sebäbi, gelmişeklere hyzmat edýän ozalky ýeňiýoluklar indi ýurdy soraýanlardan bolup, bize galtamanlaryň çagasy, öňki baýlaň çagasy diýip, ilden aýyrýarlar, azyk-zat bermekden-ä geçen, ýanymyza adam getirmeýärler.Asla,bizem olara seredesimiz,ýüzlerini göresimiz gelenokdy,ondan öýde ýeke oturanymyzy gowy görýärdik,ýok,bi

gorkudan däl-di,emelsiz,akylsyz adamlar bizde ýigrenç döredýärdi.Mejbury göçülende, şu ak öýler ýaly dökülip gidilen zatlaryň köp bölegini döwlet ýygnasa,bir bölegini ilat ogurlap-dogurlap alypdy, çaşyşyp ýatan öýlerde henizem alar ýaly kem-käs zatlar bardy,emma oňa el degireniňden elimiziň kesileni gowudy.Ilçilik-dä,her hilisi bar,gowy adamlar öň alan zatlaryny biziňkidir öýdüp gaýtardylar,onam ýerli dikmelere görkezmän gije getirdiler,ýöne gelnejem olary yzyna gaýtardy,ýogsam, iýip-içere zadymyz ýokdy.Şeýle ýagdaýda gelnejem edil çagaly möjek ýaly gijesi bilen azygyň gözlegine çykdy.Bir gün ol sapsyz posly pil tapyp, öň harman bolan ýeriň golaýyndaky alaka hinlerini gazyp başlady,ol pili bilen,men elim bilen gazyp, üçünji hinden on kilodan gowrak bygdaý aldyk.Allaň kömegine garaşyp ýatmaly dälde hereketde bolmaly ekeni,hereketde bereket diýleni ekeni. Öýe gelip, bugdaýy dänik edip çagalara iýdirdik .Bir günem ýabany,ýagny pygamber arpasyna-tek-tekä gözümiz düşdi.Näme kän gün kän,bize bolsa bäş başa iýmit gerek.Biz-ä beýlede dursun bizi ýok etseler bol-elinlikde ýaşarys diýip hasap eden ýeňi ýoluklaryň hem mydarlary öwerlikli däldi,öň diňe diýileni edip gelenler endiklerine görä özbaşdak işlemäni bilmeýärdiler, ýeriň,suwuň bar ýerinde açlyk çekýärdiler.Olarda bir hili zähmede bolan düýpli ýigrenç bar ýalydy,hiç kimiň işläsi gelenokdy,ýöne işlemeseň iýmersiň ahyryn!Şeýle ýagdaýda Tejene ýa-da Mara aralaşmak gerekdi,nämede bolsa ekarançylyk,ilat güri, iş tapyp boljak,ýöne oňa ulag gerekdi.Hany süri-süri goýunlar,ýüzlerçe düýeler,kişňeşip duran atlar?Edil ýere siňen ýaly. Allaň özi oňuna etjek bosa ugur tapýar ekeni.

Ir bilen namazymy okap çatmadan çyksam,edil ýanjagazynda,mal ýatagyň agzynda howutly düýe çöküp,gäwüşäpjik otyr,gözüme ynanman ýanyna barsam hakyt şol-da1 Ylgap Ogultäç gelnejeme aýytdym welin ol

gelip düýäň maňlaýyndan sypalady-da-Eý,Hudaý,janlarym,Ýeroýulandan geläýipdir-dä,ýurdyny tapypdyr-diýip,begenjine aglady,çagalary üç gezek daşyna aýlap,il görmesin diýip üstüne çöp-çalam oklady-Muny bize Hudaýjan berendir,göçseňiz kösenmäň diýip,gudratyňa döneýin jan Allam-diýdi...

Şol gün gije ýarymdan soň çagalary ýükläp gündogara kerwen ýolunyň ugry boýunça ugradyk,daň atanda Sakarçägäniň Çaşgyn diýen obasynyň golaýyna gelip ýük ýazdyrdyk. Gije göçäýmeseň gideýin diýen ýeriňe gitmek gadagan,her ädimiň ölçegli hat-da dem almaňam sanalgydy..Çaşgyn syrgynynyň bir çetinde çatmajyk ýasanyp ýaşap başladyk.Bugdaý orak günleri gelnejem adam güýji azlyk edýän ýerde bize orak ordurdy, galýan bugdaý başlaryny ýygnap, bir bölegini syrgynyň harmanyna dökdi,az bölegini özi aldy,şeýdip, ölmez-ödi edindik.Gyşdan öň biri keçe getirse, ýene biri ýorgan getirdi,Çaşgynyň kalplary mähirden doly adamlarynyň kömegi bilen gyş şaýymyzy tutdyk.Adam başy daşdan gaty diýleni-dä,1934-nji ýylyň ýazy ýagynly geldi,takyrlara az-owlak gawun-garpyz ekdik,tokaýyň arasyndaky harman ýerlere çykan arpa-dugdaý başlaryny ýygnap azyk edindik.Men günüm bir bolsa ejem-kakamy,Çolukjany ýatlap aglaýardym,ejem-kakama näme bolanyny bilmesemem, Çolukjanyň diriligine ynanýardym,sebäbi ol bomba ýarylan ýerde ýokdy ahyr .Biz bäş başymyzyň azygyny ýykma-ýykylma tapyp süýrenip ýörkäk başga bir ýagdaý döredi duruberdi.Gazy gazyp çatmamyza gelsek özümiziňkiden başga alty çaga,bäş gyz,bir ogul ýerde süýnüp ýatan aýalyň daşyny gallap oturlar.

Ogulsapar,senmi gyz,jorajan,nireden çykdyň?

Jorajan,ejem-kakam,adamym duzly oýda şehit galdy,kysmatlarynda bardyr,çagalary eklejek bolup inçekesele uçradym,ölmänkäm bulary saňa tabşyraýyn diýip idäp-idäp geldim,sanalgym doldy.Jora,ene mähriňi çoýda penäkär

bol,olaň başga howandary ýok –diýip, özünden gitdi,asyl ol iň soňky deminde bu ýere aşan bolmalydy,sebäbi şol gije-de amanadyny tabşyrdy...

Şeýdip gol doly ýetim çaga dökülip galyberdi,Ogultäç gelnejem bilen onbir baş,iň ulularam men,10 ýaşlarymda.Gelnejemiň bir başy,ýyl agyr,barja azygymyz sanlyja günde gutardy,ilat bu güne çenli tanamadygam bolsa indi galtamanlaryň çagalary diýip bizden ýüzüni öwürdi,ýaşara jaýymyz,azygymyz,egin-eşigimiz,ýorgan-düşegimiz ýok. Aýagy dolak dolanan çokaýly, bili guşakly gelnejemiň mertligine,gujuryna,başarnygyna häli-häzirem haýran galyp yzyndan ýetip bilemok.Oglanlaryň agy-garany saýgarýanyny barjamlyrak adamlaryň malyny bakmaga çopanlara kömekçi berse,gyzlar bile ýüň ýygnap,saýyp,egirip,boýap haly dokady,orak gelende bilimizi guşap işe girişdik.Diňe öz güýjümize bil baglap hereket etmesek bolmajagyna hemmämiz düşündik,şeýdip, durmuşyň agyrdan agyr günlerine azajykdan,ken-kemden öwrenişip gitdik.”Birneme saýyrdyňraga ýeteniňizi bir görsem” diýip gelnejem arzuw ederdi.Öň günlükçilikde bolup,diýleni edip gelen,indi bolsa wezipe eýelän ýeňiýoluklar,her bir iş etmeli bolsa ýaýdanyşyp,biri bir ýumuş buýrar diýip garaşýan ýaly hallyň-sallyň hereket edýärdiler,gelnejem ýaly öz halal zähmedi bilen gazanç edýänler bolsa her işden baş alyp çykmaga ökdediler.Syrgynyň bugdaýy ýetişende ýolbaşçylar ony näme bilen döwjeklerini bilmän ýaýdanyşyp durkalar, gelnejem bir bölek ýeri orup,onam bize tokmak bilen döwdürip ýele sowurdy-da arassa bugdaý aldy oturyberdi,ýolbaşçylar muny görüp,oragyň köp bölegini bize ynandylar,şeýdip, özümize ýeterlik azyk edindik,soň pagta ýygdyk,gazy gazdyk.Arabamyz ýaňy tigirlenip ugranda ýetimleri gizläpsiň diýip gelen adamlar,meni,Ogulsadap daýzamyň çagalaryny Çaşgyndaky ýetimler öýüne alyp gitdilerMen muňa gaty erbet boldum,özümi öldüräýsim

geldi,gelnejem ejemiň ýerini tutupdy,öwrenişipdim.Ol meni aljak bolup gapy-gapy sökdi,barmadyk ýeri,ýüz tutmadyk adamsy galmady,emma peýda bermedi,sebäbi soň görlüp oturylsa bu işlerde Dudy däliniň eli bar ekeni,ol hatda gelnejeme hem ýanyma gelmäni gadagan edipdir.Ýetimler öýünde bize ýazmany,okamany, surat çekmäni,tikin işlerini öwredýärdiler,naharlaýardylar,egin-eşik berýärdiler,kem zadymyz ýok ýalydy,ýöne meni nähilidir bir güýüç gelnejemiň ýanyna çekýärdi,ýüregim bu ýerden gaçsam diýýärdi,bir gezek gaçdymam,emma yzymdan ýetip alyp gaýtdylar.Dudy däli ýanyma ýygy-ýygydan gelip başlady,her gelende elinde bir sowgatjyk.Çagada,ýürekde kir-kimis ýok,biri gelip aladaňy edip dursa şeýle bolmalydyr öýdýärsiň,onuň näme niýet bilen edilýänligine düşünmeýärrsiň.Kem-kemden men oňa öwrenişip başladym,seni okatjak,adam etjek,gyzym hökmünde kömegimi berjek,eden günälerimiň öwezini doljak diýmesine guş bolup uçdym.Göwnüme bolmasa ondan gowy adam ýok ýalydy, duşmanymlygy ýadymdan çykdy.Okamany,ýazmany gowy ele alanymdan soň,1937-nji ýylyň ýaz aýlary ýörüte bilim berýän okuwa ýerleşdirjek bahanasy bilen ol meni Mary şäherindäki öýüne alyp geldi,bu gün okuwa gidersiň,erte gidersiň diýip iki aý saklady,soňam,bir zat içirip,başymy aýlady-da, meni zorluk bilen özüne aýal etdi.Şeýdip,ýaňy 16 ýaşa gidemde, ene-atamyň,kowumlarymyň Ýerbentden Ýeroýylana çenli,uzak ýolda şehit bolmaklarynyň esasy sebäpkäri bolan, iň ganym duşmanymyň aýaly bolup galyberdim.Kysmatymda bardyr-da,ýazgytdyr.Men şol wagt bu sözüň manysyna düşünmeýärdim,berilýän wadalara höweslenip günümi geçirýärdim,ýaňy sekiz aý ýaşaşdymam welin...

Türkmende ekeniňi alarsyň diýen çuň manyly bir gep bar, bigünä adamlaryň ölümine sebäp bolan adama Alla göz görkezdi,adamymy,halk duşmany hökmünde atuwa

hököm etdiler.Ine, saňa ekeniňi alarsyňyň manysy,kasas kyýamata galmaz diýleni...Gözüm mydam gorkyda bolansoň, adamymy ýygnan batlaryna ,nätjegimi bilmän aljyrap köçä çykamda, pete-pet bir adam bilen çaknyşdym.Ol ýagdaýymy ýüzümden aňan ýaly-Gyzym,eýgilikmidir?-diýdi.Men düşen ýagdaýymy gürrüň berdim.

Göterip biljek goşuňy al-da yzyma düş,gijä galsaň ýygnarlar-diýip,ol adam gyssady.Men bir düwünçek goşumy alyp,gije onuň atynyň syrtyna münüp nirädir bir ýerlere gaýtdym.şol wagt hiç bir zadyň pikirini etmän,tötänden gabat gelen adamyň atynyň syrtyna münüp gaydyberipdirin,indi oýlanyp görsem Allajanyň özi maňa kömek diýip bir sebäp tapyp,bu adama duşuran ekeni,asyl ol şol wagt sözi hemme ýerde ötgür,baýyň-garybyň ýakyn hossary,hiç zatdan çekinmeýän, gaýduwsyz NEPES ŞURA bolsa nätjek1.Welaýatda şondan başga bir adamam maňa kömek edip biljek däldi.Muňa men Mary-Sakarçäge ýolynyň ugrunda,her ýerde goýlan saklow nokatlaryndan geçenimizde göz ýetirdim.Bärden barýansyň,”kim gelýär” diýen soraga “Nepes şura” diýen jogaby eşiderde ýaragly esger ýol berer,üçünji nokatda, dogry, bizi sakladylar.

Nepes aga bagyşlaň,halk duşmanynyň özün-ä tutduk welin aýaly gaçypdyr,ýer ýykyp tapmaly diýdiler-diýip,ýaragly esger seslendi.

Menem,ine,gyzyma,daýzalaryny görkezip,yzyna alyp barýan,welaýatda işim çykyp, gijiräge galmaly boldy.Sizi,Sakarçägä ugratdylarmy?

Nepes aga,ol aýal Çaşgyndaky çagalar öýünde terbiýelenen,gaçsa hökman şu ýol bilen gitmeli...

Men edilýän gürrüňiň özüm barada barýanlygyna düşünip howsala düşdüm, tutarlar,gowusy gaçaýyn diýip ýerimden gozgandym,Nepes aga-Gymyldama,at ürkýär-diýensoň alaçsyz aglamaga başladym.

Halys ýadady,kellesi agyrýar,sabyr et,basym öýe ýeteris...Ýigitler, dogry iş edýärsiňiz,halk duşmanlaryny tutmaly,juda tapmasaňyz mendenem habar alyp duruň,elimden gelen kömegi bereýin.

Nepes aga,kömegiňiz üçün minnetdar bolardyk,sag-aman baryň,ýolda saklajak bolsalar adymy beräýiň!...

Biz ýolda bäş barlagdan geçip gije ýarymdan aganda Akýap obasynda Geldi kel diýen bir atly-abraýly adamyň öýüne bardyk.Şol döwürler oba şurasyna,kolhoz başlyklaryna kelte ýarag-nagan berilerdi,Geldi kelde başga-da iki bäşatar,bir ikiatar, Nepes şurada iki bäşatar bardy,olar kelte ýaragdan öňňesini Garry kirs diýen örän ynamdar,diline berk adama sakladardylar,obany duşmandan goramaly bolanda ulanaýmasalar başga wagt ýaraga el urmazdylar,aslynda olary atly-abraýly edýänem şol ýaraglardy. Geldi kellerde men ýedi aý ýaşadym.Bir gün şura maňa”Sen Mary şäherinden üç kilometr daşlykdaky “Mülkbagşy”obasynda ýerleşýän saglygy saklaýyş nokadynda,ýörüte orta bilim berýän mekdebe okuwa gitmeli,ilatyň saglygyny goramak üçün zenan lukmanlar zerur gerek,baýaminnet,geçen ýyl, hökümet,”saglygy saklaýyş işgärleriniň sanyny köpeldmeli” diýip karar çykardy,men şol karara laýyklykda,seniň adyňy,äriň adyny üýütgedip,resmi kagyz taýynladym,indi sen, keselläp dünýeden gaýdan Ata Sähet atly bir çopanyň gyzy hökmünde ýaşarsyň.Adamyňy atuwa höküm etdiler,hiç ýerde hiç wagt ol barada dil ýarmak bolýan däldir,özüm,arkaýyn, ýaýnap ýaşaber diýýänçäm,diliňe gaty berk bolgun”-diýip,meni okuwa ugratdy.Men,Enegül Durdy gyzydym,indi Ene Ata gyzy bolup ýaşaberdim.Şeýdip, men, ýigrimi ýyllap dilimi dişläp gezdim,1958-nji ýylda, Huruşewiň günä geçişligi boýunça atylman, türmeden gaýdyp gelen adamymyň ýanynda hem, dilimi dişledim,garaz, ol pent maňa sapak boldy,durmuşdaky kelle agyry döredýän meseleler aradan aýryldy.Nepes aga

“indi agzyňy açaý” diýmegi ýadyndan çykaransoň, men bütin ömrümde hiç kime hiç zat barada gürrüň beren adam däl, sizede häzir gorka gürrüň berip oturyn...

Iki ýylda okuwy gutaryp, keselhanada işläp başladym,wezipe,jaý berdiler,sylag-hormat etdiler.Indi men, öňki galtamanyň,basmaçynyň gyzy däl-de, ýeňi ýolugyň gyzydym,hereketlerim,ädimlerim,taraplarym açyk,ýöne,dilimi dişläp gezýärdim,üstümden gülýän ýok,howp abananok,sütem edýän ýok.Bularyň bary, iline minnetsiz ýagşylyk paýlaýan Nepes aganyň hyzmatydy,ol meni okatdy ,ylymly-bilimli adam etdi,ile goşdy.Adamym bulary maňa söz beripdi, etmedi, aldady,aslynda-da,ol meni okatmak üçin däl-de, aýal edinmek üçin başymy aýlan ekeni.Ol ony soň boýnuna aldy. Hut şu döwürden başlap, men göwrämde iki kalby göterip gezdim, biri,ruhy taýdan göýdük,medeni taýdan gömük ýeňi ýolugyň,wezipä eýe bolanda gedem,ulumsy,şöhratparaz bolşy ýaly bolmaly boldum, ähli zady başarýan,ýöne, hiç zady başarmaýan bolmaly boldum,ikinjisi, ruhy,medeni taýdan baý,ýaradanyň özi ýalkanyny ýalkar diýip,ähli zada kaýyllyk bilen garaşýandan,garaşýan zadymyň boljagyny bilýänlerden boldum, “giç goýaryn-aç goýmaryn” diýermiş, Alla diýip, adyllygyň dabaralanjagyna ynamly garaýanlardan boldum....

Müňýyllyklaryň dowamynda däp-dessurymyza daýanyp, adyllygyň nusgasyny görkezip gelen türkmen,bolşewikleriň boýnuna dakan ýörelgesi bilen ýöremeli boldy,edil araba goşulan atlaryň götünligine ýöräp, ýol aşjak bolşy ýaly ýöredik,ýöne, dogry zada dogry diýmeli,ilatyň uçdantutma saglygy,bilim almagy baradaky düýüpli aladalar,deňhukuklyk baradaky şygarlar,dost-doganlyk ýörelgeler maňzyňa batýan zatlardy.Gumdan başga hiç zada gözi düşmedik, ýönekeý çarwa gyzynyň saglygy saklaýyş ugurdan bilim alyp,göz kesellerini köki-damary bilen ýok etmek barada geçirilýän çärelere gatnaşmagy,diňe gatnaşmak däl,oňa ýolbaşçylyk etmegi-şol aladalaryň netijesidi.Bu

çäreler Ogultäç gelnejeme nähilidir bir goltgy bermäge,islän wagtym,keselçilik bahanasy bilen olaryň ýanyna barmaga, maňa mümkünçilik döredýärdi.Her gezekki duşuşykda bolýan gizlin gürrüň hökman , Duzly oýa syrygýardy,şol gürrüňlerden, ejem-kakamyň şehit bolup ellibiriň oýtumlarynyň birinde galandyklaryny,Maralyň,Çoluk janyň, Berdiniň serhetden aňry aşandyklaryny bildim,Ogultäç gelnejemiň,Ogulsapar daýzamyň çagalaryny, her hili ugur boýunça bilimli etmek isledim,emma” basmaçy çagalar” diýip,olary okuwa almak islemediler.Muny adamyma gürrüň berenimde ol”Sen Gara Ýowşanyň ýanyna bar,haýyş et,bu işi diňe şol oňarýar,men oňa jaň ederin”diýdi.Oňa aýagym çekmese-de, çagalaryň bilimli bolmagynyň hatyrasyna ýüzüme hikap çekip, ýerçekeniň ýanyna barmaly boldum.Ol Samat baýyň Mary şäherindäki giň howlusynyň eýesi ekeni.Ak işikde,ejem janyň eli bilen dokan halysynyň üstüne hapa aýaklaryny atyp, barmaklary ýüzükli,altyn dişlerini syrtardyp garşylady-da ol”Menlik näme işiňiz bar?”diýip,erni çilimli, gözüni oýnatdý.Men ýagdaýy aýdyp kömek soradym,”tüýküligiňiz ýere gaçanok,hökümiňiz ýöreýär,bigünä bendelere kömek ediň!”diýdim.Onuň ýüzi üýütgedi,gazaplandy, naganyny alyp gözümiň öňünde kelemenletdi,”Durdy Täşliniň aýaly bolaýýaň,ýogsam, şu “haýyşyň” üçin bir oky maňlaýyňdan çüýlärdim”diýdi,menem söz alyp galman’Bigünä adamlaryň ganyna,zadyna suwsan ogry ýerçekene, ýüz tutanym üçin özümi öldüräýesim gelýär”diýip,sögüp,içimi sowadyp,gaýtdym.Ýeňsämden,ähtiýalanlyk bilen atar öýütdüm,atmaga bogny ysmady,ýerçekeniň!.Bolsa-da, Nepes şura ondanam güýçli çykdy,çagalaryň okamagyna kömek etdi.Şeýdip,çagalary bilimli etdim.Käte onbir baş bir saçaga ýygnanyp,gören günlerimizi ýatlaýarys, ýatlabam aglaşýarys,adamyň başynda durjak zat ýok ekeni,şoňa şükürler edýäris.Ýeri gelende,Ogulsapar daýzamyň Baýram atly bäş ýaşlyja ogluny özüme ogullyk alanymy

aýdaýyn,birinjiden-ä,”Ogultäç gelnejemiň nähili hem bolsa azajyk ýüki ýeňlesin” diýdim,ikinjiden bolsa...Men muny, şol wagtlar ärimiň ýagdaýyny bilip etmändim,ýöne, höwür bolsun diýipdim,asyl, soň görüp otursam, menden çaga boljagam däl ekeni.Maral gasygyna depip, ärimi tök edipdir.Ol,ýigrimi ýyl türmede ýatyp çykanyndan soň,muny boýnuna alyp,gürrüň berdi.Aldadyp alany,ganym duşmanym bolany üçin, men ony ýigrenýärdim,käte,“Ýatyrka öldürip,şehitleriň aryny alsam!”diýen pikir hem peýda bolýardy,emma,Alla saklandyr-da,beýle gabahatlyga elim barmady,onuň eli barsa-da, meniň elim barmady.

Bir gün iş otagymda, näsaglaryň möhümini bitirip otyrkam, gapyň agzynda bir adam “keselhananyň ýolbaşçysyny görkeziň!” diýip, goh turuzýar,sesem bir hili tanyş ýaly.Haçanda, ony ýanyma getirenlerinde, gözi saralgy,garaýagyz,uzyn boýly, burunlak adama otyrgyç alyp berip, hormat etdim.

-Nepes şura maňa “Diňe şonuň ýanyna barsaň gözüň açylar” diýdi,idäp gelişim,”başga-da lukmanlar bar” diýip, ýanyňa göýbermejek bolýarlar,emma, Ýowşanmydyr niýetinden yza dönjek!?Sowetler-şuralar ýurdyny guran men ahyryn...

Bu adamynyň gözüne seredip,keselini anyklajak bolýan,gulagyma bolsa “men bu ýerleriň her bir oýtumyna belet, Mara duz daşapdym,sizi azaşdyrman serhetden geçirip, sogap gazanjak bolýan” diýen ses eşidilýän ýaly,ýa-da “Durdy Täşliniň aýaly bolaýýaň,bolmasa, bir oky maňlaýyňdan çüýlärdim”diýilýän ýaly.Men öz edişi ýaly,onuň möhümini bitirmän hem bilýärdim,emma, ýüregim edenok,”duşmanymam bolsa ol adam” diýýärin.”Sen duşmanyňa ýagşylyk edýärsiň,emma ol tohum-tijiňi ýok etdi”diýip,meni ýazgarýanlaram bar,”Alla bardyr” diýip jogap berýärin.

Ýaşuly,gözüňizi bejermek gerek!

Gara Ýowşanyň gözi bejerilmese bolmaz,Soýuzy dikelden men ahyryn!.

Nepes şurany tanaýaňyzmy?

O-how,ol ýütgeşik zor,diýseň geçirimli adam.37-nji ýylda,wezipesine öz adamymy goýjak bolup,şyltak atyp,işden boşatdyrdym,bir aý türmä-de basdyrdym,emma çykdy-da,öňki işine başlaýdy,soň,ýene iki gezek ýazdym,bolmady,ahyrym,"urşa ugradyp dynaýyn"diýip,urşa ugradylmagyny gazandym,ondanam ölmän geläýdi.Jany berk ekeni,Ol bulary bilse-de, kine saklanok,gaýtam, "gözüň agyrsa bejert,meň adymdan ýanyna baraý"diýip,seni salgy berýär.Salgy bermände-de,tanyşym gyt däl,men...men...

Bu, pis adamyny diňledigimçe,birhili gowşap ,essim aýylyp barýar, demim demime ýetenok, başym aýlanýar.Duşman bolsa-da, keselini bejermek welin borjum,onam bilýän,şonda-da,işe elim baranok.Öz arzasy bilen meýletin watan goragyna giden, Nepes agany "Nen ugratdym!"diýip,ýalan sözlemesi hasam maňzyma batanok.Onsaň kömekçime"seret" diýip,daşaryk çykdym.Arassa howadan dem alyp nepesimi durladym,hapa ornamasyn diýip elimi sabynlap ýuwdum.Gijesi bilen ýol ýörelensoň,meniň Çolugy arkama alyşym, surnugyp,ertesi ümür sowulanda,ýene,şol öňki ugran nokadymyza gelenligimizi bilip, Maralyň,Gara Ýowşany atjak boluşy,bu nejisiň günäsi bilen "azaşyp"ýörkäk,daşymyzy gaban duşmanyň, bizi"palaç ýatyran" ýaly gyryşy,gözýetime uzalýan meýdanyň-jeset-maslyk bolup ýatyşy göz öňümde surat ýaly janlanýar,ýöne...Aý,garaz,kim bolanda-da,"ol keselli, kesellä ýardam etmeli" diýip,özüme zor salyp,iş ýerime geldim.Süýji keseli zerarly gözüniň gowy bolmajagyny,endamyna ören ýaralaryň aýrylmajagyny bilýärdim,şonda-da, "keseliň gowulaşar"diýip, däri-derman edip, ugradyp goýberdim,yzyndyn bolsa "kasas kyýamata galmaz" diýip seslendim,men oňa "Senden arymy alyp bilmesemem,gudraty

güýüçli Taňrym,ilki gözüňe,endamyňa ýara çykaryp, soň janyňy alar” diýen manyda, ýaňky sözi dile getiripdim.Ol bolsa eşitmedimi,eşitse-de düşünmedimi “ hawwa,galmaz,hiç zat galmaz” diýip jogap berdi...Şu gelmän geçen geleninden soň, men her gün erbet düýş görüp oýanyp başladym,bir gün düýşümde kakam,bir gün ejem ölýär,bir gün atam ölýar,ölüm meni häzirki parahat durmuşymda rahat oturdanok.Aslynda,geçen az pursatlyk ömrüme, beýle köpçülikleýin ölümler nädip ýerleşýärkä?Ýaşajyk döwrüm, ölüm bilen bir ýassykda ýatmaly bolupdym,häzir il aýtmyşlaýyn ýagty gelejege barylýan ýolda hem,ol duýgy “ýassykdaşym”.Soňky döwürler “ýagty gelejek” diýip, halys ýürege düşdüler,haçan ol geljek,gelende näme boljak bilýän ýok,ýöne,ony mahabatlandyrýanlar-a kän.Arada, agzyňa berk bolmaly diýen öwüdi unudyp,mahabat edýäniň birinden“Ýagty gelejek haýsy ýylda amala aşar,ýogsa,muny aýdyp ýöreniňe on ýyl dagy boldy?”diýäýmenmi,ol”Soňky aýgytlaýjy gün-şol ýagty gelejek-kommunizm basym peýda bolar”diýdi.”By erteki bolaýmasyn?” diýip soraýmanmy,ol “Näme partiýanyň şygaryny äsgermezlik edýärmiň?Sen daşary ýurt içalysy dälsiň-dä?”diýip, gazaplandy,dogrusy elinde ýarag bolanda, Dyz oýda atyşlary ýaly, meni atar öýütdim.Rejänip geň däldigini aňyp”Maňa düşünmediň,erteki däl,”ertirki gün” bolaýmasyn diýdim”diýip, özümi “aklap”zordan sypdym.Bu ýalan ýaňramalara demigip gidýär ekeniň.Käbir sagymçy joralarym hem “Her sygyrdan pylança tonna süýt aldym”diýýärler,ol dogry bolsa,süýt derýa kimin akmalydy ahyryn.Ýöne,indi şol ýalan sözsüz oňup hem bolmaýardy,gaýtam,öňki ýalanyň üstüne ýene bir ýalany goşýardylar.Adam muňa ilki perwaýsyz garaýardy,soň öwrenişýärdi,soňam, özüde ýalansyz oňup bilenokdy.Şeýle,samsyklygyň soňy geläýjek ýalydy,emma...Ýygnaklarda, “Halkymyzyň ähli kynçylyklary ýeňip geçjekdigine ynanýarys!”diýýärler welin, halk şeýle bir el çarpýar,görer dagy eder ýaly däl.Bir döwüm çöregi

bolmadyklaram,aldanýanlygyny bilýänlerem el çarpýarlar,"ýagty geljege garaşýarlar".Ol indi endige öwrülipdi.Olar her bir zat-da, dar pikirleriniň ýetişine görä hereket edýärdiler,tebigatda,durmuşda näme boluň geçýänliginden habarsyzdylar.Allanyň gudratly güýjüne ynanmaýardylar,ynanýanlaram itden beter ýigrenýärdiler.Her bir täze zada,aňlarynyň ýetýän çäginden daşardaky zatlara duş gelsele, jahyllar ýaly,perwaýsyz,körzehinler ýaly owarramçyldylar.Durmuşa göz ýetiriş derejeleri pes bolansoň, paýhaslary hem pesdi. Galanlaryny-ha bilemok welin, mende durmuşa bolan iki garaýyş bardy,birisi hakyky,beýlekisi ýasama garaýyş,soňa baka ýalan garaýyşly durmuşa bolan ynamyň kem-kemden artyp başlaýar ekeni.Bir gün, "Sowet Hökümediniň deňsiz-taýsyz "üstünligiu" bilen ýetişdirilen alym agranomyň işe başlamagy" mynasybetli,nobatdaky ýygnak geçirildi.Men,murty taýzaryp duran, gelişikli agranomdan"ýorunja haçan ekilýär" diýip soraýmanmy,ol ýeňsesini gaşap"bilemok"diýdi.Şoňky ýaly, biz nämede bolsa bir zat öwrenýärdik,nämede bolsa bir zat okaýardyk,nämede bolsa bir iş edip, günümizi geçirýärdik,soňy welin boşdy,ýasamady.Bir günem ýaňky gyzyl agranom "öldürilipdir" diýip,adam baryny şähere ýygnadylar.Murgap derýasynyň köprüsinden gündogara geçen ýeriňde,ýoluň çep gyrasynda, gabyr gazdylar.Ozal gül ekilen ýer torç edildi,jaýlanjak ýer taýynlandy.On iki kilometrlik aralykdan, tüp yssy howada, merhum getirildi.Respublikanyň ähli ýerlerinden adamlar çagyryldy.Ahyrym, merhumyň daşyna gyzyl mata orap,howul-halat taýýarlanan agaç gapyrjaga salyp,türkmene gelişmeýän saz-şowhun bilen jaýlanyldy.Daşyna,bölek-büçek tagtadan haýat aýlandy,hormat garawuly goýuldy.Bu, ne musulman däbine,ne hristian däbine gabat gelýärdi,belki, bolşewikleriň däbine gabat gelýändir,bilýän ýokdy.Çykyp gepleýänler"Bir rewolýusseneriň nähak ölümine basmaçylaryň,baýlaryň müňüsini ýok ederis,ýeriň astyna girsede öldüreni taparys"diýip,ýasama"gahrymany"ýasama

mahabatlandyryp,bogaz ýyrtdylar,ýene biri “Bolşewik ýoldaşymyz Daňatar Çähet aramyzdan gitdi,ol watana berilen,il agysyny aglaýan,ahlakly,sosializimiň dünýä ýaýrajagyna ynanýan adamdy,onuň adyny ebedileşdirip, işlän obasyna dakarys”diýdi,ýene biri “Halky söýüň Daňňy ýaly,baýlaň depesine çykyp” diýip, goşgy okady.Men içimden “adamlaryň depesine çykma keýpinden çykdyňyz, edeniňiz az görünýär” diýip,tas gygyrypdym,ýöne kimdir biri”Goýsaňyzlaň,ahlakly bolsa şeýle iş edermi?Suwjuklykdan halys irdik,ondan-a,halka çörek bermäň gürrüňini ediň!”diýip,menden öňürtdi.”Muny kim aýtdy?”diýip,Gara Ýowşan duranlaryň arasyndan saýlandy.”Men aýtdym!”diýip,Aky atly daýhan ýigit öňe çykyp, Ýowşanyň alkymyna bardy:”Siziň öwüp arşa çykarýanyňyz,baryp ýatan ahlaksyz,binamys kişi,ol obamyzda zorluk bilen bir naçaryň namysyny depelejek boldy,şonuň üçin men ony öldürdim!”diýdi.Akyny südürläp alyp gitdiler,ýerli ýerden“Onuň boýnuna boýunturuk dakyp,üç gün ýer sürdürmeli,soň atmaly!”,”Ony dabanyndan soýmaly!”diýen ýaly sesler çykdy.Adamlaryň ýüzi it ýüzüne meňzäp barýana çalym etdi,kimdir biri gapdalyňdan çykyp tumşugyňa kakaýjak ýaly gorky döredi.Aglamaly bolsam,duran ýerimdir welin-belki çagalygymda köp aglanym üçindir-näkesleriň doňuz horkullysyna meňzeş sesleri,atýan haýbatlary gulagyma degende, bialaç gözümden ýaş akýar.Näçe adam öldürdiler,henizem olara az görünýär. Ýanymda duran garry aýal”Ahlaksyz,binamys adam üçin beýle dabara nämä gerek?Adyny oba dakmaly diýýärler...Aý,hawwala,bi bolup biläýjek zat,bulara adamlary gorkuzmak,garşysyna çykýanlary ýok etmek üçin bir syýasy bahana gerek!Men şäherde,Podwoýsk-Griboýedow köçeleriniň burçunda ýaşaýaryn.Podwoýskiý-itiň ýüzi ýaly görmeksiz,hyýrsyz,aşa ýaranjaň,durky bilen gana boýalan,ganhor adam,Griboýedow bolsa orsuň ilçisi döwründe, bir gijede Tükmensährany eýrana peşgeş bereni üçin, türkmenler tarapyndan öldürildi.Ýene-

de,köp şeýle ýasama şöhratly adamlaryň atlary köçelere,obalara,şäherlere dakyldy,bu hem şolaryň biri boljak ekeni-dä!”-diýip zeýrendi.Garry aýalyň aýdyşy ýaly, bi ölüm mynasybetli üç adamdan ybarat adatdan daşary syýasy topar döredildi.Indi olar islän adamsyny islän wagty ýok etmäge hukuk gazandylar.Olaryň şygary:”Biz näme etsegem BOLAR!”Özlerem, şeýle bir samsyklaç häsiýetli welin,mysal üçin adamym, meni duluna geçiren günleri, iýmäge bir döwüm çöregimiz ýok halyna, bergi baryny edip,tow bereňde saýraýan bilbil satyn aldy oturyberdi.Muňa näme diýjek?Soňky döwürlerde, tükeniksiz ýygnaklara,çärelere çykýan eli gyzyl baýdakly adamlar, edil eýesiz mal ýaly, “basmaçylar” diýilýänleriň eken güllerini depgiläp,bag-bakjalary goparýardylar.mallaryny talaýardylar.Şeýle tükeniksiz çäreleriň birine,Aşgabadyň eteginde atylan “26 Bakuw komissarynyň” ýatlanyş çäresine gitmeli boldum.Agyr keselli ýaly,şeýle ýerlere aýagym çekenokdy,emma gitmän hem bolanokdy.Odessada,gyzyllar,aklaryň 26 komissaryny atypdyrlar, indi bolsa aklar, bu ýerde,gyzyllaryň “26 komissaryny” atanlar.Ýöne, näme üçin ikisinde hem, 26 adam,şoňa hiç düşünip bilmedim.Ýa-da bular, Allajanyň, “edeniňi çekdirýänliginiň” bir alamatymy-ka?Bu alamat maňa,”edeniňi çekmeli bolýanlygyň” baradaky ynanjymyň tassyklanmasy hökmünde uly täsir etdi...

1960-njy ýyllaryň başlarynda,Huruşewiň “günä geçişligi” esasynda, adamym türmeden geldi,ýatan ýyllary üçin uly möçberde pul tölediler.Şoňa gowy jaý saldyk.Meniň ýaly ýetim üçin, iň ýakynyň ýan ýoldaşyň bolaýjak ýaly,emma ol ezizim däl.Bary-ýogy ýedi aý bile ýaşap, 20 ýyllap görmedigimden-mi,şol pyjagaly wakalardanmy,garaz,ony sulhum alanokdy.Ol, bolup geçen wakalara gatnaşanlygy,bigünä adamlaryň ganynyň dökülmeginiň esasy sebäpkäri hökmünde,özüniň ýazgarylmazlygyny,günäsiniň geçilmegini sorady”Allanyň

islegine görä,ýigrimi ýyl türmede jezamy çekdim,nähak iş edenligime ahmyr etdim,iýiji ýara dodagymy ýirýär,bu eýsem jeza dälmi,”kasasyň kyýamata galmadygy” dälmi?” diýýär,şonda-da, näme,ýürege emr edip bolmaýar-da.Gün bir bolsa, iki gezek onuň etmişini ýatladyp dyrýaryn.Özara gürrüňimiz öz aramyzda galýar,başga ýerde hiç zat barada dil ýarmaýardyk,il bilen iç döküşmezdik. Halk duşmanynyň gyzy,soňam aýaly adyny alanym üçin, meniň, “halk duşmanlaryny” ýok etmäge gatnaşanlygy hem-de hökümet adamlarynyň ähli ýaramaz etmişlerini gözi bilen görenligi sebäpli,indi ol wakalara şaýatlygy üçin, ýok edilmeli edilen,ýöne, bir sebäp bilen ölmän galan adamymyň,başgalar bilen gürleşmäge haky hem ýokdy. Hökümet olary hiç wagt ile goşmandy.Nepes şuranyň arka durmagynda etrap merkezinde men bolaýmasam,obalardan Çoluk Begliň,sazanda Geldi Begliň,Hümmet Mämmediň,Huseýin Mämmediň,Berdi hojanyň we ýene bir näçe maşgalalar bolaýmasa,köpler bolşewikleriň pidasy bolupdylar.Yzynda galanlary adam sanyna goşmandylar.Olar,edil men ýaly ýalňyzdylar.Ýalňyzlyk bolsa ruhyňy berkitmäniň iň yhtybarly serişdesidi .Men “mertebämi peseldýärler” diýip,nalyş etmedim,gaharymy getirseler gaharlanmadym,durmuşy şöýüp,gyňyrlaryň garşysyna gülüp göreşdim,ýeňsem, “ýeňdim” diýip, döşüme kakmadym,ýeňilsem ejizlemedim,sebäbi, ir-u-giç hakykatyň dabaralanjaklygyna bolan ynamym güýüçlidi.Belki, bi, ähli zady görjek,biljek,okajak bolyp dyrjaşyp ýatanlygymdandyr?Men adamlaryň maňa üns bermeklerini,kömek etmeklerini islemedim,çünki,maňa beriljek zat dälde,meniň berip biljek zadym gymmatlydy,adyma aýdylýan-u-aýdyljak zatlar däl-de, adamlar üçin etjek ýagşy işlerim wajypdy,şeýdip, öz pikirim bilen ýaşadym,ýüregimden gerek bolan zady hemmelere paýladym,maňa gerek bolan ýekeje zady-şehitleriň mertebesiniň haçanam bolsa dikeldiljekligi baradaky

umudymy, kalbymda çuňňur gizlenen , netijesiz gynançlaryma dolap, gizlin sakladym.Halys saklap bilmesem gözýaş dökdüm.Sebäbi, kommunistleriň agalyk edýän ýurdunda umudymyň hasyl bolmajagyny bilýärdim. Iň esasam, bir ýerden çykar diýip Çolukjana garaşýardym...Men oňa durkum bilen garaşýardym...

-------16-----

Kelte boýly,arrykdan siňrikmen adam "keçäni öýe ugurdaş ýazypsyň,ýas ýok ýerinde kündükleri jübütläp goýupsyň" diýip,dalandaky agtygyny elesledip barýar.Sözlerinde, aňyrdan gaýdýan çuňňur many bar. Ol çaý başynda sesini çykarman,gussa gaplanyp, geçenleri ýatlamagy halaýar,onda-da,diňe içinden.Emma,Şamyrat atly agtygy-Ata,başyňdan geçenleri aýdyp berjekmi?- diýip,gününe goýanok.Agtygy muny bäş ýaşdan bäri soraýar.Häzir ol onbäş ýaşynda.Aslynda gözüniň görenlerini birine gürrüň bermese rahat oturma ýok,ýöne..

Hawa,ol ýedi ýaşynda taşlap gaýdan ýerine-"Duzly oýa" tötänlikde gabat geldi.Ýogsam,gözläpdi,sorag-ideg bilen köplere ýüz tutupdy.Haçanda"Sen şeýle-şeýle wagşylyk edilipdir" diýip, onda-munda gürrüň edýärmişiň,ony ýadyňdan çykar,düýşüň hasap et,ýogsam, gowy bolmaz"diýip,degerli ýerden berk tabşyranlaryndan soň, agtygyna-da gürrüň bermekden gorkdy.Hudaý ugruna etjek bolsa ýol tapar ekeni.Kysmatynda bardyr-da.

1950-nji ýyllaryň başlarynda ol Annamämmediň,Şajyk hanyň,Goýun guýynyň töwereklerinde goýun bakardy.Goýny "ýa sala bak ýa çala" diýen gep bar,çala baksaň semrär,sala baksaň arryklar.Şol ýylyň gyşy gurak geldi,ýöne Garagum çöli bir bereketli mekan,islän çöpüň bar,çürçüri,togdary,bedene ýaly eti halal guşlary diýjekmi..

Annamämmet guýysyndan başlanýan giň jülgäň ugry bilen gündogara ýöreseň ýol ikä bölünip,biri pisselige-

Küňreldä,biri “Segsen gulaç” guýynyň üsti bilen Akrabada barýar.Gyşyň güni ktrk tüýüsli,kyrkysam gylyksyz diýlişi ýaly, bir gün gaýa-gopuz ýok ýerinden howa sowap, güýüçli gar ýagdy.Dowarlar burunlaryny yga tutup,syrgyn garyň ugry boýunça Akrabat ýoluna düşdüler. Gündüzlikde,gözi düşenden kürtdirip duruberýän düýeler,gije, baýyrlardan,kötellerden emgenmän geçdiler.”Çoluk akga,goýnuň yzyna düşüp barsak, birden serhetden geçäýmäli?Bu ýerler goragly ahyryn!Sen bir Amyderýanyň suwuny içen adam,seljerip gör!”diýip,çolugym howsala düşdi.Hemişe görünmän-görünmän käte bir obada görünemsoň,ömrümde bir gezegem Lebaba gidip gelemsoň,dili duzlunyň biri ”Aý,ol-a Amyderýaň suwuny içip,köp zady öwrenen, akylly adama öwrülip geläýipdir”diýip,ýaňsa alypdy.Çoluk şony ýatlaýardy.

Allajan bir katra rysk berse, adamyň ömrüne ýetermiş,juda rysgymyz gaçan däldir-le,sabyr edeli-diýip,men ony köşeşdirdim...

Ahyrym,çuň käle özüni atyp, rahatlyk tapan dowarlaryň arasynda gyşardyk.Gözler süzülip barsa-da, bir ýerden çykýan çaga agysy ýatyranokdy.Golaý-goltumda oba ýok,zat ýok,şonda-da, bu oýdan duz almaga geleniň biri “çagasyny galdyraýdymyka” diýip, ýerimden turdum-da,ses çykan tarapa gitdim,ýöredigimçe ses daşlaşýan ýaly.Çomuçly tümmejige çöküp diň salsam, aýal agysyna,düýäň bagyrmasyna,erkegiň bögürmesine,atyň kişňemesine,eşek aňňyrmasyna meňzeş sesler,maşyn bary gelýän ýaly güwwüldiler, kiçijik ýylpyldylar köpelip barýan ýaly.Uly howsola düşse-de, syr bermän ýerime gelip gyşardym welin biri”Tur how, üstümden”diýýär, aýrylsam”Basgylap ýörme,janym”diýýär.Gorkyma çolugyň ýanyna bardym, olam, şeýle sesleri eşidip, gymyldap bilmän ýatan ekeni.Garaz,çirim etmän daň atardyk.Jahan ýagtylyp, töwerege ser salsak, adamlaryň,mal-garalaryň süňkleri edil odun basylan ýaly.Kä

ýerde çaganyň,kä ýerde uly adamyň, düýäniň,atyň süňkleri dagaşyp ýatyr,üsti-üstüne goýlan top-top matalar alaçalar,begresler,keteniler ýaňy goýlup gidilen ýaly,eliňi degirseň pide bolup,küle öwrülýär.Ýapylaryň ýüzünde gara ýylana meňzeş bilek ýaly gara saçlar,guran kelleçanakdan sogrulyp gaýdýar.Aýal-gyzlaryň gyzyl-kümüş şaý-sepleri çakrap giden süňkleriň üstünde, dogup gelýän günüň nuruna ýalpyldap, gözüňi gamaşdyrýar.Dogrysy,gözüň bilen görmeseň bu aklyňa-oýuňa sygmajak zatlara ynanasyň hem gelenok.Süňkleri ýere duwlaýyn diýsemem aňyrsy-bärsi görünenok..Birdenem, aýagymyň ysgyny gaçyp, süňňüme şagga der geldi-de,dyran ýerimde ýykyldym.Başymdan geçen wakalar aňymda janlanyp başlady.Hawa,kakamy,ejemi taşlap giden ýerim hut şu oý bolmalydy.Goýun bakmadyk bolamda,syrgyn gar sebäpli goragly ýere aralaşmadyk bolamda,muny tapyp biljek däldim.Oýtum-oýtum källeriň her bir künjeginde şehit ölenleriň keşbi gözümiň öňünde janlanyp başlady.Şu kiçeňräjik tümmejigiň alkymynda atam,hol çomujyň düýbünde Durdy awçy,ondan günortarakda Baýram molla ýatyrdy.Sorag-ideg edip,daş gulakdan eşdişime gör-ä, kakam bilen ejem duran ýerimden gündogarrakda,elli-alytmyş ädimlikde bolmaly,gaýratly,gaýduwsyz,arslan ýürek Oguldursyn gelnejem,at üstünde bir demde üç duşmany ýoklap, amanadyny tabşyran Aýgözel gelnejem hem şol töwerekde bolmaly.Indi olardan ne yz galypdyr,ne süňk.Şonda-da näme, jaýlanmadyk jesetlerden galan süňklerden ýygnap bilenimi ýygnap,otuz ýyldan soň ýere duwladym.Bilýänje aýatlarymy okap, töwür galdyrdym...

Indi sallarlap görýän weli, mahmal ýaly gelinler,Maral ýaly gyzlar,Annaguly han,Garry molla,Çoluk han,Baýram bykowly,Meret tentek,Durdy awçy ýaly goç ýigitler bolmadyk bolanda, türkmeni türkmen diýip goz öňüne getirmek mümkin hem däldi.Bu oýlarda,oýtumlarda adam gany joýa-

joýa akdy,ol türkmeniň imany,namysy,ary bilen baglanyşykly gandy.Ýaňy göze görünip ugran gyzlar,surat ýaly gelinler, oky bary eli bäşatarly,oky ýogy ujyna gyrkylyk gysdyrylan uzyn taýakly,öldürmeli,ölmeli,ýöne,duşmana diri düşmeli däl diýip,aýgytly,gazaply söweşipdiler.Şolaryň biri duranam bolsa, Allanyň rahman atly rahmeti durardy,ondan soň Alla howlukman, rahman rahmeti aýyrdy.Şol döwürde özümiň ejiz-çaga bolmagym, meni sergezdan köçesinde entrekletdi,käte “şolar bilen ölüp giden bolsam bolmaýarmy” diýip gijelerine aglap çykýan.Her zatda bolsa,namyslaryny goramakda pugta durup, mallaryndan,janlaryndan geçip,oraza döwri,az sanly bolsalar-da, ummasyz uly goşun bilen garpyşmagy başaran ata-babalaryň, gerçekleriň şehit bolan ýerlerini tapmagym,meni diýseň tolgundyrdy.Biri bilen gepleşýän wagtym bu duýgular aýrylýar,ýeke bolsam gözümiň öňünde gahryman gerçekler,namysly gelin-gyzlar.Türkmen “geçeni geçdi bil” diýýär.Men ony edip bilemok,gaýtam,”şehitleriň arasy bilen ölüp gitsem gowy bolardy,şonda, oýtumlaryň birinde galjak jesedim ýere siňip,ýabany otlaryň ösmegi üçin iýmit bolardy,nebir ýigitleriň jesedi ýere siňip,ösümliklere garyldy ahyryn”diýýän.Dogry,ýabany otlaryň ýere ýüzleý ýapyşan kökleri jesetlerden iýmitlenip,her ýyl harç bolup ýetişendir,gülläp nesil galdyrandyr,käsi basgylanyp,köki-damary bilen sogrulýar, boý alyp bilmän gurandyr.Şeýdip,edil şehitleriň ölüşi ýaly ölendir.Şonda-da men bu haşal otlary gowy görýäryn,ýöne, “Duz oý” topragyny welin ýigrenýärin.Munda ösýän käkilik otuny,çomujy,gamak şiresini agtygym Şamyratjana bererin we”Ine,şehitleriň diriliginiň subutnamasy hökmünde şulary saňa getirdim”diýerin.Agtygym, gepiň manysyna düşünmese-de,käkilik ota çaý demläp berer,onsoň,içýän çaýym bilen peýda bolýan şehitleriň ruhy,öňküleriň üstüne goşant bolup,süňňüme has çuň siňer,ol ölüp gitsemem süňňümden aýrylmaz.Bu ýerde jesedi galyp,yzynda ýatlanylýan şehitleriň

sany ýüzlerçe,müňlerçe,on müňlerçe... Kakajan molla atly pir sypatly bir tanyşym,Ýerbentden Duz oýuna çenli aralykda şehit ölenleriň sanyny otuz bäş-kyrk müňe ýakynlaşdyrýar.Ol olaryň ýatan oýtumlaryny ýassanyp,ömrüni geçirdi,wakalary ilik-düwme öwrendi,olara bagyşlap namalar,şygyrlar ýazdy, kitap etdi.“Ärler ýatandyr”diýen goşgusynda ol:

Erkegi,aýaly hakyň esgeri,
Söweş meýdanynyň çyn esrek neri,
Gany jennet güli,nakaşy zeri,
Toprak bolyp galan zerler ýatandyr.
Bileliň biz bulaň kylan zaryny,
Jan berip gorady namys aryny,
Ýatlalyň atma-at,goýman baryny,
Çaga,zenan,erkek-barlar ýatandyr-diýip,pyjagaly wakalary agzaýar.Başga şygrynda:

Joýalar möwç urup akandyr gany,
Müňlerden geçipdi şehidiň sany,
Haýsy türkmen gizlär teninde jany,
Ne üçün bolmadym şol zamanda men-diýýär...
Parçalap,öldürdi,hakyk,alymy,
Alym,diýip,hoprmat,goýdy,zalyma,
Berbat kyldy öýüni hem malyny,
Rysgal atly çyn mydardan aýyrdy.
Edebi,haýasy ylymy bilen,
Ata-enesiniň edebin alan,
Bir-bire ynanyp,tire-il bolan,
Tire atly asyl bardan aýyrdy.
Derýalar möwç urup,çeşmeler joşup,
Jerenler koýlara sesini goşup,
Bereket derýasy hetdinden aşyp,
Bol nygmat eçilen ýerden aýyrdy...-diýýär.

Ine,”Habarly bolgun”atly bu goşgy hem Kakajan Mollanyň ýiti zehininden çykan setirler...

Döwlet bir daragtdyr,köki hem kändir,

Kök şaha döredip,güýç berýän jandyr.
Her kowum,her tire,köklerden sandyr,
Kök zäher içýändir,habarly bolgun!

Dört sütüni bardyr,jany hem bardyr,
Sütünsiz döwletiň kanunsyz sandyr,
Tana dört sütüni,Hudaýyň ýardyr,
Dogry ýol açýandyr,habarly bolgun!

Dört sütün-birisi-derwüş dogasy,
Ýene biri-batyr,gaýrat eýesi,
Üçünji alymdyr-nadan belasy,
Dördünji-jomartdyr,habarly bolgun!

Owwaly alymyň ylymy bilen,
Ylymdan dür saýlap,şagirdi galan,
Hak duşmany Haka diýýändir ýalan,
Kezzaplar gaçýandyr,habarly bolgun!...

Onuň “Haka boýun bol”atly giň göwrümli poemasynda şeýle setirler bar:

...Hatam köpdür,Allam,nädersiň meni,
Aglamakdyr işim,ýat edip seni.
Paý astyna goýup garyp başymy,
Seniň duşmanlaryň alýar daşymy.
Eger olar gelip dost bolsa maňa,
Eden haýyr işlem bararmy saňa?
Ylaha!Bilýänsiň garyp halymy,
Hiç dostum ýok,bilemok men,ilimi.
Adym Kakajandyr,salyrdyr aslym,
Ýalawaç tirämdir,türk-iman neslim.
Allamyrat aga,ol Baýram Gadam,
Çoluk Gurban ogly,Bukawly Baýram.
Gürrüňin diňleýip ýazdym kyssamy,
Kagyza geçirdim,paýlap gussamy.

Baýram Bukawlydan söz açyp başlap,
Söz dänesin jemläp,dür seçip başlar.
Hekaýat başlaýyn,gel,indi diňle,
Gulagyň pugta goý,gel indi aňla!
Hywada pirler we şirler düşlärdi,
Yslam käte güýjäp,kate peslärdi.
Han Jüneýit bardy-ziberdest piri,
Göýä dag gerşiniň babyry,şiri.
Ady Baýmuhammet,ol hem bir ärdi,
Baýram Bukaw atly bir ogly bardy
Ýene neberesi,ogul-gyz kändi,
Agzybirdi,dinde örän mäkämdi...-diýip,ol şehitleriň tarypyny ýetiripdir...

Men başardygymdan ýene bir aýat okap, gelmeli bolsa, ýa-da, birine salgy bermeli bolsa salgylanar ýaly,öz ýanymdan bellikler edip,dowarlary oýdan sürüp ugradym.Birden otlaryň arasy bilen bir zat aýagyma degdi,görsem çaga kelleçanagy.Ol, gulagyna gurt düşen Jahanjanyňky bolmalydy,men ony iň soňky pursatda hut şu ýerde görüpdim.”Jahanjan,sen gorkajykdyň!-diýip,men kelleçanagy sypaladym-Sen uçarlaryň taşlaýan bombasyndan öldüňmi ýa duşman güllesinden?Belki,açlykdan ölensiň?Ýa,ýykylyp,kelläň gara daşa degdimi?Wah,men guraýyn,berýän soraglarym nähili,sen jogap berip bileňok ahyryn,seň üçin bolşewik,menşewik boldy,haýsy jemgiýet boldy,tapawudy ýok ahyryn.Pany dünýäde ýaşaýan biz onuň ejirini çekmeli bolýas ahyryn,bagyşla!Sen,dogrudanam bombadan ölensiň!Kysmatyňda bardyr,ondan gaçma ýok!Häzirem,aryň wyzzyldysyna meňzeş ses bilen bomba taşlaýan uçarlaryň sesi gulagymda ýaňlanyp duran ýaly,her gezek ölenleriň,ýaralylaryň sany artýar,ýöne Asman-zemin welin arassa.Iki tirsek bolan porsygamaklar,keýikokaralar,ýaýran gollaryň ortasyndan,dört barmak bolup çykyp ugran çomuçlar hiç zat bolup geçmeýän

ýaly,altyn reňklerini günüň nuruna lowurdadyp,näzijek öserlerini ýaýradýpdyrlar,ok degse,şehitler,ýaly,başyny egýär,süllerýär,guraýar.Her zatda bolsa, çöldäki otlar,gyrymsy agaçlar suw tapyp,ýaşaýyşlaryny dowam edýärler,şeýdip,kölegesinde mekan tutan ýolagçylary begendirýärler.Özi görünmese-de,asmanda uçaryň sesi eşidilýär.Häli-häzirem bu ses kalbyma gozgalaň salýar,ölüp barýan ýaly,ýaşamaklygyň manysyna has çuň düşünip başlaýan.Ine,arassaja,näzijek,ynanjaň,şol bir wagtda gorkajyk Jahanjanyň kelle çanagy.Şeýle güne düşen çagalar onlarça.Olar azap baryny gördüler,iňňildediler,agladylar,gaharlandylar,gazaplanyp ýere siňdiler.Hawa,men olaryň gazapdan ýaňa gan öýen kalblaryny söýýän.Nirededir bir ýerde,bark urýan gülzarlygyň,bag-bakjalygyň golaýynda Jahanjanyň söýmek islän goç ýigidi henizem, oňa garaşyp ýörendir!?Men Biribaryň ýasan daglaryna,depe-düzlerine,tükeniksiz çöllügine,ýere sokan şäherine eşek münüp aýlandym,gyş-tomus görmesem, oňa ýakyn durmasam ynjalmadym,has dogrusy oňa aşyk boldum.Biziň jemgiýetimiz Garagum çöli ýaly çägelik,ol dogry,ýöne,ýowuz çägelik hem bolsa asuda,ýürekgysgynç hem bolsa, aňyrsy bärsi tükeniksiz meýdan.Her ädimde görnüşini üýdgedýän başly barat şeýle toprak başga nirede bar?Şu topragy ýzarlap, kän selpänim üçin,duşmanlarym maňa däli diýdiler.Häzirem,şu aýylganç işi eden adamlara meňzeş aýylganç ýyrtyjylar,adamlaryň aňyndan Alladan gorkma düşünjäni aýryp,adamdan gorkma düşünjäni girizjek bolup urunýarlar,özleri ýaly ýyrtyjy bolmasaň, seni hiç kim saýýarlar,ýöne, munda garynja pil bolýan bolsa,onda pil garynja bolýandyr.Şehitleriň ykbaly ýerde ýatmaz,ýedi gat ýere gömselerem parlap çykar-da,jemgiýetde öz ornuny eýelär,enşalla, ahyrym,şeýle bolar!Suw akar daş galar” diýipdirler.Hawwa,ol şeýle!Gözümiň öňünde,ýaşajyk Jahanjanyň kemsitmelerden soň gatan,agyryny sessiz kabyl eden kalby

dur,ol adamlaryň arasynda ýaşaýanlygymy,heniz ölmänligimi duýmaga maňa kömek edýär...

Men Jahanjanyň kellejigini yhlas bilen ýere duwlap,ýerimden galsam, çolugymyň elinde gyzyl gülýaka,monjuk,bilezik ýaly şaý-sepler.

-Bar,alan ýeriňde goý,eýesine nesip etmedik zat saňa nesip etmez.Ýerbentden gaýdan san-sajaksyz kerwen, çykgynsyz horlyklara sezewar bolup,dişine çenli ýaraglanan goşun bilen söweşip,köp adamsyny ýolda galdyryp, bir aý diýilende aç-suwsyz şu oýa geldi.Yzarlanmalar,üstüňden gülmeler,zorluk bilen watandan kowulmalar bosgunlary dälilik derejesine ýerirdi,süteme çydaman janyna kast edenler,elini-aýagyny ýitirip Garagumyň ýowuz çolünde amanadyny tabşyranlar boldy,"Duzly oý" bolsa ýolda ölmän galanlaryň iň soňky jaýlaryna öwrüldi.Senem, "Ölen-ä öleni,gözüni garga çokany" edip, olardan galan zatlary çöpläp,günä iş edýärsiň.Atam pahyr "senedi köpeltseň taraň bolmaz" diýerdi.Wah,zat gursun diýsene,men ine, iki sany ýyrtyk keçäm bilen oňňut edip ýörün ahyr.Başym dynç, kelläm agyranok,sürüde malyň,öýde altynyň bolsa günde ol öldi,ýitdi, ýa biri aldy habar geler durar,aýagyňy uzadyp arkaýyn ýatyp bilmersiň,rahadyň gider"-diýip,çolugyma käýindim.Ol bor diýip alan zatlaryny goýdy.Ýapa dyrmaşyp barýarkam , dowarlara haý-küş edýänem bolsam,gulagyma ejemiň, "gaç,oglum,gaç" diýen sesi gelýän ýalydy.Maral, Ene ikimizi zor bilen il ugruna alyp gitjek bolýar,men "kakam-ejemiň ýanynda galjak!" diýip hötjetlik edýän, şol wagt ýanymda ýarylan bombanyň zarbyna özümden gidipdirin...Näçe ýatanymy bilemok,huşuma gelip üstümiň galyň gumuny kakyşdyrdym-da, ýerimden galsam, Şammy kel üstüme abanyp dur.

Bol,eý,çaltrak gaçaly,ýogsam tutýarlar!-Asyl ol gömülen ýerimi görüp,demigmesin diýip ýüzümiň gumuny aýrypdyr-da, özüme gelýänçäm garaşyp dursa nätjek!Ine, hakyky

dostuň etjek herekedi...Nir-ä gitjegimizi bilmän iliň gaçan tarapyna gaçdyk,garaňky düşüp barýarka bir gowagyň içinde ýatdyk, ertesi ýuwa-ýelmik,çomuç,kertikli ýaly otlaryň gözleginde jülge söküp ýörkäk mallardan döl alýan,kirden ýaňa sellereriniň näreňkdeligi saýgartmaýan owganly çopanlara gabat geldik.

Aý,aý,türkemen-ä gül bolup gyrylypdyr-ow,heý alla,bulara seret!-diýişip,olar hyrçyny dişläp, başyny ýaýkadylar,az-owlak naharladylar-da, ýöremeli ugrymyzy salgy berdiler.Şol ýerdäki kiçijik çeşmeden suw içip öýlä çenli ýöredik,bir çöpüň düýbünden “waý doganjyklarym-eý!” dien zaryn ses bilen zenan maşgala çykyp, özüni üstümize oklanda gaty gorkdyk.Ol asyl Maral bolsa nätjek!.Akja ýüzi garagäz,horlanypdyr,üsti başy ýyrtyk-ýyrtyk,aýaklary gara gan,saçy bolsa çym ak,”özüňi goramagyň iň ygtybarly ýoly ile görünmezlikdir” diýip, gulagyma çawuş çakýar .Şammy kel ýol boýunda çaşyşyp ýatan keçelerden iki gat edip Maralyň aýagyny sarandan soň aňrylygyna, itleriň sesine görä ýöräberdik.Töre hanyň obasynyň golaýyndaky otluk meýdançada ýatan köp sanly ýaraly adamlaryň içinden”Araňyzda Çoluk barmydyr,how!?”-diýen sese hä bersem,Memmetdurdy kakam, ýaraly aýagyny süýräp,gujagyny açyp gelýär...Güloran obasynda Annaguly hanyň aýaly äriniň patasyny alyp,aýat-töwür etdirýär ekeni,oňa, aýak üstünde durup bilýän türkmen gatnaşdy, biz üçin şatlykly ýerem Maral şu ýerde Berdä gowşup toý tutdy.Men ýöne toý tutdy diýip aýdyp goýberýän,onuň üçin türkmen däp-dessuryny berjaý etmeli,gyz,oglan ýetim bolansoň olara eýe çykmaly.Maral öz ykbalyny özi çözýände bolsa Mämmätdurdy kakama“Maňa ata bolda,ýitig sorap geljekleriň habaryny al”diýip,haýyş etdi.Ine,onsoň Berdä eýe çykan ýaşulylaryň ikisi,bir aýaly hem ýanlaryna alyp, Mämmetdurdy kakamyň ýanyna ýytyg sorap geldiler.Ol “Myhmanlar,adatda,ýagny türkmen däp-dessurynda gyzlaryň

ykbaly,ene-atasynyň,doganlarynyň elinde bolýar,emma muňa garamazdan,şerigata we ýetimligine garap,biz gelen-gidene gyzymyzyň özüniň jogap bermegine razy bolduk.Anha,gyz,ine-de siz,baryň,ol öýdedir, gepleşiň!"diýdi.Sawçylar bir-birleriniň ýüzlerine seredip,diňşirgenşip durdular-da, soň olaryň ýaşulysy"Ýörüň gaýdalyň!Öý eýesi bize "Baryň gidiberiň,sözüňizi aljak däl!"diýen bolsa gowy bolardy,olam bolmady.Biz indi aljak gelnimiz bilen aç-açan gepleşmelimişik,bu biziň-ä görüp-eşiden zadymyz däl,toba,estagpyrulla"diýip,ýerinden turdy.Onda Mämmetdurdy kakam "Ýaşulylar,siz meniň aýdan sözlerimi gülki ýa-da bolmasa sizi masgara etmek üçin aýdylan zatdyr diýip guman etmäň!Siziň pikiriňiz dogry,ýöne gyzymyzyň bizden edýän talaby esasynda,biz oňa öz ykbalyny özüniň çözmegine rugsat berdik.Siz muny geň görmäň,sebäbi ol gyzyň öz ykbalyny özüniň çözüp bilýänligini ýolda,bu ýere gelýärkäk duşmanyň garşysyna görkezen gahrymançylyklary subut etdi,ine,ýanyňyzda oturan Kynnan ýeňňemiz hem oňa şaýatdyr.Ýörüň,hany,gyzyň ýanyna baralyň,gepleşip görüň,netijäni soň çykaryň!"diýip,olary Maralyň oturan sekiz ganat ak öýüne eltdi.Dulda sülmüräp oturan Marala gözi düşen myhmanlar içlerinden "Eý,Alla,bu görünýän suratmyka ýa adammyka?"diýişip,töre geçdiler.Maral gobsunyp olara ýer berdi.Häzir ony görmäge göz,diýmäge sypaýydan söz,ýüzbe-ýüz bolup oturmaga päk ýürek bilen utanç-haýadan eýi ýeten ýüz gerekdi.Sawçylaryň ýaşulysy"Gyzym,men şu adamlar we ýeňňemiz bilen,ýaşymyň bir çane baranlygyna garamazdan ömrümde ilkinji gezek saňa söz aýtmak üçin ýanyňa geldik,dessura gabat gelmesede gepleşmeli bolýas,elbetde,bu Allanyň rugsady bilendir.Biz, tekeleriň bagşylaryndan,asly oturumly ýerimiz Sakarçäge,Akýaply,hezirki mekanymyz Hyradyň etegindäki Türkmengala diýen oba"diýdi.Maral"Siziň iki ýaş juwany öýli-işikli etjek bolmagyňyz gowulykdan nyşan.Şerigat boýunça barjak bilen aljak adam bir-birlerini görmeli we geljekleri

hakynda pikir alyşmaly.Siz şoňa nähili garaýarsyňyz,ýaşuly?”diýdi.”Şerigat aýdýan bolsa dogrudyr, şeki ýokdur,biz oglumyzy görkezip bileris”diýip,ýaşuly jogap beren badyna “Çopan oglumyz bar,aýbymyzy gizläp durjak däj,her pasylda bir ýuwunýan bolaýmasa golaý-goltumda ýüzüne suw degen däldir,gulaklarynyň içi hüýtgara,çägemi,kesekmi,belli däl,dyrnaklary ösen,bili goýun daňýan alajasy bilen guşalan,uçgury dyzyna golaýlaýar,burny maňňal ýalydyr”diýip,Kynnan ýeňňe ara goşuldy.Maral hem gep alyp galmady.”Ýeňňe,erkek adamyň adam bolmagy aýal bilendir,ýuwsaň,artsaň,idetseň,päkize eşik geýdirip,wagtly-wagtynda iýdirip-içirseň adam bolar,onsoňam Hyzyr gören arassa çopan halal zähmedi bilen maşgalasyny ekleýär ahyryn”diýip,jogap gaýtardy.Kynnan ýeňňe”Bolubilýä,bize şundan gowy gelinlik derkar däl”diýeninden soň,heserlije ýaşulylaram guýruklaryny ýamyzlaryna gysyp,dillerini ýuwdana döndüler.Gepläbem bir görsünler,bu aýalyň sözi erkekleriňkidenem kesgir ahyryn!Şeýlelikde,däp-dessury özüçe azajyk üýütgedip, türkmende ilkinji bolup öz ykbalyny özi kesgitlän Maral boldy.Özem şol döwürlerde.Häzirki günlerde ol zatlar bir hili ertekä çalym edýär ahyryn.Söýgi barada onlarça dessany bolan,ýeke-täk halkdygyna garamazdan durmuşda türkmenler, söýgi diýlen zady gaty bir açyk mahabatlandyrmany halamaýardy,söýgi däp-dessuryň kölegesinde,gizlin hereket etse gowy görýärdi...Garaz,eýle boldy,beýle boldy,Maral bilen Berdiniň toýy tutuldy.Şammy kel ýüzüni sallap”Maraly Berdi alsyn,başga biri aslsyn,maňa toý bolsa bolýar”diýdi.Ol muny, Maraly özüniň alyp bilmedigine içiniň ýangynjyna diline getirýärdi...Örän dabaraly tutulan bu toýuň çykdajysyny Samat baý öz üstüne aldy,soň ýene bir,ýene bir toý tutuldy,garaz,şu ýerde biz iki aýa golay ýaşap,garnymyzy gowy köjedik,diňe bir köjemek däl,gyzyl kürtäni çümre atynan Maralyň egnindäki täzeje el ketenisi,aýagynyň gülli joraby,köýnegininiň öňüni tutýan apbasylary,hasam owadanlaşan ýüzünden çogup duran bagty

biziň keýpimizi hasda göterdi.Belki,bi, ýol boýy çekilen azaplardan soň bolýan ilkinji toýlugy üçindir,bilmedim.Mämme kakamyň ýanyndaky biziň daşkyrak garyndaşymyz”Nä wagt,nä zamana diýleni,göze görnen gyzyň duluňda otursa abraýy artmaz ekeni,öýden ýetişen gyzyň ýa özi çykmaly ýa-da maslygy,owgan topragynda şu ýagdaýlary çözmek gaty kyn.Gyz maşgalany alyň diýip,hödür edip hem bolanok,ogluň bolsa aňsat gelinlik gözläbermeli.Öňüräkden bäri ýaşaýan welin,owgan topragynda hem däriniň ysy ýatanok,rahatlyk bolmasa toý tutulmaz ekeni”diýip, näme üçindir zeýrenmek zeýrenýär.Men şo wagtlar onuň diýýän zatlaryna düşünmeýärdim,asla düşünjegem bolmaýardym,sebäbi her gün irden hasam owadanlaşan Maralyň gelin keşbini synlamakdan gyzykly,täsin zat bardyr öýütmeýärdim,näme üçündir Berdi welin ýadyma düşmeýärdi.Ýöne synlamagam uzaga çekmedi,öňde eklenç diýlen zat keserip ýatyrdy.Şammy keli ýaňky zeýrenýän adam ogullyk alyp galdy,men bolsa Memmetdurdy kakam bilen ilki Saryja baýyň,soň Samat baýyň goýnuny bakdym.Samat bay meni Hyrada alyp gitdi.Bu şäher daglaryň arasyndan geçýän iki derýanyň ortasynda ýerleşýärdi,derýanyň biri arassa suwly, içi balyklydy,beýlekisi bulanyk, ikisi şäheriň günbatar çetinde tapyşýardy. Şäheriň daşyny gurşap alan daglardan käte “A-a-u-u-u”diýip, arlaýan gaplaň sesi çykýardy.Odun-çöp azlyk edýärdi,sygyr tezegi gara kömür bilen deň görülýärdi.Hyratda oňyrga burun,saryýagyz,ejizleriň hossary,edenli-syratly Jüneýit hany ilkinji gezek gördüm, watana dolanmak üçün sakgalyny syryp, keşbini üýütgedip,Ýerbende gitdi-de,alty aýdan soň dolanyp geldi,hossarlaryny ýygnap”Şura hökümedi gozganarly däl!Ýurduňdan aýrylsaň aglap ýörmeli bor ekeniň, süňňüň gowşap,keselçilik basmyrlaýar,edeniňi goýanyňy bilip bolanok,wah,kämil ýaragym ýok”diýip,ahmyr çekdi.Ýerli ilatyň ýaşaýşy elhalam bolsa, bärden baranlaryň ýagdaýy öwerlikli däldi,çagasyny okatmak,hünär öwretmek,

öýlendirmek,durmuşa çykarmak ýagdaýy kyndy,öz göwün diýen ýeriňe gudaçylyga barmak kyndy. Hyrat şäheriniň 25 kilometr golaýynda 12 müň gektar ýer alyp, ogullary Eşşi,Eýmir,Kötük han dagy bilen Yzmykşir obasynda ýaşan,1939-niy ýylda Türkmengala obasynyň golaýyndaky gonamçylykda jaýlanan Jüneýit han şeýle ahmyrly gitdi.Ol öz döwründe ilkinji kümüş,ýüpek türkmen pullaryny,özbaşdak Daşoguz respublikasynyň baýdagyny döretdi,Gaýgysyz Atabaý barada-Ol meni ýok etmekde meskewe gowy görünjek bolmady,gaýtam,iki müň ýarag iberip"özüňizi bir goraň!" diýip kömek berdi.Watanyny,ilini gelmişeklerden goramakda mümkünçiliginden ýokary hereket etmegi başaran hakyky türkmen gerçegini, 1929-nji ýylda Daşkentde"Gyzyl Goşunyň hataryndan talaňçy ermenileri çykarsaňyz men Hywany alty aýda Soýuza birikdirerin"diýip, eden çykyşy hem-de bize eden kömegi üçün garalap,Mikoýanyň talaby boýunça atdylar, şonda meniň ýüregim üzüldi,elim-aýagym kesildi,daýanjym döwüldi,ýagşy umytlarym uçdy,ýaşarlygym galmady. Nesillerime soňky sargydym"adyny türkmen diýip tutýan her bir adam Gaýgysyzyň mertebesini belentde tutsun,aňryujy mümknçilik bolsa-da meni Watanymda jaýlaň!"-diýdi.Emma onuň wesýeti şu günlere çenli bitirilmän gelýär...

Men-ä dogrusy o döwürler ýaş,watan küýsegi baradaky düşünjä onçakly bir düşünip barmasamam, Mämmetdurdy kakam weli "her hili agyr güne düşsemem watana aşsam bolýar " diýip ýatyp bilenok.Alabaharda ol bizi Guşgynyň etegindäki Mugyra obasyna getirdi.Mekge-medinä-käbä gitjek bolup ýören oba hany Abdylla han Mämmetdurdy kakamyň arzyny diňläp elinden gelen kömegi berdi,ýanymyz bilen gelen 16 ýetim çagalary azyk ýükli on eşege mündürip ugradyp goýberdi.Guşgy derýasyndan gije geçdik welin,şobada daşymyzy gaban ýaşyl papaklylar-

serhetçiler bizi bir atýataga gabadylar.Asyl,bi ýatak Ene dagynyň hem saklanylan ýeri bolsa nätjek.

Mämme kaka,suwsaýan-diýip,men gabowda ýatan üçnji günümiz halys çydaman seslendim

Gaýrat et,jigim,sen indi ondört ýaşadyň,çydamly bol,köpräjik Gurhan sürelerini gaýtala,gör-ä,özüň ýaly çagalar seslerini çykarman ümsüm oturlar.Wah,bularda nä günä bar, yzymyza düşüp gitdiler,indem watana dolandylar, horlamaly däl ahyr,eý Alla,özüň rehim et,rehim et jan Hudaý..

Allaň özi kömek etjek bolsa ýol tapar ekeni,şobada gök gübürdäp şeýle bir jala guýdy welin ýatan ýerimizde üçekden syrygýan ýagyş suwundan teşneligimizi gandyrdyk,agşamlyk az-owlak çörek berdiler,sekiz gün saklap otla mündirip goýberdiler.Çagalaryň yzynda garyndaşy barlary aňry gitdi,Mämme kakam bilen men otlyda gabat gelen bir adamyň haýyşy boýunça Ýolötende düşdük.Şäheriň etegindäki obada eken ekinimiz, bitginli gawunymyz heniz ýetişmänkä " owgandan gelen gaçgak" diýip Mämme kakamy alyp gitdiler,meni bolsa öý eýesi obadan kowdy,asyl bu zatlar hasyl özüme galsyn diýip şol adamynyň edip ýören işi bolsa nätjek.Şondan soň Marydan Tejene,Tejenden Mara kowaladylar ýördüler.Maryda Garaköşegiň köprüsiniň aşagyny öý edinip ,käte dilege çykyp, gün gördüm,özümi tutdyrmajak bolup,Möwlamjan gonamgylygynyň gümmeziniň aýakujuny ýerläp ýatdym, jaýlamaga adam getirseler gorkyma baryp bilmedim,öz ýanymdan aýat-töwür etdim,meňki bir süýtden agzy bişen suwy üfläp içeri boldy.Ýöne,oňat, Möwlamjanyň müjewüri meniň köp dogalary bilýänligim üçin egilşik edip,baryndan kömek etdi,bir gün ol"Beýdip gaçyp ýaşap bolmaz,seniň ýagdaýyňda çölde goýun bakmaly,adam gözünden daşda bolmaly,görmesinler,bilmesinler" diýdi,soňam juma zyýaratyna gelenleriň birini ýanyma getirip-Annamyrat,şu ýetim oglana

kömek et, Nepes şurany gördüm,meň adamdan Annamyrada aýdaý diýensoň seni çagyrdym-diýdi.

Heý,mollam,beýle işler üçin Nepes şura azar hem bermeli däl ekeniň,ony meň özüm çözýän,ýeri bolýar, ýigdekçä eýe çykaryn,göz-gulak bolaryn,eklärin,saklaryn,islese öýlendirip hem goýbererin-diýip,ýylgyryp gepleýän ,syratly,mähirli hoşgylow adam meni yzyna düşürip alyp gitdi.Ol asyl otuz bäşinji ýylda Aşgabat—Moskwa at çapyşygyna gatnaşan Akmyrat Kadyryň ogly bolsa nätjek.Halkyň şöhratly taryhynda uly orun alan,ýigitleriň gaýduwsyzlygyny,mertligini,owadan atlarymyzyň çydamlylygyny,ýyndamlygyny dünýä dabaralandyran bu atly ýörüşe gatnaşan Akmyrat,özi ýaly on bäş ýigit bilen,tomsuň jöwzaly epgegini at üstünde geçirip,84 günde 4300 kilometr ýol geçip Moskwa barypdyr.Ol ýerden atly abraýly, uly baýrakly dolanan Akmyrat aga, ogly bolmansoň, ene-atasy ölen çagany,Annamyrady ogullyk alyp ulaltdy.Iki gyzynyň birine öýlendirdi.Ol çaga üstünde ýogaldy welin, ikinji gyzyny berdi.Şeýdip, öň Nepes şuranyň kätibi bolan Annamyrat,indi, uly bir obanyň maldarçylyk bölümine ýolbaşçylyk edýär ekeni.Ine,Hudaýjanyň kömegi bilen meniň bagtyma şeýle adam gabat geldi-de,yzarlanma,kemsidilme,horlanma azabyndan dynaýdym.Munuň üstüne,altmyşynjy ýyllaryň başlarynda yzarlanmalar hem kesildi.Goýun guýy eteklerinde çopançylyk edip ýören ýyllarym men bilesigelijilik bilen bizi şu güne salan adamlaryň ykballary bilen gyzyklanyp ugradym,ilkinji nobatda aýal doganym Enejany gözledim.Irginsiz sorag-ideglerden soň, onuň Sakarçäge etrabynyň Çaşgyn obasyndaky çagalar öýüne düşenligini,,1937-nji ýyllaryň başlarynda bir ENKEBE-de işgäriniň “ okatjak “ diýip alyp gidenligini anykladym.Şondan soň doganjygymyň yzyny ýitirdim,ýöne bize azar berip gelenleriň käbirleriniň pyjagaly ykballary barada maglumatlary eşitdim.Bosgunlary aldap,yzyna,Duzly oýa aýlap

getiren içaly Gara Ýowşanyň gözi kör bolyp, endamyna erbet ýara çykanmyşyn,özem it ýaly “öwf-öwf-f “edip,uwlap ýörmüşin,Dudy däli diýenleri bolsa atuwa höküm edilenmişin, ine, adamlaryň islegine garaman zorluk bilen mallaryny,emlägini,ýerini alyp kolhoz döretjek bolsaň, netijede, ne oty,ne ýatagy,ne suwy,ne adamsy bolan mallary aç öldürseň,emläkleri dargatsaň bolýan zat,Alla göz görkezýär, soragsyz-idegsiz zat ýok.Döwlet, halk bilen düşünişmegiň deregine zabun gyrgynçylygy saýlady,bu bolsa Allaň halaýany däl.Diýmek,beýle döwlet uzaga gitmez. Jüneýit hanyň ýörüte iberen atlylary,Annaguly han peýda bolanda,özüni nirä urjagyny bilmän ýören halk islese-islemese onuň yzyna düşmeli boldy.Dudy dälini ýesir alanymyzda boşadyp goýbermeli däldik,Şamyratjan ýalňyşdy-da.

Ata,maňa bir zat diýýärmiň?-diýip,agtygym sorady.

Köşek,men ýadym bilen gepleşýän,seň adyňy goterýän ýaşlyk dostum bilen pikir alyşýan.

Ata,ony meň bilenem paýlaşaý-da!Ho gün bizi Gara Ýowşan diýen adamynyň hormatyna galdyrylan polat ýadigärlige alyp gitdiler,ol basmaçylara garşy göreşde uly gahrymançylyk görkezipdir,senem şolar ýaly zada gatnaşansyň-a?

Kim diýdiň,köşek,Gara Ýowşan diýdiňmi?Bäh...Bäh...Muny gözüň bilen gördüňmi?Ýalňyşýan-a dälsiň-dä?

Ýok,ýalňyşamok,ýadygärligiň ýüzünde ady bar.Ýarowsyzam bolsa gatnaşdy,söz sözledi.Ony tanaýarmydyň?

Tanaýardym,köşek!-diýip,men başymy ýaýkap,hyrçymy dişledim. Wah,waheý,gör,bi bolýan zatlary!Durmuş öwrümleriniň ýowuzlygyna seret!Gara Ýowşanyň şanyna ýadigärlik galdyrypdyrlar,ýaş nesiller oňa sejde etmegi boljak zatmydyr?Bolmaz,ýenede bolmaz.Dogry,dünýe döräp

deňlik bolmandyr,beýiklik peslik bilen,gije gündüz bilen,ak gara bilen,süýji ajy bilen ýerini çalşypdyr,Allatagala bendesiniň hemmesine deň ykbal bermändir,şonda-da,Gara Ýowşan ýalylara sejde edilse,men-men diýen ärleriň süňkleri bolsa aýak astynda dagap ýatsa,häme diýip näme aýytjak?Belki,bi zatlara düşünmek üçün akyl-paýhasym kemlik edýändir?Belki,munda syýasat ýatandyr,syýasat ahlak kanunlaryna esaslanyp baranok ahyryn.Türkmeniň üsti madama-da, düzülen düwme ýaly galmagal bolypdyr,irde-giçde şehitleriň topragyna tagzym ediljegine gözüm ýetýär,ýöne, özümiň hem onuň amala aşmagy üçün aýgytly hereket etmegim zerur ahyryn...

Ata,tanaýan bolsaň o barada gürrüň beräý-dä?

Bolýar,namazymy okap,aýdyp bereýin,gam-gussadan doludyr öz-ä,aglamazmyň?

Aglar ýaly näme bar,telewizorda şeýle bir aýylgançlyk görkezýärler,tisginemogam...

Köşek,Gara Ýowşan,Dudy däli ýalylar barada gürrüňi diňle,netije çykar,men indi mundan beýläk dymyp gezip biljek däl...

Men,atamyň öwreden dogalarynyň,ylmynyň kömegi bilen şeýle ýowuzlyklardan ölmän galyp,ýetmişe aýak basdym,indem,ýedi ýaşymda bolyp geçen wakalary agtygyma gürrüň berdim,şeýdip,şu ýazgylar döredi.Ýaşan ýaşymyň uly bölegini hudaýsyzlaryň arasynda geçirenligim üçin din ylymyny gowy özleşdirip bilmedim,ýöne bir zada welin göz ýetirdim,olar ýeri,asmany,tebigaty öz islegleriçe üýütgetdiler,ýöne ýer şaryny üýütgedim bilmediler,ähli janly-jandary,adamlary,tebigaty garradyp,ölüme ýakynlaşdyrdylar,ýöne düýbünden ýok edip bilmediler,adam mertedesini basgyladylar,kemsitdiler,ýok etdiler,ýöne näçe isleselerem,adam aňynda galýan wakalary süpürip,taşlap bilmediler,yslam dinini ýok etjek bolup gaty çalyşdylar,ýöne ýok edip bilmediler.Olar gonamçylyklary tekizläp,köşk gurdular,metjid-medreseleri ambar,atýatak

etdiler,jenaýatlaryny ýadyndan çykarmak üçin arak içdiler,içirdiler,sebäbi,serhoş adam gül diýseň gülýär,öl diýseň ölýär,agla diýseň aglaýar, bagla diýseň baglaýar,öldür diýseň öldürýär,şeýdip,onuň erkekligini ýok etjek boldular..Ýakynlarymyň jaýlanmadyk jesetlerini gözläp,gan siňen oýtumlarda iki ýana aýlanyp ýörkäm,geçenleri bialaç ýatlaýaryn,şonda ajy aýralyk kalbymy täze güýç bilen gaplaýar.Onuň bilen hiç wagtam aýrylyşyp bolmaýar,sebäbi kalbymda hudaýsyzlary ýerleşdirenimden,aýralygy,gynanjy ýerleşdirenim gowudy ahyr.Ol bolsa ýüzümi gamgyn,gaharly korkunç görkezýär.”Hudaý ýok diýip masgara bolduk”diýip,olaryp käbirleri ýüzüme bakyp, özlerini aklajak bolýarlar,men bolsa”Basym içimizden bir gerçek çykyp,ýumrulan ýadigärliklere,jaýlanmadyk jesetlere aýlanarda,nähak dökülen ganyň jogabyny sizden sorar,şehitleriň atlaryny dikeldip tirsegine galdyrar!”diýip,jogap gaýtardym.Ol utanmady,ýöne erbet gorkdy,nirädir bir ýere ýitirim boldy,gizlendi.Şondan soň men ýeriň,asmanyň.tebigatyň gowulyga tarap üýütgäp ugranlygyny duýup başladym...

Hawwa,size ömrümiň iň ýatda galyjy we şatlykly wakasy barada hem gürrüň bereýin,ýogsam, gaýgyly wakalar ömrüňi kertermiş diýýärler..Annamyrat permäniň elinde çopançylyk edenligimi aýdypdym.Wagtyň geçmegi bilen ol meni öýerdi,öýli-işikli etdi.Zähmet dynç alyşa çykan Annamyradyň ornuna gelen adam bilen oňuşman oba dolandym,elime pil alyp suw tutdym,gazy gazdym.Bir näçe ýyldan soň hyzmatyma göwünleri ýetip,meni bugdaý brigadiri bellediler.Adamlaryň arasynda türkmen özüni galla bilen üpjün edip bilmez diýen düşünje bardy,geçmişde ýyrtykçylyk ýyllary,ýagny wagtal-wagtal peýda bolýan açlyk ýyllary gaýtalanyp, halkyň gäbini azdyrypdy,ajybalgaz bala,her günüň ýyla dönüpdi,eýmenç bela ýogyny sozup,inçäňi üzüpdi,nebir neresse çagajyklar sallançagy boşadyp, gülden görkli gelinleriň petine gar ýagypdy,ýöne,

dünýä ýüzi munyň ýaly gök sürçek bolup ýatmaly däl,myň bir alajyny etmeli diýen pikir bilen Hudaýy çagyryp,daýhançylyga başladym.Bu ugurda ýakary bilimli hünärmen bilen maslahat etmekçi boldum welin ol asyl bugdaýyň ýazlyk-güýzlik tohumyny aýyl-saýyl edip bilmän dur,onsaň gant bilen gurdy tanamaýanlardan hantama bolman daýhançylykda köp çorba sowadan ata-babalaryň tejribesine daýandym.Ilkinji ýyl galladan gowy hasyl aldym welin men ony Allajanyň meniň horluk çeken günlerimiň öwezini doldurmak üçin beren peşgeşi diýip düşündim,şeýdip, ýüregim bilen ýere ýapyşyşyma bar zada eýe nazarymy aýladym,errende,berende,haýyr görsün her bende,biziň elimiz däl,Babadaýhanyň eli diýip, pagta ekdim,düme bag-bakja ekdim,hersi ho-op diýip galdyraýmaly gant gotançly gawun-garpyzlary işgärlere mugt paýladym.Indi men adama ýüz tutmakdan dyndym, adamlar maňa ýüz tutyp başladylar,uzadan ýerime elim ýetdi,ýöne ýeten sepgitlerim bilen kanahatlanman gözüme gurt düşen ýaly haýdamagy endik edindim.Şu zähmetlerim towuga ýükläýmeli öýümi düzetdi,at-abraýymy galdyrdy.Daşyndan göräýmäge daýhançylyk ýöntemräk bir iş ýalydyr,emma ýer bilen iş salyşýan adama diýseň zor ukyp,yhlas,ýadowsyz tagalla gerek,oýnap ekseň boýnap biter diýýändirler welin, biliňi gaty berk guşaýmasaň çigit çigitlän ýaly mydama üçden birine işlär ýörersiň...Ine,onsaň at-abraýymyň galmagy,her ýyl dabaraly bellenilýän ussat daýhan adyna eýe bolmagym ömrümde gözläp ýören ýitigime-ýekeje aýal doganyma sataşmagyma sebäp boldy duryberdi.

Şol döwürler, her etrabyň ussat daýhanlary beýleki etraba baryp,pikir alyş-çalyşma duşyşyklaryny geçirerdiler,birek-berekden iş öwrenerdiler.Ine şeýle çäreleriň birinde tejribe alyşmak üçin meni Sakaçäge etrabynyň Çaşgyn obasyna ugratdylar.Ymgyr çöli etekläp oturan obanyň başlygy Eziz biziň toparymyzy güler ýüz

bilen garşylady,bol hasylly pagta meýdanlaryny görkezdi,söz beren hasylyny eýýäm alanlygyny guwanç bilen gürrüň berdi. Onuň bilen sözüm alyşyp gitdi, şu obadaky ýetim çagalar saklanylýan öýde ulalup kemala gelendigini,ejesiniň ir ölüp, başga bir aýalyň elinde galanlygyny,soňam ýetimler öýüne düşenligini,Enegül atly daýzasynyň okap bilim almaga kömek edenligini ol gürrüň berdi.

Kim diýdiň?-diýip,men böwrüme pyçak sokulan ýaly tisgindim.

Ene daýzam,Ogultäç daýzamyň uly gyzy...

Oghultäç daýzaň barmy?

Dünýeden gaýtdy pahyr,ýatan ýeri ýagty bolsun...

Ene daýzaňy tapyp bolarmy?- men ýerimden turanymy hem aňmandyryn.

Tapsa bolar.

Onyň ýaňagynda,sag gulagynyň aşak ýanynda meňi bolmaly..

Meň diýdiň-mi?

Hawwa,meňi bolmaly-Men bu gürrüňe altmyş ýyllap garaşypdym,gözleg geçiripdim, Eziziň jogabyny eşitmesemem ýitigimi tapanlygymy süňňüm syzýardy,şol sebäpli bolsa gerek, gaýa-gopuz ýok ýerinden,öý eýesinden rugsat alman saçagyň başyndan turyp daşaryk çykmagym birhili geňdi.

Düşünmedim?-diýip,Eziz maňa çiňerildi.

Meň soragyma jogap bermediň?

Hawa, meňi bar, anyk bilýan..

Onda gyssagly gitmeli-diýip,men gür baglygyň aňyrsyndan geçýän ýola tarap ylgadym,näme edýänligimi bilmän aljyrap barýarkam, ýol ugryndaky erik agajynyň tikeni çep gözüme çümdi.

Alňasamaly däl ahyr,ine, öň netijesi-diýip,Eziz gözümden akýan gany elýaglygy bilen süpürdi-Keselhana gideli, barybir toparyň agzalaryny etraba eltmeli..

Etrab hassahanasynyň göz keselleri bölümi aýratyn ýerde,etrab merkezini etekläp oturan obanyň içinde ýerleşýär ekeni.

Ene eje,myhmanymyň gözüne tiken çümdi,görüp ber-diýip, Eziz meni ak halatly,inçeden uzyn boýly,henizem görk-görmegini saklan zenanyň ýanyna alyp bardy.

Bir gözüm saralgy bolsa-da men sag gözüm bilen bu aýaly synlaýardym hem-de çakymyň dogrylygyna gözüm ýetýänçä doganjygym diýip garsa gujaklamaga çekinýärdim,görüşmänimize kyrk ýyl boldy ahyryn.

Wah-waheý,bolmandyr-diýip,Ene gözüme seredip durka seslendi-Myňa ýara düşmedik ýaly ederin,arkaýyn bolaýyň.Ýadyma düşýär,jigim janyň gözüne çöp çümende saryýag çalyp beripdim...

Jigiň ady Berdimyratmydyr?

Hawa,Berdimyratdy,ýöne köplenç Çoluk diýip ýüzlenerdim...Ýogsa-da, siz ony nireden tanaýarsyňyz?-diýip,Ene oýnaklaýan gara gözüni maňa dikdi.

Men gözümi sarap bolýança zordan saklandym,saňam"Doganjygym,men şol Çoluk jigiň-dä!"diýip, ony garsa gujakladym-da,tolgynjymdan demim-demime ýetmän agladym.

Waý,doganjygym!-diýip,Ene meni gujaklajak ýaly etdi-de, birdenem özünden gidip ýykyldy.Däri-derman bilen özüne getirenlerinde ol-Doganjygym,seni köp gözledim,köp-diýip,aglady.

Menem seni gözledim, bir NKW-de işgäriniň okuwa diýip alyp gidenini bildim,soň yzyňy ýitirdim.

Eziz-jan,sen nädip doganjygymy getiräýdiň?

Ene eje, ony gözi üçin getirmeli boldy..

Gudratyňa döneýin Allajan,duşurjak bolsa bir sebäp tapýar ekeni-diýip,Ene meni gaýta-gaýta gujaklady...

Dogrydanam,irginsiz zähmet bilen at-abyraý gazanmagyň netijesinde toparyň düzüminde Sakarçäge

etrabyna düşmegim, Çaşgyn obasynda Eziz bilen duşmagym,onuň üsti bilen Enäniň yzyny tapmagym,gözüme tiken çümdirip ýeke aýal doganyma duşmagym bu bir tötänlik däl-de Allanyň emri bilen bolýan zatlardy...

Biz birek-birege gezek bermän içimizi dökdük,gürrüňlere gutarma ýokdy.Gözümiň agyrysy ýadymdan çykdy.Edil şol wagt-

Adamlar,buşluk,ýurdymyz garaşsyz boldy-diýen hoş habar ýaýrady.

Dogan-jan,ahyrym biz şol arzyly güne ýetdik,kasas kyýamata galmady,ganym duşmanlarymyzyň ýurdy dargady,biz garaşsyz boldyk-diýip,men begenjinden gözi ýaşly Enäni bagryma basdym...

------17------

Obadaky gür baglyga bürenen kaşaň jaýda gaýda-gaýmalaşyk köpeldi.Özüne gerek we peýdaly hasap edýän adamlaryny toýa çagyran Gara Ýowşan, gyşaryp ýatan ýerinden, hersi dagyň bir bölegi ýaly ogullaryna haýsy jaýa haýsy myhmany salmaly,saçagy nähili bezemeli ,haýsy bagşyny çagyrmaly,olara kimler hyzmat etmeli diýen ýaly tabşyryklary berýärdi,yzy jagylda-jugul çagaly gyzlarynyň,giýewileriniň, özüne ýakyn adamlaryň,goňşy-golamlaryň oturmaly ýerlerini,aýdym aýytmaly bagşynyň durmaly ýerini salgy berýärdi. Aşgabatdan iň abyraýly şahyrlaryň biri toýy alyp barmak üçün ýörüte çagyrylypdy.

-Eziz adamlar,özi wazaňlap ýörmese-de Gara Ýowşanowiç iň ýakyn dostum,atamdan eý görýän diýsemem ýalňyşmasam gerek,syrdaşym,başymyň täji,süňňümiň güýji,ýüregi mähirden doly doganym, bu gün uly toý tutýar.Halkymyzyň maňlaýyndan awuly baş bolup dörän basmaçylaryň garşysyna gahrymanlarça söweşenligini hemmämiz bilýäris.Onuň söweşjeň ýoldaşlary galmady diýen ýaly,ýöne aramyzda hormatly doganym bilen biregne

galtamanlary ýok etmäge gatnaşan gahryman Porsy Porsyýewiç otyr,ady nemerägem bolsa ýakymly ýoldaşa toýy gutlap bermegini haýyş edeliň.Hormatly Porsy aga, söz sizden1

Kellesi ýaldyrap duran goýtuk adam iki ýana ýaltaklap,kä adama başyny egip,käsiniň öňünde epilip orta çykdy,ysmaz keseline uçranlygy sebäpli bir aýagyny süýräp alýardy.

Ýak-k-yn d-dostum G-gara Ý-ýowşanowiç t-toý tutýar- diýip, ol sakowlap söze başlady,dostunuň galtamanlaryň garşysyna göreşde janyny gaýgyrmandygyny,iki frontda hem söweşjeň ruhyny ýitirmän başyny alyp çykandygyny aýdyp geçdi...

Kakamyň häzirem söweşjeň ruhy bar,gözi kemliräk diýäýmeseň-diýip, Bäşim,myhmanyň sözüni böldi-de, kakasyna bagana possun geýdirdi-Ol häzir şol ýalynly ýyllar barada ýatlamasyny ýazyar.

Ol nobatdaky golsuz arzasyny ýazýan bolaýmasa- diýip,Garanyň çopan inisi Allaberdi aga oturan ýerinden güňlenç seslendi.Gara,uly ogly Dörtgulyny Allaberdiniň ýanynda oturdyp “aragy azyrak içir,agzyndan gep çykmasyn” diýip tabşyrypdy,başarsa toýa çagyrjak däldi,ýöne aýaly pyçakly Bibi il näme diýer diýip ärini köşeşdiripdi,gönümelligi üçin Allaberdini çöle,goýun bakmaga ugradypdy,Gökdepe dälihanasynda ýatyp hem gelipdi, aýratyn hasapda hem durýardy.

Sluşi,Alla kaka,prekrati-diýip,Dörtguly onuň böwrüne hamsyklady-Pahan,watan dönükleriniň garşysyna regulýar goşunda söweşip,ýüzlerçe galtamany ýok etdi,atly-abraýly gahryman boldy,bizem onuň arkasyndan döwletli,atly bolduk, ty podumaý,ob etom?

Ol galtaman diýýänleň çaga- çugalar, garry- gurtular,aýal-oglan –uşaklar,türkmeniň gaýmagy, ylym- bilimli,ýaragsyz bendeler. Agamyň şeýle hapa işe elini

bulanyna- gyzyl goşunynyň tabşyrygy boýunça basmaçy diýýänleriňiziň arasyna goşulyp,öz halkyna garşy içalylyk edenine namys edip bir ölüp bilemok.

Sen serhoş,,Alla kaka...

Wah,seniň aňyňa siňen ýalan ynanjy nädip öçürip bolar,ýalanyň hamyryna ýugrulyp,ýalanyň ýalyny ýuwdyp,ýalanyň ýolunda ýüwrüp ýöreňsoň, seniň türkmen häsiýetiň,sypatyň,diliň hem üýütgäpdir ahyryn .

Sluşi,Alla kaka, prekratiý-diýdi-de ,Dörtguly kakasynyň kellesine sugry bagana telpegini geýdirdi-Pahan,sen biziň diregimiz,öňe iterijimjz,tolkaç,bez tebýa my nikto,tak çto gutlaýaryn,uzak ömür arzuw edýärin.Dorogoý,sen dälmi tutmasyz adamlara ýüz tutup,bizi okadan,uly wezipelere ýerleşdiren,hany,pahanyň saglygyna tost götereliň,sazandalar oýnaň,men pahanyň saglygyna tans etjek!.

Ortada pyrlandylar,sözlejek sözledi,sowgat gowşuryldy.

Eziz adamlar,hormatly agamyzyň adyna gelýän gutlag hatlaryň yzy tükenenok,häzir maňa bir hat gowşurdylar,onuň syýasy hem guramandyr,men ony okap bermekçi,ünüs berip diňläň,ýuwaş ýoldaşlar-alyp baryjy adamlaryň sesine suw sepen ýaly etdi-Bu hatda şeýle diýilýär-Gara ýürek Gara Ýowşan,toý tutýanlygyňy eşitdik-de,özümiziň diriligimizi duýdyrmak isledik, eneň-ataň,çagalaryň adyndan ant içip awy ýaladyň, ýola belet diýip ýolymyzdan azaşdyrdyň, antyňy ýuwudyp gaçyp gutuldyň,ýöne, biziň gazabamysdan gutulma ýokdur,toýuňda geregiňi edinip,juljagazyňy galňadaýmasaň-a gyşa ýetjegiň gumanadyr.Bosgunlaryň adyndan Ene,Çoluk,Şammy,üçümiz.”.-Alyp baryjy haty içinden ýene bir gezek okap çykdy-da, açyk eýwanda ýaplanyp ýatan Gara Ýowşana seretdi.

Kaka,kim?-diýip,Bäşim sorady.

Dogrudanam kimler aýt bi,döşlerini gaýşardan bolýanlar, üýşendirmesem Dörtguly bolmadygym.

Öý bikesiniň ýüzünden şatlyk alamatlary zym-zyýat boldy,dodagy tirpilläp,gözleri ulaldy,toýy alyp baryjydan haty alyp äriniň ýanyna bardy.

G-gara Ý-ýowşanowiç, b-bi şol a-ajdarhamy?-diýip,Porsy gözüni oýnatdy.

Aýdýanyň näme kekeç,olaryň süňkleri dargap gitmedimi?-diýip,Bibi gazaply nazaryny Porsa gönükdirdi.

Eje,kim ol süňki dargan,kaka bi nä alamat?-diýip,Bäşim aýagy bişen ýaly elewredi

Porsy, pyçakly Bibiniň nazaryndan gorkup dik duran ýerinden aşak çökdi,ýaşlykda gözüniň ody alynansoň aýňalyp bilmän geçdi...

Hawa,bu waka ir döwürde bolup geçipdi,şol wagtlar ol demir ýol nobatçylygyndan howupsyzlyk komitetine işe geçip,eşejigi ýaňy dikgirdäp ugran,özüne göwni ýetýän goç ýigitdi.Gara Ýowşanyň kömegi bilen işe girse-de, az wagtdan ýaranjaňlygy bilen onuň ýerini eýeledi, galtamanlara goşulan ýekeje aýal dogany bilen hiç hili baglanyşyk bolmasyn diýip,adyny,atasynyň adyny üýütgedip, Hudaýberdi Durdyýewiçiň adyna täze pasport edindi.Bibi hem şol wagtlar saýlama gözelleriň biridi,gujurlydy,ýamandy,saçyny sübse,dilini kepgir edýänlerdendi.Bibini sulhy alan Porsy, galtamanlaryň garşysyna alynyp barylýan göreşe gözegçilik etmeli diýip Gara Ýowşany çöle ugradypdy,özi bolsa il ýatyp it uklanda Bibiň gapysyny kakdy,”Bir köz berseňizläň?”diýip,aýal sesini edip naýynjar sorady.Gapy açylan badyna ol aç köpek ýaly topuldy,Bibi gaçdy ol kowdy,gaçyp ýörkä tördäki torbadan ak saplyny alyp ýetişen Bibi golaýyna geleniň iki aýagynyň arasydyrda diýip,urdy pyçagy,indi Porsy gaçyp,Bibi kowalady,şeýdip ony obadan çykaryp goýberdi.Bu zatlar bilinmeli däl welin,şol wagt Bibiň gepçi goňşusy aýak ýoluna çykanda gaçyp barýany görmän,eli pyçakly kowalap barýan Bibini görüpdir,şondan soň Bibä pyçakly,pyçakly Bibi lakamy ýelmeşäýdi.Bolsa-da

ol mert aýal ekeni,äriniň ýanynda dil ýarmady,Porsy hem aýal bilen agzyny deňese işinden pyzyljagyny bilip dilini ýuwutdy.Dogry,gabadyna gelse, Garany Sibire ugradyp goýbrmegi,şeýdibem pyçakly Bibiden ar almagy ýüregine düwüpdi,emma o diýenem bolmady.Bir seretseň gorkar ýaly zadam ýok ýaly weli, bu aýalyň bir garaýşy ony çökerip bilýärdi.

H-hatyň ý-ýazylyşy g-gümürtik.

Degişmek isläpdirler.

B-bäh,bi d-degişip ýazylan-a m-meňzänok-Porsy it ýylgyryşyny etdi.

Kimiň degişýänligini walla bir bilsedim-diýip,Gara Ýowşan ysgynsyz seslendi,hakykatda welin ol haty ýazanlary bilýärdi,şol sebäpli ysgyny gaçan elleri titräp,dodaklary müňkülleýärdi,gözi görmesede,endamyndaky bitmezek ýaralarynyň azary artýan ýalydy-Ýöne,men mendirin,walla ýere girselerem taparyn,Bibi haty ber!-Ol hatyň her bölegini dary ýaly owradyp saçagyň üstüne sepip goýberdi

Kakasy,tapjagam bolma,agtarjagam,haýsy samsyklar bilen agzyňy deňejek,gazana ýanaşsaň garasy ýokar.Men size jüýjeli palow bişirdim,iýiň,içiň,zadyň gaýgysyny etmäň-diýip,pyçakly Bibi gyzlaryna tabşyryk berişdirdi,emma olar ýerli ýerden sorag ýagdyryp, gümürtik gürrüňiň aňyrsyna ýetjek bolýardylar,degerli jogap tapmansoň elleri işden sowaýardy,ýöne, indi öňki şagalaňam ýokdy,buýryk berilen ýaly bagşylaryň sesleri hem kesilipdi.Oturanlar welin baryndan iýiň-içip uly şowhun turuzýardylar,emma şowhun bilen asmana galan dabara suw sepilen ýaly kem-kemden pessaýlady.Ara düşen pursatdan peýdalanyp, keýpini köklän bagşylaryň biri aýdyma başlamakçy bolanda, Gara Ýowşan gaharlanyp-Aýdyň şoňa,muzdyny alsynda gitsin,toý gutardy-diýdi.

S-sen ý-ýagşylyk etdiň,e-emma g-gadryň b-bilinenok,o-olary ýok e-edip b-bilýärdiň,g-güýüçli ý-ýaragyň ý-ýeterlikdi, ý-ýöne g-gaýga batma,m-men b-bardyryn1

Sag bol,Porsy,walla men saňa minnetdar,heniz öňüme geçen ýokdur welin...

I-indem b-bolmaz,m-men b-bar-a1.

Gara Ýowşan ýatan ýerinde myhmanlar bilen keýipsiz hoşlaşdy,başga wagt bolan bolsa toý beýle ir sowulmaly däldi, öz söweş hereketleri barada oturanlara giňişleýin gürrüň berjekdi,wah bolmady,bolmady...

Myhmanlary dargadan Gara Ýowşan,öňler kän bir içip ýören bolmasa-da,bu gün gözüne gelýänçä içdi,joralaryny ugratmak bilen başagaý Bibi muny görüp, höre-köşe bilen öňün ünsüni sowmak isledi..

Saňa içmek bolmaýar,ýaraň beterlär,ýüregiň çydamaz..

Bibi,arak getir,arak-diýip,Gara gygyrdy,birdenem "Ot açyň,öňe,öňe ,çepinden alyň sagyndan alyň, sypdyrsaňyz serhetden geçerler" diýip, samrady,has dogrusy,şol ýalynly ýyllaryň wakalary gözüniň öňünde janlandy.Oňa, basmaçylaryň içinden maglumat topla, agzalalyk döret,ýollaryndan azaşdyr, päsgelçilik döret,öňüňden çykany ýok et diýdiler,näme diýseler eтdi, at diýleni atyp garantga döndi.Ekiniň içinde köne-küşüle dolanan garantga bolýar,bir gün günbatara bakdyrsaň ertesi gündogara bakdyrarlar,gozgamasaň duran ýerinde durandyr,olam şol garantga ýaly buýruk bolmasa DEMINI HEM ALYP BILMEDI.Ine bir günem bukulyp, Annaguly hanyň geçirýän gizlin maslahatyny diňläp durka, duýdansyz peýda bolan güýüçli el onuň agzyny dykyp,elini baglap,südürläp alyp gitdi-de –"Kaka,ýerçeken hanyň maslahadyny diňleýär,näme diýseň özüň diý"-diýip,Baýram bykowlynyň eline berdi.Asyl ony alyp gelen saçy öňüne düşüp duran Baýramyň gyzy Maral bolsa nätjek, muňa namys edip ölmelidi,emma ölmedi.Baý,şonda gorkupda,Baýram nämede bolsa

tanyş,obadaşy, ýumşak adam,basyrdym-busurdym edäýdi,ýogsam, dony şol wagt biçilmelidi,soňky gezegem Duzly oýda, bosgunlary uzakly gije bir çöňňäniň daşyndan aýlap, ýene öňki nokadyna getirende ujyz sypdy.Bosgunlaryň adyndan hat ýazanlar kim?Galtamanlar gyrylyp gutardy hasap edilensoň,duzly oýa gelýän ýollaryň hemmesine saklow goýup,bir adamyny hem çykarman ýok etmeli diýen buýrugyň gylyny gymyldatman ýerine ýetirenem onuň özi ,ýöne kyrk ýyldan soň eli bilen öldüren adamlary o dünýäden gaýdyp gelýärde,onuň gününi bulajak bolýar.Wah,öňki döwür bolanlygynda gaty bir ynjalykdan gaçybam durmazdy,indi aýdyňlyk diýdi,açyklyk diýdi,döwür,zamana başga,wah...Ol ýerinden turmakçy bolanda agdarylyp gitdi.

Gyw-w,näme etjek bolýaň-diýip,ýaňy ymyzganan Bibi sorady.

Arassa howada gezim etjekdim-dä...

Toba,öňler beýle häsiýetiň ýokdy-la?Gezim etmäge gözüň bolsa diýsene!

Men mendirin,islänimi ederin..

Edip bolan bolaýmasaň,gözüň görenok,endamyň eräp barýar,wah...

Gara sesini çykarmady,sebäbi,gözüniň öňünde gaýmalaşýan her bir adamda,çagada öz duşmanyny gördi.Ine,dolmuşdan daýaw,ak ýüzli gyz özüne tarap gelýär,ony görüp gara dere batdy,ysgyny gaçdy, bogulýan ýaly boldy, sebäbi ol ajdarhanyň,Maralyň özüni südürläp kakasynyň ýanyna elteninde gujur-gaýratyny duýupdy, Dudy dälini çaga göteren ýaly ýagyrnysyna alyp gelişini gözi bilen görüpdi ,indem, birden ol öňünden çyksa nätsin? Bu gorky, ajdarhanyň eline düşer gorkusy henize bu güne çenli aňynda,süňňünde asylyp dur.Ýok,bular ony rahat ýaşamaga goýjak däller,her ädiminde söbügine düşüp ýörler, o dünýä iberilenler hem ýaşynyň soňunda ýaşamaga goýmasalar

nätsin?Hakykatdanam ýaňky ajdarha göni onuň üstüne gelýär”Gara Ýowşan şugulçy,menden öň iki gezek ujyz sypdyň,keseliňden weli sypyp bilmersiň,kasas kyýamata galmaz diýipdirler,saňa şu hem az,jebriňi çekip it bolup uwlap-uwlap ölersiň”diýip,ol barmagyny gözüne sokaýjak bolýar.Ajdarha dogry aýdýar, eden etmişlerim üçin maňa Allaň gazaby düşdi,hawwa,gazaby düşdi. Welkuly aga “elini gana bulaýanyň soragy bolýandyr”diýipdi,elimi gana bulamasamam köp ölümiň sebäpkäri boldym, olam gana bulan bulen deňdir.Gaty ýalňyşypdyryn,gaty ýalňyşypdyryn,wezipe pul diýip öňümi saýmandyryn,asyl olar wagtlaýyn, at,abraý,mertebe bolsa müdümi ekeni.Welkuly aga bir gürrüňçilikde ekeniňi alarsyň diýipdi,şol dogry,ile eden ýamanlyklarym endamyma baş bolup dolanyp geldi... Beýle zat diňe mende däl,Dudy däli atuwa höküm edilip, ýigrimi ýyldan soň dodagy iýiji başly dolanyp geldi,Maral gasygna depip tök etdi,zurýady ýok,ölüpdir diýip eşitdim,ölmände-de ölenden gowy däl,Porsy ysmaz kesele uçrady,ýene haçan ursa uraýmaly,gepini zordan düşündirýär,syýasy komandirimiz Iwanow özüni atdy,meňem ýagdaýym atylandan enaýy däl,gözüň görmese,gozganyp bilmeseň...Ol ulydan demini alyp bir düýrükdi-de, ýüreginiň üstüne elini goýyp silkindi, “şol ajdarha ahyrym meni aljak-ow”-diýip ýykyldy,ýok ony hiç kim atmandy,ýüregi atylan ýaly iki gezek erbet sarsypdy.Janhowlyna emedekläp eýwandan köçä çykdy,çykan ýerinde derwezäniň agzyna ýazylan çäge baryp özünden gitdi...

Içipdir,doňuz ýaly-diýip,daň atmanka ýoldan geçýän ýolagçylar ondan sowulyp geçdiler, sebäbi bular ýaly serhoş bolup köçede ýatanlara halys öwrenişilipdi,onsuz durmuşam birhili gyzyksyz ýalydy.Ine,şeýle durmuşy Gara Ýowşan ýalylar bosgunlaryň boýnuna dakjak bolupdylar...

Daňa golaý Bäşim,Dörtguly ikisi kakalaryny köçeden ýygnadylar,gün dogmanka ol jan berdi,lukmanlar içgini ýürek

götermändir diýdiler. Toýa çagyrylmasalaram oba adamlary merhumy ýerlemek üçin ýygnandylar, toýa çagyrylanlar welin tapylmady.Ilçilik bir gowy zat,ähli aladany üstlerine alyp, gonamçylyga gelenlerinde gazylan gabyr opuruldy,täze gazdylar,olam şeýle boldy,ahyrym agaçdan söýget berip,Alladan günäsiniň geçilmegini müň gezek soralyp okalan aýat-töwürden soň,ony jaýladylar.Kimdir biri "gowy adamdy" diýip gabyra kesek oklady,başga biri " ýeri zeý alypdyr,ýumşapdyr" diýdi,ýene biri "özi bilen deň bolsaň-a" diýip gümmi-sümmi etdi.

Bäşimiň rugsadyndan soň "ýagşy adamdy" diýip,gabyra gum atanlarynda adamlar her zatda bolsa merhumyň o dünýede dowzaha düşmezliginiň aladasy bilen dileg etdiler...

Ilçilik bir gowy zatdy...

Soňy. 1972-82-nji ýyllar.

## Söz soňy

Şahyr Kerim Gurbannepesiň "Ýazmasy kyn düşen" goşgusy bar,edil şonuň ýaly " Ýazgydyň" ýazgysy hem,maňa kyn düşdi.1970-nji ýyllardan bäri maglumat toplap,Ýerbentden tä Duzly oýa çenli, 109 sany guýynyň üsti bilen, bosgunlaryň geçen ýoluny geçdim,müňlerçe adamlar bilen gürrüňdeş boldym,şol döwre degişli metbugat sahypalaryny,kitaplary,arhiw tekjelerini dördüm.Şeýdip,1972-nji ýylda şu eser ýzyldy,ýöne,SSSR döwründe,ony çykarmag-a beýlede dursyn,birine görkezmegem howuplydy.Garaşsyzlyk ýyllarynda,has dogrysy 1995-nji ýylda,golýazma "Garagum" jurnalyna tabşyryldy,ol ýerde 7-8 ýyl ýatanyndan soň,redaksiýa täze jaýa göçende golýazma ýitirildi.Baş redaktor Sapar Öre eseri okan bolmaly,sebäbi ol,bir gepinde "Mähriban prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýüregi kemli ýagdaýda,beýle eseri çap edip bolmaz" diýip,

ýaňzytdy.Golýazmanyň ikinji bölegini syçan iýdi,on gezek täzeden ýazyp,ýadymda galan maglumatlary soňky ýazanlaryma girizdim.Eseri boldy edenimden soň,ýygnan köp sanly maglumatlarymy zibile atmak häsiýetim bardy,şol gaty ýalňyş ekeni, kösendim.1994-nji ýyldan bäri "Ýeroýylan duzda" -"Duzly oýda",Kakajan mollanyň başda durmagynda, şehitleriň hatyrasyna sadaka berip gelýänligimiz üçin,zyýarata barýanlar ýazgylarymy okamak islediler.Onsaň, golýazmamy maşynkadan geçirip.kompýutere berdim,ilki beren adamym ynha-ynha bilen iki ýyl saklady,ondan alyp başga birine bersem, golýazmany ýitirdi,halys paltam daşa degip,özüm kompýyteriň başyna geçdim-de, näçinji gezek eseri täzeden ýazyp başladym.Ilkinji 30-40 sahypa akgynly gitdi,soň ýazan ýazgylarym kompýuteriň ýadyndan çykyp başlady.Irginsizlik bilen täzeden ýazdym,munda hem meseleler tapyldy.Iki-üç gün gözümiň köküni gyryp ýazýaryn,dördünji gün,ýazanym ýok bolýar.Aý,garaz,soňa baka"Gel şuny ýazmaýyn,ýazanymda ol kime gerek,kim ony okajak?Türkmen halkynyň pyjagaly waka bilen bagly uly bir sahypasy syrlylygyna galjak eken-dä" diýdim.Onda-da näme, alada baryny edip,maglumat baryny toplap ýazan beýanatymy-bolan bakany halkyma"Men ýetirmesem kim ýetirsin!?"diýdim-de, badymy gowşatmadym.Hudaýy çagyryp,kompýuter ussasyny ýanymda oturdyp,ýazgyň soňky nokadyny.. Ýok,"goýdym" diýip aýtmaga dilim baranok,birden ýene bir hokga çyksa nätjek? Garaz,şu eseriň ykbaly hem,edil bosgunlaryň ykbaly ýaly agyr,gussaly boldy...Alla,şeýle günleri az etsin,Omyn!....

Soňy.

Ýazgyt kyssasynda ulanylan edebiýatlaryň sanawy.

1.Gyzyl baýdakly Türküstan,1976,Moskwa

2.SSSR-de grajdanlyk urşy, 1977,Moskwa.
3.Prosto Atabaýew,roman,Ýuriý Paporow,1986,Moskwa.
4.Gaýgysyz Atabaýew,TürkSIKIŇ 4-nji plenumynda, basmaçylar meselesine garalanda eden çykyşy, 18,07,1922,Daşkent,arhiw resminamalary.
5.Kokandyň garaşsyz herekediniň basylyp ýatyrylmagy,D.Ýe.Konowalow,ýatlamalar.
6.Jurnal Ýunost,Moskwa,1990-1,Ýuriý Paporow,Beloýe solnse pustyny,publisistika.
7.N.A. Paskuskiý,Rukowoditel Sowetskogo Türkistana,ýatlamalar,1978,Moskwa.
8.1920-1937-nji ýyllardaky çykan metbugat sahypalary,Aşgabat,arhiw materiallary.
9.M.Çerniýawskiý, Ýatlamalar,1978,Moskwa.
10.Dürli ýyllaryň arhiw resminamalary.
11.Saragtly Çoluk aganyň,Kakajan mollanyň ýatlamalary.
12.Marynyň Welaýat Döwlet Arhiwi-Gazna-3,73.



**Nepes Şura ogly Narmuhammet bilen.**



**Nepes Şuranyň aýaly Gözel Artyk gyzy.**



**Kakajan molla Ýeroýlan duzda.**



**Çoluk aga agtygy bilen.**



**Akmyrat Kadyr**
**Aşgabat-Moskwa at çapşygynda.**



**Akmyrat Kadyryň**
**ogullugy Annamyrat ferme aýaly bilen.**



**Berdi Täçli ogly.**



**Ylýas Berdi ogly.**



**Gulhan aganyň ogly Akmyrat aýaly bilen.**



**Aşgabat-Moskwa at çapyşygyna  gatnaşanlar.**

## Atly ýörişe gatnaşanlar Molotow,Kalinin bilen



Туркменские конники на приеме у тт. **В. М. Молотова** и **М. И. Калинина.** На снимке (слева направо): первый ряд — т.т. Непес Карахан, С. П. Соколов, Якар Анна Ораз, В. М. Молотов, М. И. Калинин, Ак-Тельпек; второй ряд — тт. Бек Мурат Анна Мурат, Курбан Овез Гельды, Сапар Кулы Сахат Берды, Акат Анна Курбан, Бабаджан Шикуров, Меред Бабалиев, Атабаев, Чары Кары, Кабыш Мамыш, Пошти Кузбакаров.

Фото **С. Коршунова.**